170.0 x 240.0 mm

**M. Jumanyýazowa**

# TÜRKMENISTANYŇ AMALY-HAŞAM SUNGATYNYŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

170.0 x 240.0 mm

UOK 378:745/749
J 78

**Jumanyýazowa M.**
**J 78** **Türkmenistanyň amaly-haşam sungatynyň taryhy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

«Türkmenistanyň amaly-haşam sungatynyň taryhy» okuw kitaby türkmen medeniýetiniň we amaly-haşam sungatynyň ähmiýetli ýadygärliklerini ilkidurmuş jemgyýetinden başlap, irki orta asyrlaryň döwrüne we häzirki zamana çenli gelip ýeten nagyşlar, mata dokmaçylygy, halyçylyk, bejergi sungaty, metal taýýarlamak işleri, zergärçilik eserleri we keramika, binagärçilik sungatynyň bezegleri barada giňişleýin taryhy ylmy maglumatlary özünde jemleýär. Bu okuw kitaby medeniýeti we sungaty öwreniş hünärleri boýunça bilim alýan ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenip, ondan mugallymlar hem-de sungat bilen gyzyklanýan giň okyýjylar köpçüligi peýdalanyp bilerler.

TDKP № 209, 2019 KBK 85.12 ýa 73

© M. Jumanyýazowa, 2019

170.0 x 240.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

170.0 x 240.0 mm

170.0 x 240.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

170.0 x 240.0 mm

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

170.0 x 240.0 mm

# GIRIŞ

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen milli sungatynyň ösmegine, onuň taryhyna degişli maglumatlaryň çuňňur öwrenilmegine giň ýol açyldy. Hormatly Prezidentimiziň: **«Halkymyzyň amaly-haşam sungaty, külalçylygy, zergärçiligi gadymy döwürlerden bäri özüniň çeperçiligi bilen şöhratlanýar. Bu sungat köpleri özüne bendi edýär. Ol diňe bir döredijilik bilen meşgullanýanlaryň däl, eýsem her bir ynsanyň kalbyny, ruhy dünýäsini joşdurýar, durmuşa, ýaşaýşa bolan höwesini artdyrýar»** diýen parasatly sözleri halkymyzyň sungatyna beren beýik bahasydyr.

Geçmişde özüniň öçmejek yzyny goýan, dünýäniň bäşinji ösen medeni ojagynyň siwilizasiýasyny döreden, dünýä ylmyna saldamly goşandyny goşan türkmen halkynyň milli medeniýeti häzirki döwürde hem hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda pajarlap ösýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda durmuşa geçirilen beýik işler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ägirt uly ykdysady mümkinçilikleriniň bardygyna, ýurdumyzyň dünýäniň ykdysady ulgamyna üstünlikli goşulýandygyna şaýatlyk edýär. Türkmenistan Watanymyzyň şöhratly geçmişiniň bolandygyna saýatlyk edýän taryhy-arheologiýa ýadygärlikleri, ÝUNESKO tarapyndan adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň nusgalarynyň sanawyna girizilen «Görogly» şadessany, «Küştdepdi» tansy aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Milli hünärmenleriň döreden amaly-haşam önümleri çeperçilik sungat eseri hasaplanýar. Türkmenistanyň amaly-haşam sungaty gadymy kökli bolup, ol türkmen halkynyň ýiti zehini, inçe gözellik duýgulary we irginsiz yhlasy bilen döredilendir. Amaly-haşam sungaty bilen baglanyşykly döredilen eserlere gyz-gelinleriň egin-eşikleri, öýüň içiniň-daşynyň bezegi, süňňi, söweş gurallary, şaý-sepler, hojalyk, ekerançylyk, maldarçylyk bilen bagly önümler degişli. Dokmaçylygyň iki görnüşiniň, ýagny haly we mata dokamagyň nusgalary birinji bolup bu sanawa girýär. Haly dokmaçylygyna haly, kilim-palas dokamak we keçäni güllemek, ýapyrmak, basmak we ş.m. degişli. Mata dokmaçylygyna ähli egin-eşikler tikilýän matalar girýär. Matany ýüňden, pagtadan, ýüpekden dokapdyrlar. Çeper metallary taýýarlamak – bu zergärçilik işleri. Muňa gyz-gelinleriň şaý-seplerini, erkek adamlaryň harby gurallaryny, atyň söweş esbaplaryny, oba-hojalyk gurallaryny we beýlekileri degişli edip bo-

170.0 x 240.0 mm

lar. Milli däp-dessurlarymyzyň üýtgewsizligini sungat eserlerinde açyk-aýdyň görmek bolýar. Türkmenleriň egin-eşiklerindäki el bejergileriniň nagyşlarynda oglanlar bilen gyzlaryň, gyzlar bilen gelinleriň eşikleriniň bezegleriniň uly tapawudyny görmek bolýar. Häzirki wagtda nagyş tapawutlylygy däp-dessuryň aýratynlyklaryna öwrülen alamat hökmünde saklanyp galýar.

Türkmenistanyň amaly-haşam sungatyny öwrenmek dürli ugurly suratkeşleri taýýarlamakda örän wajyp, sebäbi halk döredijiliginiň esaslary hünär sungatynyň bir bölegidir. Türkmeniň nagyşly amaly-haşam sungatynda döredilen sazlaşykly kompozisiýalaryň reňkleriniň, nagyşlarynyň Ýewraziýa sähralarynda ýaşan gadymy halklaryň iň gadymy däplerini özüne siňdiren çeper eserleriniň mazmunynda anyk yzygiderlilikde berilmegi haşam döredijiligine bitewüligi çaýýar. Ondan başga-da, türkmen amaly-haşam sungatynyň görnüşleri özbaşdak çeper eser bolup, olaryň goňşy halklaryň dünýägaraýşy we sungaty bilen bilelikde jemlenen gözellik we filosofik oý-pikirleriň çeşmesi bolup durýandygyny hem bellemek gerek. Türkmen halk sungaty çylşyrymly we özboluşly gözellik düşünjelerini uzak wagtyň dowamynda toplap jemledi hem-de eserleriň iň çeper taslamasynda dünýäniň daşky gurşaw we binagärlik baradaky bilimlerini ýüze çykardy. Amaly-haşam sungatynyň eserleri jemgyýetiň ýiti özboluşly ruhy dünýäsiniň çeper aýratynlygyny kesgitleýän esasy alamat bolup durýar.

«Türkmenistanyň amaly-haşam sungatynyň taryhy» okuw kitabynyň bölümlerinde sungatyň her bir görnüşiniň ösüş ýolunyň özboluşly häsiýeti özbaşdak beýan edilýär, munuň özi çeper eserleri garaşsyz, çuň öwrenmäge mümkinçilik berýär. Kitabyň maksady amaly-haşam sungatynyň görnüşleri baradaky maglumatlary toplamaga, talyplara amaly-haşam sungatynyň eserleriniň tilsimleriniň ösüş taryhy, çeper keşbiniň aýratynlygy hem-de gözellik esaslary bilen tanyşdyrmaga gönükdirilendir.

Amaly-haşam sungatynyň görnüşlerinde çeper keşbi döretmek çylşyrymly döredijilik yzygiderliliginde amala aşyrylýar, sebäbi eseriň «ýaşaýan» giňişligini we onuň ösüş ewolýusiýasyny görkezmek örän wajypdyr. Ondan başga-da, çeperçilik döredijiliginiň many-mazmuny, gündelik durmuşda duş gelýän däpler we sungat eseriniň ulanylyşy barada maglumatlar berilýär. Eseriň bezeginiň nagyş ulgamynda ýa-da şekilinde jemlenýän many-mazmun olaryň ýerine ýetiriliş usullarynyň aýratynlygyny görkezýär. Döredijiligiň dowamynda çeperçilik täriniň (stiliň) kada-kanunlarynyň düzüm birliginiň dowam etmegi esasy mesele bolup durýar. Okuw kitabynda berilýän etnografiýa maglumatlary talyplaryň döredijiligini takyk, anyk çeper ugra gönükdirmäge we ussatlyk bilen ýerine ýetirmäge ýardam eder.

170.0 x 240.0 mm

Bu kitabyň usulyýetiniň esasynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen halkynyň sungaty barada beýan eden ylmy taglymaty hem-de amaly-haşam sungatynyň görnüşleri, sungaty öwreniş, taryh, etnologiýa, medeniýeti öwreniş ylymlaryny öwrenmek we derňewiň seljerme usullary ýatyr.

Bezeg sungatynda gündelik durmuş bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan aýry-aýry zatlaryň we binagärlik bezegini döretmekde dürli usullaryň görnüşleri ulanylýar. Bezeg sungatynyň esasy wezipesi aýratyn bir giňişligi peýdaly we owadan zatlardan düzmekdir. Bu gözellik we owadanlyk alamatlary aýap saklamak möhümdir. Bezegiň düzüminde tugralary öwrenýän taryhy ylmyň (geraldikanyň) we nyşanlyk manysyna eýe bolan bölekleriň bolmagy mümkindir. Bezeg sungatynyň önümleri şa köşkleriniň, ýaşaýyş jaýlarynyň bezegidir. Olar dabaraly baýramçylyklara niýetlenilen we gündelik durmuşda ulanylýan önümlerdir. Halklaryň bir ýerden başga bir ýere göçüp gitmek zerurlygy, olaryň syýasy aragatnaşyklary, ykdysady öňegidişlikler tutuş bir taryh bolup, ol hereketler edebiýat we sungat eserlerinde aýdyň şöhlelenýär. Bezeg sungatynyň bir görnüşiniň beýleki görnüşe täsiri bolýar. Bu, ilkinji nobatda, binagärlik, zergärçilik, dokmaçylyk, kitap miniatýura sungat eserlerine degişlidir.

Dürli dini garaýyşlar hem özüniň nyşanlyk mazmunlary bilen baglanyşykly zatlaryň sungata geçmegine ýardam edýär. Ilkidurmuş jemgyýetinde ilkinji demirçi ussalar we surat çekip bilen adamlar jadygöý hasaplanypdyr. Islendik ussanyň – suratkeşiň we beýlekileriň, ilki bilen, hünärmen bolmagy zerurdyr. Öz döreden eserlerine gol çekmek däbi irki orta asyrlar döwrüniň jemgyýetinde dörän däpdir.

Bezegçilik sungatynyň nagyş baýlygy geometrik çyzuw görnüşleri, ösümlik (flora), haýwanat (fauna) dünýäsini, adam bedeniniň agzalaryny, daş-töwerekdäki zatlaryň sudurlarynyň mazmunlaryny ýa-da olaryň böleklerini ulanýar. Suratkeş saýlan mazmunly şekilleriniň çyzykly nagyşlaryny belli-bir bezegçilik ulgamyna laýyklykda alýar we bezeg üçin niýetlenen giňişlikde olaryň berýän täsirine görä paýlaýar hem-de ýerleşdirýär.

Türkmeniň amaly-haşam sungaty halkyň milli çeperçilik döredijiliginiň güýjüni we ruhy baýlygyny görkezýär hem-de halky köpçülikleýin işläp bilýän suratkeş hökmünde öňe çykarýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe amaly-haşam sungaty jemgyýetde çeperçilik garaýyşlaryň dowam etmegine we halkyň gözellige bolan söýgüsini ösdürmäge uly mümkinçilik berýär.

170.0 x 240.0 mm

# I BÖLÜM
# TÜRKMENISTANYŇ DOKMAÇYLYK MEDENIÝETI

## 1.1. Türkmen amaly-haşam sungatynyň ähmiýeti. Garaşsyzlyk döwründe amaly-haşam sungaty

Bezeg eserleriniň gymmaty olaryň gözelliginiň we görnüşiniň bitewüliginde jemlenýär. Halk sungaty ýa-da türkmenleriň amaly-haşam sungaty täsin we özboluşlydyr. Asyrlaryň dowamynda bu ajaýyp sungatyň döremegine hem-de kemala gelmegine taryhy, durmuş we ykdysady şertler, göçme we oturymly ýaşaýyş şertleri täsir edipdir. Türkmenleriň dürli ýaşaýyş medeniýetine mahsus bolan amaly sungatyň önümlerinde, ylaýta-da, egin-eşiklerde we olaryň bejergi bezeginde, şaý-seplerde, haly dokmaçylygynda, keramikada ýüze çykýan özboluşlylyklar türkmen amaly-haşam sungatynyň öz köküni irki döwürlerden alyp gaýdýandygyny görkezýär. Şonuň üçin hem bu sungaty öwrenmek uly ähmiýetlidir. Türkmenleriň halylary we milli nagyş-gölleri bütin dünýäde meşhurlyk gazandy, çünki olar reňkleriniň, köpdürli nagyşlarynyň sazlaşygy we baýlygy boýunça beýik çeperçilik ussatlygy görkezýärler.

Islendik zady elleriň kömegi bilen ýerine ýetirmek, ýagny amala aşyrmak, haşamlamak – bu islendik eseriň ýüzüni sazlaşykly owadan bezemek diýmekdir. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk döwründe milli amaly-haşam sungaty iki uly döredijilik şaha bölünip ösýär.

**Birinjisi** – halk sungaty ýa-da halk döredijiligi hökmünde tanalýan we türkmen jemgyýetinde zerur bolan önümleri öndürmek islegini kanagatlandyrýan halk senetçileriniň eserleri.

**Ikinjisi** – ussat suratkeşleriň döredýän amaly-haşam sungatynyň eserleri. Olar bellibir çeperçilik ugruna we bellibir usulda ýerine ýetirilip bilner. Mysal üçin, keramika, dokmaçylyk, zergärçilik, çeperçilik bejergisiniň nusgalary.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda taryhy-medeni mirasy, medeniýeti, çeper amaly-haşam sungatyny kämilleşdirmek, olary gorap saklamagyň kanunçylyk ulgamyny ösdürmek ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Döwletimiziň kanunçylyk binýadynda halkyň milli medeniýeti, däp-dessury hem-de milli medeni baýlyklarymyz baradaky kadalar «Medeniýet hakynda», «Türkmenistanda halk çeper amaly-haşam döredijiligi hakynda», «Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda öz beýanlaryny tapýarlar. Milli Liderimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň medeni mi-

rasyny goramak hem-de haly sungatyny ösdürmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Gadymy milli senedimiz bolan dokmaçylyk sungatyny gorap saklamakda, ösdürmekde hem-de dünýä ýaýmakda «Türkmenhaly» Döwlet birleşigi uly işleri amala aşyrýar. Watanymyzda halyçy gelin-gyzlar üçin oňaýly şertleri bolan çeper halyçylyk kärhanalarynyň binalary yzygider gurulýar. Türkmen haly sungatynyň dünýä medeniýetinde tutýan ornuny wagyz etmek, özboluşly milli däplerini gorap saklamak we halyçy gelin-gyzlaryň çekýän zähmetine mynasyp sarpa goýmak maksady bilen 2001-nji ýylyň awgust aýynda Türkmen halyşynaslarynyň Bütindünýä jemgyýeti döredildi. Çeper dokalan halylaryň täze nusgalarynyň we «el işi» eserleriniň sergilerini geçirmek biziň ýurdumyzda däbe öwrüldi. Her ýylda geçirilýän türkmen halysynyň halkara simpoziumlary, ýurdumyzda we daşary döwletlerde geçiriliýän haly sergileri bu sungaty mahabatlandyrmaga hem-de ony dünýä ýaýmaga uly kömek berýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet arhiwinde, taryhy we sungat muzeýlerinde, kitaphanalaryň gymmatly hem-de ýeke-täk nusgasy bolan suratlar, ýazgylar we eserler «Gymmatly gaznahanada» goralyp saklanýan milli mirasymyzyň ýüzlerçe eserleri dur. Olaryň taryhyny, sungat, medeniýet gymmatlygyny öwrenip, wagyz edip, Watanymyzyň şan-şöhratyny, maddy medeniýetiniň özboluşly ýeke-täkligini görkezmek döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe esasy maksat bolup durýar.

## 1.2. Amaly-haşam sungatynda nagyşlar. Bezeg sungatynyň esaslary. Nagyşlaryň döreýşi

### GEOMETRIK NAGYŞ

Şekillendiriş sungatynyň bir bölegi bolan nagyşlar ýa-da nagyş ulgamy iň düşnüksiz, ýagny abstrakt şekilleri we düşünjeleri özünde jemlän şekillerdir. Sungaty öwreniji G.A.Pugaçenkowanyň bellemegine görä: «Nagyş – bu adamzadyň iň beýik açyşlarynyň biridir. Nagyş – bu umumy nyşanlaryň düzümi däldir. Şekillendiriş sungatynyň çeperçilik döredijiliginiň başga bir ugry, ýagny haşamly nagyş gapma-garşylyk düşünjeleriniň düzümini aňladýar». Bu güşünjelerden ugur alyp, biz geometrik nagyşlaryň ýönekeýden çylşyrymly görnüşlere geçmek häsiýetine seredeliň.

Çyzgylar dürli-dürli bolup, şolardan ilki **nokady** (.) alalyň. Ol hiç bir zady aňlatmasa-da, gaýta-gaýta ulanylsa, bezeg (dekoratiw) täsirliligi döredýär. Gadymy Türkmenistanyň sungatynda, Eýranda Sasaniler we Hytaýda Tan döwürleriniň önümlerinde nokat üstünlikli ulanylypdyr.

170.0 x 240.0 mm

Soňra **çyzyk** (–) ýa-da **zolak** aýry-aýry äheňleriň aralaryny açmakda ulanylýar. Zolaklara türkmenleriň halylarynda we gadymy grek wazalarynyň nagyşlarynda duş gelmek bolýar.

**Egrem-bugram** ýa-da **döwük çyzyklar** gadymy ýurtlaryň bezeg sungatyndan tä häzirki zaman bezeg önümlerine çenli ulanylyp gelinýär. Egrem--bugram çyzykly belgi hemişe «ak suw» manysyny bermäge hyzmat edipdir. Meselem, ol Türkmenistanyň, Hytaýyň, Ýewropanyň roman dilli halklarynyň we başga-da ençeme ýurtlaryň eneolit döwrüniň nagyşly keramikasyny bezeýär.

**Şewronlar** – daş-töweregi dişli nyşanyň sazlaşykly gezekleşmeginde emele gelýän «döwük» zolakdyr. Ol Hytaýda, şeyle hem sungatyň roman tärinde we neolit keramikasynyň nagyşlarynda gabat gelýär (*1-nji surat*).



**1-nji surat.** Krit küýzeleriniň geometrik nagyşlary
(Gadymy Minoý I we Orta Minoý III)

Biri-biriniň içinden geçýän nagyşlar yslam sungatyna mahsus, ýagny arap elipbiýiniň harplary biri-birine birleşdirilen we gelişdirilen görnüşlerde bolýarlar. Owadan bezeg görnüşli bolan ýazgylar yslam döwletleriniiň nagyşlarynyň arasyna utgaşdyrylypdyr. Bu bolsa umumy medeniýete täsirli häsiýet berdi. Şeýle görnüşli hat bezegleri Gadymy Gündogar ýurtlarynyň kitaplarynda

170.0 x 240.0 mm

sahypanyň birinji bezelen harplary bolup, kitaba özboluşly öwüşginlik çaýýar. Olar grek, orta asyr döwletleriniň golýazma kitaplarynda hem-de nagyşly miniatýurada, şeýle hem birinji sözleri bezemekde geraldika häsiýetli haçlaryň görnüşinde gabat gelýär. Harplary bir-biri bilen birleşdirilen haşamly ýazgylara Ýewropanyň Täzeden döreýiş döwrüniň kitap jiltlerinde-de, hytaý faýans önümlerinde-de duşmak bolýar. Hatda Leonardo da Winçi, Albreht Dýurer ýaly öz döwrüniň beýik ussatlarynyň miras goýan döredijiliginde şeýle äheňli ýazma usullaryny galdyrypdyrlar (*2-nji surat*).



**2-nji surat.** Biri-biriniň içinden geçýän nagyşlar

**Meandr (uçlary towly, egrem-bugram nagyş).** Gönüburçly zolakdan gaýdýan döwük çyzyk. Türkmen halyçylyk sungatynda muňa «saýlan» diýilýär. Grek wazalarynda, Gadymy Meksika sungatynda we ýapon matalarynyň nagyşlarynda duş gelýär.

**Inedördül**. Nagyş äheňleriniň daşky, içki böleklerini çäklendirmekde ulanylýan şekil. Bu türkmen halysynyň nagyşlaryna mahsus.

**Romb görnüşli şekillere** miladydan öňki döwürde Gadymy Türkmenistanyň köpdürli eneolit külalçylyk sungatynda, Hytaýyň bürünç önümlerinde duş gelmek bolýar.

**Şaşka düşekli görnüşler we ondan emele gelen atanaklaýyn nagyş**. Gadymy Türkmenistanyň, Müsür, Hytaý döwletleriniň keramika önümlerinde, şeýle hem dokmaçylykda, matalarda ulanylýan bezeg.

**Üçburçluk.** Ähli Gündogar gadymy keramikasynda, dokmaçylykda, egin-eşikleriň, ýagny köýnegiň, begresiň, çabydyň, çaga kürtekçesiniň bejergilerinde ulanylýar.

**Altyburçluk we sekizburçluk hem-de olar bilen baglanyşykly burçly şekiller** yslam ýurtlarynyň bezeg sungatynda duş gelýär. Meselem, türkmen gölleri, hindi mandalasy.

**Atanak, haç görnüşli, uçlary egik nagyş.** Güni, Ýer togalagyndaky ýaşaýşyň üznüksiz hereketini suratlandyrýan Gadymy Gündogar nagyş äheňi. Biz olara türkmen halysynyň göllerinde, hristian döwletleriniň, Arabystan ýarymadasynyň sungatynda duş gelýäris (*3-nji surat*).

170.0 x 240.0 mm

**Sinusoida (tolkun görnüşli egri çyzyk).** Daşyna çarçuwa çekseň türkmenleriň, hytaýlylaryň sungatyndaky, roman tärindäki nagyşlara gabat gelýär.

**Burum-burum çyzyk (spiral)**. Egeý deňzindäki adalary, Ortaýer deňzindäki Krit adasyny we beýleki ýerleri öz içine alýan Egeý medeniýetine degişli krito-miken sungatynda giňden ýaýran nagyş.

**Örme ýüp – öz-özüniň daşyndan towlanan çyzykly nagyş, işilip edilen aýlawly bezeg.** Bu neolit eýýamynda we bürünç asyrynda Demirgazyk we Gündogar Ýewropanyň arheologiýa medeniýeti bilen bagly keramika önümlerini haşamlaýan nagyş.



**3-nji surat.** Atanak, haç, on iki
we sekiz burçlugyň geometrik görnüşli şekilleri

**Tegelek äheňi.** Nagyş böleklerinde ulanylýar. Köplenç, beýleki nagyş äheňlerinde, tugralaryň ýüzünde (gerblerde) şekillendirilýär.

**Ýarymtegelek.** Köplenç güberçek görnüşde bolan nagyşdyr. Güberçek şekiller binagärlik sungatynda ulanylýar.

**Ellips sudury.** Bu ägirt köpsanly nagyşlaryň görnüşi bolup, ilkinji nobatda, türkmen gölüniň umumy görnüşidir. Muny geometrik nagyşlar, binagärlik bezeg şekili we oýma nagyş bermek usullarynda görmek bolýar.

## TEBIGY NAGYŞ

**Tebigy nagşyň** esasyny janly tebigatyň özi tutýar. Suw, deňiz tolkunlary, waza nagyşlary, gadymy döwürden tä häzirki döwre çenli ýapon sungatyna mahsus bolan **stalaktitler**, ýagny gowaklaryň depesinde emele gelýän prizma şekilli hek ösüntgiler bolup, olar bezeg berýän şekillerdir. Oduň ýalny, asman

170.0 x 240.0 mm

ýagtyltgyçlary bolan Gün, Aý nagyşlaryň döremegine esas bolýarlar. Yslam ýurtlarynyň bezeg sungatynda altyn orak, ýyldyrym görnüşli we şoňa meňzeş tebigy barlyklar uly orun tutýar. Tebigaty suratlandyrýan şekiller Gadymy Müsürde giňden ulanylypdyr. Türkmenistanyň çäklerindäki ilkinji şekiller tebigatyň barlyklaryny suratlandyrmak üçin giňden peýdalanylypdyr.

**Ösümlik dünýäsi (flora)** – hakyky usulda sadaja ýa-da örän çylşyrymlaşdyrylyp şekillendirilýän agaçlar, baglar matanyň ýüzüne köp çekilýär. Ýapraklar bolsa öz hakyky görnüşini doly ýitirip, tanalmaz ýaly üýtgeýänçä özgerdilýär, çyzyklara öwrülýär. Bulary biz türkmen milli nagyşlarynda, binagärlik, zergärçilik bezeglerinde görýäris.

Nagyş bezegçilik sungatynda güller örän giňden ulanylýar. Meselem, liliýa, bägül, myhak şekilleri faýans, mata, binagärlik şekilleriniň nagyşlarynda, diwar bezeglerinde diýseň köp ulanylýar. Gül äheňini bezeg şekilleriniň ählisinde görmek bolýar. Gündogaryň we Günbataryň ösümlik äheňli nagyşlarynda egri çyzyklar agdyklyk edýär. Mundan başga-da, burum-burum ösümlik baldaklaryny we towluja ýapraklary aýdyň görüp bolýar. Sirkul arkaly geçirilen ýaý (duga) görnüşli güller has ýaýran äheňlerdir. Beýleki ýene bir meşhur äheň bolan **palmetta** şekilleri – ýelpewaç görnüşli ýerleşdirilen ösümlik nagşy binagärlik bezeglerinde diýseň köp ýaýrandyr.

**Haýwanat dünýäsi (fauna). Zoomorf häsiýetli** şekiller bezeg işlerinde köp duş gelýän äheňli görnüşleriň biridir. Belli-belli haýwanlaryň ähmiýetine we häsiýetine laýyklykda olara aýratyn üns hem-de orun berlipdir. Meselem, Gadymy Müsürde sungat eserlerinde ýolbarsyň, goýnuň şekiline, Aziýa döwletlerinde, Türkmenistanda – Altyndepede, Şumerde öküze, möjege, gaplaňa we bürgüde, buddizm dinine uýýan ýurtlarda pile, Gadymy Rimde we Aziýa ýurtlarynyň sungatynda ýylanlara, goýunlara (goçlara) berilýän ähmiýetiň uludygyny görmek bolýar.

**Deňiz faunasy (deňiz jandarlary).** Delfiniň, zagara balyklarynyň şekili – türkmen sungatynda «balyk teňňe» nagşy. Hytaýda dürli balykgulaklar korol Lýudowik XV döwründe bezegçilik sungatynda giňden ulanylypdyr. Kebelekler Hytaýyň we Ýaponiýanyň sungatynda köp duş gelýär. Bezegçilik sungatynda tä XIX asyryň başyna çenli mör-möjekleriň (arynyň, teneçiriň) köpdürli görnüşleriniň şekillerine gabat gelmek bolýar.

Amaly-haşam sungatynyň ähli görnüşleriniň many-mazmunlarynda guşlar iň köp duş gelýän **nyşan** hökmünde kesgitlenendir. Rimde – laçyn, Orta Aziýada, Türkmenistanda – bürgüt, laçyn, tawus, Wizantiýada, Germaniýada – bürgüt, Hytaýda we Ýaponiýada – durna, ördejik giňden ýaýran şekillerdir. Bu belli kesgitlenen guş äheňleri orta asyrlar döwrüniň bezeg sungatynyň farfor önümlerinde, matalarda, halylarda, keramika böleklerinde duşýan esasy

keşplerdir. Haýwanlaryň doly hakyky şekillerinden başga olaryň beden agzalarynyň aýry-aýry bölekleri-de şekillendirilipdir. Meselem, öküz kellesi, goç şahy, guşlaryň çüňkleri, aýajyklary, gözjagazlary, agyzlary «guş yzy», «guş gözi» we beýleki nagyşlarda berlipdir. Köplenç, guşlaryň şekilleri diňe ertekilerde duş gelýän täsin ajaýyp şekillere öwrülipdir. **Sfinks** – gadymy grek miflerinde aýdylan matallara jogap tapmadyk ýolagçylary öldürýän aýal kelleli we göwüsli, ýolbars göwreli ganatly jandar; grifon – antik miflerinde ýolbars göwreli, bürgüt ganatly hyýaly jandar; **kentawrlar** – ýarym adam, ýarym at. Bu elhenç jandarlaryň hataryna iki göwreli bir kelleli hyýaly haýwany hem goşmaly. Bu keşp hytaý sungatynda örän ýaýrandyr.

**Adamyň sypatynyň şekilinde** sýužet nagşy shematik, sada görnüşde, käwagt stilleşdirilen häsiýetde ulanylypdyr. Köp ýurtlaryň bezeg sungatynda erkek we aýal şekillerine duş gelmek bolýar. Meselem, türkmen halylarynyň eňsi nusgasynda eli tüpeňli erkek adamyň şekili bar. Adam şekilleri parahat ýa-da beýleki dürli hereketlerde bolup bilerler. Olar ýalaňaç ýa-da egin-eşikli şekillendirilipdir (*4-nji surat*).



**4-nji surat.** Gül we adam sypatly roman heýkeltaraşlygynyň nagyşlary

**Karikatura** gülkünç görnüşli şekillerdir. Muny grek terrakotalarynda, teatral nykaplarda (maskalarda), oturgyç bezeglerinde hem görmek bolýar.

**Adamyň ýüz keşbi** hem bezeglerde ulanylypdyr. Onuň esasynda ýüzlükler, maskaron döräpdir. Adamyň dürli beden agzalary – göz, ýürek, aýak, el hemişe nagşyň döremegine esas bolup bilýär. Meselem, Müsür sungatynda

gözi (nazar – göz monjuk), eliň aýasyny ýa-da üç, dört barmagyň şekilini Gadymy Müsür, Aziýanyň yslam ýurtlarynda, türkmen haly sungatynda görmek bolýar. Adam bedeniniň bölekleri hyýaly jemlenen bolsa, janly şekillendirilen kentawrlary, suw perilerini – serenalary (guýrukly süýrenijileri), perişdeleri, amurlary suratlandyrmak Ýewropa döwletleriniň sungatynda giňden ýaýrapdyr (*5-nji surat*).



**5-nji surat.** Adam ýüz keşpli ýaprak şekilleri

**Pastoral** häsiýetli şekiller XIV – XVIII asyrlarda Ýewropada dörän sungat žanrydyr. Ol, köplenç, fransuz farforynda, gobelenlerde, şekilli halylarda, bezegli matalarda duş gelýär. Pastoral äheňli şekilleriň has giňden ýaýran görnüşleri Täzeden döreýiş döwründe ösen groteskler hasaplanýar. *Groteskler* – bu jandar adam sudurly ýa-da adamsyz howaýyalaşdyrlan peýzaž.

**Jansyz zatlardan düzülen natýurmort** bezegiň ep-esli bölegini tutýar. XVII asyr gotik usulynda golýazmaly kagyzlar, harby enjamlar we oljalar, güldanlar, bolluk-bereketlilik, hasyllylyk buýnuzlary, grek gämileri, ýel degirmenleri, ýapon köprüleri we ýelpewaçlar bezelipdir. Bu ähli şekiller farfor, faýans önümlerinde, gobelenlerde, matalarda, diwara ýelmeşdirilýän kagyzlarda we beýleki zatlarda suratlandyrylýar. Umuman, bu dürli ýurtlaryň, halklaryň we döwürleriň bezeg şekilleri. Adam elinden dörän islendik zatlar soňundan nagyş dörediji äheň bolup hyzmat edipdir diýsek öte geçdigimiz bolmaz.

## TOPLUM ÄHEŇLERI

**Toplum äheňlerinde** biz ýazgylaryň şekillerini bezeg hökmünde görkezip bileris, sebäbi olar şol bir wagtyň özünde many-mazmuny saklaýan şekiller bolup hyzmat edýärler. Ilki bilen, biz sözümizi baý edebiýaty bolan ýokary siwi-

lizasiýaly halklarda bezeg sungatynda giňden ulanylýan ýazgylardan başlamakçy. Kähalatlarda belgileriň özleri nagyş häsiýetine eýe bolýarlar. Meselem, Müsür iýeroglifleri, hytaý ýa-da arap hatlary, käwagtlar hatlaryň görnüşleri, gönüçyzykly hytaý iýeroglifleri, arap hatynyň kufi ýazgysy, rimlileriň baş harplary az-kem üýtgedilen nagyşlara öwrülýärler. Bu sanawa biz türkmen harplary diýlip hasap edilýän käbir haly nagyşlaryny hem görkezip bileris. Hatlar, köplenç, gyrasy nagyşly zolaklarda ýerleşdirilýär. Bezeg sungatynda arap ýazgysyndaky çyzyklaryň özara sazlaşygy nagşa öwrülýär. Ýazgylar daşlarda, keramikada, metallarda, halylarda ýerleşdirilýär. Orta asyr Merw keramikasy, ýazgyly ýüzükler, Kiçi Aziýanyň irki orta asyrlara degişli ýazgyly halylary muňa mysal bolup bilerler. Ondan başga-da, olara orta asyr döwletleriniň täjirleriniň möhürlerini we şoňa meňzeş zatlary mysal görkezmek bolar (*6-njy surat*).



**6-njy surat.** Arab kufi ýazgylary. Hat we Kordowyň Uly Metjidiniň mihrabynyň bezegleri

## NYŞAN ÄHEŇLERI

Indi **nyşan äheňlerine** seredip geçeliň. Olar örän köpdür. Nyşan äheňleri ýokarda agzalyp geçilen äheňleri hem gaýtalaýarlar. Meselem, üçburçluk belgisi dagy aňladýar; burum-burum çyzyk, tegelek, atanak we şoňa meňzeş nagyş toplumy kosmologik mana eýedir. Şeýle hem, GadymyTürkmenistanyň eneolit döwrüniň keramikasyndaky şekiller, Hytaýda we Gadymy Müsürde asmanyň hem-de asman ýagtyltgyçlarynyň hereketleriniň şekillendirilişi, iki sany burum-burum bölünen tegelek «in» we «ýan» – erkek we aýal başlangyçlarynyň belgisidir. Ösümlik äheňleriniň arasynda bu häsiýetdäki «ömür daragty» atly nagyşlar toplumy Türkmenistan, Eýran we Ýakyn Gündogar halklarynyň sungatynda has giňden ýaýrandyr.

Bägül – orta asyrlar döwründe Angliýada şalyk nyşany, liliýa – Fransiýada, nar – Gündogarda, lotos güli – buddizm sungatyna häsiýetlidir. Orta Aziýa sungatynda guş – asmanyň, Hudaý bilen adamyň arasyndaky aragatnaşygyň nyşanydyr. Gündogaryň we Günbataryň sungaty şol bir äheňleri ulanypdyr. Meselem, «atanak» (haç) – Günüň, asman ýagtyltgyçlarynyň nyşany (*7-nji surat*).



**7-nji surat.** Soltan Mehmed II-niň arap haty,
«hytaý bulutlary» we «solomon möhri» nagyşly ýüpek köýnegi



**8-nji surat.** Badam gornüşli apbasylar bilen bezelen türk matasy

Indi geraldika nyşanlary barada durup geçeliň. **Geraldika** nyşanlary hakynda aýdanymyzda, oňa, ilki bilen, türkmen halylarynyň göllerini mysal getirmek bolar. Umuman, yslam sungatynda tugralar tegelek görnüşde bolup-

dyr. Matalardaky nagyşlar kada boýunça tegelege alnan. Orta asyr Müsüriň Kopt matalary, ýapon tugralary hem tegelek görnüşindedir (*8-nji surat*).

**Geraldika** sungatynda, ilkinji nobatda, gysga sözlülige, çuň manylyga artykmaçlyk berilýär. Bezeg nukdaýnazaryndan bolsa iň sada tugralar iň gowusy hasaplanýar.

## GELIŞDIRME ÝA-DA SAZLAŞDYRMA (STILLEŞDIRME)

Sungatda gelişdirmäniň (stilleşdirmäniň) maksady ähli tomaşaçylara düşnükli şekili umumylaşdyryp täzeden döretmek. Şekili şowly umumylaşdyrmak hakyky görnüşli keşbe uly öwüşgin çaýýar we bezelen nagşa öwürýär. Şekiliň täsirini artdyryjylar reňk bilen şekiliň düşegidir, ýagny fonudyr. Düşegiň reňkiniň şekiliň reňki bilen garyşyp gitmezligi üçin, köplenç, farforda, keramikada, matada sudur, ýagny şekiliň daşy garalanýar. Şekiliň garalanmasy nagyş görnüşli hem bolup bilýär.

## NAGŞY ÇEKMEGIŇ ESASLARY

Bezegiň dürli ulgamlary saýlanyp alnan äheňlerden örän uly täsir almaga ýardam edýär. Bu ýerde esasy gaýtalanma özboluşly bezeg täsirini berýär. Türkmen halylarynyň bezeg gurluşynyň esaslary nusgalyga mynasyp mysaldyr.

**Gaýtalanma**. Munda az manyly şekil bölekleri ähmiýetlidir. Onuň sazlaşykly gaýtalanmasy belentlik we tertip öwüşginini berýär, parahat we ynamly güýçleriň beýikliginiň duýgusyny oýarýar. Gezekleşme usul äheňi käwagt dik, käwagt bolsa kese ugurda ýerleşdirilmek bilen şol wezipäni ýerine ýetirýär. Düz we büdür-südür, göni we egri bölejikleri gezekleşdirip bolýar. Suratkeş reňkleri ýa-da olaryň açyk we garamtyl öwüşginlerini gezekleşdirmek arkaly özüne has gerekli bolan netijäni gazanyp biler (*8-nji surat*).

**Simmetriýa** – bu deňölçeglilik, iki meňzeş äheňli şekiliň merkeziniň iki tarapynda ýerleşdirmek. Biz amaly-haşam bezeg gurluşynyň ähli esaslaryny türkmen halysynyň kompozisiýasynda mese-mälim görüp bileris.

## BEZEGIŇ ÝERLEŞDIRILIŞI

Eseriň düşegi (fony) inedördül ýa-da gönüburçly bolsa, gözenek görnüşli nagyş ulanylýar. Gözenek görnüşli nagyşlar dürli-dürlüdir. Bu hili nagyşlar yslam ýurtlarynyň sungatynda has aýdyň ýüze çykýar. Käwagt gözenekli nagşyň çyzyklarynyň özi hem şekil döredýär, käwagt bolsa gurluşy sada «jähek» nagşy bolup hyzmat edýär. Köplenç, bu usul Gündogar ýurtlaryň matalarynda, halylarynda duş gelýär. Gözenek görnüşli nagyş, esasan, binagärlik haşamynda hem-de agajyň ýüzüni oýup nagyş çekmekde (neçjarçylykda) ulanylýar. Sungatyň bu bezeg usulynyň gurluş ulgamy örän çylşyrymlydyr. Bu bezeg

usuly kitap miniatýurasynda we sahypa bezeginde hem ulanylýar. Bu görnüşli nagyş ulgamy **girih** diýlip atlandyrylýar. Bu nagyş ulgamy inedördüliň, sekizburçly ýyldyzlaryň, bäşburçlugyň ýa-da altyburçly ýyldyzyň, üçburçlugyň we gönüburçlugyň deň goýlan burçlarynyň esasynda gurulýar. Girih ulgamy çylşyrymly we takyk gurlan ölçegleriň netijesidir.

Bezeg gurluşynyň käbir bölekleri heýkeltaraşlyk bezegi hasaplanýar. Muňa Samaridäki, Nişapurdaky köşkleriň relýef bezegli diwarlary mysal bolup biler. Güberçekli (relýef) nagyş agajyň ýüzüni oýup bezeg taslama etmekden ybaratdyr. Nagyş döretmegiň bu özboluşly usuly gapylary, sütünleri, kitap üçin kiçiräk stollary haşamlamakda Orta Aziýa sungatynda örän beýik ussatlyk derejesine eýe bolýar. Parfiýa döwletiniň ritonlarynyň karniziniň güberçek bezeg işleri muňa mysaldyr. Güberçek nagyşlar Gadymy Müsür döwründen bäri demriň ýüzüne nagyş basma işlerinden başlanyp, häzirki zergärçilik sungatynyň hem esasy bezeg görnüşi hökmünde örän uly ähmiýete eýedir. Biziň günlerimizde güberçek nagyş keramikada we ýönekeý metaly çeperçilik taýdan işläp bejermekde diýseň ähmiýetli bezeg usuly bolup durýar. Häzirki wagtda bezeg taslamasy ýiti takyk häsiýeti bilen diňe bir haşamlamak üçin niýetlenmän, eýsem ol gözellik duýgulary bilen hem bagly bolýar. Haşamly taslamalar, çeper sazlaşykly şekiller üç sany usul bilen ýerine ýetirilýär:

1. Bir görnüşli nagyşlary zolak tertibinde ýerine ýetirmek.
2. Taslama giňişliginiň merkezinde birnäçe nagyşly aýlawlary (medalonlary) ýerleşdirmek.
3. Birnäçe nagyşlaryň ulgamyny tor görnüşli tertipde ýerleşdirmek. Adatça, bu taslamalar ösümligiň şekilini berýän nagyşlaryň ulgamynda takyk zoomorf we antropomorf äheňler bilen sazlaşykly gurulýarlar.

**Güberçekli bezeg.** Güberçek nagyş binagärlik sungatynda aýratyn ähmiýete eýedir. Onuň has ýaýran görnüşi ýelimlenip ýerine ýetirilýän nagyşlardyr (*9-njy surat*).



**9-njy surat.** Metalyň güberçekli bezegi

170.0 x 240.0 mm

## REŇK

**Reňk** bezeg sungatynda uly, kähalatlarda ilkinji orny eýeleýär. Reňk binagärlikde hem-de diwar bezeginde uly ähmiýete eýedir. Biz ony ähli ýerde kesgitläp bilýäris. Muňa Gadymy Müsüriň Fiwy şäheriniň ybadathanalarynyň we mazarlaryň bezeginde, Hindistanyň Ajanta gowaklarynda, Türkmenistanyň Gökdepe etrabyndaky Pessejikdepäniň diwar nagyşlarynda we beýleki ýadygärliklerde göz ýetirmek bolýar. Reňk diňe bir binagärlik bezeginde däl, eýsem keramikada, farforda, matalarda, halylarda, desgalaryň aýna bezeglerinde, altyna ýa-da mise syrça çaýmakda, hatda dürli metallar kebşirlenende – bürünje altyn çaýylanda, bürünç ýa-da kümüş basmada, şeýle hem agaç bilen ýerine ýetirilýän gurnama işlerinde örän wajyp orny eýeleýär. Köplenç, suratyň daşy çyzygyň kömegi bilen garalanyp, sudur ýöredilýär. Sudur şekiliň görnüşini has-da nygtaýar. Käbir ýagdaýlarda giňişligiň düşeginde suratyň görnüşi aýratyn saýlanýar.

**Suratyň we giňişligiň düşeginiň reňk gapma-garşylygy.** Ulanylýan reňkleriň sany näçe az bolsa, bu taslamanyň bizde galdyrýan täsiri uludyr. Muňa gyzyl-gara suratly grek wazalary mysal bolup biler. Suratkeşler ýakymly reňk öwüşginleri bilen sowuk öwüşginleriň, açyk we tutuksy reňkleriň gapma-garşylygynyň täsirini ulanýarlar.

**Jähekleme, garalama ýa-da kontur – suratyň daşyndaky çyzyk.** Garalama suraty öňe çykarýar ýa-da düşegiň reňkini sazlaşdyrýar. Reňkleri tapawutlandyrmak üçin ulanylýan şekiliň daşyndaky garalama suratyň täsirli bolmagyna ýardam edýär. Heýkeltaraşlyk relýeflerinde, witraž penjirelerinde, gapylarynda, aýnalarynda ulanylýan şekilleriň daşy gara, goňur, gök, ak çyzyklar bilen aýlanyp jäheklenýär.

**Witraž** – aýnalaryň ýüzünde daşlary garalanan şekilleriň umumylaşdyrylan görnüşi bolup, witraždan gün şöhlesi geçen wagtynda eserdäki reňkiň labyzly täsirliligi ýokarlanýar, taslamanyň bitewüligi jemlenýär. Ondan başga-da, suratkeş witraž eseriniň giňişligindäki agdyklyk edýän reňkleri sazlaşdyrýar.

## 1.3. Mata dokmaçylygy. Mis-daş asyrlarynyň mata dokmaçylygy

Günorta Türkmenistanyň ekerançylyk ýerlerindäki ilatyň çig kerpiçden gurlan ýerüsti jaýlarynda oturymly ýaşanlygy takyklanandyr. Hakykatdan hem, Günorta Türkmenistanyň dag eteklerinde, Tejen we Murgap derýalarynyň aşak akymlarynda şeýle öýleriň galyndylary tapyldy. Ol ýerlerde başga gurluşyk serişdeleri bolmandyr. Bürünç eýýamynda daglyk etraplaryň jaý gurluşyk

serişdeleri kerpiç bolman, daş we agaç bolupdyr. Olary gubur gurmakda hem--de jaý gurluşygynda giňden peýdalanypdyrlar.

Kümeler depeleriň eňňidinde ýerleşipdir. Kümäniň yzky we gapdal diwarlaryny depäniň tebigy gurluşyndan emele getiripdirler. Olaryň iki gapdallaryna agaç sütünleri dikilip, keseligine agaç we gamyş goýlup, üsti suwalypdyr. Kümeler suw akyp gider ýaly iki sany ýapgytly bolupdyr. Gapy günorta açyplypdyr, sag tarapyndan bolsa ýagty düşer ýaly uly bolmadyk deşik edilipdir. Ýyladyş üçin jaýyň ortasynda ojak bolup, tüsse çykar ýaly uly bolmadyk giňişlik goýlupdyr. Kümede hem ak öýlerdäki ýaly, sag tarapy aýallara, çep tarapy erkeklere, merkezi bolsa hormatly myhmanlara niýetlenipdir. Bürünç eýýamynda gökleňleriň hem-de ýerli ilatyň kümeleri olaryň ýaşaýşy barada maglumat toplamaga, şeýlelikde, olaryň gün-güzeranyny, näme kär edendiklerini, hojalykda ulanan gurallaryny giňişleýin öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki zaman gökleňleriň kümeleriniň uzakda bolmadyk depäniň çeträk ýerlerinde ýerleşmegi bürünç eýýamynda oturymly ýaşaýşyň bolandygyndan habar berýär. Giçki bürünç eýýamynyň umumy medeni keşbinden gelip çykýan görnüş Sumbar jülgesiniň gadymy ilatynyň ýaşaýşyna oturymly häsiýet mahsus bolandygyny görkezýär. Olaryň ýer işläp bejermek we maldarçylyk bilen meşgul bolandyklaryny ynamly aýdyp bolar.

Arheologiýa-gazuw agtaryş işleriniň netijesinde alnan maglumatlarda ekerançylyga mahsus gural ýa-da öndürilen önümiň galyndysy tapylmandyr, emma hojalygyň bu möhüm pudagyny käbir oňa gös-göni degişli däl alamatlaryň üsti bilen dikeltmek mümkin. Ekerançylygyň gurluşyny, emeli suwarmagyň tärlerini kesgitlemäge degişli maglumatlar ýok, ýöne tokaýlary köwlüp çykarylan haýsydyr bir meýdanlarynda ýa-da Köpetdagyň eteklerindäki tokaýlarda bugdaýyň we arpanyň ekilendigini çaklamak bolar, sebäbi olar bugdaýdan çörek we şüle, arpadan hem içgileri taýýarlapdyrlar.

Gap-gaçlaryň köp görnüşleriniň bolmagy, iýmitleriň köpdürlülidiginden habar berýär. Gap-gaçlar ululygy boýunça köpçülik we şahsy maksatly gaplara bölünýärler. Olar: humlar, küýzeler, çylşyrymly jüründikli gaplar, çäýnekler, dürli küýzejikler, okaralar. Bir ýa-da iki tutawaçly küýzejikleriň aşaky gyralarynda ojagyň odunyň galdyran yzlary duýulýar. Bu bolsa golçalarda saklanylan süýt önümleriniň otda ýyladylyp ulanylandygyny görkezýär.

Sumbar jülgesiniň ilaty maldarçylyk bilen hem meşgul bolupdyrlar. Ownuk şahly mallar – goýunlar we geçiler ilatly ýerden uzakda bakylypdyr. Erkek adam öýde haýsydyr bir iş bilen gümra bolupdyr. Deriniň we ony işläp bejermek üçin gerek bolan käbir gysga we ýarym tegelek tygly pyçaklaryň tapylmagy, işlenip taýýarlanan deriden guşaklaryň, haltajyklaryň, aýakgaplaryň

taýýarlanylandygyndan habar berýär. Iki bölek derini birikdirmek üçin, ony temen bilen deşip, ýogyn sapagy ýa-da deriden edilen inçe ýüpi ulanypdyrlar. Aýal-gyzlaryň esasy işleri öý, çagalar hem-de öý goşlaryny we eşikleri, iýmit önümlerini saklamak we taýýarlamak bilen bagly bolupdyr.

Gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde alnan maglumatlar ýüň işläp bejermek, ýüplükden dürli önümleri taýýarlamak ýaly gadymy senediň dörändigini görkezýär. Umuman, ähli aýal guburlarynda ýüňden ýüp taýýarlamak üçin ik iş guraly duş gelýär. Bu bolsa ähli aýallaryň ik bilen ýüňden ýüp egrendiklerini we ýüplükleri dürli işlerde peýdalanandyklaryny çaklamaga mümkinçilik berýär. Şol ýerden tapylan ähli dokma gurallarynyň türkmenleriň häzirki zaman halyçylyk gurallary bilen meňzeşligi köpdür.

Günorta Türkmenistanyň mineral we organiki boýaglary tä XX asyryň başlaryna çenli ulanylypdyr. Matalaryň diňe bir meňzeş reňkler bilen reňklenmän, eýsem olaryň dürli geometrik we ösümlik şekilli nagyşlar bilen bezelendigi barada hem maglumatlar bar. Zenan guburyndan tapylan iki sany galyp muny tassyklaýar. Matalaryň ýüzüne nagyşlar galybyň kömegi bilen basylypdyr. Köpetdagyň demirgazyk etegindäki düzlüklerden tapylan daşlar, demirler, keramika galyndylary boýaglaryň ulanylandygyna şaýatlyk edýär.

Käbir zenan guburlaryndan bir jübüt ýa-da dört sany çişler tapylýar. Ol ýerlerde jübüt ýatan iňňeler hem duş gelýär. Bu bolsa zenanlaryň jorap örmekden hem-de tikinçilikden başlarynyň çykandygyny alamatlandyrýar.

Türkmenistanyň çäklerine halyçylygyň gelip çykyşynyň taryhy hakyndaky meseleler örän çylşyrymly. Häzirki wagtda Türkmenistanda köp ýaýran keçe düşekleri öz gözbaşyny Gündogardan, aýratyn hem, Günorta Türkmenistandan alyp gaýdýar. Ýüňden keçe etmek hünäri oturymly ekerançylaryň durmuşyna hem ornaşypdyr. Reňkli, şekilli keçeler ilatyň durmuşyny has-da gowulandyrdyrypdyr.

Rus etnografy S.M.Dudiniň Orta Aziýanyň halylaryna bagyşlap ýazan makalasynda halynyň göçme çarwadarçylyk durmuşynyň önümi bolandygy we haly dokmaçylygy ekerançylyk bilen däl-de, eýsem ýarym oturymly maldarçylygyň durmuş şertleri bilen baglanyşyklydygy beýan edilýär.

Sumbar we Parhaý mazarystanlyklarynyň 8 sany aýal guburlaryndan tapylan tegelenip gutarýan uçlarynyň birinde deşik bolan, güberçek gyralary tyg edilen, orak şekilli gurallar Günorta Türkmenistanda çitilen halylaryň taýýarlanyşynyň gadymylygyny täzeden subut etmäge mümkinçilik berýär. Bu örän seýrek duş gelýän, ýörite ýasalan kesiji iş gurallarynyň aýallara degişli bolan dokma önümçiliginde ulanylandygyny görkezýär. Häzirki zaman halyçylary şuňa meňzeş bolan demir pyçaklary – keserleri sapagy kesmek üçin ulanýarlar.

Miladydan öňki II müňýyllykda iş üçin ulanylan zähmet gurallarynyň, ýagny haly keseriniň bolandygy gutarnykly subut edilendir. Şonuň esasynda halyçylyk senediniň öz gözbaşyny has ösen irki eneolit döwründen alyp gaýdýandygyny aýtmak bolar. Türkmenistanyň dokmaçylygynyň esasy görnüşi haly dokmaçylygydyr. Dokmaçylygyň ösmegine esasan çarwaçylyk durmuşy uly itergi berýär.

Türkmenistanyň çäklerinde goýunlaryň görnüşlerinden halyçylyk üçin iň ähmiýetlisi saryja tohum goýunlarydyr. Saryja goýnuň ýüňünden ýokary hilli çitim we eriş ýüpleri egrilýär. Dokmaçylygyň giňden ulanylýan gurallary keser, darak, synny, küji agajy, darty, baslyk ýüp, ýatan we dik stanoklar bolupdyr. Haly dokalýarka her öýdümden soň inçejik argaçlyk ýüp geçirilip, daragy usullyk bilen kakyp öýdelýär. Bu argaçlyk ýüp halynyň argajy bolup galýar. Şeýdip halynyň bir öýdümi dokalýar. Dokmaçylykda eriş, argaç we çitim üçin ýüň ýüplerden başga nah ýüpler hem ulanylypdyr. Halynyň düşekliginiň syklygyny gazanmak üçin erşiň hem-de çitimiň aşaky we ýokarky hatarlarynyň arasyna suwa ezilen nah ýüplük – baslyk geçirilýär. Baslyk geçirilensoň haly syk, inçe hem-de sünnälenip dokalar ýaly darak batly kakylýar. Darak kakylyp bolandan soň baslyk aýrylýar.

XIX asyryň aýagyna çenli türkmen halky tarada dokalan matalary hem ulanypdyrlar. Bu ýüpek matalar keteni diýlip atlandyrylýar. Türkmen matalary halk döredijiliginiň uly bölegi bolmak bilen, oňa geçmişde dünýä syýahatçylary we taryhçylary ýokary baha berdiler.

## ÝÜPEGIŇ TARYHY

Ýüpegiň taryhy Hytaýdan başlanýar. Onuň ady hem biziň aňymyza Hytaýyň ady bilen ornaşypdyr, ýöne şeýle pursada üns bereliň. Awstriýaly Rebel 1927-nji ýylda ýüpegiň taryhy Hindistanda başlandy diýen pikirini jemläp, tassyklama hökmünde çap etdi, ýöne Hindistanda ýabany (düme) ýüpek biziň eýýamymyzdan öň bolan. Ýabany ýüpek düýpgöter başga zat – ol öndürilýän ýüpek. Ýabany ýüpegi (oňa «tussak», «tusser», «tusor», «muga» ýa-da «ýeri» hem diýilýär) Hindistanda ýygnamak gerekli, möhüm iş bolupdyr.

Maglumatlara görä, Assamanyň, Wiharanyň, Madiýa Pradeşiň we Orissiniň tokaýlarynda adamlar kebelegiň 6-dan hem köpräk görnüşinden pile ýygnapdyrlar. Olaryň berýän reňk öwüşginleri ak reňkden (Assat) tä sary we goňur reňke çenli öwüşginli reňkler bolupdyr. Kebelekleriň iň giňden ýaýran görnüşi ýalpyldawuk sary ýüpek berýän antheralardyr. Ýüpegiň bu görnüşi Gündogar Hindistanda köp asyrlaryň dowamynda bejergi etmek üçin ulanylypdyr. Biziň eýýamymyzyň II asyryna degişli Gadymy Palmira şäherinden hindi kebeleginiň bir görnüşi bolan tussakdan alnan ýüpek matanyň bölekleri tapyldy.

Ýabany ýüpegiň hasyly däp-dessurlar hem-de köp yrymlar bilen baglydyr. Pileleri ýygnap gün-güzeran görýän taýpalar gurçuklaryň we olaryň ýumurtgalarynyň gudratyna ynanýarlar hem-de olara örän inçelik bilen seredipdirler. Olaryň bolýan, ýaşaýan tokaýlaryny adamlar keramatly saýýarlar. Şonuň üçin hem kirli görülýän ýa-da keselli adamlar olaryň ýanlaryna golaýladylmandyr. Ýabany ýüpek gurçuklary üçin jogapkär adamlar öz bedenlerini talaplara görä örän arassa saklamalydyrlar. Onsoňam haýsy zatlary iýip-içmelidigini, nähili päk ýaşamalydygyny özleri seljermelidirler. Bir seredäýmäge biderek zat ýaly bolup görünýän hereketler, pikir edip görseň, bu gurçuklaryň tebigatyndan gelip çykýan talap-ýagdaýlar örän möhüm bolan hakykatdyr.

Irki orta asyrlar döwri tut ýüpek gurçugynyň (grenanyň) medeni taryhynyň Ýewropa ýurtlaryna aralaşmagy bilen baglydyr. Bu taryh Eýranyň üstünden guryýer arkaly geçýän ýol bilen gös-göni bagly bolupdyr. Ähtimal, imperator Ýustinian hem ýüpek gurçuklary, olaryň tut ýapraklary bilen iýmitlenýänligi we ýüpek çig malyny öndürýändigi hakynda şu ýol bilen gatnaýan iki hristian monahdan eşidendir. VI asyryň ikinji ýarymynda Prokopiý Kesariskiý öz ylmy işi bolan «Ýustinianyň parslar, wandallar we gotlar bilen söweşleriniň taryhy» atly kitabynda şol monahlaryň köp wagtlaryny hindi taýpalarynyň ýaşaýan ýeriniň demirgazygynda ýerleşýän Serindeý diýlip atlandyrylýan ýurtda ýaşap geçendikleri hakynda hem-de olaryň şol ýerde rimliler ne öz duşmanlary bolup duran parslardan, ne-de haýsydyr bir başga halkdan ýüpek satyn almaz ýaly, wizantiýalylaryň topragynda ýüpegi öndürmegiň çylşyrymly ugurlaryny öwrenipdirler diýip ýazýar.

Iki monahdan ýüpegiň öndürilişiniň gizlin we çylşyrymly syryny bilip, Ýustinian olary «uly eşretlikler bilen serpaýlajagyna» söz beripdir. Bu iki monah ýene-de Serindeýe tarap ugrapdyr. Olar Wizantiýa tut ýüpek gurçuklarynyň ýumurtgalaryny alyp gelipdirler. «Serinda» diýlip atlandyrylýan adalga şol döwrüň edebiýatynda başga duş gelenok. Şonuň üçin ol ýurduň ýerleşýän ýeri hakynda dürli-dürli pikirler aýdyldy. Käbiri ol ýurdy Hytaý diýip hasaplasa, başga biri Sinszýanda ýerleşen diýýär, üçünjisi Demirgazyk Hindistan hasaplaýar, dördünjisi Hindi-Hytaýda ýerleşipdir diýse, bäşinjisi Sogdianada yerleşen diýip hasaplaýar. Nähili bolaýanda-da, bu Eýranyň üstünden guryýer arkaly geçýän ýoluň ugrunda ýerleşen ýurt bolmaly, sebäbi, IX asyryň Wizantiýa patriarhy Totiýanyň maglumatlaryna görä, tut ýüpek gurçugynyň ýumurtgalaryny alan adam (pars) şol ýumurtgalary içi köwlenen hasanyň içinde gizläp getiripdir.

## «BEÝIK ÝÜPEK ÝOLY» ADALGASY

Şeýle adalgany ýüz ýyl mundan ozal Ferdinand fon Rihthofen (1833-1905) ulandy. Bu at bilen meşhur nemes geografiýaçysy sene ýyl hasa-

170.0 x 240.0 mm

batynyň başlarynda mäkäm ornaşan we ugur alan hem-de şol wagtlarda «Köne dünýäniň» (Ýewropanyň) medeni dünýä merkezlerini, Gündogarda – Hytaýy, Günbatarda – Ortaýer deňziniň töweregindäki ýurtlary baglanyşdyrýan «transkontinental» diýilýän köp ýurtlaryň içinden göni geçip gidýän uly ýoly atlandyrypdy.

Külter-külter ýollar öz adyny gadymy we orta asyrlar jemgyýetiniň ýokarky gatlaklaryna örän belli bolan harytdan – ýüpekden alýardylar. Ol uly ýollara alyp gitmäge örän amatly bolan, özem öýme ýaly ýeňiljek, berk we mymyjak mata. Onuň Watany bolan Hytaýda, Han döwründe (miladydan öňki III asyr – miladynynyň III asyry) bu üýtgeşik mata goňşy döwletlerde gymmat saýylýardy. Biziň eýýamymyzyň I asyrynda ýüpek mata söwdasy üçin ýörite bazarlar bolupdyr. Gadymy dünýä zamanasynda we orta asyrlarda ýüpek mata daşary ýurt hökümdarlary üçin gymmatly sowgat bolup hyzmat edipdir. Onuň ýaly sowgatlar örän köp bolupdyr. Medeniýeti ösen döwletleriň dünýäsiniň Ýewropada (Rimde, Balkanlarda) hem Kawkazda, Wizantiýada, Aziýanyň gündogarynda – Hytaýda serhet çäginiň golaýlarynda ýaşaýan söweşjeň taýpalardan hem ýüpek mata berip, uly belany başlaryndan sowar ekenler. Han şadöwletleriniň paýtagtynyň bazarlarynda ýüpegiň bahasy kendir (kenep) matadan iki esse gymmat, ýöne welin, Rimde ýüpek mata has-da gymmat bolupdyr. IV asyryň başlarynda 1 *kg* boýalmadyk ýüpek mata 4 müň gyzyl dinara barabar eken. Munuň özi – öz agramy boýunça ýüpek mata gyzyldan hem dört esse gymmat diýmekdir. Hatda VIII asyrda Wizantiýada eýýäm ýüpek matalaryň Orta Aziýada, Sogdianada, Eýranda, Ortaýer deňizýaka ýurtlarynda dokalyp taýýarlanýan wagtlarynda henizem bahasy boýunça gyzyl bilen deň bolupdyr.

Ýüpek matany Han Hytaýdan getiripdirler. Hytaý biziň eýýamymyzyň başynda ýüpek matasyny öndürýän ýeke-täk ýurtdy. Hytaýdan bu ýüpegi häzirki Sinszýanyň suwly oazisleriniň üsti bilen, Orta Aziýanyň daglarynyň we gumlarynyň, Eýran we Kawkaz daglarynyň gerişleriniň üsti bilen Uzak Gündogaryň şadöwletinden Günbataryň şadöwletine, Ortaýer deňizýaka ýurtlaryndan Rime eltipdirler. Ýüpek matany diňe bir guryýer üsti bilen däl, eýsem Hindi okeanynyň we onuň deňizleriniň üsti bilen hem daşapdyrlar. Olaryň barysy Beýik Ýüpek ýolunyň ulgamyna degişli. Munuň ýaly gymmatbahaly ýüpek mata näme üçin gerek bolduka?!

Hytaýda imperatoryň daş-töweregindäki adamlar bu öýme ýaly ýeňiljek, owadan we ýakymly ýüpek matadan tikilen geýimleri örän bezäp geýer ekenler. Şol maksat bilen aýna, gyraw ýaly ýalpyldawuk, şaý-sepler ýaly şaňňyrdap, reňkleri köz ýaly gözüňi gamaşdyryp barýan ýüpek matalary BeýikÝüpek ýolunyň alkymynda ýerleşýän Orta Aziýanyň, Hindistanyň, Kuşan şadöwletleriniň, Eýranyň, Parfiýanyň we Sasanileriň döwlet hökümdarlary hem ulanyp-

dyrlar. Irki döwrüň dünýä söwda gatnaşyklary Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýasy diňe bir çitme halylaryň usulyny däl-de, eýsem dokmaçylygyň beýleki görnüşlerini ulanmagyň tärlerini hem has-da kämilleşdirdi. Elbetde, Beýik Ýüpek ýoly türkmen halkynyň ýaşan ýerlerinden geçmek bilen, onuň jemgyýetiň ösüşinde ep-esli orun tutandygyny aýtmak gerek. Beýik Ýüpek ýoly çitimli halylaryň dünýä ýüzüne ýaýramagynda uly işleri ýerine ýetirdi, muňa mysal edip, söwda merkezi bolan türkmen şäherlerini – Merwi we Amuly ösdürendigini we olary dünýä meşhur edendigini görkezmek bolar.

Beýik (uly, ägirt) Ýüpek ýoly diňe bir ýüpek gatnadýan ýol bolup hyzmat etmändir. Bu äpet ýollar ulgamyndan ilçilik maksatlylar, dini wagyzçylar, syýahatçylar, zyýaratçylar, täjirler hem gatnapdyrlar. Täjirler guryýer hem-de suw üsti bilen Gündogardan Günbatara tarap dürli harytlary: süýji nygmatlary, gymmat bahaly metallary we daşlary, ussalaryň ýasan önümlerini, ýüpek we ýüň matalary, halylary, deri, bagana, ýüň önümlerini geçiripdirler hem-de bu ýollar bilen dürli ussa hünärmenler, alymlar, dini wagyzçylar geçipdirler. Hytaý sene ýazgylaryny düzüjileriň bellemegine görä, daşary ýurtlara her ýyl köpsanly ilçiler iberilip durlupdyr.

Rim taryhçysy Strabonyň maglumatlaryna («Geografiýa») görä, biziň eýýamymyzyň başlarynda Müsüriň golaýynda, Gyzyl deňziniň ýakasynda gämi duralgalary bolupdyr. Hindi-Hytaý okeanyna her ýyl 120-ä golaý gämi ýüzüşe gider eken.

XV asyrda Beýik Ýüpek ýolunyň üç sany şahasy Türkmenistanyň üstünden geçipdir. Türkmenistanyň çäklerinde Beýik Ýüpek ýolunyň Köneürgenç, Amul, Kerki, Merw, Nusaý, Änew, Abiwerd, Sarahs şäherinden geçen ýollar kerwenlerden boşap başlaýar, sebäbi bu asyrda uly geografik açyşlar bolup geçýär. Ýewropa yklymyndan «Täze dünýä» hasaplanýan Amerika yklymyna tarap ýoluň açylmagy kerwen ýoly arkaly edilýän söwda gatnaşyklaryň indi okeanyň üsti bilen amala aşyrylyp başlanmagyna getiripdir.

## 1.4. Türkmenistanyň orta asyr dokmaçylygy

Türkmenistanda mata hem haly dokmaçylygy bilen deň derejede gadymydyr. Orta Aziýanyň çäginde dokalan matalaryň we haly bölekleriniň bu ýerden hiç biriniň hem tapylmandygy geň zatdyr. Orta asyr arap taryhçysy Harşahi Sogdyn «zandaneçi» atly ýüpek matalaryň Ýewropa we Aziýa ýurtlaryna getirilip (import edilip), olaryň wajyp söwda birligi bolandygy barada belleýär. Gündogar dokma önümleriniň köpsanly Kawkaz arheologiýa tapyndylary irki orta asyrlara degişli bolup, olar özboluşly tehniki alamatlary özünde jemleýärler. Olaryň iň ähimiýetlileri aşakdakylar: dokmanyň argajynyň hem-de 2-3 eriş

sapagynyň bolmagydyr we hiç wagt durkuny ýitirmeýän syklygydyr. Ýüpek matalaryň hem dokalyş usullarynyň talaplary haly dokmaçylygynyň talabyna ýakyndyr. Haly we ýüpek mata dokmaçylygynda dokmanyň syklygy gazanylýar. Bu bolsa, diňe bir erşiň we argajyň gürlügini däl-de, eýsem ýüpüň ýogyn-inçeligini hem öz içine alýar. Irki orta asyrlarda Türkmenistanyň çäklerindäki dokmaçylyk iki pudaga bölünipdir. Olar «halk dokmaçylygy» we «şäher (döwlet) dokmaçylygy» diýlip atlandyrylypdyr. Merw, Sarahs, Bawert (Abiwerd), Köneürgenç, Nusaý we beýleki şäherlerde dokalan matalar şäher dokmaçylygynyň önümleri hasaplanypdyr. Sogd ýüpek matalary nagyşly şekilleriň köpdürlüligini görkezýär. Olary türkmen halylarynyň durnukly nagyş ulgamlary bilen deňeşdirmek mümkinçiligi bar. Taryhy maglumatlara salgylansak, sogd ýüpek matalary VI asyrdan başlap dünýä bazarynda iň bir göze ýakymly, «bazarly» harytlaryň biri. Wizantiya taryhçylary hemme Orta Aziýa taýpalaryna «gunlar» diýipdirler. Olaryň arasynda eftalitler hem bar. Gunlaryň altyn sapak bilen bezelen dokma örtgüsiniň Siriýadaky ybadathana sowgat berlendigi barada hem wizantiyaly taryhçy sene ýazgylarynda belleýär. Orta asyr türkmen halylarynyň nagyş bezegine meňzeşligi hem-de «zandaneçi» ýüpek matalarynyň bezeg taslamalarynyň tehniki ýerine ýetiriş usulynda we önümiň nagyş gurluşynyň esasynda hem bu birligi görmek bolýar. Mata dokmaçylygynyň önümleriniň içinde iň meşhurlary Merw matalary bolupdyr. Arap taryhçylaryndan as-Saalibiniň ýazmagyna görä, araplar Merw şäheriniň «aş-Şahyjan» adyny göterendigi sebäpli, Merwden Horasana beýleki etraplardan getirilen ýüpek matalara «şahyjan» (şahyjan matalary) adyny beripdirler. Sary ýüpek matalar üçin şu günlerimizde hem ulanylýan «şahy» ady hem «şahyjan» matasynyň bize gelip ýeten ýaňydyr. Şäherlerde ýüpek bilen pagta garyşykly sary reňkli «mülkäme» atly matanyň hem dokalandygy çeşmelerde ýazylypdyr. VII-VIII asyrlarda ýerli ilatyň dokan matalary döwlet salgyt sanawyna girýär hem-de sowgat hökmünde ulanylýar. Halylaryň, matalaryň hemmesi hanlara, beglere, esgerlere peşgeş berlipdir. Çig mal hökmünde dokmaçylyga pagtany, zygyry, ýüňi, ösen ekerançylyk we maldarçylyk hojalyklary ýetiripdir. Dokma däp-dessurlary Merwde, Amulda, Daňdanakanda, Sarahsda, Abiwerdde, Nusaýda, Köneürgençde irki orta asyrlarda emele gelipdir. X asyrda ýüpek we pagta çig mal hökmünde Merw şäherinden başga ýurtlara çykarylyp başlanýar. Adamlar tomusky geýimlerini ýüpek, nah matalardan, gyşky geýimlerini bolsa garyşyk dokalan matalardan tikinipdirler. Merwde dokalan matalaryň gyrasynda dokalan senesi we senetçiniň ady ýazylyp, ussahananyň möhüri basylypdyr. Sasanylar döwründe halylar bazarlarda hem satylypdyr.

VI-XVI asyrlarda Ýewropa ýurtlaryny we Hytaýy birleşdiren Beýik Ýüpek ýolunyň ugry Türkmenistanyň çäklerinde Köneürgenç, Merw, Nusaý,

170.0 x 240.0 mm

Änew, Abiwerd şäherlerinden geçipdir. Beýik Ýüpek ýoly arkaly ýüpek matalary Ýewropa ýurtlaryna, Müsüre satylypdyr. Beýik Ýüpek ýolunyň ýedi sany esasy ugrundan XV asyra çenli üç sany ugry galýar. Dokalan matalar «muslyn», «kundajy», «tirazy» diýlip atlandyrylypdyr. Bu matalaryň atlary arap ýurtlarynda duş gelip, olaryň hemmesi Marydan Müsüre getirilýän matalar bolupdyr. Matalar diňe bir reňkli bolman, eýsem olaryň ýüzlerini nagyşlar we ýazgylar, ak, gök reňkli zolaklar bezäpdir. Matalaryň düşegi birsyhly gyzyl reňk öwüşginli hem bolupdyr. Demirgazyk Türkmenistanda «mulham» ýüpek matalaryny öndüripdirler.

XII asyrda belli dokmaçylyk merkezlerinde uly ussahanalar Türkmenistanyň dokmaçylykda şäher ýüpek mata dokmaçylygy we çarwa ýüň haly dokmaçylygynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. XII asyryň taryhy maglumatlarynda «Sarahsyň ýaşaýjylary gyzyl bezegleri, guşaklary dokamaga ökdedir» diýen ýazgylar bar. Sogd döwletiniň ýüpek matalary hem-de orta asyr türkmen halylarynyň taslamalarynyň nagyşlarynyň birligini görmek bolýar. Hatda giçki döwrüň türkmen halylary özüniň nagyş-bezeg ulgamynda irki döwür «zandaneçi» ýüpek nagyşlarynyň arassalygyny saklaýar. Mysal üçin,«pendi» gölli, ärsary «harraty» ýa-da «hyraty» nagyşly halylar we çuwallar, ýomut, igdir taýpalarynyň gölleri – «labyr» nagyş ulgamy, ýomut taýpasynyň «guş» sekilli gapylyklary. Şeýlelikde, ýüpek öndüriji hem-de ýüpek dokmaçylyk merkezleri Günorta Türkmenistanyň irki orta asyrlar döwründe halynyň haşam bezeglerini özüne siňdirýärler. Muňa meşhur sogd «zandaneçi» ýüpek matalary şaýatlyk edýär. Matalaryň ýüzi yslam medeniýetine mahsus bolan tebigy äheňli nagyşlar bilen bezelýär (*10-njy surat*).

Günbatar Türkmenistanda, Sarahs şäherinde sary reňkli matalar dokalypdyr. Orta asyr matalary «žakkard» usulynda ýerine ýetirilýär. Matanyň düşeginiň üstüni güberçek şekilli nagyşlar bezeýär. Türkmeniň milli matalary şol bir wagtda halkyň gözellik talaplaryny berjaý edip, onuň dünýägaraýşynyň şöhlelenmesi bolup durýar. Türkmenleriň geýim tikilýän milli matalary milletiň daşky görnüşi, tebigatyň reňki we tomsuň yssy howasy bilen hem baglydyr. Şeýlelikde, türkmen milli mata dokmaçylygy jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşynyň dürli taraplaryny açmaga mümkinçilik berýän senetçilikdir. Hatda söweş günlerinde hem ýigitler mele reňkli çäkmeni we silkme telpekleri geýmegi saýlapdyrlar.

Türkmen jemgyýetinde keteni, begres, daraýy, gyrmyzy donluk, çäkmenlik matalaryň dokalmagy beýik kämil derejä ýetipdir. XX-XXI asyryň ösen dokma senagaty hem geçmişdäki milli geýimleriň ýerligine meňzeş matalary öndürmegi dowam edýär.



**10-njy surat.** Sogdy ýüpek matalary we türkmen haly bezegleri

## TÜRKMEN HALY DOKMAÇYLYGY

Türkmen milli haly dokmaçylyk sungatynyň geçmişi barada Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle belleýär: «Çeper hem-de çyrşyrymly sungatda ata-babalarymyzyň ruhy dünýäsi, şöhratly geçmişi, gözel tebigaty özboluşly şöhlelenýär». Durmuşyň täze bir basgançagyna çykmagyň netijesinde, Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýasy diňe bir çitme halylaryň usulyny dörediji bolmak bilen çäklenmän, eýsem dokmaçylygyň beýleki görnüşlerini ulanmak arkaly ony has-da özleşdiripdir we kämilleşdiripdir. Elbetde, gadymy jemgyýetiň ösüşindäki bu düýpgöter tapawutly ýokarlanyş zähmet gurallaryny ýasamak üçin demri, metaly özleşdirmek bilen berk baglanyşyklydyr. Gadymy dokma senetçiligi bürünç eýýamynyň palçyk gap-gaçlaryň ýüzündäki meşhur haly nagyşlarynyň tutuş tapgyry bilen häzirki zaman türkmen halylarynyň nagyşlaryny birleşdirýän özboluşly köpri bolup durýar. Gazuw-agtaryş işleri netijesinde arheologik tapyndylar sungatdaky haly nagyşlary şekilli keramika miladydan öňki III-II müňýyllyklar döwründe kem-kemden seýrekleşýär we soňra doly ýitip gidýär. Bu bolsa türkmen haly dokmaçylygynyň örän gadymy senetdigini subut edýär. Hazar kenarýakasynyň günbatar etraplarynda başla-

nan haly dokamak senediniň uzak taryhy bolup, Türkmenistanyň bu etraplary dokmaçylygyň janly synaghanasy hasaplanýar.

Gadymy döwrüň edebi çeşmeleri Parfiýanyň halkynyň arasynda haly we mata dokamagyň giňden ýaýranlygyny açyk-aýdyň görkezýärler.

Pazyryk depesinden tapylan dünýäniň iň gadymy halysy Günorta Sibiriň Altaý welaýatynyň gadymy türk halklarynyň Watanydygyna bu gün hiç kime hiç hili şübhe goýanok. 1948-nji ýylda rus alymy, arheolog-taryhçy S. Rudenko tarapyndan gazuw-agtaryş işleri netijesinde Pazyryk depesinden tapylan şol el çitimli gadymy haly massaget taýpalary tarapyndan dokalypdyr. Massagetler «skif» diýlip atlandyrylýan halklaryň bir taýpasydyr. Olar Günbatar Türkmenistanda Hazar deňziniň ýakalarynda ýaşapdyrlar.

Pazyryk depesinden tapylan haly miladydan öňki V-III asyrlarda dokalan. Bu taryhyň ýaňyndan habar berýän halynyň argajy, erşi, çitimi, ýüpi ýüňden bolup, boýaglary tebigy boýaglardyr. Gyzyl, ak, açyk sary, ýaşyl, goňur reňkler ulanylyp dokalan Pazyryk halysynyň kompozisiýasy beýleki halylaryňky ýaly düzülendir. Onuň gyra nagşynda we älemiň ýerinde hakyky görnüşdäki guşlar, sugunlar, adamlar we atlar şekillendirilen. Halynyň gyra nagşynda sugunlaryň sany 24, atlaryň sany 28, merkezi meýdanynda bolsa 24 sany gönübuçluk ýerleşdirilendir (*11-nji surat*).



**11-nji surat.** Pazyryk halysynyň nusgasy. Miladydan öňki V asyr

Pazyryk halysynyň merkezi meýdanyndaky sekiz şöhleli «ýyldyz» äheňli nagyş «çarhypelek» nagşyna meňzeşdir. Pazyryk halysynda seýle hem adamlaryň, atlaryň we atlylaryň inedördül çarçuwa salnan şekilleri bilen bir hatarda guşlaryň, dazzarkeliň şekilleri hem bar.

Pazyryk halysyny döreden massaget taýpalary barada gadymy Orta Aziýa medeniýetini we taryhyny öwreniji, arheolog alym S.P.Tolstow şeýle ýazýar: «Türkmen halysy diňe özüniň uly şertliligi bilen tapawutlanýar. Onuň şekiliniň nagyşlanmagy bolsa müňýyllyklardan geçen nagyşlaryň umumy ykbalydyr. Pazyryk halysynda hakyky türkmen halysyna mahsus nagyşlaryň, olarda hakyky türkmen kompozisiýasynyň barlygy, pazyryk halysyny dokan ussatlaryň çykan etniki gurşawynyň taryhy türkmen halkynyň medeniýeti düzülen topragynda dörän, ýagny massaget taýpalary bilen baglydyr diýip pikir etmäge mümkinçilik berýär». Şeýlelikde, gadymy döwletleriň oturymly şäher ilaty bilen gatnaşykda bolmak, käbir halatlarda bolsa ýanaşyk ýaşamak bilen, massagetler haly dokmaçylygyny ýaýradyjylar bolup hyzmat edipdirler.

Orta asyrlar döwründe şäherleriň ykdysady ýagdaýy ýokarlanýar. Munda şäheriň daşynda ýaşaýan ekerançylyk hem-de çarwadarçylyk bilen meşgul bolýan ilatyň goşandy hem bardyr. Şäheriň içinde hem-de onuň daşynda oturymly ýaşaýan senetkärler öz ussahanalarynda ýüpek matalary we «döwleti» diýlip atlandyrylýan halylar türkmenleriň ärsary taýpalary tarapyndan öndürilipdir. Türkmenleriň ýaşaýyş medeniýetiniň gözel özboluşlylygy barada köpsanly taryhy we edebi çeşmeler bar.

Orta asyrlar döwründe türkmen medeniýetiniň maddy gymmatly bölegi – dokmaçylyk senediniň gözel önümlerini taýýarlaýan meşhur ojaklar diňe bir Orta Aziýada däl-de, Müsürde, Anadolyda, Kawkazda we Ýewropa ýurtlarynda giňden tanalypdyr. Tehniki taýdan kämil, çeperçilik taýdan owadan, ýokary hilli, inçe we nepis, täsin nagyşly ýüň halylary meşhurlyk gazanýarlar. Irki orta asyrlardan başlap ýüň halylar dünýä bazarlarynda «söwda birligi» diýlip hasaplanypdyr.

Orta asyrlarda Ýewropanyň Täzeden döreýiş döwrüniň durmuşyna uly şöhle saçýan türkmen çeper medeniýetiniň halylary Gündogar ýurtlaryň jemgyýetinde «gowy ýaşamak» diýmegi aňladypdyr. Bu düşünje Ýewropa döwletleriniň ýaşaýyş medeniýetine-de ornaşýar. Täzeden döreýiş döwrüniň suratkeşleriniň nakgaş eserlerinde hem türkmen nepis halylaryna ýokary derejeli orun berilýär. XVI asyrdan başlap, tä XIX asyryň aýagyna çenli Ýewropanyň ösen döwletleriniň suratkeşleriniň eserlerinde eli bäbekli – Isa Pygamberli Merýem enäni, dabaraly portretlerde bolsa şalaryň halyň üstünde öz baýlygyny mazamlap duran ýagdaýyny görmek bolýar. Nakgaşçylyk eserlerinde,

köplenç, ärsary haly şekilleriniň aheňleri suratlandyrylýar. Bilşimiz ýaly, orta asyrlarda «iň gowy halylar» diýlip hasaplanýan, Anadoly türkmenleriniň «Kawkaz» hem-de «Buhara» diýýän türkmen halylary ärsary, gyzylaýak, salyr taýpalarynyň önümleridir.

Bilşimiz ýaly, Gündogar halklarynyň ýaşaýyş medeniýetinde uly orun tutýan ýüpek matalar, olardan tikilen eşikler hem-de öýüň içini bezemek üçin owadan goşlar zerur zatlar bolup, olarsyz türkmen şäherlerini ýa-da çarwa durmuşyny göz öňüne getirip bolmaýar. Şeýlelikde, orta asyr türkmen halylarynyň maddy gymmatlyklaryny we çeperçilik owadanlygyny düzýän tilsimler şäher we çarwa durmuşynyň aýrylmaz bölegi bolup, şol bir wagtda döwletara gatnaşygynyň nyşanyna öwrülýär.

## 1.5. Haly dokmaçylygynyň tehnikasy we tehnologiýasy

Çitimli halylaryň dokalyş usulynyň oýlap tapylyşy barada iki sany çaklama bar. Birinji usuly çitimli haly şäher-ekerançylyk siwilizasiýasynyň merkezlerinde oýlanyp tapylandyr. Soňra ol çarwalar tarapyndan öwrenilip, dokmaçylygyň bellibir derejedäki kämilleşen görnüşidir. Çarwalar olaryň ilkinji ýüň öndürijiler hökmünde dokmaçylygy oýlap tapanlygyny tassyklaýarlar. Çarwalar göçüp baran ýerlerine dokamagyň tärlerini, dokma tejribesini alyp barypdyrlar. Ekerançylyk siwilizasiýasynyň (şäher) arasyna dokmaçylygyň aralaşyp ýaýramagy ykdysady-medeni gatnaşyklaryň netijesidir. Şu iki ara bähbitli gatnaşyklara görä, çarwalaryň ilkibaşda oýlap tapan usulyny şäherli dokmaçylaryň has kämilleşdirendigini we dokmaçylyk senetkärligini halkyň özbaşdak sungaty hökmünde ösdürendigini tassyklamak bolar.

Türkmenistanyň çäklerinde goýun ýüňleriniň hil taýdan iň gowusy, ýagny haly dokmaçylygynda iň ähmiýetlisi saryja goýnuň ýüňidir. Ondan ýokary hilli çitim we eriş ýüplerini almak mümkinçiligi bar. Haly dokmaçylygynda ýüňden başga nah we ýüpek ýüpler hem ulanylypdyr. Dokmaçylygyň gurallary keser, darak, synny, ýer (ýatan) we dik stanoklar bolupdyr. Dokmaçylykda eriş, argaç we çitim ýüpleri bolmalydyr. Argaçlar çitimi saklapdyrlar. Halynyň syklygyny gazanmak üçin erşiň aşaky hatarlaryna suwa ezilen nah başlyk salnyp, darak kakylýar we soňra başlyk ýüpi aýrylýar. Dokmaçylygyň esasy görnüşi çitimli dokmaçylyk. Palas, haly dokalanda esasy gural gönüburçly görnüşdäki stanokdyr. Stanokda eriş ýüpi bilen haly ýüwürdilýär we erişlere «bat» salmak üçin «küji» agajy berkidilýär. Ondan soň esasy ak we mele reňkli (nagyş salmak üçin) ýüpler bilen öýdelip, 3-6 *sm* inlilikde toprak kakylýar we «älem» nagşy sapylyp haly dokalyp başlanýar. Halynyň iň gyrasy 10-15 *mm* inlilikde 4-6 gat çitimlik gök reňkli ýüp bilen gyradolaw oralýar. Diňe ärsary we ýomut

halylarynda gyradolaw gyzyl-gara ýüpler bilen oralýar. Halynyň palas usulynda öýdelip kakylan bölegine «toprak» diýilýär, aşaky «älem» bölegi çitilip başlanýar. Ondan soň birnäçe inli we insiz gyra nagyş zolaklary ýerleşdirilýär we olaryň sany halynyň merkezi meýdanynda gölleriň sany bilen bagly bolýar. Halynyň merkezi meýdanynda esasy nagyş bolan «göller» çitilip, olar dikligine 9, 13, 15, 19 hem-de keseligine 3, 5 we ş.m. täk sanly bolmalydyrlar. Palas we haly dokmaçylygynyň tehnologik tärleri biri-birinden tapawutlanýarlar (*12-nji surat*).



**12-nji surat.** Dokmaçylygyň gurallary

## ÇITIMLER

Türkmen dokmaçylygynda giňden ulanylýan çitimleriň iki görnüşi bar. Olar düwe we ýara çitimlerdir. Haly dokmaçylygynyň ýerine ýetiriliş usuly nagşy dik we kese görnüşde ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär. Pişme, inedördül kysymly we tor görnüşinde döredilen nagyşly kompozisiýa, adatça, ikitaraplaýyndyr. Ony iki tarapdan hem görmek bolýar. Nagyşly haly meýdanynyň görünýän düşeginde çitilen kompozisiýa 2-5 reňk gatnaşygynyň üýtgewsizligini saklaýar we reňkli nagyşlary öz durkuna siňdirýär. Bu düzgünde dörän reňkli çözgüt (usul) türkmen halylarynda hemişe çitimleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Halynyň gyradolawdan soňky iki-dört sany çitimi düwe görnüşli çitimler bilen ýerine ýetirilýär, halynyň başga ýerleri bolsa ýara çitim



**13-nji surat.** Türkmen halyçylygynyň düwe çitimi



**14-nji surat.** Türkmen halyçylygynyň ýara çitimi



**15-nji surat.** Gyrmyzy reňkleri berýän «koşenil» mör-möjegi

bilen çitilýär. Türkmen haly dokmaçylygynda saryk, ýomut, käbir ärsary halylarynda düwe çitim hem duş gelýär. Düwe çitim çitilen halylar has-da berk bolýarlar (*13-14-nji suratlar*).

Dokma senediniň ýene bir görnüşi palas dokmaçylygy. Palasyň üpürjikleriniň ýok tekiz nagyşly tarapy ýüzi bolýar. Palaslar iki görnüşli usulda, ýagny öýdüme we kakma usullarynda dokalýarlar. Palas we kilim dokalanda, ilki bilen, öýdelip nagyş salynýar, erşiň içinden geçen argaç bolsa nagşy emele getirýär. Şeýlelikde, palasyň ýüzi güberçek (relýef) görnüşde bolýar. Dokalyp duran ýagdaýynda düzüw ýüzi aşakda bolýar. Şonuň üçin hem ony dokamaga diýseň ussatlyk gerek. Palasyň nagşynyň düşüşini, ýagny nagşyň beýikli-pesli bolandygyny bilmek üçin dokmanyň aşagyna aýna goýlup seredilýär. Palasyň dokalyşy haly dokmasyndan has-da ýeňil diýlip hasaplanýar. Tekiz, ýagny nagyşsyz dokalan palas önümlerine kakylyp dokalan kilim hem diýilýär. Palas dokmaçylygy bilen hemme türkmen halyçylary meşgullanypdyrlar.

## TEBIGY WE HIMIKI BOÝAGLAR

Türkmenistanyň çäklerinde 300-den gowrak boýag maddalaryny özünde jemleýän ösümlikler ösýär. Türkmenistanyň yssy howasy şol ösümlikleriň ösmegine, olarda boýag maddalarynyň ýygnanmagyna kömek edýär. Haly dokmaçylygy üçin köpdürli gyzyl reňkleriň gerekligi bellidir. Bir reňki (boýagy) berýän ösümliklerden dürli reňk öwüşginini alyp bolýar. Ösümlikler, köplenç, Merkezi Köpetdagda, Amyderýanyň kenarlarynda, Günorta-Günbatar Türkmenistanyň oazislerinde duş gelýär. Olara halkyň arasynda çöpboýalar diýilýär. Dürli gyzyl reňkleri, mämişi reňkden başlap, goňur-gyzyl öwüşginli reňklere çenli

alyp bolýar. Olar öz düzüminde jemi 80-e golaý reňk öwüşginini saklaýarlar (*15-16-njy suratlar*).

**Çöpboýa** «marena» diýlip hem atlandyrylýar. Alynky we Merkezi Aziýada gadymdan bäri bu ösümlikden boýag alnyp gelinýär. Çöpboýa tebigy hem-de emeli ýagdaýda ösdürilýär. Bu ösümlik Lebap welaýatynda köp ösdürilýär. Ol diňe bir boýag hökmünde däl-de, eýsem derman önümçiliginde hem giňden ulanylýar. Türkmenistanyň çäklerinde ondan başga-da, **hoz, zirk** agaçlarynyň miweleri gyzyl reňkden başlap, tä melewşe reňke çenli boýag öwüşginlerini berýärler.



**16-njy surat.**
«Koşenil» boýagy

**Zirkden** hem-de **nardan** alnan reňkler näçe ýuwulsa-da solanok.

**Ýüzärlik** – onuň çigidinden sarydan başlap, goňur-gyzyl reňklere çenli alynýar. Ýüzärlik otuny tütedeniňde onuň tüssesiniň mikroblary öldürýän guýjüniň bolandygy sebäpli, ol halk lukmançylygynda giňden ulanylýar.

**Pisse** ýa-da **bozgonç** özünde ýüňi we ýüpegi boýamak uçin gara, çal hem-de owadan gyzyl reňk berýän maddalary saklaýar.

**Hoz miweleriniň** daşyndaky bişmedik gabygyndan ýaşyl reňk alyp bolýar. Onuň daşyndan we ýapraklary saklaýan bölejik şahalaryndan sary reňkden başlap, tä gara reňk öwüşginine çenli alyp bolýar.

**Yşgyn** – bu ösümlikden owadan gyzyl, melewşe, gara, açyk sary reňkleri alyp bolýar.

**Gök (nil)** reňk XIX asyryň aýagyna çenli Hindistandan Eýranyň üsti bilen getirilýärdi. Boýagy başgaça «nil» diýip hem atlandyrypdyrlar. Edebiýatda ol «indigo» ady bilen tanalýar. Indigo Hindistanda uly bolmadyk gyrymsy agaçdan ýygnalýar. Onuň şahalary birnäçe gezek suwa ýatyrylyp, ýumşadylypdyr. Şeýlelikde, ol ýüp ýa-da basgylanan kerpiç görnüşinde söwda harydy hökmünde getirilipdir. Halyçylar olary bölekläp sokuda döwýärler we kül ýaly ownadyp, gök reňki (boýagy) almak üçin ulanýarlar.

**Koşenil** – organiki boýag bolup, ol guran «koşenil» atly mör-möjekden alynýar. Bu mör-möjek Sibirde, Kawkazda, Türkmenistanyň Sumbar jülgesiniň agaçlarynda ýaşaýar. Ol gurandan soň agajyň aşagyna dökülen mör-möjekleri çöpleýärler we sokuda döwüp, kül ýaly ownadyp, boýag hökmünde ulanýarlar.

**Aşgar**. Aşgar boýalan ýüpegiň reňkini saklamak üçin gerek bolýar. Ýüň, nah hilli ýüpleri her hili reňke boýamak üçin aşgary ulanmak gerekdir. Aşgar

reňkiň solmazlygyny üpjün edýär. Bugdaýyň dänesinden alynýan ajy aşgar iň gowy aşgar hasaplanýar. Ol dokmaçylykda giňden ulanylýar. Aşgar hökmünde zäk, ýüzärlik, çerkeziň küli, çoganyň şiresi we küli hem peýdalanylýar. Bugdaýyň däneleri ýyly suwda myncgalanýar we gowy ajar ýaly iki gün küýzäniň içinde saklanýar. Soňra ol süzülýär. Şeýdip aşgar alynýar. Hemme ýüň ýüpler aşgara (aja) ýatyrylýar, iki günläp olar küýzäniň içinde gowy ezilýär, bişýär. Ýüpler aşgardan çykarylyp, suwda gowy durlanýar, guradylýar we ýüpler boýaga taýýar. Netijede, öçmeýän dürli boýag reňklerini alan ýüpler taýýarlanylýar.

Tebigy reňklerden başga türkmen haly dokmaçylygynda himiki boýaglar hem ulanylýar. Himiki reňkler Türkmenistana XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda getirilipdir. Onuň bahasy elýeterli bolandygy sebäpli, olar halyçylaryň arasynda tiz wagtda ýaýraýar. Himiki boýaglara boýalan ýüpler bilen dokalan halynyň reňki 5-10 ýyldan solup başlaýar. Ondan basga-da, hala suw dökülse, reňkler biri-birine ýokup kokuşýar.

## 1.6. Türkmen halylarynyň çeper aýratynlygy. Taslama esaslary we reňk çözgüdi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen nagyşly haly görnüşlerine «birinjilik derejesi» berlendir. Olaryň çuňňur manyly durmuş köklerini öwrenmek, türkmen jemgyýetinde eýeleýän ornuny we maksadyny ýüze çykarmak bilen, bu şekillendiriş şekilleriniň we nyşanlarynyň adamzadyň ruhy we maddy durmuşyna ýeterlik ähmiýetli goşant goşandygyny bellemek gerek. Adamzadyň siwilizasiýasynyň şäherinde, öz taryhy Watany Türkmenistanda düzülen nagyşly haly görnüşleri we olaryň manylary türkmen halkynyň döredijilikli çeperçilik tejribesini özünde jemläp, Gündogaryň beýleki halklarynyň çeperçilik düzümine-de ýaşaýyş babatda itergi beripdir.

Halydaky şekillendirilen nagyşlar olaryň manysyny türkmen filosofiki pikirine, gözellige ýugrulan dünýägaraýşyny, halkynyň ruhy durmuşyny doldurýar hem baýlaşdyrýar. Türkmeniň nagyşly halysy özüniň özboluşly häsiýetini we ähmiýetini saklap, millilik düşünjesiniň çäklerinden has ýokary derejelere çykýar.

Halynyň nagyş ulgamlarynyň taslamasy gönüburçly görnüşe eýe bolýar. Halynyň gyra nagşy birnäçe nagyşlaryň sazlaşan hatarlaryndan düzülendir. «Älem» nagşy halynyň aşaky we ýokarky kese ýerleşen bölegidir hem-de esasy merkezi üç-dört hatar dikligine ýerleşen göller bilen doldurylýar. Halynyň başlanýan we gutarýan böleginde arasy kiçeňräjik nagyşly kakylan düz topragy we seçegi bolýar. Türkmen halysynyň düşegi, köplenç, gyzyl reňkde bolýar.

170.0 x 240.0 mm

Bu hem onuň iň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Halynyň merkezi meýdanynda ýerleşen göller birmeňzeş bolup, olaryň arasynda kiçi goşmaça gölçeler ýerleşdirilýär. Türkmen haly nagyşlarynyň we gölleriniň hemmesi geometrik häsiýetli bolup, olar takyk we deňölçeglidir. Umuman, haly taslamasy bir bitewi geometrik taslama şekilinde görünýär.

Haly nagyşlarynyň özünde jemleýän many-mazmunynyň käbir bilim-düşünjeleri şu güne çenli saklanyp gelýär. Döwrebap haly nagyşlarynyň görnüşleri sinkretik (bütewi) we polisemantik (köpmanyly) sungatynyň wekilleri bolup, olarda kosmiki düşünjeler orta asyr yslam dünýäsiniň düşünjeleri bilen erkin utgaşýarlar. Orta asyrlar döwrüniň sungatyny täze jemgyýetçilik pikirleri düzülen bezegleriň asyl nusgalaryny özgertmezden şu güne ýetirýär. Bu many-mazmun biziň günlerimize çenli dowam edip, teke, salyr, çowdur, ýomut we beýleki göller Döwlet nyşanymyz bolan Tugramyzda saklanyp galýar. Türkmen halysyndaky bilimler – düşünjeler daşky dünýäniň beýikligini wasp edip, ony çyzyklaryň üsti bilen habar berýär. Haly nagyşlarynyň düşünjeleri dini we mifik dünýägaraýyşlarda, döredijilikde we bilimlerde jemlenýärler. Halynyň we nagyşlaryň gyýalaýyn we garşylykly gyzyl, ýaşyl, ak, sary reňkleri gapma-garşy ýagdaýda gaýtalanýar. Şekil hem-de reňk gaýtalanmasy hereket duýgusyny güýçlendirýär.

Türkmen milli haly sungatynyň nagyş bezegleriniň görnüşi we mazmuny asyrlar-boýy has durnukly bolupdyr. Halylaryň merkezi meýdançasynda göller ýerleşdirilýär, soňra gyra nagsy, älem, toprak we seçek düwülýär. Türkmen halylary özüniň düzülen «nusgawy» diýlip hasaplanylýan, daşky görnüşini we nagyşlaryň çylşyrymly içki şekil ulgamyny uzak döwrüň dowamynda saklap galan sungatdyr. Milli halylar, umumylykda taýpa halylarydyr. Türkmen halylarynyň taslamasyny dünýäniň gadymy we durnukly nagyş ulgamy bolan göller düzýär. Göl halynyň merkezi meýdanynda ýerleşen az üýtgeýän şekilidir. Bu bolsa, oňa aýratyn ähmiýet berilýändigini görkezýär. Haly gölleriniň dik hem-de kese hatarlarda ýerleşdirilmegi we köp gezek gaýtalanmagy, gölüň içki nagyşlarynyň tapawutly gurluşy – bu onuň gadymy sungatyna degişlidiginiň alamatydyr.

Göller uzak wagtlaryň dowamynda türkmen halylarynyň ýüzüniň görküni saklapdyr we halylary bezäpdir. Gölleriň atlary, mälim bolşy ýaly, tire-taýpa degişlidigini aňladýar, Meselem, teke, salyr, saryk, ýomut, ärsary, çowdur, igdir gölleri. Göl özüniň haýsy taýpa degişli bolandygyny habar bermek bilen bir hatarda, dünýäniň döreýşi barada maglumat bermek işini hem ýerine ýetirýär. Bu bolsa, gölleriň «habar» beriji şekil-nyşan grafikasynda ähmiýetini saklamaga ýardam edýär.

170.0 x 240.0 mm

Göl dört tarapy ýapyk, süýnmek sekizburçluk bolýar, içine belli nagyş ulgamy girýär. Gölüň nagyşly kompozisiýasy «ýokardan aşak seretmek» panorama esasynda düzülen we «çyzgy» görnüşinde görünýär. Bu çylşyrymly görnüşde, sada, ýönekeý şekil nyşana öwrülendir, onda takyk görünýän öňe çykarylan merkez bar. Gölüň esasy merkezi inedördüliň, rombuň, sekizburçly ýyldyzyň keşbi görnüşinde bolýar. Haly gölleriniň arasyndaky geometriýalaşan şekillere «gölçe» diýilýär. Kiçeňräk «gölçeler» merkezde ýerleşen gölleriň arasynda, daşynda goşmaça «gölçeler», «çemçe gölleri» bolup, olar belli düzgünde ýerleşdirilýär. Teke, pendi, gyzylaýak, saryk gölli halylarynda «gurbaga» we «çemçe» diýlip atlandyrylýan gölçeler bolýar. «Gölçeler» dürli görnüşlidir. Türkmen haly sungatynda gölçesiz halylar hem bardyr. Ýomut we beşir halylarynda adatça gölçeler bolanok.

**Beşir halylary**. Ärsary haly dokmaçylygynda iki görnüşli, ýagny «beşir» gölsüz hem-de «kerki», «gyzylaýak» gölli halylar bolupdyr.

**Kerki halylary** diýilýän toparyň merkezi meýdançasynda gölli halylar bolýar. Ol halylardaky göllere «gülli» göl, «takyk» göl, «sekizgoçak» göl, «oňurga» ýa-da «temirjen» gölleri girýär. Gyzylaýak halylarynyň düşegi goýy gyzyl bolup, merkezinde tegelek göller («temirjen» ýa-da «oňurga» göl) ýerleşdirilipdir.

**Ikinji topar halylara** «bossangül» nagşynyň ulgamy degişli. Bu halylaryň hem aglabasynda göl ýokdur. «Perregül» halysynda göl bolmasa-da anyk gölüň nagşyny görmek bolar. Beşir halylarynyň (Beşir obanyň ady) özboluşly görnüşi bar. Bu halylaryň merkeziniň düşeginde, adatça, gyzyl reňk bolmaýar. Merkezi böleginiň düşegini emele getirýän ýaşyl we mawy reňklerdir. Ol ýerde çylşyrymly nagyşlar (şekiller) ýerleşendir. Ärsary dokmaçylygynda ýaşyl, gök, mawy, sary reňkler hala nepis bir aýratynlyk, owadan häsiýeti berýärler. Ärsary haly dokmaçylygynda ýüplerini gowy hili ýüňlerden taýýarlapdyrlar. Galyň gyrkylan çitimler halynyň ýüzünde ýagty-kölegeli görnüşde owadan görkezýär. Olarda açyk gök, ýaşyl reňkler köp ulanylypdyr.

Beşir halylarynyň düşekliginde dürli nagyş ulgamy bolýar. Olar ösümlik we zoomorf, kosmogonik häsiýetinde bolup, goýy gök, ýaşyl we gyzyl düşeklik reňkleriň özara utgaşmagynda düzülýär. Bu hili halylar Lebap welaýatynyň haly dokmaçylyk ussahanalarynda ýerine ýetirilip, jemgyýetçilik jaýlaryny (metjitleri, edaralary) bezemäge niýetlenendir. Ärsary halylary şeýle-de, özleriniň uly ölçegleri bilen tapawutlanypdyrlar. Ondan başga-da, oturymly ilat uly jaýlarda ýaşapdyr. Ärsarylaryň halylarynyň çitimleri uzyn bolup, olar 5-7 mm-e barabar. Uzyn çitilýänliginiň, gyrymynyň galyňlygynyň sebäbi hem çygly we sowuk howa şertlerinde ulanylanda ýumşak hem-de

ýyly bolmagy göz öňünde tutulypdyr. Bu hili halylaryň syklygy – 1 inedördül metrinde 120-200 müňe golaý çitim bolupdyr. Teke halylarynyň 1 inedördül metrinde 340-360 müň çitim bolupdyr (*17-18-nji suratlar*). Ärsary halylarynda düwe çitim ulanylýar.



**17-nji surat.** «Perre-gül» beşir halysy

**Ýomut halylary**. Günbatar türkmenleriň – Balkan welaýatyndaky ýomutlaryň halylaryna «gabsa» göl, «dyrnak» göl, «asyk» göl we «japarbaý» gölleri degişlidir. Ýomut halylarynyň hemmesinde gölçe bolanok. Alym W.Moşkowa

170.0 x 240.0 mm



**18-nji surat.** «Ýylan» beşir halysy (bölek)



**19-njy surat.** «Gabsa» göl nagyşly ýomut halysy (bölek)

ýomut göllerini ganatlaryny gerip duran uly guşuň şekiline meňzedýär we «dyrnakly», «dyrnak» göl («*когтистые*») diýip atlandyrýar. Ýomut gölüniň «dyrnak» göl diýlip atlandyrylmagy gölüň daşky çyzygynyň şekiliniň guşa we onuň dyrnaklaryna meňzeşligi üçin bolmagy hem mümkindir. «Dyrnak» gölünde tegelek, daşy uzyn dyrnakly barmaga meňzeş göl hem çitilendir, kähalatda olaryň ýanynda «gabsa» göl ýer alýar. «Gabsa» gölüň daşky çyzygynyň gönüburçly görnüşi biri-birine bakyp duran peýkam şekilli ýerleşdirilendir. «Gabsa» gölüň daşky çyzyklary merkezden başlap birleşýän ýerine çenli kiçelip gidýär we pişme (romb) şekilini emele getirýär. Haşamly-çyzgyly görnüşinde düzülen «gabsa» gölüniň täsiri güýçli we ýiti. «Dyrnak» gölüň daşky çyzyklary pişme şekilli bolup, ikitaraplaýyn egrem-bugram görnüşli nagyşlar bilen bezelendir. Onuň ýokarsy şah şekilli «goçak» nagşyna meňzeýärler. «Dyrnak» gölüň merkezi dört bölege bölünen rombdan durýar. «Dyrnak» gölüň ýene bir görnüşi bolup, onuň merkezi peýkamyň ujuny ýada salýar. Bu peýkam görnüşli nagyş Gadymy Nusaýyň kuwwatlylygyny we güýjüni aňladýan şekildir. Ol binagärlik haşamy hökmünde giňden ýaýrapdyr. Käte bu göller aýry-aýry halyny bezeýärler. Gurluşy boýunça halynyň «dyrnak» göl «sary içýan» atly keçe nagşy bilen kybapdaş bolýar. «Nazarbaý» gölli halylar hem ýomut halyçylygynda duş gelýär.

Demirgazyk ýomutlarynyň haly dokmaçylygynda «wazzyk» atly gölüni N.Dowodow bilen N.Hojamuhammedow «Türkmenistanyň halylary we haly önümleri» atly kitabynda uzyn dyrnakly barmaga, guşa meňzeş göli «wazzyk» diýen adalga bilen belleýärler. Özüniň çylşyrymly we garaşsyz, özbaşdak häsiýetine laýyklykda «dyrnak» we «wazzyk» gölli halylarda «waz-

170.0 x 240.0 mm

zyk» göli öňdäki orna eýe bolýar. Adaty bolmadyk ap-aýdyň saýlanan reňkleriň görnüşi halynyň ýüzünde özboluşlylygy emele getirýär. «Wazzyk» gölüniň daşky görnüşi beýleki göllerde hiç hili gaýtalanmaýar, ýagny guş ganatyna meňzeýän şekiliň daşky gara çyzygy – «ganatlanyşy» bilen has aýdyňlaşdyrýar. «Wazzyk» gölüne ýokardan seretseň, uçup barýan guşuň suduryny görüp bolýar (*19-21-nji suratlar*).



**20-nji surat.** «Dyrnak» göl nagyşly ýomut halysy (bölek)



**21-nji surat.** «Wazzyk» göl nagyşly ýomut halysy

170.0 x 240.0 mm



**22-nji surat.** «Şiraby örtmen» gölli çowdur halysy



**23-nji surat.** «Gülli» we «guşly» göl nagyşly çowdur halysy

**Çowdur halylary.** Demirgazyk türkmenleri (ýomutlar, çowdurlar, igdirler, garadaşlylar) hem şu güne çenli dokmaçylyk bilen meşgullanýarlar. Çowdur dokmaçylygyndaky göllere «örtmen» gölleri diýlip, olar hem gülli we guşly göllerdir. «Örtmen» gölli halylarda gölleri tapawutlandyrmak üçin olary tor şekilinde gülli çyzyklaryň içinde ýerleşdiripdirler. Çowdur gölleri birneme dikligine çekilen, gyralary ownuk simmetrik basgançakly hem-de dik ýerleşdirilen garşylykly burçda iki sany «goçak» şekili bolan sekizburçluklardyr. Düzgün boýunça gölüň içinde daragtyň sütüninde guşlar burçlary bezeýärler, gülli göllerde bolsa guşlar içi nokatly inedördüljikler bilen gurşalýar. Kähalatlarda inedördüller guşsuz hem bolýarlar, ýöne hökman ýedi sany inedördüliň bolmagy talap edilýär (*22-23-nji suratlar*).

**Gökleň halylary.** Gökleňler günbatar türkmenleriniň – Balkan welaýatyndaky ýomutlaryň birleşmesine giripdirler. Olar XIX asyrda özboluşly halylary we palaslary dokapdyrlar. Şol halylar we palaslar, köplenç, Magtymguly (Garrygala), Sumbar sebitlerinde dokalypdyr. Dokma dokaýan ilat oturymly bolup, metjit gurupdyr. Olar palas we çitimli namazlyklary dokap, metjide sowgat beripdirler. Gökleň halyçylary, köplenç, ýomut dokmaçylygyna degişli bolup, «japarbaý» gölli halylary dokapdyrlar. Ondan başga-da, aýatlyk halylaryny dokamak gökleň dokmaçylygyna degişli bolýar. Gökleň dokmaçylygynyň esasy aýratynlygy olaryň dokan halylarynyň käbirlerinde argajy ýüpekden bolupdyr. Olaryň dokan halylarynyň we palaslarynyň ýüzleri ýalpyldap durupdyr. Gökleňlerden başga argaç ýüpekli halylar

salyr taýpalarynda hem dokalypdyr. Kähalatlarda halynyň erşini hem ýüpekden ýüwürdipdirler. Salyrlar ýüpekden başga-da, nah ýüplerini hem öz dokmalarynda peýdalanypdyrlar (*24-nji surat*).

**Pendi halylary.** «Salyr» göli ýa-da «pendi» göli Pendi oazisinde ýaşaýan salyrlaryň obasynyň ady bilen baglydyr. «Pendi» göli bu «zooantrpomorf» we «solýar» görnüşli, bir merkezi bolan üç sany konsentrik sekizburçlukdyr. Salyrlaryň «pendi» göli tükeniksiz giňişlik baradaky taglymatyň aýdyň beýannamasydyr. Salyrlaryň «pendi» gölüniň şekillendirilişi «mandala» çyzgysyna has ýakyndyr, çünki göl hem üç sany konsentrik görnüşli, merkezi – sekiz şöhleli ýyldyz görnüşinde öňe saýlanýar. Ol «çarhypelek», «aýnagoçak», «sekme» şekilli ýa-da köp üçburçluklara bölünen gönüburçluk görnüşli bolup bilýär. «Çarhypelek» nagşy – sekiz şöhleli ýyldyzjyklara meňzeş şekili toýnuň ýüzüne ýazylan gadymy şumer ýazgylarynda «hudaý», «hudaýlylyk» diýen manyny aňladýar (*25-nji surat*).



**24-nji surat.** «Japarbaý» göl nagyşly gökleň halysy



**25-nji surat.** «Pendi» göl nagyşly salyr halysy

**Teke halylary.** Ahal we Mary welaýatlarynyň teke halylarynyň esasy gölüne «guşly» göl diýilýär. Tekeler «guşly» gölli halylardan başga-da, «kejebe» nagyşly halylary hem dokapdyrlar. Düwe çitim teke halylarynyň iki gyralarynda çitilýär. «Guşly» gölli teke halylarynyň içki kompozision baglanyşygynda guşy şekillendirmek däbi yzygiderli dowam edýär. Dik gapdal oklar boýunça ýerleşdirilen «doňuzburun» diýlip atlandyrylýan şekilinde guş äheňinden başga merkeze

170.0 x 240.0 mm



**26-njy surat.** «Guşly» göl nagyşly teke halysy



**27-nji surat.** «Kejebe» göl nagyşly teke halysy

dört tarapdan uçup barýan guşjagaşlaryň «guş yzy» şekilleri hem orun alýar. Bu umumylaşdyrylan şekil her bir gölüň bölegiinde alty gezek gaýtalanýar. Öz gezeginde, bölek hem dört gezek gaýtalanýar. Gölleriň bölekleriniň şekilleri dört gezek gyýalaýyn gyzyl, ýaşyl, ak, sary reňkler bilen gapma-garşy ýagdaýda gaýtalanýar. Şekil hem-de reňk gaýtalanmasy hereket duýgusyny güýçlendirip nygtaýar. Gaýtalanmalaryň özboluşlylygy aýtym tegelek görnüşde günüň «doguş-ýaşyş» traýektoriýasy boýunça güýçlenýändigindedir. Gölüň içindäki bu şekili uçup barýan guşlaryň ugrunyň sudurlarynda hem görmek bolýar. Gölüň içindäki sazlaşygy gurnaýan reňkler barada söz açmak hem örän wajypdyr. Olaryň tebigy hadysalara golaýdygy jedelsizdir. Reňkler gadymkylaryň reňki duýuşlarynyň esasynda dörändir. Gölüň içki merkezine gyzyl-al we ýaşyl-gök öwüşginler berilýär. Gölüň bölekleri bolsa olara garşydaş – ak we sary reňklerde görkezilýär (*26-27-nji suratlar*).

## 1.7. Haly önümleriniň görnüşleri, taslama esaslary we reňk çözgüdi. Öýüň gurluşy, bezegi we dini düşünjeler

Türkmen medeniýetiniň gözbaşynda duran ýaşaýyş jaýy – ak öý we haly. Bularyň ikisi ruhy we maddy dünýäde bir-biri bilen çuň we aýrylmaz baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda halkyň durmuşynda olaryň haýsysynyň

gymmatly bolandygyny aýtmak kyn. Milli gözellik, ahlak, ruhy we maddy gymmatlyklaryň derejesine ýeten öý üçin haly önümleriniň giden toplumy döredilip, yhlas bilen sünnälenip dokalypdyr. Ümür-duman, öý ýüpi, eňsi, germeç, gapylyk, ojakbaşy, asmalyk ýaly haly önümleri jemgyýetiň däp-durmuş medeniýetinde iň bir gerekli öý bezegleri bolup, olaryň XX asyryň birinji çärýegine çenli saklanyp galandygyny, häzir bolsa bu nusgalyklaryň ýurdumyzyň muzeýleriniň gymmatly hazynalary hökmünde saklanýandyklaryny bellemek gerek. Çarwa durmuşynda esasy orny eýeleýän däp türkmen ýaşaýyş jaýy – ak öý halkyň gadymky mifologik düşünjesi bilen berk baglydyr. Turkmen milli öýleri üç bölekden ybaratdyr. Tärim – aşakda, uk – ortada, tüýnük – ýokarda.

**Uk** – ýokarky tüýnügi hem-de ýerde duryan tärimi birleşdirýär. Tärimlere türkmenler ganat diyipdirler. Ol 4, 6, 9 bölekden ybarat bolup biler. Uguň iki ujy gaňyrçakly, bir ujy tüýnüge, beýlekisi tärime berkidilýär. Biri-birine berkidilýän ýerleri owadan dokalan ýüpler bilen bezelipdir.

**Tüýnük** – ýokarda bolup, öýüň tüsse çykarýan bölegi. Tüýnügiň aşagyndan ýere çenli dik geçen nokatda ojak goýulýar. Tomus we gyş günleri ak öýüň geýimi möwsüme bagly bolýar. Tomusda gamşy palçyk bilen suwaýan ekenler, gyşda bolsa keçe bilen basyrýarlar. Ak öýüň giňişlik ýeri palçyk bilen suwalýar. Ak öýüň bölekleri söwüt agajyndan ýasalýar. Öýüň giňişligi keçe hem-de haly bilen örtülipdir.

**Tärimiň** ýüzüni torbalar, çuwallar bezäpdir. Olara goş hem-de gap-çanak salnypdyr. Egin-eşik salmak üçin çitimli torbalar bolupdyr.

Öý – iki mif Hudaýyny göz önünde tutýar. Olar: Asman gümmezi hem-de oňa daýanýan Zemin. Zeminiň özi Ýeriň üstünde gümmezläp duran Asmanyň görnüşini gaýtalaýar.

## TÜRKMEN ÖÝÜNIŇ BEZEGI – HALY WE HALY ÖNÜMLERI

Türkmen milli ýaşaýyş jaýy ak öý we gara öý diýen atlary bilen tanalýar, sebäbi türkmenler «göçme ýaşaýyş» medeniýetine eýe bolan halkdyr. Türkmenler, tä XX asyryň 30-njy ýyllaryna çenli şol jaýlarda ýaşapdyrlar. Oňa täze wagty «ak öý», köneleşensoň bolsa onuň garalýandygy sebäpli «gara öý» diýipdirler. Ak we gara öýleri çalt düzüp we söküp bolýar. Ol esasy üç bölekden durýar (*28-nji surat*).

170.0 x 240.0 mm






**28-nji surat.** Türkmen çarwa ýaşaýyş öýi

Öý agaçdan we agaç şahalaryndan ýasalýar. Onda 4-6 sany esasy sütün bolýar. «Göçme öý» ýel turanda gozganmaz ýaly her sütüniň ýanynda ýere gazyk kakylyp, ol ýere gowy berkidilýär. Öýüň ululygy esasy sütünler arkaly kesgitlenilýär. Agaç bölekleri ýüpler arkaly biri-birine berkidilýär. Onuň birleşdirilen ýerlerini görünmez ýaly her dürli bezegler bilen bezäpdirler. Tüýnügiň deşiginiň aşagynda gara öýüň merkezinde ot ýakar ýaly ojak üçin ýer goýulyp, ojagyň daşyny miras daşyndan örüp goýupdyrlar. Oduň tüssesi açyk tüýňükden çykypdyr. Türkmenler miras daşyny ýanlary bilen götermek üçin ýörite daştorba dokapdyrlar. Tüýnügiň merkezindäki deşik giňişligi öýi ýagtylandyrmak üçin hem ulanylypdyr. Gara öýüň içi sag we çep tarapa bölünip, sag tarapynda erkek kişileriň oturýan ýeri, çep tarapynda bolsa zenanlaryň oturýan ýeri bolupdyr. Zenanlaryň oturýan çep tarapyna öýüň içindäki goşlar hem ýerleşdirilipdir. Tör öýüň uly ýaşulusyna hem-de gelen myhmana niýetlenipdir.

Öýüň daşyny ýapmak üçin gyşky we ýazky örtükleri bolupdyr. Ýazda örme gamyş bilen daşyny aýlap, ony üç ýerinden berkidipdirler. Örme gamyş tärimiň boýy bilen deň bolupdyr. Ähli pasylda keçäni tüýnüge ýüpler bilen berkidipdirler. Tüýnügiň açyk ýerini gara, goňur reňkdäki «durluk» bilen ýapýarlar. Ony açmak we ýapmak üçin uzyn taýak – «syryk» ulanylypdyr.

**Milli öýler we olar bilen bagly dini düşünjeler.** Ak öýüň içini we daşyny bezemek üçin çitme usulynda dokalan zatlar, ýagny halylar, öýüň gapysynyň giňişligini ýapmak we bezemek üçin ululy-kiçili eňsiler, gapylyk gerek bolupdyr. Öý – maşgala ýaşaýşy üçin zerur bolan giňişlik düşünjesine daýanýar. Öýüň guramaçylygyny we arassaçylygyny goramak üçin ölçeg-kadalar, düzgünler ýüze çykyp, ähmiýetli bölekleriniň hersine aýratynlykda goramak niýeti bilen girelge – işik, söýe, bosaga üçin germeç, eňsi, gapylyk ýaly haly bezegleri döredilýär (*29-njy surat*).



**29-njy surat.** Germeç

Öýüň içindäki giňişligiň beýleki nokatlary – ojak bilen tüýnük hem özlerine aýratyn gatnaşygy talap edýärler. Ojak öýüň esasy gerekli, mukaddesleşdirilen, aşaky giňişlikde ýaşaýyş üçin gurnalan nokadydyr. «Ot ýakylýan ýer» we «öýüň düýbi» – esasy ojagyň ähmiýetini kesgitleýän düşünjelerdir, şol sebäpli türkmen öýüniň mukaddes ojak giňişliginiň ähmiýeti hem-de bezegi bolan ojakbaşy önümidir. Öýüň gümmezindäki tüsse çykýan tüýnügiň daşyny bezemek üçin ümür-duman niýetlenip döredilýär. Ondan başga-da, öýüň keşbi guş bilen kybaplaşdyrylýar. «Üç, alty, dokuz ganatly öý» Asman bilen bagt nyşanynyň arabaglanyşygynyň we abadançylygyň janly tymsaly bolup durýar. Türkmenler öý gurlanda tüýnükde dokalan guş (tawus) şekilli ýüpek halyjygy ýöne ýerden berkitmändirler.

Elbetde, öýüň ýokarky we aşaky böleginiň birleşýän ýerini **öý ýüpi (ak ýüp, golaň) – «öýüň ýodasy»** bolan haly önümi bezäpdir. Toý günleri öý ýüpi öýüň daşyna ýa-da biline daňlyp, onuň esasy wezipesi tärim bilen tüýnügiň birigýän ýerini daşky gurşawyň dürli hadysalaryndan goramak bolupdyr. Öý ýüpi – öýüň guşagy, onuň «altyn aralygy» bolup hyzmat edip, Allanyň beren rysgalyny goramak üçin «guşak – ýüp» öýe gerek diýlip, hasaplanypdyr (*30-njy surat*).

**Eňsi halysy** gaty uly bolmadyk haly bolup, gapynyň daşyndan asmak uçin ulanylypdyr. Toý günlerinde gapyny owadanlyk üçin eňsi haly önümi bilen örtüpdirler. Eňsi halylary hemme taýpalaryň dokmaçylygynda dokalypdyr.

4. Sargyt № 1774



**30-njy surat.** «Öý ýüpi»

XIX asyra çenli ýomut eňsi haly önümleriniň köpsanlysy saklanypdyr. Olaryň örän häsiýetli nagyş taslamasy bar. Eňsiniň merkezi nagyşly haç bilen dört bölege bölünen we daşy kiril elipbiýiniň «П» harpy görnüşindäki nagyşly zolaklar bilen aýlanandyr. Taslamada-da iki sany nagyşly zolagyň bolmagy hökmandyr. Olaryň nagyş taslamasy halynyňka meňzemän, ondan düýpgöter tapawutlanypdyr. Ondan başga-da, eňsiniň nagyşlary hem haly nagşyndan tapawutlydyr. Onuň ýüzünde göller ýok. Haly eňsiniň taslamasyny döretmek däp bolup galan kanunlara ters gelmezden, onuň giňişligine binagärlik bölegi – mährap girizilýär. Mährabyň sudurynyň hala girizilen döwri türkmen halkynyň arasynda diniň giňden ýaýran döwri bolmagy mümkin.



**31-nji surat.** Salyr eňsisi

Eňsileriň nagyşly taslamasy dört bölege bölünip, her bir dörtburçlukda nagyş ulgamy ýerleşdirilýär. Eňsiniň «älemine» «toprak» diýilýär. Eňsiniň taslamasynyň gurluşy aňrybaş ýönekeý we anyk düzülendir. Düzgün bolşy ýaly, onuň etegi seçek bilen tamamlanýar, ýokarsy bolsa ýüňden örülen tanap bilen pugtalanýar hem-de öýüň gapysynyň iki tarapyndan berkidilýär. Gapynyň bosagasyny bezemek üçin bolsa nagyşlanan germeç haly önümi ulanylypdyr. Onuň inliligi gapy bilen bagly bolýar (*31-32-nji suratlar*).

**Çuwallar, torbalar** iki iş wezipäni ýerine ýetiripdirler: hem bezeg, hem egin-eşik saklamak üçin gap. Bular iň köpsanly haly önümleridir. Olar her bir öý hojalagynda ulanylýan zat. Ondan basga-da, çemçe, duz, gap-gaç salmak üçin hem dokalan torbalar bolupdyr. Torbalar palas hem-de çitme görnüşindedir. Olaryň aşagyny seçekler bezäpdir. Torbalar insiz bolupdyr. Çuwallar uly zady saklamak uçin gap bolup hyzmat edipdir. Köplenç halatlarda gyzlar oňa özleriniň toý şaý-seplerini, ýagny toý bukjasyny salypdyrlar. Torbalary we çuwallary öýüň tärimine berkidipdirler. Olar şol bir wagtda bezeg bolup hyzmat edipdirler. Torbalaryň aşaky bölegi seçek bilen bezelýär. Çuwallar torbalardan uly we giň bolup, olarda egin-eşikler saklanypdyr. Kakma usulynda ýerine ýetirilen çuwallarda maşgala niýetlenilen azyk harytlary (däne, un, duz, gury miweler, kişmiş, erik) saklanypdyr. Uly çuwallar – un, galla, täze eşikleri we beýleki hojalyk zerurlyklaryny saklamak üçin niýetlenipdir. Bu çuwallar kakma görnüşinde hem dokalyp, olaryň nagyşlary sadaja «alaja», «tegbent», «siňirme» görnüşindedir. Torbalar, çuwallar özlerine mahsus bolan nagyşlar bilen bezelýär. Köplenç, olaryň ýüzüne göller, kiçeňräk gölçeler, «sekme gölçe», «aýna gölçe» ýa-da dürli nagyşlar ulgamy çitilýär (*33-37-nji suratlar*).



**32-nji surat.** Teke eňsisi



**33-nji surat.**
Ärsary çuwaly



**34-nji surat.**
Ýomut çuwaly



**35-nji surat.** Ärsary
çuwalynyň bir görnüşi

170.0 x 240.0 mm



**36-njy surat.** Ak suw nagyşly salyr torbasy



**37-nji surat.** Sekme gölli teke torbasy

**Syryk** – öýüň giňişliginde dikilen ýalpyldawuk agaç. Ol maşgalanyň döwletliliginiň, durnuklylygynyň nyşany hökmünde görlüpdir. Ak öýi haly we keçe bilen basyrypdyrlar. Öýüň gapysy agaçdan ýasalypdyr. Ak öýe gireniňde eglip girmeli bolýar, sebäbi gapynyň boýy pessejik bolupdyr. Ol öýe gireniňde ojaga we oda «salam» berilýändigini hem aňladýar, sebäbi öýüň eýesi, ojak we ot ýakylýan – üç aýakly tagan bolupdyr. Ojagyň daşynda oturyp nahar iýlipdir. Ojak bilen gapynyň bosagasynda durmak, salamlaşmak, alyş-çalyş etmek, däp-dessura görä gadagan edilipdir.

Ak öýüň aşagyna gülli (nagyşly) keçeler hem-de haly düşelipdir. Ak öýüň merkezindäki ojagyň ýanyndaky hala hem-de keçe önümine **ojakbaşy** diýlipdir.

**Ojakbaşylar** kiril elipbiýiniň П harpy görnüşinde bolýarlar. Ojakbaşylar basylan keçe görnüşinde ýa-da çitilip, haly gölleri salnyp dokalypdyr. Keçe ojakbaşylaryna keçe nagyşlary salynýar. Öýüň törüne haly düşelýär.

Öýüň tüýnüginiň daşyny uly bolmadyk haly önümli özboluşly nagyşlar salnan **ümür-duman** bezäpdir. Bu haly bezegi tüýnügiň daşyna aýlaw görnüşinde berkidilýär we tüýnügiň ululygyna görä, dört ýa-da alty sany ümür-duman onuň daşyndan özboluşly nagyş taslamasyny döredýär (*38-nji surat*).



**38-nji surat.** «Ümür-duman» tüýnük bezegi (XIX asyr)

Öýüň daşyna gyşyna keçeleri berkitmek üçin örülen ýüpler taýýarlanypdyr. Ak-gara we gyzyl-gara reňkli ýüpler bilen örülipdir. Toýlarda, baýramçylyklarda tärimiň ortasy **öý ýüpi (bilbag, ak, gyzyl ýüp)** bilen hem bezelipdir. Şol ýüp dakylan öýde toýuň bolýandygyny aňladypdyr. Toý geçen-

170.0 x 240.0 mm

soň öý ýüpüni öýüň içindäki tärim bilen uklaryň berkidilýän ýerine asypdyrlar (*39-njy surat*).

Türkmenler uzak ýola çykanlarynda ýanlary bilen horjun alyp gidipdirler. Horjunlar uly we kiçi, çitilen we öýdülen görnüşlerde bolupdyr. Olar iki sany biri-birine berkidilen gönüburçly görnüşde bolýarlar. Olaryň arka ýüzi palas görnüşinde bolupdyr. Horjunlaryň agzyny berkidýän ýüpler örülipdir. Horjunlara «älem» nagşy, «gyra nagyşlar» hem-de merkezinde kiçeňräk «aýna göl» ýerleşdirilipdir. Ala horjuny kese zolakly nagyşlar dolduryar. Horjunlaryň ýüzi, köplenç, palas we haly usullary garyşdyrylan görnüşde dokalypdyr (*40-njy surat*).



**39-njy surat.** Öý ýüpleri
(bil bag, ak, gyzyl ýüp)



**40-njy surat.** Teke horjuny
(XIX asyr)

**Ikselik** önümi igi we ikbaşyny saklamak üçin dokalan. Ol uly bolmadyk dörtburç görnüşinde bolýar (*41-nji surat*).



**41-nji surat.** Ikselikler (XIX asyr)

170.0 x 240.0 mm



**42-nji surat.**
Uk ujy (XIX asyr)

**Uk ujy** – öýüň uguny saklamak üçin aşaky bölegi tegelenýän görnüşde haly gap bolup, ony reňkli gotazlar bezeýärler (*42-nji surat*).

**Gapylyk** – öýüň gapysynyň tutusy. Ol söýäniň ýokarky bölegini bezeýär. «Gapylyk» sözüniň özünden eýýäm bu önümiň gündelik ýerine ýetirýän hyzmaty görünýär. Nagyşlaryň kompozisiýasy dolulygyna şol görnüşde ýerleşýär. Gapylygyň haly taslamasy has ýönekeý we ýeňil. Onda «älem» we merkezi meýdan ýok. Gapylyk nagyşly we köp reňkli. Ol ýüpek ýüplüklerden örülip we gök gözmonjuklar bilen baý bezelýär. Gapdalda simmetrik ýerleşen iki sany dik zolaklar bolýar. Adatça, gapylyklaryň boýy – 1,5 *m*, ini – 30-40 *sm* ölçegde bolýar.

Şular ýaly ölçegler hemişe ýeke-täk bolup durmaýar we hemme ýerde saklanmaýar. Elbetde, gapylygyň däp-dessur babatda ulanylmagy, onuň gündelik durmuşda ulanylmagyny aradan aýyrmaýar. Ähli dessury önümlerde bolşy ýaly, onuň güýji nagyşlarynda-da şöhlelenýär. Gapylyklara iň meşhur nagyş bolan «daragt» nagşy salynýar. Girelgäniň mukaddes «daragtly» gapylyk bilen bezelmegi, onda öýüň içinde ýaşaýan adamlary bela-beterlerden goraýan daragtyň şekillendirilmegi ýöne ýere däldir.



**43-nji surat.** Gapylyklar (XIX asyr)

Gapylyklaryň reňkleri taýpa halyçylygynyň reňkine laýyk gelýär. Gapylyklaryň düşekleriniň ak bolmagynyň taýpanyň reňk saýlamak dessurlaryndan başga-da, goşmaça manysy hem bolupdyr. Ak reňk – toýy, ak öýi aňladýar. «Halyk», «asmalyk», «düýedyzlyk», «ikbaş» ýaly gyzlaryň «sepi» hökmünde taýýarlanýan köpsanly önümler hem ak düşekde dokalypdyr. Şu nukdaýnazardan alanyňda, gapylyga toýdan soň, ýaş çatynjalaryň girýän täze ak öýleri üçin bezeg hökmünde garamak bolar (*43-nji surat*).



**44-nji surat.** Düýe asmalygy (XIX asyr)

**Asmalyklar we düýedyzlyklar** toý kerwenini bezeýän we şol bir wagtda jadyly güýje eýe bolan haly önümleriniň ýüzündäki taslama gorag nagyş ulgamy bolýar. Olar – «asmalyk», «dyzlyk», «göwüsbent», «burunlyk». Ahal welaýatynda bu bezege «düýebaşlyk», Günbatar Türkmenistanda düýe üçin keçe we haly bezeglerine «asmalyk» ýa-da «halyk» diýlipdir. Asmalykdan başga düýäniň boýnuny we göwsüni bezeýän «göwüsbent» hem bolupdyr. Asmalyk haly önümleri ýomut hem-de



**45-nji surat.** Düýedyzlyklary (XIX asyr)



**46-njy surat.** Ärsary namazlygy (XIX asyr)

ärsary dokmaçylygyna degişli bolup durýar. Asmalyklar bilen toý-dabaralarda uly düýeleri bezäpdirler. Kiçi düýeleri, ýagny köşejikleri bolsa halyk bezäpdir. Asmalyk – bu düýäniň iki tarapyna dakylýan haly önümi. Ol bäşburçly, aşaky gyrasy seçekler bilen bezelen ýomut haly önümidir. Düýedyzlyklar hem toý gününde düýeleriň dyzlaryny bezemek üçin niýetlenipdir. Olar gotazly seçekler bilen bezelipdir. Olary toýdan soň öýüň içinde asypdyrlar (*44-45-nji suratlar*).

Ärsary asmalygy torba görnüşli bolupdyr, ýöne kompozisiýasy aýratyndyr. Asmalyklaryň merkezi meýdançasynda bir uly göl we iki gapdalynda gyra nagyşlary özboluşly ýerleşdirilendir. Ärsary haly namazlyklary özboluşly kompozisiýasy, reňk çözgüdi, özünde jemleýän many-mazmuny bilen tapawutlanyp, onuň özboluşlylygyny kesgitleýär (*46-njy surat*).

## 1.8. Palas dokmaçylygy

Dokmaçylygyň sada görnüşi bolan kilimleriň we palaslaryň dokalyşynyň örän gadymy dokma usulydygy alymlar tarapyndan bellenilýär. Aslynda-da, gadymy çarwaçylyk jemgyýetinde, ilki bilen, iň sada hünärler özleşdirilýär. Birinji keçe basmak, palas, kilim kakyp dokamak, soň bolsa çitimli haly dokamak usuly döredilýär. Kilim kakmak we öýdäp, ýagny nagyş salyp palas dokamak däbi Türkmenistanyň ähli künjeklerinde giňden ýaýrandyr. Palaslar hem halylar ýaly, esasan, öýleriň içine ýazmak üçin düşek hökmünde ulanylýar. Ýakyn Gündogar ýurtlarynda dokalan palas zolaklary bilen çadyrlary, ýagny ýaşaýyş öýlerini örtüpdirler. Türkmenistanyň çäklerinde ýüňden we beýleki ýüplüklerden dokalan kilimiň halydan tapawudy – ýüz tarapynyň çitimsiz, tekiz we gaty bolmagy hem-de başga üýtgeşik nagyşlar bilen bezelmegidir.

Türkmenistanda kilim-palas usulynda dokalan önümleriň birnäçe görnüşleri bar. Olar: sallançak kilimi, ojakbaşy, «sep» palas, palas torba, un çuwallar, ikselik, uk ujy, horjun, namazlyk we beýleki hojalyk üçin niýetlenen önümler. Edil halyda we keçede bolşy ýaly, palas bilen kilimde-de merkeze

we gyra salynýan özüne mahsus bolan nagyşlar bolýar. «Gülpalaslar» türkmen halyçylyk sungatyna mahsus bolan ajaýyp kompozisiýa gurluşy we bezegçilik kanuny ýörelgesinde bezelýär.

Türkmen dokmaçylygynyň bu görnüşiniň mysaly hökmünde Lebapda we Günorta Türkmenistanyň welaýatlarynda dokalýan kilimleri görkezmek bolar. Türkmen halylaryna salynýan nagyşlar ýaly, palaslara salynýan nagyşlar hem özüniň taýpa aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Nagyşlar, köplenç, geometrik häsiýetli şekillerde bolýar. Lebapda dokalýan kilimiň biri «gyýdyrşa» nagyşly ärsary kilimidir. Bu usully nagyş dokalanda iç we daş tarapyndan gyýylýandygy sebäpli şeýle at berlen. Balkanda öýdümli «sep» palaslara örän owadan we sazlaşykly torlaryň içine salnan «bossany», «goçbuýnuz» nagyşlary salynýar. Palasyň merkezine salynýan nagşyň ady olaryň adyny kesgitleýär.

Gülpalaslar – «bossany», «buýnuzly», «gülýaýdyly» palaslardyr, şeýle hem palaslaryň ýörgünli merkezi «goçak» we «gazaýak» nagyşlydyr. «Goçak», «goçbuýnuz» nagyşlary beýik mertebäniň nyşany hökmünde palas nagyşlaryna siňdirilýär. «Gülýaýdy» nagşy salnan namazlyklar, köplenç, Ahal we Mary welaýatlarynda duş gelýär (*47-48-nji suratlar*).



**47-nji surat.** Gaz aýak nagyşly ýomut palasy (bölek). XIX asyr



**48-nji surat.** Bossany nagyşly palas (XIX asyr)

Palaslar we kilimler köp ýurtlarda dokalyp, olaryň hersiniň özboluşly gözellik aýratynlygy bar. Palas-kilimler owadanlygy we berkligi bilen giňden meşhurdyr. Türkmen hojalygynda dokma önümleri bolan çuwaldyr horjunlar hem-de torbalar öýdelip we kakylyp dokalypdyr (*49-50-nji suratlar*).

Kakma usulynda dokalan çuwallar, torbalar egin-eşik saklamak, gap-gaçlary hem-de azyk harytlaryny, däneleri, uny, kakadylan miweleri öýüň içinde saklamak üçin niýetlenipdir. Öýdüme palas torbalar, köplenç, kiçi ölçeg-

de bolup, olaryň aşaky gyrasyny gür we uzyn ýüň seçek bezeýär. Günbatar türkmenleri ussatlyk bilen öý goşlaryň arasynda gerekli bolan ikselikleri we uk ujy torbajyklaryny öýdäp dokapdyrlar. Sallançak kilimi, ojakbaşy kilimi, kendirik, horjun, kakma çuwallar halkymyzyň gündelik hojalyk durmuşynda giňden ýaýrapdyr. Öýdelip palas namazlyklary hem dokalypdyr (*51-nji surat*).



**49-njy surat.** Teke palas çuwaly (XVIII asyr)



**50-nji surat.** Palas çuwaly (XIX asyr)



**51-nji surat.** Gülýaýdy nagyşly palas namazlygy (XIX asyr)

Kilimleriň atlandyrylyşynyň dürli bolşy ýaly, olara salynýan nagyşlar hem dürli-dürlüdir. Mysal üçin, sallançak kilimi dokalanda öň, esasan «gülýaýdy», «alaja», «dagdan», «tegbent» nagyşlary salnypdyr. Ol nagyşlar halk arasynda «keramatly» nagyşlar hasaplanýar. Käbir çuwallary, topbalary, horjunlary kakma we çitimli usullary aralaşdyryp dokapdyrlar. Olara sadaja görnüşli nagyşlar bolan «gyýak», «okgözi», «tegek» salynýar.

Ýüzi tekiz we owadan reňkli, syk we berk dokalan palaslar çarwa öýüniň bezegi bolupdyr. Olar sowukdan we yssydan gorag hökmünde hyzmat edipdirler. Mysal üçin, gapynyň bosagasyny kähalatda, syk dokalan gysgajyk seçekli germeç gerip bezäpdir-

ler. Ol öý giňişligini sowukdan we yssydan gorag hökmünde hyzmat edipdir. Öýdelen we kakma önümler hojalyk durmuşynda-da uly ähmiýete eýe bolupdyr. Olaryň inçeligine, nepisligine hem-de syklygyna ýokary baha berlipdir. Öýüň törüni bezeýän uly ölçegli «gülpalaslaryň» üstünden haly, keçe düşäpdirler. Türkmen palaslaryna we kilimlere onlarça nagyşlar salnyp, olaryň her biri asyrlaryň dowamynda gündelik durmuşda ähmiýetli bolan zatlary saklamak wezipesini ýerine ýetirip gelipdirler. Palas dokmaçylygynyň usullaryny, nagyşlary üýtgewsiz saklamak, ýaş nesillere ýetirip, türkmen halkynyň milli aýratynlygyny öwrenmek mümkin. Aýratyn ussatlygy talap edýän, owadanlygy bilen tapawutlanýan palaslar şu güne çenli türkmen sungatynyň çeperçilik kämil nusgalaryny görkezip gelýärler.

## 1.9. Türkmen keçesi we keçe önümleri

Keçe basmak gadymy sada usul bolup, onuň jemgyýetde ähmiýeti örän uludyr (*52-nji surat*). Noinuliniň depesinde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan keçäni alymlar miladydan öňki I müňýyllygyň I asyrna degişli edýärler. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň hökümdary Mete hanyň döwründe keçe sungaty gülläp ösüpdir we tapylan bu keçe muny tassyklaýar. Türkmen alymy A.Bekmyradowyň pikirine görä, Oguz, ýagny, Mete Hanyň zamanynda türkmeniň ata-babalary bolan hunlaryň iň belli taýpalarynyň tagmalaryny suratlandyrýar.

Keçe önümlerini taýýarlamak işi Kiçi we Merkezi Aziýada türki dilli halklarda giň gerime eýe bolupdyr. Türkmenistanda käwagt erkek adamlaryň gatnaşandygyna garamazdan, keçe etmek işi zenanlaryňky diýlip hasaplanypdyr. Türkmen halky özüniň bäş müňýyllyga uzap gidýän taryhy ýolunyň dürli döwürlerinde çeperçilik sungatynyň ajaýyp nusgalaryny döredip bilipdir (*53-nji surat*). Milli özboluşlylygyny, aýratynlygyny saklan, ýokary kämillik derejesine ýeten türkmeniň keçe basmak sungaty,



**52-nji surat.** Eli gülli patyşa.
Pazyryk depesi.
Ýüň keçe. Skif medeniýeti
(miladydan öňki V-IV asyrlar)



**53-nji surat.** Keçe bukjasy (XIX asyr)

ýokarda hem bellenilişi ýaly, öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar.

Keçe örän jana ýakymly bolup, ol çarwa durmuşynda gerekli önümdir. Ony ak we gara (göçme) öýleri ýapmak we bezeg bermek üçin ulanypdyrlar. Keçeden atlar üçin eýerasty, atkeçe ýapynjasy ýaly önümleri taýýarlapdyrlar.

Keçe basmak üçin güýz we tomus gyrkym ýüňlerini peýdalanypdyrlar. Ýaz ýüňi haly ýüpi üçin egrilip, çitim we eriş ýüplerine ulanypdyrlar. Güýz ýüňüni keçäniň arkalygy we aralygy üçin peýdalanypdyrlar. Keçe basmak bilen tomus möwsüminde meşgullanylypdyr. Ýaz hem güýz ýüňlerini aýry-aýry edýärler. Ýaz ýüňi keçäniň ýüzüne nagyş salmak üçin ulanylýar, sebäbi ol boýagy özüne gowy siňdirýär. Toklynyň we guzynyň ýüňi gara, çal, boz reňkli bolany üçin, olary keçäniň gyragarasy üçin ulanypdyrlar. Mundan başga-da, bu hili ýüňlerden boz guzy ýüň keçelerini edipdirler. Ýüňleri darapdyrlar we boýapdyrlar.

Türkmen keçeleriniň taýýarlanyş usullary we çeperçilik aýratynlyklary hem-de hojalykda ulanylýan ýerlerini 10 sany önümiň üsti bilen görkezmek mümkin. Olar:

1. Boz keçe ýa-da düz keçeler. Bular ak öýleri günden, ýagyşdan, ýelden goramak üçin niýetlenen ak we gara keçeler. Bu gülsüz keçe bolup, onuň iki gyrasynda goňur, ortasynda bolsa sary, mele reňkler ýerleşdirilipdir. Keçäni, köplenç, çarwaçylyk bilen meşgullanýanlar ulanýarlar.

2. Sallançak keçe. Bu keçe kiçi ýaşly çaga sallançak ýasamak üçin ulanylýar.

3. Oýluk keçe. Bu güýz ýüňünden edilip, çopanlar üçin zerur bolan ýeňsiz geýim, ýapynja. Çöldäki çopanlar ony çygdan we sowukdan, ýelden-ýagmyrdan goranmak üçin eginlerine atýarlar, donuň ýerine geýýärler.

4. Dolaklyk keçe. Çarygyň üstünden aýak üşemez ýaly dolamak üçin edilipdir.

5. Namazlyk keçe. Bu namaz okamak üçin niýetlenilen keçe.

6. Aýatlyk keçe. Bu keçe, köplenç, adam soňky ýoluna ugradylanda tabyda düşelipdir.

7. Gülli ýa-da nagyşly keçe. Bu keçe türkmen öýleriniň bezegi bolup, düşek hökmünde ýazylýar.

170.0 x 240.0 mm

8. Toý keçeleri. Bular toýlarda atlary, düýeleri bezemek üçin niýetlenipdir. Ondan başga-da, gyz maşgalanyň şaý-seplerini saklamak üçin niýetlenen keçe bukjalary edilipdir.

9. Ojakbaşy. Ol kiril elipbiýiniň П harpy görnüşinde bolup, ak öýlerdäki ojaklaryň daşyndan ýazylypdyr.

10.Gülkeçeler. Iki ýüzi hem nagyşlar bilen bezelen keçe, köplenç, Balkan welaýatyndaky türkmenler tarapyndan taýýarlanýar.

Adatça, keçe dörtburç bolýar. Olaryň bir ýa-da iki ýüzi hem nagyş bilen bezelýär. Keçe salmak üçin adamlar sähetli güni saýlap alypdyrlar. Örülen gamşyň ýüzüne ýüňden nagyş ýazýarlar (ak, gara, goňur we reňklenmedik ýüňler hem ulanylýan eken). Keçe basmak işi toparlaýyn guralýan (5-6 adamlyk) işdir. Keçäniň merkezi meýdançasyna güller aýlawly goýlup çykylýar we gara ýüňden gyragara goýulýar. Iň jogapkärli iş ýüňden nagyş goýmak bolupdyr. Agymtyl çal reňkli ýüňlerden aralyk goýulýar, soň bolsa arkalanýar. Ondan soňra jogapkärli işleriň biri gamşy togalap keçäni düýrmekdir. Gamyş doly togalanandan soň ýüň ýapyşar ýaly keçäniň bütin uzynlygyna suw guýulýar. Ondan soň berk çekip daňylýar. Soňra ony iki adam bolup meýdanda 2-3 sagatlap togalaýarlar (gezekli-gezegine biri-birine çekýärler). Keçe pugta baslygandan soň gamyşdan çykarylýar. Ondan soň keçäniň girip, syk bolmagy üçin wagt-wagt gyzgyn suw guýlup basylýar. Käwagt şu işi oglanlar hem ýerine ýetiripdirler. Keçe syklygyna we galyňlygyna ýeten mahalynda ony tekiz edip ýaýyp gyralaryny kesip düzleýärler we kölegede ýere ýazyp guradýarlar.

XVIII asyra degişli ak ýüňden basylan «düýe halygynda» gurnama nagyş salmak usuly, ýagny bejergi we matalaryň bölekleri ulanylypdyr. Onda diňe bir nagyşlar salynman, eýsem adamlaryň, kejebeli düýeleriň kerweni, köşejikleriň, geçileriň, sygyrlaryň ýönekeýleşdirilen şekilleri suratlandyrylypdyr (*54-nji surat*). Gadymy Gündogar halklarynyň rowaýatlarynda düýäni tebigatyň gyňyr güýjüne garşy goýupdyrlar. Belki-de, keçäniň ýüzünde şekillendirilen düýeler kejebäniň içinde oturan adamlary gorasyn diýip salnandyr.



**54-nji surat.** Sýužetli keçe asmalygy (XIX asyr)

Namazlygyň halallygyň, päkligiň nyşany bolanlygy sebäpli, goýnuň ýüňüni gyrkýan adam täretli bolmaly. Namazlyk keçesiniň ýüňi boýalanda,

saýylanda, basylanda diňe täretli zenanlar işläpdirler. Namazlyklaryň düşegi hemişe ak bolup, ondaky güller hem keçäniň uzynlygy boýunça ýerleşdirilýär. Merkezi gülüniň özeni, köplenç, goçakly görnüşdedir, ýokarsyna-da «goçak» nagşy salynýar. Ortadaky gülüň daşyna birtaraplaýyn «saryiçýan» ýa-da ikitaraplaýyn «goçak» nagyşlary salynýar. Mundan başga-da, keçeleriň taslamasyny «hamtoz», «egmek» ýaly nagyşlar, dürli reňkli nokatjyklar baýlaşdyrýar. Namazlyklaryň köpüsiniň diýen ýaly ýokarky böleginde, merkezi gülüniň ýokarsyndan ak düşegiň ýüzünde düýe ýüňünden edilen aýlawjyk bolýar. Namazlykda namaza durýan her bir adam eglip-galanda oňa maňlaýyny degirýär (*55-nji a surat*).



**55-nji *a* surat.** Keçe namazlygy (XX asyr)



**55-nji *b* surat.** Iki ýüzi gülli ýomut keçesi (XX asyr)

Gülli keçeleriň merkezinde 1–4 we ondan-da köp gaýtalanyp gelýän şekiller romb ýa-da togalak şekilli medalon ýerleşdirilýär. Keçäniň merkezi meýdançasy käwagt dikligine «alaja», «egmek» ýaly nagyşlar bilen bölünipdir. Medalonlaryň içine «saryiçýan» nagşy salnyp, olaryň daşyndaky boşluklara «goçak» nagşyny ýerleşdirýärler, romblaryň daşyny hem içini birmeňzeş – üçburçluk şekiller bilen doldurýarlar. Bu keçeleriň gyra zolaklaryna «gözenek», «alaja», «hamtoz» nagyşlary salynýar. Iň soňunda «saýlan» nagşy bilen jemlenýär (*56-57-nji suratlar*).

XIX–XX asyrlarda türkmen keçelerini taýýarlamak işi Türkmenistanyň ähli ýerlerine giňden ýaýrapdyr. Muňa 1884–1900-nji ýyllar aralygynda ýazylan «Zakaspiý oblastynyň synlary» atly gazetdäki maglumatlar güwä geçýär. Şol döwrüň etrap ýolbaşçylary türkmen keçelerine şeýle baha berýärler: «Reňklerindäki tapawutlara garamazdan, türkmen keçeleriniň ählisiniň nagyşlary we kompozisiýasy birdir hem-de diňe türkmenlere mahsus bolan gaýtalanmajak,

özboluşly täre eýedirler». Arhiw resminamalarynyň berýän maglumatlaryna görä, XIX asyryň başlarynda bir ýylda basylýan keçeleriň sany 80 müňe golaýlapdyr. Keçelere isleg harby edaralar tarapyndan hem uly bolupdyr.



**56-njy surat.** «Saryiçýan» nagyşly keçe (XX asyr)



**57-nji surat.** «Saryiçýan» nagyşly keçe (XX asyr)

## HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN KEÇE ÖNÜMLERI

Müňýyllyklaryň dowamynda Türkmenistanda halyçylyk bilen bir hatarda keçe we keçe önümleri örän ussatlyk bilen ýerine ýetirilipdir hem-de hojalyklarda düşek hökmünde ulanylypdyr. Keçe etmegiň ýönekeý we elýeterli usuly çarwa halkynyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülipdir. Ony diňe bir uzak örüdäki maldarlar däl, eýsem oba we şäher ilaty hem giňden peýdalanypdyr. Keçeden dürli ýapynjalary taýýarlapdyrlar. Olardan, esasan, bezeg hem-de sowuk howada mallaryň üstüni örtmek maksady bilen eýerüsti, köýnekçe, atbasyryk, halyk ýaly önümleri taýýarlapdyrlar. Halkyň arasynda keçäniň dürli şekilli göwrümleri we reňk aýratynlyklary ýüze çykypdyr. Keçe önümleriniň ýönekeý gara-ak reňkde, bir ýüzi nagyşlanan ýa-da iki ýüzi hem nagyşly görnüşleri bolupdyr. Keçeleriň ýüzüni ýüpek we ýüň mata bölekleri bilen owadan bezäpdirler hem. Oňa **applikasiýa usuly** diýilýär. Türkmen keçe taýýarlanyş usulyna **mozaika** hem diýilýär. Keçeleriň halydan tapawudy – olary durmuşda uzak wagtlap ulanyp bolmaýar. Olar 5-6 ýyl ulanylandan soň tozup başlaýar. Şol sebäpli hem aýallar, köplenç, tomus aýlary keçäni «bişirmek» bilen meşgullanypdyrlar. Keçeleriň nagyşlanyş däbi, adaty türkmen halysynyň nagyşlanyş däbi bilen bir hatarda durýar. Adaty keçeler özboluşly bezeg sazlaşygyna we reňkleriň biri-birine bolan özboluşly gatnaşygyna eýe bolýar. Açyk reňkleri sazlaşdyryp, uly ölçegli nagyşlaryň salynmagy diňe

keçelere mahsusdyr. Keçe iň sada usulda bezelipdir. Halydan tapawutlylykda, ony ýerine ýetirijiniň döredijiligini şöhlelendirmäge diňe ussatlaryň islegi ýeterlik bolýar. Bu çeper serişdeler nagyşlaryň owadanlygyny açyk-aýdyň görkezmäge mümkinçilik berýär.

Keçäniň nusgawy haşamlanan bezegi uzak döwürleriň dowamynda üýtgemeýär. Ondaky käbir täze şekiller diňe 1941-1945-nji ýyllardaky Beýik Watançylyk urşunyň öň ýanyndaky ýyllarda ýüze çykypdyr. Ol hem Aşgabadyň ýüpek saraýjy fabriginiň beýik sagatly binasyny suratladyrýan keçedir. XX asyryň ahyrlarynda bolsa keçeleriň ýüzüne adamlaryň, ösümlikeriň hakyky şekilleri salnyp başlanýar. Türkmen suratkeşleri amaly-haşam sungatynyň, çeper dokmaçylygyň häzirki zaman görnüşlerini döredýärler. Olaryň döredijilik şahsyýeti türkmen haly sungatynyň usulyýeti bilen berk baglanyşykly bolýar. Däp bolup gelýän palas dokalyş usulyýetinden ugur alnyp bu sungat kämilleşip, täze görnüşli önümleriň döremegine getirdi.



**58-nji surat.** A.Hajyýew «Pagtaçylar» (1990)

XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap keçäniň nagyş sazlaşygynyň özboluşlylygy ussat suratkeşleriň ünsüni özüne çekip başlaýar. Bu bolsa şol nagyş sazlaşyklarynyň esasynda häzirki zaman tematiki keçeleriň döremegine getirýär. Muňa mysal edip 1990-njy ýylda suratkeş A.Hajyýewiň döreden «Pagtaçylar» atly keçäni görkezmek bolar. Bu keçäniň uly bolmadyk çeper liriki taslamasynda pagta ýygymyndaky joralaryň bir-biri bilen syr alşyp duran pursady suratlandyrylýar. Awtor bu çeper döredijiliginde diňe sada we asyrlaryň dowamynda toplanan usulda öz duýgusyny we pikirlerini beýan edýär (*58-nji surat*).

## 1.10. Häzirki döwrüň halylary we gobelen haly sungaty

Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýa döwründe dörän we ösen nagyşly haly sungatynyň düşünjeleri, pähimleri Gadymy Gündogar medeniýeti bilen aýrylmaz baglydyr. Türkmen halkynyň çeper döredijiliginiň üstünlikleriniň iň ýokary nusgasy bolan üýtgeşik owadanlykdaky halysyny, dünýä sungatynyň

ajaýyp nusgasy diýip hasaplamaga hakymyzyň bardygyny aýdyp bileris. Türkmen halysy gündeki durmuşyň önümi däldir. Ol maddy medeniýete ruhy dünýämiziň täsirini ýetirýän wakadyr. Ol türkmen jemgyýetiniň çuňňur özboluşly medeniýeti, düşünjeliligi bilen baglanyşykly bir sungatdyr. Gadymyýete uzap gidýän bäş müň ýyllyk taryhy bilen dünýä ýaň salan, ajaýyp siwilizasiýanyň eýesi bolan türkmen milleti bu gaýtalanmajak özboluşly, gözel, türkmen zenanynyň zehini siňen çeper sungatyny diýseň aýap, öwüşginini ýitirmän saklap bilipdir.

Ýurdumyz mukaddes Garaşsyzlyga eýe bolmagy bilen türkmen halky öz däp-dessurlaryny täzeden dikeltdi. Halyçylyk öz ösüşini dowam etdi. Türkmen halysyna «milli sungat» derejesi berildi. Özüne garry enelerimiziň we ata-babalarymyzyň söýgüsini siňdiren halynyň şöhratyny belende galdyrmak bilen, çeper sungat derejesini beýgeltmek üçin köpsanly işleri geçirýäris. Häzirki wagtda türkmen haly dokmaçylygyna aýratyn ähmiýet berýän hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň dokmaçylyk pudagynyň kämilleşmegine, döwrebap halyçylygyň ösmegine we haly sungatynyň ylmy taýdan öwrenilmegine giň mümkinçilikleri döretdi. Her ýyl sungat äleminde täze döredilen halylaryň sergileri we bäsleşikleri geçirilip, olaryň çeper taslamalarynyň çözgüdine beýik derejedäki baýrakly orunlar berilýär. Türkmenistanyň Türkmen milli haly muzeýinde «miras» nusgaly halylarymyzyň halkara derejesindäki sergileri we ylmy maslahatlary guralýar. Bu sergilerde we maslahatlarda daşary ýurtlardan gelen myhmanlar ussat halyçylar bilen tejribe alşyp, türkmen haly sungaty barada öz düşünjelerini giňeldýärler. Bu bolsa täze-täze haly nusgalaryny döredýän suratkeşleriň döredijiligine özboluşly öwüşginleri çaýýar. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny almagy bilen çeperçilik medeniýetinde milli miras sungatymyzyň – haly dokmaçylygynyň asyrlardan-asyrlara geçip, kämilleşip gelen ajaýyp nusgalary adamzadyň gazananlarynyň hatarynda şöhratly orna eýe boldy. Munuň özi ata-babalarymyzyň belentligini we şöhratyny dikeltmek üçin örän wajypdygyna beýik ýagty geljegimiziň esasy hökmünde düşünmegimizi görkezýär.

Haly eserleri türkmen gelin-gyzlarynyň çeperçiliginiň ýokary ussatlygyny görkezýän milli hazynadyr hem-de gymmatlykdyr. XX asyrda türkmen milli sungatynyň çarkandakly ýollardan geçmeli bolandygy sebäpli, halyçylyk sungatynyň hem ösüşi togtady. Haly sungatynyň asyl nusgalarynyň birnäçesi tas ýiteňkirläpdi. Milli däp-dessurlarymyza geçmişiň zyýanly galyndysy hökmünde seredilmeginiň netijesinde, haly sungatynyň asyrlar aşyp, kämilleşip gelen nusgalary öz gymmatyny gaçyrdy. Torba-çuwallar, gapylyklar, toý dessury bilen baglanyşykly haly önümleri durmuş zerurçylygyny ýitirdi diýip hasaplanandan soň ulanyşdan galdy. Bellibir döwürde halyçylyga diňe türkmen

170.0 x 240.0 mm

hünärmentçiliginiň bir görnüşi hökmünde seredilipdi, ýöne häzirki Bagtyýarlyk zamanamyzda halylarymyz türkmen zenan-gyzlarynyň ylym-bilimlerini, ukyplaryny beýan edýän sungat eseri hökmünde ykrar edildi. Gadymy sennediň şöhraty täzeden dikeldilmek bilen bir wagtda, bu zenan hünäri öň göz öňüne getirilmedik derejedäki belentlige göterildi. Öňki «miras» haly nusgalaryndan görelde almak bilen, olar döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilýär we täze pikirli, düşünjeli çeper döredijiligiň netijesinde täze öwüşginli nagyşlara öwrülýär. Haly sungatynyň ösüşi diňe bir täze nusgalaryň döredilmegi bilen çäklenmän, halkyň dokmaçylyk ussatlygy hem ösüş ýoluny dowam etdirýär. Bu ösüşde esasy göz öňünde tutulýan maksat türkmen durmuşynýň ýüreginde orun tapan, asyrlaryň dowamynda kämilleşen asyl nusgalary ýitirmezlikdir. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk zamanasynda haly taslamalary we nusgalar diňe haly dokmaçylygynda ulanylman, çeperçilik sungatynyň başga görnüşlerinde hem giňden öz ornuny tapýar, türkmen durmuşynyň täsirli bezegleri bolýar.

XIX-XXI asyrlarda türkmen haly sungaty üç ugur boýunça ösýär: nagyşly amaly-haşam, şertli çyzykly nagyş taslamalary we göwrümli reňkli taslamalar. Muňa täze döwrüň şekilli taslamaly halylary we haly portretleri mysal bolup biler. Haly portertleri – haly sungatynyň kämilleşmeginiň subutnamasy bolup, olar köp halatda nakgaşçylyk eserleriniň çitime geçirilen nusgasy hem bolup durýarlar. Haly portretlerinde şekillendirilen keşbiň arkasyndaky reňkli öwüşgin düşegi ýa-da peýzaž suratlary şol keşbiň häsiýetini ýüze çykarýar, onuň ruhy dünýäsine ýakyn bolýar we olar «hakykylyk» çeperçilik ugurda ýerine ýetirilýär. Tertipli düzgüne giren sungatyň täze çözgütleri durmuşyň dürli ugurlary bilen utgaşyp, ösüş ýoluny görkezýär. Döwrüň tehniki täzelikleriniň ösmegine garamazdan, türkmen halkymyzyň hala bolan duýgusy we onuň bilen bagly dünýägaraýşy üýtgewsiz durnuklydyr. Halynyň köpdürli nagyşlaryny özünde jemleýän milli nusgalaryň ösüşi täze tehniki usulyýetde-de amala aşyrylyp, şowly döredijilikli netijeleri gazanmaga mümkinçilik döredýärler. Halylaryň diňe ýüňden we ýüpekden dokalmagy, ýüpleriniň reňklere boýalyşy, çitimleriň çitiliş usulyýeti bilen özüniň asyl däp bolan ýörelgesini saklaýar.

Türkmen haly suratkeşleri haly keşpleriniň täze nagyşlaryny döretmek bilen: «Haly, hakykatdan hem, türkmen halkynyň hiç wagt, hiç kime ýeňdirmän belent göterip gelen baýdagydyr» diýen sözleri şygar edinip, ajaýyp zamanada gadymy nusgalary dikeldýärler we amaly-haşam sungatynyň çeper dokmaçylyk ugrundan «janly nakgaş» görnüşli haly eserlerini döredýärler.

Türkmenistanyň halk suratkeşi **Amanmyrat Ataýew** (1940-2011) halyçylyk sungatynda özüniň juda özboluşly ýoluny tapan haly suratkeşidir. Onuň döredijilik ady döwrebap türkmen haly dokmaçylygynyň usulyny başga eser-

lerde ulanmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Suratkeş türkmen «palas» dokalyş usulyndan ugur alyp, muny döredijilikli giňeldýär. Ol türkmen haly dünýäsine täze «gobelen» eserini salýar. Netijede, döwrebap «gobelenler» döredilip başlanýar. Bu bolsa çeper döredijilige täsir edýär hem-de gadymy sungat täze özgertmeleriň çözgüdi bilen baýlaşýar. Özüniň belli haly taslamalarynda suratkeş daş-töwerekdäki durmuşy özboluşly «dokmaçylyk dilinde» beýan edýär. Onuň haly taslamalarynyň nagyşly şekilleri orta asyrlardaky dünýä belli milli kitap bezegleri bolan miniatýura eserlerini ýada salýar. Muňa onuň «Arkadagym Aşgabat» (1998-nji ýylda Aşgabat şäher häkimligi üçin döredilen) hem-de «Il saglygy – ýurt baýlygy» (2004) atly haly-pannolaryny we birnäçe portretlerini mysal görkezmek bolar.

«Il saglygy – ýurt baýlygy» haly-pannosy «Saglyk» Döwlet Maksatnamasyna bagyşlanýar. Haly giňişliginiň suratlandyrylmagy çeperçilik çözgüdiniň özboluşly täzeligi. Halynyň çeper taslamasy sungatyň iki täze ugruny: öňden gelýän nagyş ulgamyny we ösümlik äheňli täze nusga şekillerini özünde jemleýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabynda görkezilen Watanymyzyň mukaddes topragynda ösýän ösümlikleriň görnüşleri, olaryň adamyň janyna berýän peýdasy baradaky bilimler, maglumatlar bu halyda ussatlyk bilen şekillendiriş sungatynyň serişdeleriniň üsti arkaly halynyň dilinde çeper beýan edilýär. Bu ösümlikler milli äheňli nagyş dilinde sazlaşykly suratlandyrylýar. Halynyň aşaky gyrasynda, ýagny «älemde» nagşa öwrülen Türkmenistanyň çäklerinde ösýän dermanlyk ösümlikleri we olaryň güljagazlary milli haly nagyşlaryna meňzedilip şekillendirilipdir. Täze döredilen şekil-nagyşlaryň özboluşly sazlaşykly şöhlelenmesi «älemde» we «gyra nagşynda» öz hakyky ýerini tapýar. Suratkeş A.Ataýew türkmen lukmançylyk ulgamynyň ýokary hilli ösüşiniň hem-de özgerişleriniň derejesini täze saglyk merkezleriniň bina toplumlarynyň üsti bilen hem görkezýär. Şäher binalarynyň sazlaşykly hatarlary halyda esasy orny eýeleýärler; ak mermer binalaryň şekilleri, olaryň reňkleri, ýaşyl öwsüp otu-



**59-njy surat**. A. Ataýew «Kiçijik atly» (2004)

ran agaçlar, tebigatyň gözel görnüşi, halynyň gyrasyndaky nagyşlar, merkezi giňişligiň şekilleri bilen özboluşly baglanyşýarlar. Halynyň reňkliliginde suratkeş 300-e golaý reňk ulanýar. Şeýlelikde, suratkeş toplan tejribesini, ussatlygyny haly merkeziniň giňişligini janlandyrýan reňkleriň üsti bilen görkezýär. Halynyň ýüzünde Garaşsyzlyk zamanasynda Aşgabat şäheriniň täze owadan binagärlik görküniň özgerişi, türkmen tebigatynyň häsiýetli ösümlikleriniň şekilleriniň dürli hili sazlaşýan reňk ulgamy suratkeşiň döredijilik ussatlygynyň netijesinde öz beýanyny tapýar (*59-njy surat*).

Türkmenistanyň halk suratkeşi **Ada Gutlyýew** gadymy halyçylyk sungatynyň geçmişini çuňňur öwrenmek bilen birlikde, bu sungatyň geçmişiniň belent bolşy ýaly, onuň geljeginiň hem belent bolmagynyň aladasyny edýän sungat ussatlarynyň biridir. Onuň Pazyryk halysyna bolan gyzyklanmasy hem-de söýgüsi örän manyly çeperçilik sungat eserini döretmegine sebäp boldy. Suratkeş gadymy halylaryň esasy yörelgesini dowam etmek bilen täze milli haly eserini döredýär. Türkmeniň gadymy halyçylyk medeniýetiniň nusgasy bolan Pazyryk halysynyň, şeýle hem häzirki türkmen haly nagyşlarynyň ösüşiniň netijesinde bütewi eser döredilýär. Awtor öz öňünde «Pazyryk halysy haýsy halkyň halysy?» diýen soragy goýmaýar. Onuň döreden eseri Sibir kurganyndan tapylan halynyň türkmen halysydygyny subut edýär. Türkmen halysy «Pazyryk» halysynyň manysyny, gurluşyny, şekillerini, reňklerini, usullaryny gönüden-göni gaýtalamaýar. Awtor geçmişdäki halylarymyzyň ol halynyň şöhratly dowamydygyny subut edýär we häzirki zaman türkmen halysy geçmiş däp-dessurynyň dowamydygyny görkezýär.

Türkmenistanyň halk haly suratkeşi Ada Gutlyýew «Ýanardag» (2002) atly halysynda ahalteke bedewini şekillendirýär. Bu haly-pannosynda asyl nusgawy halylaryň «guşly göl» we «byçgy» nagyşlary tötänlikden salynman, olar suratkeşe bedewiň häsiýetini açmaga kömek edýän anyk şekillerdir. Gyzyl we sary reňkiň mylaýym öwüşgininde Ýanardagyň gözel daşky şekiliniň üsti bilen, türkmen topragynyň keşbini, Günüň dogup barýan wagtyny hem-de tebigatyň görki bilen sazlaşýan bedewiň asylly içki ruhuny görmek bolýar. Biri-birine ýakyn reňkleriň öwüşginleri inçelik bilen saýlanyp çitilýär. Olar bu ýerde uly ähmiýete eýedirler. Bedewiň arkasyndaky dogup gelýän Günüň sudurynyň sarymtyl goňur reňkiň öwüşginlerinde inçelik bilen ahalteke bedewiniň hakyky, näzik şekilini janlandyrmakda saldamly orny eýeleýär. Garaşsyz Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynda ýerleşdirilen meşhur ahalteke bedewi Ýanardagyň keşbi ertirki bagtly geljegimiziň nyşanydyr. Ajaýyp sungat eserinde suratkeş Ada Gutlyýew türkmeniň «goşa belentligi» çeper gymmatlyklarynyň keşbi hökmünde jemleýän halyny döretmegi başarýar. Suratkeş halyda dokmaçylygyň däp bolan usullaryny ulanýar hem-de halynyň reňk öwüşginleri-

niň has inçelik bilen sazlaşmagy üçin erşiniň iki taryndа däl-de, birinde çitim çitýär. Bu dokalyş usuly haly suratkeşine öwüşginlikleriň ýerbe-ýer ýerleşmegini, şekili hakyky, janly keşbe öwürmek maksadyna ýetmegi gazandyrýar. Halynyň tematikasy gadymy däpleri özgertmän – dört tarapyny gyra nagyşlar bezän, haşam we hakyky şekiller bilen birlikde haly taslamasyna täzelik öwüşginini çaýýar.

Netijede, tematik taslamanyň gurluşy bellibir taryhy döwri ýüze çykarýar we onuň jemgyýetçilige ýetirýän täsirini beýgeldýär. Ýordum şekilli taslamanyň düşegi (fony) anyk baş pikiri açmaga kömek edýär, sebäbi nagyşlary sazlaşdyrmakda onuň ähmiýeti uludyr. Halynyň nagyşly gyrasy bolsa esasy şekiliň many-mazmunyny ýüze çykarýan häsiýetde bolýar. Nagyşly-şekilli çeperçilik ugruny gadymy Pazyryk halysynda, orta asyrlaryň kitap miniatýura bezegine ýakyn bolan haly taslamasynda we häzirki zaman türkmen şekilli – ýordumly halylarynda görmek bolýar.

Turkmenistanyň halk suratkeşi Ada Gutlyýewiň soňky ýyllarda döreden eserlerinde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk zamanasynyň owazyny duýmak bolýar. Bu ýyllarda suratkeşiň döreden her bir eseriniň içinden türkmeniň taryhyny öwrenmek, asyl köklerimize dolanmak, türkmen ruhuny dikeltmek ýaly ýörelgeler eriş-argaç bolup geçýär. Şekilleriň we nagyşlaryň dürli ugurly taslamalary halynyň ýüzünde bir-biri bilen utgaşyp gözellik berýärler, reňkleriň öwüşginlik gatnaşygyny kesgitleýärler. Ýurdumyzda her ýyl ahalteke atlaryna bagyşlanyp uly dabaraly baýramçylyklar, dürli sungat bäsleşikleri, ylmy maslahatlar we at çapyşyklary geçirilýär. Ahalteke bedewine bagyşlanan sungat bäsleşiklerinde Türkmenistanyň halk suratkeşi Ada Gutlyýew 2011-nji ýyldan bäri birinji orny eýeläp gelýär. Onuň göwrümli haly taslamalary türkmen ahalteke atlaryny suratlandyrýar we öz nepisligi, inçe reňk gatnaşygy, çeperçilik özboluşlylygy bilen jemgyýetiň giň gatlaklarynyň göwnünden turýar. Onuň döreden çeper eserleri bitewi mazmunlylygy hem-de çeperçilik ussatlygy bilen tapawutlanýarlar. Türkmen ahalteke atlaryna bagyşlanan haly-pannolary «Asman atlary» ady bilen tanalýan tapgyrlaýyn eserlerdir: «Bedew menzile garar» (2011), «Bagtyýarlyk eýýamy» (2012), «Geçmişiň sedasy – şu günüň ýaňy» (2013) we başg. Inçelikden uly ussatlyk bilen tapawutlanýan bu atly taslamalar suratkeşiň çeper zehinini açyp görkezýär. Bütinleý «sowuk» ýa-da «ýyly» reňklere ýüz tutýan suratkeş türkmen bedewiniň häsiýetini, onuň içki dünýäsiniň janlylygyny we duýgurlygyny açyp bilýär. Taslamalaryň içki mazmunyny bu tapawutly reňkler janly, hereketli bedewleriň çeýe dünýäsini açýar, suratkeşe hakyky atyň häsiýetini we şekilini döretmäge kömek edýärler. Her bir eseriň ikinji meýli özbaşdak çeper eser bolup bilýär. Halylaryň ikinji meýli asman giňişligi bolup, ol kähalatda bedewiň arkaýyn parahat häsiýetini açýar, käte bolsa, «ro-

170.0 x 240.0 mm

mantik» duýgyny berýär ýa-da taryhyň jümmüşine alyp barýar. At bilen bagly haly tapgyry öz many-mazmunynda çuň filosofiki pikirleri jemleýär. Şu güne çenli ata-babalarymyzyň peşgeş goýup giden däp-dessurlaryny, medeni hem-de tebigy giňişligiň janly dünýäsini goramak, atymyzy seýislemek, halymyzy sünnälemek, ony kämilleşdirip, ýokary derejä ýetirmek üçin atly haly-pannolary giňden wagyz işini geçirip bilerler. Haly eserleriniň çeper ugruny – «janly nakgaşçylyk» diýip kesgitläp bolar. Suratkeşiň döreden täze eserleri Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň iň şowly, başarnykly çeper eserleri türkmen şekilli-ýordumly halylarynyň hataryna girýärler (*60-njy surat*).



**60-njy surat.** A.Gutlyýew «Geçmişiň sedasy – şu günüň owazy» (2013)

Haly suratkeşi **Gurban Tokarow** Aşgabadyň haly önümçiliginde işlemek bilen, döredijilik ýolunda şekilli-ýordum we portret haly görnüşlerinden köp işleri ýerine ýetirdi. Onuň haly portretleriniň arasynda – daşary ýurtly dostlarymyzyň we ýurdumyzyň tanymal adamlarynyň keşp-şekilleri görnükli ýeri eýeleýär. Haly suratkeşi, ussat G.Tokarow tebigaty suratlandyrmakda üstünlik gazanýar. Olar: «Eziz Hazarym», «Arçabil», «Gökdere», «Beýik Hytaý diwary» eserleridir. Türkmen tebigaty suratkeşiň ruhuny joşduryar, içki dünýäsine uly täsir edýär. «Eziz Hazarym» eserinde dürli öwüşginli gözel Hazar deňziniň görnüşi, onuň kenarynda ýatan läheň-läheň daşlar, suwa degip

uçup barýan çarlak guşlar, galyberse-de, ajaýyp daglar, asuda, arassa asman suratlandyrylýar. Bularyň barysy sazlaşyp, ajaýyp gözelligi döredýär. Bu portret tebigaty wasp edýän ajaýyp peýzaž eseridir.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ýene bir haly suratkeşi **Işanberdi Ataýewdir.** Suratkeş öz döwürdeşleriniň keşplerine ýüzlenýär. Olaryň içinde iň şowlulary haly portretleri hem-de haly peýzažlarydyr. Muňa onuň Türkmenistanyň gözel dagly tebigatynyň bir künjegini ussatlyk bilen şekillendiren «Çüli» atly eserini mysal getirmek bolar.



**61-nji surat.** A. Muhammedowa «Marguş» (2012)

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň uçurymy **Altyn Muhammedowanyň** döreden «Marguş» atly eseri halyda ussatlyk bilen ýerine ýetirilen iş. Onda täze döwrüň äheňleri aýdyň görünýär (*61-nji surat*). Garaşsyzlyk döwründe halyçylygyň ösüşiniň göze ilýän aýratynlyklarynyň biri hem ägirt uly halylaryň dokalmagydyr. Muňa Garaşsyzlyk zamanynda döredilen birnäçe äpet halylar mysal bolup biler. Türkmen gelin-gyzlarynyň 1941-1942-nji ýyllar aralygynda birinji dokan äpet halysy hakda agzaman geçmek mümkin däl. Bu äpet hala Garaşsyzlyk ýyllarynda 50 ýyldan soň «Türkmen kalby» diýlip özüne mynasyp at berildi. Birnäçe halyçynyň kalbynyň owazy siňen äpet hala berlen baha gaýratly halyçy gelin-gyzlara berlen uly bahadyr. «Türkmen kalby» halysynyň ölçegi 10,75 *m* x18 *m*, umumy tutýan meýdany 193 inedördül *m*, agramy 650 *kg*, dokalan ýeri Aşgabadyň haly artelidir. Şol döwürde haly suratkeşleri, boýagçylary synag-tejribe işlerini ýerine ýetirip, türkmen gölüniň we nagyşlarynyň ölçegini ulaldyp hem-de kiçeldip boljagyna göz ýetiripdirler.

Suratkeş Ý.Krylow reňk sazlaşygyna uly üns berýär. Ol halynyň düşegine gyzyl, ýaşyl, goýy goňur, goýy gök, mawy reňkleri çitdirýär. Gölüň ölçegi ýarym metre golaýdyr. Halynyň çeper nusgasyny taýýarlamakda haly suratkeşleri halynyň uly gölleriniň arasynda gadymy haly nusgasyndaky «gurbaga göli» çekip, aňsat bolmadyk işi ýerine ýetirýärler. Äpet halynyň ortasynda keseligine 6 göl, dikligine 23 göl salynýar. Halynyň gyrasyna däp bolup galan «gyranagyşlary» çitýärler. Halynyň erşinde berk işlenen nah, tirjin ýüpi, argajynda ýüň we ýüpek ýüpler ulanylýar. Haly häzirki wagtda Türkmenistanyň Milli haly muzeýinde saklanýar.

170.0 x 240.0 mm

Garaşsyz hem Bitarap ýurdumyzyň halyçylary tarapyndan 1996-njy ýylda ägirt uly «Türkmenbaşy» halysy dokaldy. «Türkmenbaşy» atly äpet haly Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň hormatyna dokalan haly bolup, onuň ölçegi 12,90 *m* x 20,60 *m*, umumy tutýan meýdany 266 inedördül *m*, agramy 1000 *kg*-a barabardyr. Halynyň her inedördül metrine 400 müň çitim çitilip, jemi 106 *mln* çitimdir.

1998-nji ýylda «Prezident» we 2001-nji ýylda «Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyry» atly ägirt uly halylar dokaldy. Bu äpet halylaryň gölüne üýtgeşmeler girizilip, oňa «Türkmenbaşy göli» diýlip at berildi. Bu göl «guşly» gölüň daşky çeper şekilini gaýtalaýar, onuň içki giňişliginde «gabsa» göl (ýomut), «çakmak» göl (saryk), «örtmen» göl (çowdur), «pendi» göl (salyr), «towuk» göl (ärsary) we gökleň gölleri ýerleşdirilýär. Haly taslamasynyň çeper ýolbaşçysy Jumadurdy Gubaýewdir. Bu täsin haly özüniň göwrüminiň äpetligi hem-de täsinligi bilen Ginnessiň Bütindünýä rekordlar kitabynyň sanawyna girizildi.

Türkmen medeniýetiniň gadymy nyşanlary bu gün türkmen Tugumyzyň gölleri – olar bäş welaýata degişli bolup çykyş edýärler. Bular Berkarar döwletiň bagtyýarlyk zamanasynyň nyşanydyr. Şeýlelikde, gadymy türkmen medeniýetiniň nyşanlary bäş müň ýyldan soň halkyň gadymylygyny subut edýär we hakyky ýerlerini Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň Baýdagynda eýeleýärler (*62-nji surat*).



**62-nji surat.** Garaşsyzlyk döwründäki äpet halylaryň nagyşly bölekleri (XXI asyr)

Şeýlelikde, türkmen ruhundan dörän ajaýyp, gözel milli haly sungatymyz aňyýetiň ýaşaýyş ukybynyň bardygyny görkezip, özbaşdaklygyň nyşanlaryny we täze nagyşlary, gölleri bir-biri bilen sazlaşdyryp, sungatyň gaýtalanmajak kesbini döreden eserlere eýe boldy. Äpet halylaryň döredilmegi şanly Berkarar döwrüň wasp edilýändigini, halkyň milli däp-dessuryna wepalydygyny we gadymy ýol-ýörelgesini dowam edýändigini görkezýär.

Haly sungatynyň ösüşiniň alamaty – türkmen halysynyň gadymyýetden gaýdýan kökleriniň öwrenilmegi, onuň taryhyna täze nukdaýnazardan seredilmegi, dikeldilmegi, baýlaşdyrylmagy we dünýä medeniýetinde tutýan ornunyň wagyz edilmegi dowam edýär.

## HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN GOBELEN HALYLARY

Türkmen halylaryny dürli ösüş tapgyrlarynda we dürli tehnologiýada dokamak hem-de ulanmak XX asyryň 70-nji ýyllarynda kanuny ýagdaýa öwrüldi. Edil şol döwürlerde-de palas dokamak däbinde täze görnüş döredi – ol suratly palas, haly we gobelendir. Gobelen dokmaçylygy çeper akymy öň-den türkmen haly sungatynda bar bolan ýordum şekilli halylarynyň beýan ediji pikir-garaýyşlaryny (ideýasyny) dowam edýän çeperçlik ugur bolup durýar.

Türkmen ýordumly halylary hem-de gobelen halylary täze döwrüň eseri bolup, olar dokalyş usuly boýunça adaty türkmen «gülpalas» dokma usulyndan ep-esli tapawutlanýarlar. «Gülpalas» türkmen halyçylyk sungatyna mahsus bolan ajaýyp taslama gurluşynda we bezegçilik kanunynyň ýörelgesinde ýerine ýetirilýär. Dürli reňkleriň bezeg ulgamy, sada we takyk ýerine ýetiriliş usullary, anyk wezipeleri türkmen palaslarynyň bitewüleşdirme nusgawy mysalydyr. Häzirki zaman ýordumly gobelenler bolsa dürli jemgyýetçilik jaýlaryny, edaralaryny bezemek üçin niýetlenensoň, olar, köplenç, çeperçilik sergileriniň, gözden geçirilişigiň bezegleri bolup hyzmat edýärler. Şeýlelikde, XX asyryň 80-nji ýyllarynda ýüze çykan we bezegiň gadymy meýillerinden bölünen gobelenler 1980-2012-nji ýyllarda dokmaçylygyň garaşsyz ugruna öwrülýär we özboluşly usullaryň çözgüdine eýe bolýar. Gobelen – dokmaçylygyň bezeliş tertibini özüniň «şertli ösüş häsiýeti» hökmünde saklaýar. Onuň sadaja tertipli gurluşynda döredijilik hyjuwy we reňkleriň köpdürlüligi bar. Gobeleniň taslama gurluşynda çeper akymlaryň baş ugrunyň şekilleri ýönekeýleşdirmek, gelişdirmek bolandygyna göz ýetirmek kyn däl. Ýorduma geçende olar sada gelüwde we gönümellikde döredilýär. Ýordumly halylaryň hem-de gobelenleriň arasynda pikir baglanyşygynyň bardygyny bellemek gerek, ýöne saýlama ýordumly halylarda bar bolan şahsyýetiň keşbiniň, hereketiniň, egin-eşiginiň, tebigatyň görnüşiniň ýerine gobelende şekiliniň şertlilik häsiýeti ulanylýar. Bu olaryň çeper aýratynlygy bolup durýar. Şeýlelikde, gobelen döredijiligi Türk-

menistanyň haly sungatynda yza gaýtma däl-de, ol ýordumly halylarda ýer alan wajyp şekilleri, pikirleri, wakalary öz gerdenine alan dokmaçylyk sungat eseridir. Olar dokmaçylykda täze çeper görnüşli žanry janlandyrmak bilen bir-likde, türkmeniň gobelenleriniň keşbini döredip başlaýarlar.

Gobeleniň häsiýetli alamaty – ýerine ýetirilişiniň sadalygy, taslama görnüşi we reňkli bezegiň toplumynyň özboluşly çözgüt usuly bolýar. Gobelen dokmaçylygynyň bezeliş tertibi özünde şertli şekiliň ösüş gurluşynda döredilen many-mazmunyň tapawutlylygyny we reňkleriň köpdürlüligini esasy sütünler hökmünde saklaýar. Umuman aýdanymyzda, bu ýyllarda edilen işleriň täze, ýeke-täk ýerine ýetiriliş usulynyň hem-de «durmuşa bolan söýgini beýan etmegiň» esasy pikir-manysynda jemlenýändigini bellemek gerekdir. Gobelenleriň taslamalary ajaýyp we joşgunly reňk baýlygyna eýe bolup, öz döwrüniň filosofiki manyly çeper eserleri bolmagyny dowam edýär, emma suratkeşler anyk hem-de takyk halynyň gurluş tertibinden gaça durup, şekiliň sazlaşyk hataryny saklap galdyrmaga çalyşdylar. XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap türkmen suratkeş gobelençileriniň döredijilik «ýüzi» kämilleşip ugraýar. Dogrusy, bu reňk we keşp sazlaşygy uzakdaky çölüň ajaýyp agşamynyň sergin howasynyň owazy kimin eşidilip başlaýar.



**63-nji surat.** A.Ataýew
«Tomus» (1977)

Birinji gobelenler – «Tomus», «Gyzyň portreti», «Deňiz baýlygy», «Garagumuň baýlygy» suratkeş A. Ataeýewiň (1940 - 2011) döredijilik eserleridir (*63-nji surat*).

1989-2016-njy ýyllar aralygynda gobelen dokmaçylygynyň baş maksady – öňden dowam edip gelýän däbi täze döwrebap akyma gönükdirmekden ybarat bolýar. Şol döwürde dörän eserlerde Türkmenistanyň «adaty durmuş» keşbini doly açyp görkezmäge edilen synanyşyklary görmek bolýar. Onda gadymyýetiň özüne çekiji ajaýyp «arhaik» bölekleriniň birnäçesini özüne siňdiren agras türkmen adamlarynyň keşbi janlandy, gadymy türkmen topragynyň dür saçyp duran görnüşi sungat eseriniň derejesine ýetirildi, ussat suratkeşler ýetişdi.

Haly suratkeşi **Wera Gyllyýewa** Garaşsyzlyk döwründe öz gobelen eserlerinde çagalar dünýäsine aralaşmaga synanyşýar. Onuň taslamalarynda oglan-gyzlaryň çaga keşpleriniň arkaýynlygyny ýa-da heýjanly içki dünýäsini janly hakykylygynda bermegi başarýar. Bu eserleri şowly çeperçilik ukyby tapawutlandyrýar. Özboluşly nagyşly çarçuwanyň içindäki çaga keşpleri gözel tebigat bilen utgaşýar we ýakymly täsir galdyrýar. Diýarymyzda halypa haly

suratkeşleri bilen birlikde ýaş zehinli halyçylar hem agzybir, jebis bolup diňe Watana, il-halka bolan söýginiň esasynda many-mazmuna baý döredijilik eserlerini döredýärler. Adamzat durmuşynyň ykbalyna, taryhyna, däp-dessuryna özboluşly tapawutlylyk täsirini ýetirýän amaly-haşam sungatynyň milli dokmaçylyk däpleri – halynyň gurluşy, dokalyş usullary, asyrlardan-asyrlara dowam edip gelen düzgünleri pugta saklanýar. Türkmen halyçylary ýokary ussatlyklary, baý tejribeleri, çeperçilik ukyplary bilen häzirki zaman türkmen halylarynyň täze ugurlaryny döretmegi başarýarlar. Haly nagyşlarynyň üsti bilen türkmen halkynyň agzybirligi, jebisligi barada pikirler öňe sürülýär. Halyçylykda keşpleýin beýan etmek we çeperçilik serişdeleriniň täze görnüşleriniň gözlegleri dowam edýär. Tebigatyň, adam keşpleriniň şekilleri, bezegçilik önümleri görnüşleriniň onlarçasy önümçilige ornaşdyrylýar. Gadymy haly nagyşlary, olary ýerine ýetirmegiň usullary dikeldilýär we kämilleşdirilýär (*64-nji surat*).



**64-nji surat.** W.Gyllyýewa «Ýedigen» (1985)



**65-nji surat.** K.Baýlyýew «Çopan mukamy» (1980)

Bu döredijilik ugurda ýokary basgançaga ýeten, emma biziň aramyzdan örän ir giden zehinli suratkeş **K.Baýlyýewiň** (1949-1996) 1986-1990-njy ýyllar aralygynda döreden «Oýlanma», «Urşa kömek», «Zähmet hakda aýdym», «Baýramçylyk», «Weteranlar» atly eserleri has-da täsirliligi bilen özüne çekijidir (*65-nji surat*).

Bu eserleriň many bütewüligniň hem-de ugurdaş pikire hyzmat etmegiň netijesinde döredilen tapgyrlaýyn işleri bilen birlikde alanymyzda, K.Baýlyýewiň düýpli «epiki» eserlerinde öz halkynyň öňündäki tagzymyny, hiç haçan egsilmez söýgüsini görkezýän watançylyk duýgusyny, onuň ynsanperwerligini görmek bolýar.

Umuman, taryhy temanyň gerimi örän giň. Bu tema suratkeşiň döredijiliginde uly ähmiýete eýedir. Mümkin, bu temany işlemek pikiri suratkeşde tötänden dörän däldir, ol öňden takyklanyp, oýlanylylyp, soňra gobelene siňdirilendir, sebäbi geçen asyryň 90-njy ýyllarynda K.Baýlyýewiň döreden «Ýeri göteren sary öküz» atly gobeleninde onuň türkmen taryhyny çuň öwrenyändigini görmek bolýar. Bu eserler suratkeşiň döredijilik hyjuwyny we çeperçilik ukybyny dolulygyna şöhlelendirýär hem-de türkmen halkynyň tutuş bir nesliniň durmuşynyň taryhyny bir mazmuna sygdyrýar.

K.Baýlyýewiň «Oýlanma» (1990) diýen eseri türkmen zenanlaryna bagyşlanypdyr. Ol bu işde türkmen zenanynyň ýagty, bagtly geljege bolan ynamynyň şekilini gyzyl reňkiň üsti bilen görkezýär. Gobeleniň taslamasy keşp we reňk nyşanlary arkaly çözülýär.

Onuň «Urşa kömek» we «Zähmet hakda aýdym» (1985) atly işlerinde halkyň 1941-1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşy döwründäki hal-ýagdaýy, aladaly, gaýgyly durmuşy suratlandyrylyp, Watanyň azatlygy ugrundaky ruhubelentlik duýgulary bilen birleşen duýgular açylyp beýan edilýär. Eseriň çeper keşpleriniň meňzeşlikleri gobelenleriň gurluşynda anyk durmuşyň şekili nyşanalyk görnüşde çözülýar: eserleriň taslama meýdanyndaky keşpleriniň duýgulary bitewi hasiýetde jemlenýär we sudurlar reňkleriň ajaýyp sazlaşygy bilen doldurylýar. Eserleriň ikisinde hem adamlaryň ýaşap geçen ýyllary we türkmen halkynyň ýaşan ömri umumylaşdyrylan keşbiň üsti bilen görkezilmäge aýgytly synanyşyk edilýär. Giň düşünjeler, hyýaly dünýägaraýyşlar suratkeşiň çeper gözleglerine şowlulyk, üstünlik getirýär.

Awtoryň «Baýramçylyk» atly eseri birnäçe bölekden düzülip, onda gyzyl-gülgüne reňkleriň sazlaşygy baýramçylyk gününiň howasyny, şatlygyny özüne siňdirýär. K.Baýlyýew «Weteranlar» gobeleninde halkyň keşp galereýasyny döredýär. Olarda şol bir wagtda belli şahsyýetleriň portretlerini görmek mümkin däl, umumylaşdyrylan adam keşplerinde täsirli reňkleriň üsti bilen bitewi türkmen halkynyň portretiniň ussatlyk bilen döredilendigini gör-

mek bolýar. Bu eserde K.Baýlyýewiň umumy adamzadyň we taryhyň gymmatlyklaryna düşünişi, dörän ýagdaýyň häsiýetine girişi, garaşsyz pikirlerini aýdyňlaşdyryp bilmek ukyby has aýdyň görünýär. K.Baýlyýewiň işlerinde ownuklyk ýok, ony bolup geçýän ýagdaýyň, hadysanyň özeni gyzyklandyrýar we suratkeş ony görkezip bilmegi başarýar. Suratkeş ýüpleriň ýumşaklygyny, çeýeligini we reňkiniň owadanlygyny örän inçeden yzarlaýar. Onuň işlerinde giňişligiň hereketi we owadanlygy, bezegiň aýdyň başlangyjy örän güýçli duýulýar.

XX asyryň ahyrynda suratkeş **Annaguly Hojagulyýewiň** esasy döredijilik ugry gobelen dokamak bolup durýar. A.Hojagulyýewiň gobelen dokamak usuly tapawutlanmaýar. Umuman, nepis dokamak ähli suratkeşleriň eseriniň esasy maksady bolup durýar. A.Hojagulyýewiň «Gündogar» (1986) atly eseri orta asyrlar döwrüne degişli binagärlik peýzažydyr. Gümmeziň tegelekleri, minaranyň çür başy gupbaly tahýany ýada salýar. Olaryň asman reňki bolsa säheriň salkyn howasyna keýpiköklük äheňini çaýýar. Suratkeş eseriň gurluşyny tekizlikde çözmän, şekiliň göwrümini has anyk kesgitläp görkezmäge çalyşýar. Reňkleriň biri-birine ýumşaklyk bilen utgaşmagy peýzažyň çuňlugyny, Gadymy Gündogar şäheriniň howasyny duýmaga kömek edýär. Bu ýerde esasy orun reňkleriň kölegesinde we howa perspektiwasynda çuňluk ýagdaýy berip bilmegindedir. Awtor bu meseläni şowly çözýär. Bu üstünlikli täzelik awtoryň edil şol döwürde hünär ussatlygynyň ösüş alamaty bolup durýar. «Wagt» (bu eseriň başga ady «Döwür», 1994) taslamasy «Gündogar» temaly gobeleniň dowamy bolup görünýär. Suratkeşe «ylham çeşmesi» bolup durýan çuň gök asman we mawy reňkler günüň howasyndan alnan täsiriň esasynda çözgüdini tapýar. Eseriň bezeg-haşam tertibi «simwolik» häsiýete eýe bolup, onuň taslama düzümi kölegeli reňkleriň mysalynda ýerine ýetirilipdir. Awtor bu işde örän giň «wagt» düşünjesiniň hereketini, onuň giňişligini duýmaga adamzat dünýäsiniň ölçegliligini görkezmäge çalyşýar. Bu iki iş simwolik häsiýetli. Olaryň taslamalary «assosiatiw» pikir ediş usulyna esaslanýar. Çuň filosofiki düşünjeler, hyýaly pikirlenme suratkeşiň çeper döredijiligine şowlulyk, üstünlik getirýär we bu iki eser häzirki döwürde-de türkmen gobeleniniň öňdebaryjy häsiýetli eserleriniň hatarynda ornuny tapdy. Türkmenistanyň halk suratkeşi A.Hojagulyýewiň giň we çuň dünýägaraýşy bolup, ony türkmen halkynyň gelip çykyşy, halk döredijiligigi, adaty, däp-dessury gyzyklandyrýar. Bu gözlegler onuň «Toý ýörişi» (1986), «Ýigit we gelin» (1987) atly eserlerinde özüniň aýdyň şöhlelenmesini tapypdyr. «Toý ýörişi» taslamasy «oý ýüpündäki» ýordum şekilini gaýtalaýar, ýöne bu ýerde diňe bir gaýtalanma däl-de, eýsem gadymy taslamanyň täzeçe çözgüdinde täze manyly görnüşi berýär. Munda suratkeş özüni türkmen toýunyň ýörişine, toý dabarasyna tomaşa edýän ýaly

bolup görkezýär. Onda täze döwrüň adamlary geçen zamanada ýaşan ildeşlerimize seredýän ýaly duýgy döredilýär. Munda awtor kejebeli kerwen bezegine uly üns berýär. Gadymy saýlama halk döredijiligindäki eserde täze duýgularyň utgaşyklygyny, sazlaşygyny awtor öz işine siňdirip bilipdir. «Ýigit we gelin» eseri bezeg tertibiniň ýeňilligi we sadalygy bilen ynsany iň belent duýgulara göterýär. Onuň bezeginiň ýagty, röwşen keşpleri bilen nagyşlaryň sazlaşygy taslama liriki äheňi berýär. Bu işlerde suratkeş özüniň türkmen halk döredijiligi, çeper akyl ýetiriliş düşünjesini taslamanyň giňişligine geçirmegiň hötdesinden gelipdir.

«Durmuş bagy – meniň ülkäm» (1987) (*66-njy surat*) we «Baýramçylygyň öňünden» (1987) eserleriniň ikisi hem suratkeşiň bir ýylda döreden eserleri. A.Hojagulyýew gobelenlerinde türkmen halk döredijiliginiň janly hakykylygyny, ýaşaýyş hyjuwyny, janlylygyny, onuň adatyny, däp-dessuryny, türkmen halkynyň we türkmen tebigatynyň häsiýetli aýratynlyklaryny, olaryň berk özboluşly baglylygyny ajaýyp keşplerde janlandyryp bilipdir. Eserde reňkleriň gatlaklaryň açyk hem ýapyk häsiýetlerine ýykgyn etmän, hakyky peýzažy döretmäge, ony janly duýgy bilen doldurmaga kömek berýändigini suratkeş görkezýär. Dag ulgamlarynyň gaýtalanmasynda, jülgeleriň we sähralaryň hatarynyň gatnaşygy, bularyň ählisiniň özboluşly bitewüligi, ümmülmez asman giňişligi bilen birleşýär. Türkmen tebigatynyň ajaýyp keşbi geljekki ýyllaryň döredijilik eserlerinde dowamyny tapyp, olara ömür berip, gözel gobelenleriň çeperçilik gymmatyny artdyrýar. Eseriň taslamasy ýokary derejede reňkleriň kölegeleriniň ýiti garşylyklarynyň esasynda ussatlyk bilen sazlaşdyrylan.



**66-njy surat.** A.Hojagulyýew «Durmuş bagy – meniň ülkäm» (1987)

Umuman, Türkmenistanyň halk suratkeşi A.Hojagulyýew dürli temalarda işleýän suratçy. Onuň gobelenleriniň esasy temalary – milli halk döredijiligi,

etnografik sahnalar. Temalaryň döredijilik maksady duýgy çeşmelerinden ylhamlanýan bitewülikdir. Onuň bu döwürde döreden eserleri özüniň mazmuny boýunça nusgalyk dabaraly bitewülik we reňk sazlaşygydyr.

Şeýlelikde, 1989-2012-nji ýyllar aralygynda döredilen gobelenler özleriniň manysy boýunça duýguly we ussatlyk bilen ýerine ýetirilen eserler. Bu döwürde döredilen işlere dürli anyk assosiatiw diliniň gelip çykyşy mahsusdyr. Türkmen tematiki ýordumly halylar ruhubelentlik we inçelik bilen ýerine ýetirilen pannolardyr. Olar palas, gobelen döretmegiň gaýtalanmaýan çeperçilik diline düşünmäge kömek edýärler. Suratkeşler doly, açyk, keýpikök, şatlyk owazly taslamalary döredýärler. Eserlere örän baý reňkleriň bir-biri bilen utgaşyp, bezegli hatarlarda şatlyk keýpiniň güýçlenýändigi ýa-da olaryň ýuwaşdan gürläp başlaýandygy häsiýetlidir.

Häzirki zaman amaly-haşam sungatynda «batik» usuly, ýagny matanyň ýüzüni surat bilen bezemek Türkmenistana XX asyryň 70-nji ýyllarynda ýaýrap başlaýar. «Batigiň» örän çylşyrymly görnüşleri bolýar. Matanyň ýüzüne nagyş, surat çekmekde çotga ulanylýar. Matanyň ýüzünde «batik» döretmekde «gyzgyn», «sowuk» we «garyşyk» görnüşler ulanylýar; ondan başga-da, anilin, tebigy, himiki, turşy reňklemek usullary peýdalanylýar. Eser döretmek üçin serişdeleriň dürli görnüşini ulanyp bolýar. Olar: ýüpek, nah, sintetik matalar, ştapel, emeli ýüpek, garyşyk usulynda dokalan «asetat» ýüpekleri. «Batikde» ulanylýan reňkleriň akmazlygy üçin suratlaryň sudurlary garalanyp goýulýar we şekiller reňkler bilen doldurylyp matanyň ýüzi surat bilen bezelýär. «Düwünli batik» usulynda surat çekiljek ýer düwlüp, mata boýalandan soň, düwün çözülip guradylýar. Ondan soň zerurlyk ýüze çyksa, gury çotganyň kömegi erkin temadaky sudurlar bilen doldurylýar.

Bu žanrda eserleri döretmek XX asyryň 70-nji ýyllarynda türkmen suratkeşi Roza Kinýakinanyň ady bilen bagly bolup başlaýar. Suratkeşiň gelin-gyzlar üçin ýüpek ýaglyklary «Ak pagta» taslamasy we beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň şanly 250 ýyllygyna bagyşlanan tematiki kompozisiýasy bilen bezelendir.

R.Kinýakinanyň Garaşsyzlyk döwrüniň 1996-1998-nji ýyllarynda döreden «Owaz», «Gyz bahary», «Tomus», «Güýz» taslamalaryny belläp geçmek bolar. Ýylyň pasyllaryna bagyşlanan bu eserlerde ýaz, tomus, güýz liriki peýzažlary şekillendirilen. Bu bäş sany tapgyrlaýyn taslama eserde türkmen ajaýyp tebigatynyň pursatlaryna, olaryň liriki duýgusynyň şöhlesine garaşylmadyk nakgaş täsirini özüne siňdiren söýgini we şatlygy görmek bolýar (*67-nji surat*).

Garaşsyzlyk ýyllarynda hormatly Prezidentimiziň döreden mümkinçiliklerinden peýdalanylyp, irginsiz gözlegler netijesinde döredilýän ähli eserlerde

170.0 x 240.0 mm



**67-nji surat.** R.Kinýakina
«Ýaglyk. Pagta» (1977)

milli özboluşlylygy duýmak bolýar. Döwrebap tematikasy suratkeşleriň arassa milli äheňi bilen güýçlenýär. Bu bolsa çeperçilik pikirleriň hemişe çözgüdini tapýandygyny görkezýär. Haçan-da döredijilik pikirleri halk çeşmesini tapsa, köplenç, onuň ýerleşen akabasyny gorap biljek işler baý çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen öz çözgüdini tapandygyny görkezýärler. Garaşsyzlyk döwründe gobelen sungatynda, esasan, taslamalaryň nakgaş görnüşi milli, halk döredijiliginiň alamatlary bilen doldurylyp, özbaşdak eseri emele getirip, çeperçilik ýörelgäni döredýärler we giňeldýärler. Döwrebap halylar we gobelenler çeperçilik gelşiginiň kämilligini doly şöhlelendirýän eserleriň hataryna degişlidirler.

# II BÖLÜM
# TÜRKMEN EGIN-EŞIGI WE BEJERGISI

## 2.1. Türkmen milli matalary

XIX asyryň ahyryna çenli türkmenler egin-eşik üçin tarada dokalan matalary ulanypdyrlar. Türkmen matalary halk döredijiliginiň uly bölegidir. Geçmişde türkmen mata dokmaçylygyna dünýä taryhynda we edebiýatynda ýokary baha berlipdir. Mata dokmaçylygy barada belli syýahatçylar we taryhçylar öz gymmatly maglumat ýazgylaryny galdyrypdyrlar.

### TARA DOKMAÇYLYGY. TÜRKMEN MATALARY

Türkmenistanyň çäklerinden müňýyllyklaryň dowamynda Aziýa bilen Ýewropany birleşdiren Beýik Ýüpek ýolunyň geçendigi, munuň bolsa halklaryň durmuşyndaky maddy we ruhy medeniýete, olaryň biri-birlerine ýakynlaşmagyna täsir edendigi mälimdir. Söwda kerwenler üsti bilen Türkmenistanyň çäklerinde Merw, Köneürgenç, Dehistan ýaly uly şäherleriň bazarlaryna Hytaýdan Mesopotamiýa, Kawkaz ýurtlaryna dürli harytlar bilen birlikde nah we ýüpek matalarynyň hem-de çig ýüpegiň getirilendigi barada orta asyr ýazuw çeşmelerinde teswirlenýär. Ýüpekçilik pudagynda türkmen senetçileri uly üstünlikler gazanypdyrlar. Bu barada rus gündogarşynasy alym L.Gumulýow «Hunlar» we «Gadymy türkler» atly kitaplarynda giňişleýin maglumat berýär. Bu döwürde ýüpek matalary türkmen erkek, zenan lybasynyň esasy matasy bolupdyr. Taryhy çeşmelerde gadymy türkmen ýüpek harytlary Nusaýda, Änewde, Abiwerdde, Merwde, Köneürgençde, Sarahsda we Amul şäherlerinde öndürilen ýüpek mata dokmaçylygynyň giňden ýaýrandygy barada bellenilýär. Tarada dokalýan keteni matalarynyň erşi-argajy gyzyl reňkli ýüpek sapaklardan bolup, ol mata gelin-gyzlary, çaga we erkek adamlary asyrlar boýy bezäp gelipdir. Keteni mata başga halklaryň matalaryna meňzemeýär. Beýleki halklarda mata diýen many «gada» sözi «zygyr» ösümliginiň ady bilen bagly bolýar. Taryhy maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, duş gelýän «ketonit» sözi ilki bilen gadymy şumerlerde ulanylypdyr. Olarda bu söz şumer dilinde «kitu» «kitinun» görnüşine eýe bolupdyr. Şol «kuttonet» sözi ähli semit dillerine geçirilip, araplarda «kattan», grek dilinde «kiton» we latyn dilinde «tunika» görnüşinde ulanylyp, ol eşigiň bellibir görnüşiniň ady bolan. Pars dilinde «keten», «ketten» mata diýen manyny aňladýar. Keteniniň iki gyrasyna sary zolak, ýagny gyrasary zolak geçirilýar (*68-nji surat*).

6. Sargyt № 1774





**68-nji surat.** Türkmen milli keteni matalary

Mälim bolşy ýaly, keteni matalaryny öndürijiler hökmünde Orta Aziýanyň halklarynyň arasynda türkmenleriň gazanan şöhratly abraýy baradaky maglumatlary biz diňe ýazuw çeşmeleriniň üsti bilen anyklap bilýäris. Mata dokmaçylygynyň önümleriniň içinde iň meşhurlary Merw matalary bolupdyr. Arap taryhçysy Es-Saalibiniň ýazmagyna görä, Merw şäheriniň «aş-şahyjan» adyny götermeginiň sebäbi Merwden Horasanyň beýleki etraplaryna getirilen ýüpek matalara «şahyjan» (sahyjan) adynyň berilmegidir. Sary ýüpek matalar üçin häzirki günlerimizde hem ulanylýan «şahy» ady «şahyjan» matasynyň bize gelip ýeten ýaňydyr. Irki orta asyrlarda şäherlerde ýüpegiň we pamygyň garyşygyndaky sary reňkli «mülkäme» atly matanyň dokalandygy çeşmelerde ýazylypdyr. Türkmen matalaryna ýokary at getiren «merw matalary» belli ýüpek we nah matalarydyr.

Keteniden tahýa, köýnek, kürte, çyrpy we başga-da birnäçe türkmen milli egin-eşikleri taýýarlanylýar. Keteni matasynyň gyrasyndaky sary reňkiň ýany bilen ak, gara sapak dokalýar. Şol sebäpli «Keteni geýen adama göz degmeýär» diýen yrym bar. Keteni matalaryny, köplenç, gyrmyzy, gülgüne reňklerde dokamak ýörgünli bolup, kähalatlarda Ahal sebitlerinde olar ýaşyl we gök reňklerde hem dokalypdyr. Türkmen zenany şeýle matadan nepis bejergi bilen bezäp, tikinen lybaslaryny ähli wagtda geýipdir.

**Çepbetöw** – sary, gyzyl, gara reňkli sapaklar gezekleşdirilip ýüwürdilýär. Argajy sary ýüpdür. Çepbetöw matadan gelin-gyzlara çabyt tikilýär.

**Göwderi**. Erşi gyzyl ýüpekden, argajy gök ýa-da gara reňkli nah sapakdan ýüwürdilip dokalýar.

**Daraýy** – ýüpekden dokalýar. Erşi gyzyl ýüpekden, argajy ýaşyl reňkli nah sapakdan dokalyp, gyrasy sarysyz ýuka matadyr.

**Galbiri** – gyrasy sary reňkli, onuň ýüzi gyzyl we gara öýjük bolup durýar. Bu mata sap ýüpekden ýa-da nahdan edilýär. Türkmen mata dokmaçylygynda,

köplenç, ýüpek bilen nahy garyşdyryp dokapdyrlar. Ýüň bilen nahy hiç haçan garmandyrlar.

**Kese atym** – aýallaryň köýnekleri. Ol nah gatyşykly ýa-da sap ýüpekden dokalypdyr. Erşi gyzyl, argajy gara, gyzyl bolupdyr.

**Gyrmyzy donluk** – erkek adamlaryň donuny tikmek üçin niýetlenen mata. Onuň erşi gyzyl, argajy bolsa sary, gara, ak çyzykly edilýär. Ol diňe gyzyl ýüpekden argaç atylyp dokalýar. Bu mata sap ýüpekden dokalýar. Gyrmyzy donluk mata erkek adamlar üçin niýetlenilen. Gyrmyzy donuň boýy dyzdan aşak biçilýär. Ol sypaýy milli toý lybasydyr. Ony ýaş ýigitler we orta ýaşly adamlar geýýärler. Bu lybas türkmen adamlarynyň keşbini has-da salyhatly görkezýär.



**69-njy surat.** Tara dokmaçylygy

**Sowsany**. Bu matanyň erşi gyzyl, argajy gara bolupdyr. Sowsany ýüpekden hem-de nahdan dokalýar. Bu matany başaşak tutsaň gyzyl-gara öwüsýär, sebäbi argajy gyzyl we gara sapak bilen gezekleşdirilip dokalýar. Bu mata diňe aýal-gyzlar üçin niýetlendir.

**Maldaýy** matasy çabyt, çaga kürtekçesini tikmek üçin ulanylýan ýüpek matadyr. Ol dört gara, ýigrimi gyzyl, iki ak, ýigrimi gyzyl erişleriň gaýtalanyp gelmegi bilen ýüwürdilýär.

Nah ýüplerden dokalýan beýleki matalar – alaja, mütgel, dümmäki matalary. Şu matalardan tomus möwsüminde erkekleriň içki we çagalaryň köýnekleri tikilipdir. Agary mata düýe ýüňünden, tarada agaç gylyjyň kömegi bilen dokalypdyr. Bu mata gaty syk dokalansoň, ol tozan we ýagyş geçirmeýär. Mundan erkek adamlaryň bahalary örän gymmat bolan agary donlary tikilipdir.

## MATA DOKMAÇYLYGYNYŇ TEHNIKASY

Mata dokmaçylygy pudagy öz içinde iki topara bölünýär: «şäher» we «halk» dokmaçylygy. Aýal-gyzlar üçin gök, gyzyl reňkli gyrasy gyra-saryly alaçalar, erkek adamlar üçin bolsa gyrasy sarysyz, bir reňkli nah sapaklardan alaçalar dokalypdyr. Türkmen matalarynyň erşi birnäçe reňkli ýaşyl, gök, gyzyl, sary-gara, ak ýüpek we nah sapaklardan ýüwürdilip, çylşyrymly usulda ýerine ýetirilýär. Matalar tara iş guralynda dokalyp, bu el hünäriniň dokalyş usuly nesilden-nesle miras bolup geçipdir. Türkmen mata dokmaçylygynda esasy guraly

170.0 x 240.0 mm

tara we onuň enjam bölekleri: tara daragy, mäki, naýça bolupdyr. Şularyň kömegi bilen ýüpek, nah matalar dokalýar. Tara enjamlary dagdan, erik agaçlaryndan ýasalýar. Matalar kakylyp dokalýar (*69-njy surat*). Türkmen milli matalarynyň ini 33-34 *sm*-den uly bolmaýar. Aýal-gyzlar üçin gök, gyzyl, gyrasy sary reňkli matalar dokalan bolsa, erkek adamlar üçin gyrasy sarysyz dokalypdyr. Bir reňkli sapaklardan hem donlaryň we başatgyçlaryň matalary dokalypdyr. Türkmen mata dokmaçylygynda matalar ýüpekden, pagtadan, kenepden we ýüňden dokalypdyr. Ýüň sapaklardan dokalýan matalar tara iş guralynda dokalyp, onda tara daragyna «gylyç» diýlip atlandyrylýan enjam ulanylypdyr. Maldarçylygyň ösen ýerleri bolan Balkan sebitlerinde, Müňgyşlakda, Pendide, Tejende ýüň matany öndürmek giňden alnyp barlypdyr. Dürli tohumly goýunlaryň, arwana düýeleriň ýüňünden agary, göwderi, saçaklyk, torbalyk matalar, şeýle-de galbiri matasyny dokapdyrlar. XIX asyryň ahyrlarynda türkmenleriň arasynda düýe ýüňünden dokalýan «agary» çäkmenlik matalar 25-30 keçäniň bahasyna barabar bolupdyr, sebäbi ol matalary dokamak örän köp zähmeti talap edipdir.

Tarada mata ýüwürtmezden öň onuň sapagyny taýýarlamaly. Mata dokaljak sapagy boýamak üçin, ilki bilen, 20 dükjäni hatar goýup pagsanyň daşyndan aýlamaly. Pagsanyň ýüzüne aýlanan ýüpi eliňe dolap kelep etmeli. Ony gazana salyp suwda ýagşy mynçgalamaly, soň ep-esli ezip, suwa batyryp, aýry gazanyň içine suw guýup aşagynda ot ýakmaly. Suw mylaýym bolanda reňkler aýry-aýry gazana atylýar. Ýüpek göwnejaý boýalansoň, ony bir günläp agzy ýapyk gazanda reňkli suwa ýatyryp goýmaly. Bir gün goýlandan soň, ýüpleri dört sany dikilip goýlan ýylmanak agajyň (sütüniň) daşyna aýlap germeli we ýüpek doly guransoň ýumak edip sarap almaly. Ak sapak boýalmaýar, ol şol durşuna ulanylýar.

Darak agajy kakmak üçin ulanylýar. Ol dokalýan matanyň berkligini, syklygyny üpjün edýär. Matanyň hili daragyň kakylyşyna baglydyr. Tara daragy dessik edilýär, dürs kakmak üçin ony iki tarapyndan tutup ulanýarlar.

Dessik erik, kerkaw ýaly berk agaçlardan edilýär. Tarada mata ýüwürdilende, ilki bilen, bat salynýan ýüpegi ýeke-ýekeden biri-biriniň içinden geçirip atanak görnüşinde güleden ötürmeli. Soňra eriş sapagyny ýeke-ýekeden iňňä sapar ýaly edip, taranyň daragyndan ötürmeli. Ondan soň eriş sapagyny taranyň nöwert guralyna daňmaly, şondan soň mata dokamaga başlamak bolýar.

Matanyň argajyny geçirmek üçin bolsa tara gurallarynyň biri bolan mäkiniň içine sapakly naýçany salmaly. Naýçany mäkä salmazdan öň onuň sapagyny ýokarda belläp geçişimiz ýaly edip boýamaly. Boýalan sapagy guradyp naýçalara saramaly. Sapak naýça iki sany saraýjy guralyň kömegi bilen saralýar. Olar çarh we kiçi çarhçadan ybaratdyr. Çarha ýüp goýberilýär we ol sapagy aýlaýar. Naýça saralanda çarhçada naýça oturdylýar we şonuň daşyna ýüp saralýar.

Dokalýan ýüpek mata ýumşak, mymyk bolýar. Ony gaty görnüşine getirmek üçin dokma önümçiliginde bugdaý unundan taýýarlanylýan pet hem möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Bugdaý uny goşulan suwy gaýnama derejesine çenli gyzdyryp, içine matany salypdyrlar, soňra ol çykarylyp guradylandan soň gyralaryny deňläpdirler.

## 2.2. Türkmen egin-eşikleriniň çeper aýratynlyklary

Geçmişde türkmen halkynyň döreden çeperçilik häsiýetli egin-eşikleri özge halklaryňka meňzemeýän, gaýtalanmajak derejede kämil milli lybaslardyr. Egin-eşikler her bir halkyň medeniýetiniň umumy sypatyny şöhlelendirýär. Onuň kömegi bilen edep-ekram, gözellik garaýyşlaryny hem kesgitläp bilýäris. Lybaslar gurluşy, reňki, göwrümi bilen ony geýýän adamyň mertebe derejesini hem görkezýär, çünki ýaşaýyş-durmuş aýratynlyklaryna görä, egin-eşigiň taryhyň dowamynda ösüş ýoluny geçendigini mälim edýär. Olar jemgyýetiň sütüni bolup durýarlar. XIX asyryň ahyrlaryndan XX asyryň başlaryna çenli türkmen zenan egin-eşikleriniň umumy millilik kanunlarynda meňzeşlikler bolsa-da, öz oturymly we uýgunlaşan tebigy ýerlerine laýyklykda, bejerme usullaryna, ynanç-dessurlaryna görä biri-birlerinden tapawutlanypdyrlar. Egin-eşiklere ýerli howa şertleri, durmuşy edim-gylymlar, zähmet ýagdaýy, taryhy aragatnaşyklar, gözellik garaýyşlary we ynançlar täsir edipdir. Şowly tapylan biçimi we bezegleri, milliligi asyrlaryň dowamynda şol durşuna üýtgemän galypdyr. Berk däbe öwrülen milli matalary dokamak, soňra tikmek, bejermek ajaýyp nepis el hünäri hökmünde nesilden-nesle geçýän esasy döredijilik ýorelge bolup galýar. Türkmen milli egin-eşikleriniň aýrylmaz bölegi hem olaryň şaý-sepler bilen bezelmegidir. Şonuň üçin olar barada durup geçmek zerur.

Türkmenlerde milli egin-eşikler niýetlenilenleriň esasan, ýaş aýratynlyklaryna görä tapawutlanypdyr. Olar hem lybaslara salynýan nagyşlaryň häsiýetine we reňklerine görä biri-birinden tapawutlanypdyrlar. Milli keteni köýneksiz, gyzyl kürtesiz, al-ýaşyl çyrpysyz, gyrmyzy donsuz, silkme telpeksiz, asyl türkmenleriň sypatyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Geýim adamy bezeýär, özüne gelişýän eşikleri geýen adam göze has-da mährem görünýär.

Türkmen milli matalarynyň esasy çeper ajaýyplylygy olaryň reňkleriniň öwüşginliligindedir. Türkmen milli egin-eşikleri biziň milletimiziň diňe bir daşky görnüşi bolman, eýsem ol tebigat bilen hem baglydyr. Türkmen jemgyýetinde aýratyn owadan hasaplanýan ýaşyl reňki tebigatyň ýaşyl öwsüp oturmagy, sähralaryň gök dona bürenmegi, adamyň ruhuna oňaýly täsir edýändigi bilen baglanyşdyrylýar. Türkmen gelin-gyzlary ýazyň ýiti açyk ýaşyl, gyzyl, al, melewşe, gök reňklerinden bolan eşikleri geýýärler.

Türkmenleriň egin-eşikleri geýlişine görä, egne atylýan ýa-da ýakasyndan geýilýän, ýagny açyk ýa-da ýapyk bolmagyna garamazdan, gadymy rimlileriň geýen tunikasynyň biçüwindäki eşiklerdir. Bitewi matanyň eginden iki tarapyna goýberilip, ýanly biçüwde, esasan, aşyry, ýeň, ýan bolup, boýnuň daşynyň ölçegine görä ýaka açylýar. Şonuň üçin onuň esasy bölegine, ýagny öňüne we yzyna «aşyry» diýilýär. Goltuklara goşmaça üçburç şekilinde «begeýik» goýulýar. Begeýigiň aşagyndan tä köýnegiň etegine çenli «ýan» urulýar. «Begeýik» göwre hereket edende tikinleriň sökülmezliginiň öňüni alýar, umuman, rahatlyk berýär. Tikin «basdyrma», «ýörmeme», «depjeme» usullarynda tikilipdir.

XIX asyryň ahyrlaryndan XX asyryň başlaryna çenli türkmen halkynyň egin-eşiklerinde umumy milli däpleriň asyl nusgasynyň berkligini saklap gelen döwri hasaplanýar. Şol döwre degişli zenan egin-eşikleri özüniň umumy sypaty, millilik häsiýetleri boýunça birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda özboluşly amallary çeperçilik taýdan has-da baýlaşyp, goňşy halklaryňkydan düýpgöter tapawutlanypdyr. Esasy aýratynlyklaryň biri hem onuň çeperçilik bezegidir. Ol öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Şol döwürde türkmen halkynyň zenan lybaslary halk sungatynyň önümi hökmünde dörän, mata dokmaçylygy, reňk aýratynlygy, haşam-bezeg işleriniň dürli ýerine ýetiriliş usullary we lybaslaryň ýaş aýratynlygyna, däp-dessuryna laýyk geýilmegi bilen tapawutlanypdyr (*70-71-nji suratlar*).



**70-nji surat.** Türkmen gyzynyň milli lybasy



**71-nji surat.** Erkek adamyň milli lybasy

170.0 x 240.0 mm

Ahal welaýatynda ýüpekden gyzyl, gyrmyzy, gök, ýaşyl, mawy reňkli gije-gündiz ketenileri dokalypdyr. Olardan aýal-gyzlar üçin köýnek, erkek adamlar üçin köýnek we balak ýaly geýimler tikilipdir. Ýüzi zolakly ýüpek matalar gyrmyzy donluk, maldaýy, çepbetöw, garma donluk gelin-gyzlaryň çabytlaryny, donlaryny, erkek adamlaryň gyrmyzy donlaryny, çaga kürtekçelerini, garma donlary tikmek üçin ulanylypdyr. Düýe ýüňünden we çal goýnuň ýüňünden dokalan matalar erkek adamlar üçin çäkmen, çal çäkmen, agarçäkmen tikmek üçin ulanylypdyr. Türkmen ýigitleriniň geýýän toý geýimleri hem gyzyl reňkli bolupdyr.

Rus fabriklerinden satyn alnan setin, kolenkor ýaly nah matalar we eýran çitleri, begres we ýüpek matalar hem egin-eşik tikmek üçin ulanylypdyr.

Durmuşa çykmadyk gyzlar gyrasaryly keteni matany ulanypdyrlar. Keteni köýnekler, esasan, gyzyl reňkiň dürli görnüşinden (mämişi, gyrmyzy, gülgüne) tikilipdir. Köýnek ýanly biçüwde tikilip, ol aşyrydan, ýandan, begeýikden we ýeňden ybarat bolupdyr. Köýnegiň iç ýüzüne nah matadan ýagyrniçlik edilipdir. Köýnegiň ýakasy öňünden açylyp, onuň gyrasy ýaşyl ýüpek bilen jäheklenipdir we töweregi el bejergi bilen ýa-da tikin maşynynda nagyşlanypdyr. Ýakanyň öňünde jähegiň üstünden kelle sygar ýaly ýer goýlupdyr we ýakany birleşdirýän pugtama usulyndaky nagyş bilen bejerilipdir. Ýüpekden işilip örülen dürli reňkli (gara bilen gyzyl) «aldymgaç» jäheklerini aýal we erkek adamlaryň eşiginiň gyralaryna tutupdyrlar.

Köýnegiň ýakasyna «sekizkeşde», «çaňňa», «atanak», «çakmak», «akgaýma», «süňşük», dürli görnüşdäki «goçaklar» («kürtegoçak», «darakgoçak», «talgoçak», «golçurlygoçak») nagyşlary salnypdyr. Toýlarda, dabaraly günlerde gyzlar köýneginiň öňüne apbasy, eline kökenli ýüzük we bilezik dakynyp, çabydynyň öňüni bolsa çapraz-çaňňa bilen bezeýärler (*72-nji surat*).





**72-nji surat.** Ahal welaýatynda gelinleriň geýýän ýörgünli milli lybasy

170.0 x 240.0 mm

Gyzlar köýneginiň üstünden gyzyl reňkli ýüzi çyzykly gyrmyzy donluk matadan çabyt geýipdirler. Çabyt hem ýanly biçilip, ýüpek ýa-da nah matalar bilen içlik tikilipdir. Çabydyň iç ýüzünden gyrasyna çyzykly donluk matadan parawuz tutulypdyr. Çabydyň gyralary, ýartmajyň we jübiniň daşy bilen gara ýüpek jäheklenip, onuň ujuna hem gyzyl bilen gara ýüpek sapak goşulyp çalnan aldymgaç ýa-da üç sapakdan işilen garamtyl reňkli ýüp tutulýar. Çabyda keşde ýa-da basma usulynda «erikgül», «çopantelpek», «tegbent», «gülkeşde», «garşylyklygoçak» ýaly nagyşlar salynýar. Ýartmajynyň ýokarsy we jübüsiniň aşagy goçak görnüşli jähek aýlanyp, üsti pugtalanyp nagyş bilen bezelýär. Çabydyň ýeňiniň ujuna garamtyl ýüpek matadan ýeňsapy urulýar. Ýeňiň agzy nagyşlar bilen bejerilýär.

Daşoguz welaýatynda birnäçe tireler ýaşap, olaryň egin-eşikleriniň görnüşleri biri-birinden tapawutlanýarlar. Ýomut aýalynyň köýnegi gyzyl reňkli keteniden we ýüpek, nah matalaryndan tikilýär. Köýnekler ýanly biçüwde bolup, giň edilip tikilýär. Köýnegiň ýakasy öňünden açylyp, pugtama we gaýma usulynda bejerilýär, goltugynyň aşagyna başga reňkli matadan begeýik urulýar. Ýakanyň öňüne matanyň ýüzüne eýran teňňeleri düzülen «öň teňňe», «gülýaka» dakylýar. Köýnegiň aşak ýanyna gönjük dakylýar. Ýüzi kümüş şaýly gaýyş guşagy aýallar billerine dakypdyrlar.

Eginlerine geýýän donlaryny mahmaldan, begresden ýa-da gök, ýaşyl reňkli setinden tikipdirler. Donuň öňi tegelek kümüş çaprazlar we zynjyra düzülen iki gatdan ybarat şelpeler hem-de iýlik bilen bezelýär. Setinden içlik tikilen donlaryň öňüne şaýlar dakylýar. Aýallaryň börüginiň daşyna nah ýaglyk ýa-da mata oralyp, bogmak edilýär. Onuň üstünden tirme ýüpekýaglyk daňylýar. Durmuşa çykmadyk gyzlar saçlaryny dört örüp, kellelerine nagyşlanan tahýa geýipdirler. Tahýa salynýan nagyşlar «perde», «gazaýak», «tershalka», «peýkam», «pyçagujy» nagyşlarydyr. Tahýanyň depesine gupba dakyp, galan ýerini bolsa sytara ýa-da teňňe şaýlar bilen bezäpdirler.

Çowdur eşikleri ýomutlaryň eşiginden üýtgeşik bolup, ol, esasan, Müňgyşlakda ýaşaýan şyh, igdir, abdal türkmenleriniň eşigine-de meňzeşdir. Olaryň donlaryna gyzyl mawutdan içlik tikilipdir. Ol donlar «baş don», «çäkmen», «baldyz çäkmen» diýlip atlandyrylypdyr. Bu donlar «tunika» görnüşinde biçilipdir. Şonuň üçin donlar giň, ýeňleri uzyn urlan ýeňsapynyň hasabyna bolýar. Baldyz çäkmeniň ýüzi ösümlik nagyşlary bilen bezelipdir. Gyralaryna we ýeňsapysyna «pytda», «guş ganat» nagyşlary salnypdyr. Köýnekleri gyzyl reňkli ýarymatlazdan, mahmaldan tikilipdir. Kürte diýlip atlandyrylýan ýupek köýnegiň ýüzüni çekip, etegini, ýartmajyny we ýeňsapysyny el keşde bilen bezäpdirler. Onuň egniniň aşak ýanyndan eliňi çykarmak üçin «golturmaç» edilip, ýakasy tegelenip açylypdyr.

Kellelerine gyzyl mawutdan ýüzi nagyşlanan börük geýip, üstünden nah ýaglyk ýa-da mata orapdyrlar. Börügiň iki gapdalyndan ujy ýüpek gotaz bilen bezelen şaý dakypdyrlar. Çowdurlaryň şaýlary hem üýtgeşik ýasalypdyr. Döşüni bezeýän tumar üçburç görnüşinde bolup, onuň ýüzüni hakyk daşlar, ujy şelpeli zynjyrlar bezäpdir (*73-nji surat*).



**73-nji surat.**
Daşoguz welaýatynyň
gelinleriniň milli lybasynyň bölegi



**74-nji surat.**
Balkan welaýatynyň
gelinleriniň milli lybasynyň bölegi

Balkan welaýatynda ýaşaýan gelin-gyzlaryň eşiginde goňşy halklaryň, aýratyn hem, eýran matalarynyň täsiri bar. Beýleki welaýatlarda ýaşaýan gelin-gyzlaryň eşiginden tapawutlylykda, köýnekleri kelteräk, biline tarap darrak edip tikilýär. Köýnekleriň biçüwi ýanly edilip, olar gyzyl keteniden, erşi zerli parça matalardan tikilýär. Köýnekleriň ýakasy kiçijik, ownuk nagyşlar bilen bezelip, onuň daşyndan ak gaýmadan «çüje» nagşy salynýar. Gelinler, gyzlar hem kellesine çargat atynýarlar. Zenan maşgalalar çargadyň aşagyndan sary öýmeden gyňaç edinip, üstünden ýaglykdan ýa-da nah matadan tegelenip tikilen «andak» geýýärler. Aýal maşgala başyna eýran ýüpeginden «çäşew» (dürli reňkli dörtburçluklar şekilli ýüpek we nah gatyşygy bolan) ýaglyk atynýarlar (*74-nji surat*). Köýnegiň üstünden mahmaldan tikilen boýy gysgarak don geýilýär. Donuň ýeňi hem kelteräk bolýar. Kümüşden «çapraz» we «ýilikler»

donuň diňe öňüniň bir gapdalyna dakylýar. Donuň ýeňiniň ujuna düwmejikler dakylypdyr. Ýomut zenanlarynyň şaý-sepleri beýleki şaý-seplerden üýtgeşik bolup, olaryň ýüzi nagyşlanan altyn bölekler we dürli reňkli pöwrize, hakyk gaşlar bilen bezelýär. Gülýakanyň merkezi güberçek görnüşde bolýar. Zenan şekiline meňzeş gulakhalka, ýüzi dürli gaş bilen bezelen «açarbag» şaýy, boýna dakylýan «bukaw» ýa-da «boýuntowuk» zenanlaryň esasy bezeg şaýlarydyr.

Köýnegiň üstünden ýaşyl reňkli begresden don geýipdirler. Donuň gyralaryna we ýeňiniň ýüzüne dürli ölçegdäki sytaralar, zynjyra düzülen şelpeler we gotazly bagjyk dakylypdyr. Börüge tirme ýaglyk daňlyp, onuň bir ujy arka atylyp, ikinji ujy alkymyndan aýlanýar. Gönden tikilen gyzyl reňkli, ökjeli, ýüzi basma usulynda nagyşlanan, pürçük bilen bezelen gyrma köwüşi toý-dabaralarda geýlipdir.

Saryk türkmenleriniň köýnekleri has giň edilip tikilipdir. Gyzlaryň köýnegi gök reňkli nah matadan bolupdyr. Olaryň ýakasy egninden açylypdyr. Zenanlaryň köýnegi gyzyl keteniden, gurçuk keteniden giň edilip tikilipdir. Onuň ýakasynyň töweregi elde we tikin maşynynda bejerilipdir. Köýnegiň ýakasy esasy «alaja», «bäşörüm», «pyýadagoçak» ýaly nagyşlar salnyp bezelipdir. Ýakasynyň ýokarsyna beýik boýunýaka tutulyp, onuň üstünden hünjüden düzülen «garçylyk» dakylypdyr. Saryk gelin-gyzlarynyň egnine geýýän dony ýaşyl, gök reňkli mahmaldan tikilip, gapdalynyň ýartmajy goltugynyň aşagyna çenli ýetýär. Don içlikli bolup, gyrasyna jähek aýlanýar, çuň ýartmaç pugtamanyň kömegi bilen birleşdirilýär. Donuň gyralary gyzyl erişden «pürçük» (otuň nyşany) we ownuk sytaradan üç ýaprakly şahanyň keşbi edilýär. Mahmal donuň ýeňine ýeňsapy oturdylyp, ol hem el ýa-da maşyn bejergisi bilen nagyşlanýar.

Zenanlaryň baş bürenjekleri gyzyl mahmaldan we ýaşyl keteniden tikilip, onuň öňüne çapraz-çaňňa dakylýar. Gyzlaryň başgaby arasy üç alaja bilen kesilen («akgaýmasyz») börük bolup, ol çuňrak edilip biçilip tikilýär, gupba we sytara bilen bezelýär. Gyzlar we gelinler boýunlaryna gülýaka hem-de ýüpe düzülen monjuk dakýarlar.

XIX asyra çenli Lebap welaýatynda ýaşan aýal maşgalalaryň eşiginde goňşy halklaryň täsiri bolupdyr. Ýüpek «şahy» matalardan aýal maşgala üçin don we başatgyç tikipdirler. Başgaby bolan «pilte galpak» gyzlar we gelinler tarapyndan geýlipdir. Aýal maşgalanyň köýnegi gyzyl reňkli ýüpek keteniden, elwan nah matadan tikilipdir. Zenanlaryň esasy başgaby «bogmak» bolup, ol, esasan, matanyň arasyna pagta berkidilip tikilen börükden we elde dokalan ýaglykdan ybarat bolupdyr. Ýaglygyň ortasy ýaşmak görnüşinde alkymdan aýlanyp, ýüzüniň iki gapdalyny ýapyp, bir ujy arka atylyp, ikinjisi topbynyň daşyna aýlanypdyr. Lebap welaýatynda ýaşaýan ärsarylaryň şaý-sepleri

kümüşden bolup, ýüzüne altyn çaýylmandyr. Zenanlar börüklerine biri-birine zynjyryň üsti bilen sepleşen, etegi bir gat şelpeli, iki gapdaly ujy düwmeli akdyrmaly şaý dakypdyrlar. Olar gülýaka, bilezik, ýüzük, apbasy ýaly şaýlar bilen bezenipdirler. Kümüş şaýlardan başga dürli reňkli hünjüleri, alajalary, ak sadaplary egin-eşiklerinde bezeg hökmünde ulanypdyrlar.

Türkmen milli egin-eşikleriniň öz toplumy boýunça Orta Aziýanyň beýleki halklarynyň arasynda adaty egin-eşiklere ýakynlygynyň bardygyna garamazdan, olar XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda türkmen halkynyň egin-eşiklerine mahsus bolan umumy milli däpleriniň asyl nusgasyny «konserwatizm» berkliginde saklap gelipdirler. Şol döwre degişli zenan egin-eşiklerine özüniň umumy sypatyny, millilik häsiýetleri boýunça birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda özboluşly baý bejergileriň çeperçilik häsiýetini has-da kämilleşdirmek mahsusdyr. Zenanlaryň we erkekleriň egin-eşikleriniň umumylygynyň käbir alamatlaryny orta asyrlaryň şekillendiriş eserlerinde hem görmek bolýar. Jemlemek bilen türkmen milli egin-eşikleriniň esasy çeper aýratynlygy – zenanlaryň we erkekleriň, çagalaryň we ulularyň egin-eşikleriniň biçüwiniň umumylygynda, ulanan matalarynyň reňk we hil birliginde bolandygyny bellemek zerurdyr.

## 2.3. Başatgyçlar

Başatgyçlar – zenan lybasynyň bir görnüşi bolup, olar kellä atylýan örtgüdir. Başatgyçlar Orta Aziýa halklarynyň arasynda giňden ýaýrandyr. Türkmen jemgyýetinde zenan başatgyçlary baryp gadymy döwürlerden bäri belli, olar bellibir derejede dini garaýyşlar bilen bagly bolup ýüze çykýarlar. Başa atylýan örtgüler köp manyda ulanylýan egin-eşigiň bir görnüşidir. Ol kellä, kähalatlarda bolsa egne atylypdyr. Onuň ýeňi geýilmeýär. Olaryň uzynly-gysgaly ýeňleri bezeg görnüşinde hyzmat edipdir. Olar soňky wagtlarda türkmen zenan asyllylygynyň nusgasy hökmünde milli edep-ekramyň häsiýetini özünde jemleýärler. Türkmen halkynyň aňyýetinde hökman başy örtükli bolmak däbi, birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda öz häsiýetini jemgyýetde berk, tä XX asyryň başlaryna çenli saklap gelipdir. Şol däp berkligiň esasynda hem ajaýyp gözel başatgyçlary dürli görnüşli bolupdyr. Olar: kürte, çyrpy, gyňaç, bürenjekdir. Olary bezeýän nagyşlary düzgün boýunça ýerleşdirmekde halkyň zehini özboluşly gözellik dünýäsini döredipdir. Mundan başga-da, milli başatgyçlar aýal-gyzlaryň ýaş tapawutlylygyna görä hem dürli reňkli matalardan biçilip, tikilip, bejerilendir. Egne atylýan eşikler: dürli görnüşli donlar, halatlar, çäkmenlerdir. Erkekleriň we aýallaryň halatlaryna gyrmyzy don, garma don, ýedi dürli don, don, agarçäkmen, begres, maldaýydon, sarytagta don,

şahy don, çabyt we beýleki üstki eşikler degişlidir. Olaryň arasynda «pereji», «perenje» sözleri aýdylyşy we ýazylyşy boýunça biri-birine has golaýdyr. «Bürenjek» sözüniň özi hem bürenmek, çolanmak manylaryny berýär. Bürenjekler türkmen gelinleriniň başyna atynýan başatgyjydyr. Ýaş gelniň kürte bilen bürenmek däbiniň döreýiş mazmuny has gadymy dini garaýyşlaryň esasynda ýüze çykdy. Bürenjek atynmak däbi gözbaşyny ir döwürlerden alyp gaýdýar. Türkmenlerde bürenjegiň görnüşleri we atlary dürli bolupdyr. Ir döwürlerde täze gelen gelne gyzyl mahmal atypdyrlar. Türkmen gelinleri gyzyl we ýaşyl mahmal atynypdyrlar. Bu eşigiň ähmiýetini görnükli şahyr Mollanepes «Mahmalyň çeti» şygrynda hem belleýär. Türkmenlerde mahmal, kürte, çyrpy, çepbetöw ýaly bürenjekler bolupdyr. Sary çepbetöwden edilen bürenjegi hem atynypdyrlar. Çyrpylar gadymyýetde Günorta Türkmenistanyň, esasan, dag eteklerinde ýaşaýan ilatynyň arasynda giňden ýaýrapdyr. Demirgazyk türkmenlerinde başatgyçlara «baş don» diýilýär. Nohurly gelinleriň başatgyçlaryna «ýelek» diýlipdir. Başatgyçlar durmuşyň şatlykly we gaýgyly günleri bilen baglydyr.

Başa örtülýän geýimler iki topara bölünýär: nagyşlanan çyrpy, kürte (teke türkmenler), ýelek (kürtäniň görnüşi), baş don (demirgazyk çowdur, ýomut türkmenleri). Olaryň boýuny bilden aşakdaky, dyzdan ýokardaky aralykda biçipdirler.

Başa atylýan ýapynjalar dürli görnüşlere bölünip, onuň esasy gornüşleriniň biri hem kürtedir. «Kürte» sözi araplaryň «bürde» sözüniň üýtgän görnüşidir. Arap dilinde ol ýeňsiz üstki geýimiň adydyr. «Kürte» sözüniň iki manysy bar. Onuň biri zenanlaryň toý-dabaralarda ulanylýan örtgüsi. Ikinjisi çagalaryň goltugy bagjykly üstki geýimidir.

Durmuşa çykýan türkmen gyzy atasynyň öýünden başyna gyzyl kürte atylyp çykarylýar. Bu ýapynjalar reňk taýdan esasy gyzyl we ýaşyl kürtelerdir. Kürteler zenanlaryň don görnüşli eşigi bolup, ýerine ýetirýän wezipesi ýeňse tarapdan başa atynmakdyr. Ýaşyl kürteler Ahal welaýatynyň Gökdepe we Bäherden sebitlerinde (XIX asyryň ahyryna çenli tagtabazarly saryk zenanlary hem atynypdyrlar) giňden ulanylypdyr. Ýurdumyzyň aglaba ýerlerinde bolsa däp bolup gelen gyzyl kürtäni toý-dabaralarda ulanmak häzire çenli hem dowam edip gelýär. Başa atylýan örtgüleriň ählisinde ýeňleriniň asyl nusgasyndaky ulanyşdan çykan, ol kürtäni gelin-gyzlaryň aýratyn lybasy hökmünde sypatlandyrmaga ýardam edýän esasy aratapawutdyr. Galgap durmaz ýaly, ýeňler alaja bilen birikdirilýär. Oňa aragerbi diýilýär. Kähalatlarda bolsa «gözden-dilden gorasyn» diýen ynanjyň esasynda alajaly doga hem asypdyrlar. Kürtelerde has köp duş gelýäni T şekilli «kürtegoçaklardyr». Olar köp görnüşli nagyş nusgalarynyň biridir. T görnüşli şekiller – «goçaklar» türkmenleriň ähli geýimleriniň

170.0 x 240.0 mm

bejergilerinde köpsanly görnüşli bolýarlar. Bu nagyşlar bilen kürtäniň, çyrpynyň gyralary, etegi, ýakasy, gapdal ýartmaçlary bezelýär. Bu nagşa meňzeşlikleri biz binagärlik eserleri bolan ýadygärliklerde görüp bilýäris. Soltan Sanjaryň gümmezinde birsydyrgyn jübüt goçaklaryň, haçlaryň şekilleri gezekleşdirilýär. Suburnyň (Şasenem galasy) metjidiniň mährabynyň oýma bezegli sütünlerinde başy bir ýokarlygyna, käte-de aşaklygyna başaşak goýlan T harpy görnüşli üçburçly şekile «goçbuýnuz» nagşynyň şekili gaýtalanýandyr (*75-nji surat*).



**75-nji surat.** Gyzyl kürte (XX asyr)



**76-njy surat.** Gara-ýaşyl kürte (XX asyr)

Adaty bolşy ýaly, kürtäniň ýakasyndan aşaklygyna gaýdýan gyralary, etekleri, iki gapdal ýartmajy hem-de ýeňlikleriň gyralary bellibir inlilikde nagyşlanylypdyr. Olar «üzülmez», «tegbent», «çaňňa», «kürtegoçak» ýaly nagyşlaryň yzygiderliliginde, gapdal ýartmajyň aýlawynda bolsa şöhle saçyp duran güneşi ýatladýan «para» atly taslamadyr. Tegelenip aýlanan üç ýa-da bäş «paranyň» ortasy «gülýaýdy» nagyşly bolýar. Köplenç, olaryň arasynda küýze şekilli nagyşlaryň, atlaryň we ýyl ýazgylaryň bejerilip ýerleşdirilendigini hem görmek bolýar (*76-njy surat*).

Ýaş gelniň kürte bilen bürenmek däbiniň döreýiş mazmuny has gadymy dini garaýyşlaryň esasynda ýüze çykdy. Gelin gündiz gyrmyzy kürte, agşam bolsa ýaşyl (gara) kürte atynypdyr. Ýaşyl kürtäni gelin şeýle-de gaýyn öýüne gaýdyp geleninden 2-3 aý geçeninden tä çagasy bolýança atynypdyr.



**77-nji *a* surat.** Başatgyç ak çyrpy (XIX asyr)

Çyrpy – başa atylýan bejergili zenan başatgyjy, onuň boýy kürteden az-kem uzyn bolup, inçe ýeňleri bezeg hökmünde edilýär we olary aragerbi kümüş şaýy ýa-da aşagy seçekli bejergi biri-birine berkidýär (*77-nji a surat*). Çyrpynyň düşegi keteni matalardan edilipdir we üç reňkde bolupdyr. Matanyň reňkine görä çyrpylar ak, sary we ýaşyl bolýar. Onuň reňk taýdan birnäçe görnüşlere bölünýändigini, şoňa görä hem ýüzüniň bejergileriniň biri-birinden tapawutly bolýandygyny bellemelidir. Mundan başga-da, çyrpylaryň biri-birinden reňk we bejermek tapawutlylygy jemgyýetiň ýaşaýyş ýerleri bilen hem baglanyşykly bolupdyr. Çyrpynyň her biçilen bölegini iki-üç gelin bolup bejeripdirler. Iş birnäçe aýa çekipdir. Çyrpa salynýan esasy nagyş ösümligi alamatlandyrýan şekiller bolupdyr. Çyrpynyň etegi seçeklenýär. Onuň kürteden we beýleki başatgyçlardan ýene bir aýratynlygy ýüzüniň tutuşlygyna nagyş bilen bezelip bejerilmegindedir. Çyrpy ýurdumyzyň ähli künjeginde diýen ýaly ulanylyp, bu başatgyçlar toý-dabara lybasy hökmünde hyzmat edipdir. Olar özüniň ýokarlygyna gitdigiçe şowly taslamasy, reňkleriniň sazlaşygy, bejergisiniň çeperligi, inçelik bilen sünnälenilýänligi, nagyşlarynyň we düşeginiň deňölçeglilik derejesinde utgaşdyrylyşy, mata bilen bejerginiň özboluşlylygy ünsüňi özüne çekýär. Olara salnan nagyşlara göz aýlasak, biz olarda tegelek, pişme şekillerini, ondan basga-da, takyk nagyşlar bolan ýapraklaryň, ösümlikleriň şekillerini görýäris. Çyrpylaryň toplumyny

gözden geçirmek bilen, her bir çyrpynyň nagyşlarynyň başga çyrpyda gaýtalanmaýandygyny bellemelidir (*77-nji a, b, ç suratlar*).



**77-nji *b* surat.**
Başatgyç sary çyrpy (XIX asyr)



**77-nji *ç* surat.**
Başatgyç ýaşyl çyrpy (XIX asyr)

Nagyşlaryň aýlawly, küşt tagtasy kimin gezekleşýän tertipde ýerleşmegi hem däbe öwrülen umumylykdyr. Iki birmeňzeş bejerilen çyrpa ýa-da kürtä duş gelmek mümkin däldir. Kürte hem-de çyrpy bejerýän aýal maşgalanyň her biri öz salýan nagyşlaryna üýtgeşiklik, özboluşlylyk çaýyp, reňk gatnaşygynyň üsti bilen täzelik girizýär.

Türkmen gelin-gyzlarynyň her biriniň öz çeperçiligi, nagyşlary inçelik bilen ýerine ýetirişi duýulýar, olaryň ussatlygy bejergini reňkleriniň tertibinde ýerleşdirmegi olaryň owadanlygyny görkezmek bilen kesgitlenýär.

Ösümlik dünýäsine meňzedilip egin-eşiklere salynýan nagyşlar, ýagny çynarlaryň ýapragyna, alabaharda ýaňy açylýan nowçalara, çigildemleriň we bägülleriň gunçasyna, nar agajyna meňzeş şekiller olara geň-taňlyk, arzuw-hyýalbentlik häsiýetini berýär. Bularyň hemmesi bellibir çäkde, bir ugra salnyp, olaryň umumy kybaplylygyny, inçeden sünnälenmegini ýitirmeýär.

Nagyşlaryň arasynda adamyň gündelik durmuşyndaky esbap-gurallar, at ýa-da şaý-sepleri şekillerini we Gündogar nakgaşlygynyň giňden ýaýran gülleriniň äheňleri hem duş gelýär. Ýaprak-ösümlik häsiýetli nagyşlardan baş-

170.0 x 240.0 mm

ga-da, geometrik ölçeglerden gelip çykýan: «kebelek», «siňirme», «atanak» nagyşlarynyň dürli nusgalary hem gabat gelýär.

Başa atynylýan eşiklerde saz guralyna meňzeş köp ulanylýan nagyşlar Türkmenistandaky orta asyrlara degişli binagärlik ýadygärlikleriniň diwarlarynyň örümleriniň baý bezegleridir. Donlaryň, halatlaryň gyrasyna çekilýän «aksuw», «gyzylsuw» diýlip atlandyrylýan bir kada getirilen ok-kesir çyzyklaryň taryhy Gadymy Parfiýa döwletiniň döwürlerine uzap gidýär.

Çyrpylaryň ýakasyny «barmak» diýlip atlandyrylýan kiril elipbiýiniň Ш we П harplaryna meňzeş şekilli nagyşlar tutýar. Halatlaryň arka tarapy, esasan, çigildem güli görnüşli nagyşlar bilen bezelýär. Çigildemiň ýapraklary hem-de aýlawlary biri-birine sepleşýär we çyrpylaryň arkasyndaky boşlugy doldurýar. Olardan soň geometrik «girih» şekillerini ýatladýan sekizburçly ýyldyzlar dowam etdirilýär.

Sary çyrpylar tutuşlygyna lotos we çigildem güllerine meňzeş nagyşlar äheňi bilen bezelýär. Çigildemiň bir çigildem ýa-da dessegül şekilleri sary çyrpynyň ähli ýerlerinde diýen ýaly ýerleşdirilýär. Çyrpynyň sary düşeginde nagyşlar gara-gyrmyzy ýüpek bilen bejerilýär. Şonuň bilen hem käýarym mämişi gyzyl, käýarym gök-mawy we ýaşyl sapaklar hem peýdalanylýar. Ýüpek sapaklaryň ýylpyldysy nagyş bejergisine has-da çuňluk, uz-owadanlyk çaýýar we bejergileriň syrly manyly häsiýetini artdyrýar.

Olar doly açylan läle güli ýatladýar. Bu meňzeşlik nagyşlaryň «çigildem güli» diýlip atlandyrylmagyna getirdi. Alymlaryň pikirine görä, bu «açylan läleleriň» şekilleriniň ýazuw harplaryny çalyşýan alamatlar bolmagy hem mümkindir. Arheologiýa tapyndylary Gadymy Horezm şalarynyň tagmasynyň, Nusaý galasynyň diwarlarynyň daşky syrçasynyň nagyşlaryna ýakynlygyny tassyklaýar. Bu «durmuş daragty» nyşanlarynyň ulanylmagy, haýsydyr bir jemgyýetiň gatlagynda däbe öwrülişi ýaly, başga bir jemgyýet üçin şeýle mazmunly nagyşlaryň däbe öwrülen bolmagy hem mümkindir.

XII-XIII asyrlaryň ahyrlarynda Dehistanyň galalarynyň nagyşlarynyň arasynda başgalara meňzemeýän düýbünden özboluşly, sähra ýaşaýyş ýerli medeniýetden gelip çykýan ösümlik häsiýetli nagyşlaryň tapylmagy olaryň özboluşlylygyny ýene bir gezek tassyklaýar.

Türkmen zenanlarynyň başatgyçlarynyň nagyşlary dürli-dürli böleklerden düzülendir, çünki ýerli ilatyň medeniýetiniň kökünüň gadymylygy, elbetde, goňşy, araçäkdeş ýurtlaryň bezeg sungatynyň manysy bilen berk baglanyşyklydyr.

Çyrpynyň beýan edilen bejergileriniň nagyşlary Horezm şasy Muhammediň Dehistandaky metjidiniň (XII-XIII asyrlar) diwaryndaky örümli nagyşlara meňzeşdir. Çyrpylaryň ýüzüniň taslamalary ýokarlygyna gitdigiçe reňkleriniň

sazlaşygy, bejergisiniň çeperligi we inçeligi bilen tapawutlanýarlar. Çyrpylarda, kürtelerde matasy bilen bejergiler özboluşlylygy arkaly tapawutlanýar. Çyrpylaryň nagyşlaryny başga başa atynylýan geýimleriň hiç birinde görüp bolmaýar. Tegelek, romb, inedördül, üçburçluk geometrik şekilleriniň içine ösümlik häsiýetli nagyşlar jemlenýär.

Ösümlik dünýäsiniň gözelligine meňzedilip egin-eşiklere salnan nagyşlar – çynar, ýaprak, gül, pudak, çigildem, bägülleriň uly we kiçi gunçajyklary, nar agajyna meňzeş şekiller çyrpynyň ýüzüni bezeýär. Nagyşlaryň arasynda adamyň gündeki durmuşyndaky esbap gurallaryny ýa-da gyzlaryň şaý-seplerini, üçburçluk şekilli doga-tumarlary, çäýnek, käse we birtopar gül şekilleriniň bejergilerini görmek bolýar. Ýapraklara, ösümliklere meňzeýän nagyşlar, «kebelek», «atanak», «siňirme» nagyşlary, suwa meňzeş çyzykly nagyşlar – bularyň hemmesi goçaklara meňzeş bolup, Gadymy Parfiýa döwründen soň Türkmenistanyň orta asyr binagärlik ýadygärlikleriniň diwarlarynda ýer alan nagyşlardyr.

Türkmen bejergileriniň esasy nagyşly taslamasyny gurmagynyň häsiýetli düzgüni nagyşlary küşt tagtasy kimin gezekleşýän tertipde ýerleşdirmekdir. Bu hem türkmen amaly-haşam sungatynyň umumy häsiýeti bolup, ol bejergi sungatynyň däbe öwrülen çeperçilik aýratynlygydyr.

Nagyşlaryň bu nusgalary Türkmenistanyň çäklerinde X-XIV asyrlaryň binagärlik ýadygärliklerinde, hususan-da, diwarlaryň ýüzünde oýma usulynda salynýan şekiller giňden ulanylypdyr. «Binagärligiň relýef görnüşli bezegi hiç bir halk senetçiligine golaý bolman, onda ýeke-täk çeperçilik bejergileriniň aýratyn nusgalary öz ornuny tapýar» diýip, sungaty öwreniji alym E.Rempel belleýär.

Türkmen halat-baş örtgüleriniň bejergisi üçin taýpa gatnaşyklarynda däbe öwrülen alamatlaryň we nyşanlaryň şertli belgileri häsiýetlidir. Bu belgi-nyşanlar Günorta Türkmenistanyň binagärlik bezeginde, türkmen halylarynyň nagyşlarynda we bejergilerinde dowam edendir. XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda nagyş şekilleriniň esasy mazmuny ýitirilip başlaýar. Şoňa garamazdan, nagyşlaryň düzülişiniň esasy kadalarynyň, reňkleriň, nagyşlaryň gatnaşygynyň saklanyp galandygyny bellemelidiris.

Şeýlelikde, türkmen lybaslarynyň bejergisiniň esasy nagyşlarynyň ýerini çyzmagyň häsiýetli aýratynlygy küşt tagtasy ýaly düzgüniň gezekleşýän tertibinden ybaratdyr. Bu hem türkmen amaly-haşam sungatynyň umumy häsiýeti bolýar. Bejergi sungatynyň däbe öwrülen çeperçilik aýratynlygy halkyň dünýägaraýşyndan kadalaryň özboluşly şertlerini emele getirýär. «XIX-XX asyrlarda bu bejergi sungaty öziniň iň ýokary kämilligine ýetipdir» diýip, taryhçylar belleýärler. Şonuň üçin hem şol döwür türkmen halkynyň lybaslary «halk sungatynyň» eseri hökmünde jemgyýetde takyk ýaş hem-de jyns tapawutlylygy bilen gutarnykly keşbe eýe bolandygyny bellemeli. Özü-

7. Sargyt № 1774

170.0 x 240.0 mm

niň mata dokmaçylygynyň we owadan reňk aýratynlygy, dürli haşam-bezeg işleriniň usullary bilen türkmen halkynyň öz däp-dessuryna laýyk bolmagy olary beýleki Gündogar halklarynyň arasynda örän tapawutly häsiýetli oruna eýe edýär.

## 2.4. Başgaplar, olaryň görnüşleri

Orta Aziýa we Derýaaralyk halklarynyň arasynda aýal-gyzlaryň başyny örtmek we adaty ýüzüni ýapmak giňden ýaýrandyr. Türkmenlerde giňden ýaýran başgaplaryň görnüşi tahýa egin-başlaryň aýrylmaz bölegidir. Ony erkekler, zenanlar, gyzlar, oglanlar, ýaşlar we ýaşulular hem geýýärler (*78-nji surat*). Tahýalaryň görnüşleri, olary büçüwiniň düzgünleri, olara salynýan nagyşlar asyrlarboýy üýtgemän gelipdir.



**78-nji surat.** Türkmen gyz-oglan tahýalary

170.0 x 240.0 mm

Türkmen gelinleriniň başyna geýýän başgaplary gadymy Parfiýa patyşalygyndaky zenanlaryň «tiarasyny» – täjini ýatladýar. Gadymy Merwiň terrakota hudaýlarynyň heýkeljikleri bolsa edil türkmen gelin-gyzlarynyň suduryna meňzeşdir. XVIII-XX asyrlardaky depesi ýaýbaň başgaby beýik «börük» bolup, ony ýaş gelinler, zenanlar geýipdirler. Ösümliklerden örülen börüge ýumşak mata bilen içlik tutupdyrlar. Soň börügiň daşyna owadanlap ýaglyk orapdyrlar. Oralan ýaglyk çep egniň üstünden geçirilipdir we zenanlaryň ýüzüniň aşaky bölegini ýapypdyr. Sungat eserlerinde «ýüzi ýapmak» däbi bütindünýäde meşhur «Merw wazasynda» (miladynyň V asyry) ýüzüniň bölegi örtülen zenanyň keşbi şekillendirilipdir. XV asyrdaky Eýran miniatýura eserlerinde ýüzi nykaply, bürenjekli zenanlaryň şekili hem köp duş gelýär.

Börük üçin niýetlenen uly ýaglyk – gyňaç bolup, ol durmuşa çykan türkmen zenanynyň daňynýan üçburçly ýaglygydyr. Gyňaçlyk matalaryň reňkli zolaklary «tarada» taýýarlanýar we soňra üçburçluk görnüşde biçilip, tikilýär. Onuň iki gyrasy giň nagyş zolaklar bilen bezelýär hem-de uzyn gara-gyrmyzy ýüpek seçek dakylýar we bir ujy ýaşmak bolýar. Gyňajyň gyrasyna «tegbent», «siňirme», «garşylykly goçak», «çakmak», «saýlan» ýa-da «saldat», «sünşük», «goçak», «darakgoçak» nagyşlary salynýar. Gyňaç, köplenç, gyrmyzy, käte bolsa ýaşyl reňkli keteni matadan taýýarlanylýar. Gyňajyň düşegi gyzyl bolsa, ak, gara, sary reňkli sapaklar bilen nagyşlanypdyr, düşegi ýaşyl bolsa, ak, gyzyl, sary reňkli sapaklar bilen nagyşlanypdyr. Ussatlyk bilen sazlaşdyrylan nagyşlar gyňaja dabaraly we gutarnykly häsiýet berýär. XIX-XX asyrlarda Ahal welaýatynyň Köşi obasynda dokalan bu hili gyňaçlar giňden meşhurlyk gazanypdyr (*79-80-nji suratlar*).



**79-njy surat.**
Başatgyç – ýaşyl gyňaç



**80-nji surat.**
Başatgyç – gyzyl gyňaç

170.0 x 240.0 mm



**81-nji surat.** Demirgazyk Türkmenstanda zenanlaryň geýnen hasabasy

XIX asyryň taryhy çeşmelerindäki ýazgylardan we suratlardan ýomut türkmen gelinleriniň hasabasy bellidir. Bu kesik konus görnüşli beýik we giň başgabynyň beýikligi 40-50 *sm* bolan. Ýaglyklar bilen örtülen hasabanyň esasy ýüzi kümüş çaprazlaryň we şelpeleriň hatarlary bilen bezelip, maňlaýyň ýokarsynda sümsülä meňzeş şaý asylypdyr. Hasabanyň iki gapdalyny «adamlyk» atly uzyn şelpeli şaý bezäpdir. Fotosuratlardaky hasabaly gelinler täçli şa zenanlaryna meňzeýärler (*81-nji surat*).

## GÜLTAHÝA WE AKGAÝMA TAHÝASY

Gyzlaryň geýýän tahýasyna **gültahýa**, oglanjyklaryňka we erkek kişileriňkä bolsa «**akgaýma tahýa**» diýilýär. Tahýalaryň görnüşleri, olary biçmegiň düzgünleri, olara salynýan nagyşlar asyrlarboýy üýtgedilmän gelnipdir we türki halklaryň içinde giňden ýaýrapdyr (*82-nji surat*).







**82-nji surat.** Tahýalar (XIX-XX asyrlar)

Tahýanyň ýokarsyna **depe**, aşagyna bolsa **etek** diýilýär. Olaryň hersi aýratyn nagyşlanyp, soň «pugtama» usulynda birleşdirilýär. Gültahýanyň depesi «barmak» nagşy bilen bezelýär. Etegi hem kiril elipbiýiniň «п» harpyna meňzedilip, romb görnüşli çyzyklaryň içine dört-dörtden salynýar. Tahýanyň etegine «tegbent» nagyşlary salynýar. Tahýanyň depesine adaty gupbanyň özi ýa-da çekelikli gupba dakylýar. Tahýanyň beýikligi 5-6 *sm*. Ol gyzyl keteniden tikilip, içine, köplenç, nah matadan içlik tutulýar. Tahýa salynýan durnukly nagyşlaryň hataryny hem agzamak gerek. Tahýalaryň bejergisiniň köpdürlüligi olary geýýänleriň ýurduň haýsy künjeginde ýaşaýandygyna, ýaşyna we jynsyna baglydyr.

Gyzlar üçin tikilýän gültahýalara salynýan nagyşlaryň taslamasy hem beýleki tahýalaryňky ýaly bolup, onuň depesiniň tegeleginden ugur alýar. Sekiz burçly «gülýaýdy» «çarhypelegiň» öwrümini ýatladýar we gültahýanyň depesini göni sekize bölýär. Şeýlelikde, sekiz bölegiň özi sekiz ýaprakly gülüň ýa-da ýyldyzyň şekilini berýär. Keşdeli etegine, bi-

rigýän ýerine pugtama sanjymda «ýylanagzy» nagşy salnyp, ol gözden-dilden goraýjy hasap edilýär. Tahýany bejermek üçin sapaklaryň reňkiniň saýlanyp alnyşy adatydyr, ýagny gara, gyrmyzy, ak we sary sapaklar ulanylýar. Tahýanyň çür depesine sekiz şöhleli ýyldyzyň nagşy salynýar we onuň şöhleleriniň içine dört gezek ak we sary sapak geçirilen pişmäniň şekili ýerleşdirilýär.

Ýyldyzyň şöhlesine «gyýak» diýilýär. Olar dürli reňkde gyýtak seçilip gidýän zolaklardan ybaratdyr. Şunlukda, ölçegi we biçüwi jähtden diýseň ezberligi talap edýän tahýanyň depesindäki keşde ussatlygyň synagydyr. Gadymy nagyş nusgalarynyň biri bolan ýyldyzyň şekili Türkmenistanyň ähli welaýatlaryndaky we etraplaryndaky tahýa tikýän tikinçiler tarapyndan örän ýygy-ýygydan ulanylýar. Oňa il içinde «çarhypelek», ýagny dünýäniň aýlanyşy manysynda düşünilýän nagyş hökmünde garalýar. Tahýanyň etegi içinde dört sany nalyň şekili ýerleşdirilen uly bolmadyk «pişmelerden» – romblardan ybarat bolup, olaryň reňki bir ak, bir gara tertibinde gezekleşdirilip saýlanyp alynýar. Bejergi bilen meşgullanýan keşdeçi «işli» diýilýän gelin-gyzlar oňa «gültahýa naşgy» hem diýýärler. Gültahýanyň depesini etegine birikdirýän pugtamaly ýerini «ýylanagzy» nagşy bezese, «tegbent» nagşy owadanlygy bilen ünsi özüne çekýär.

Marydaky türkmenleriň aýal-gyzlarynyň arasynda börük giňden ýaýrandyr. Börük hem özüniň büçüwi we görnüşi boýunça «gültahýa» meňzeş bolýar, ýöne börükleriň etegi birneme beýikdir. Onuň beýikligi 26-30 *sm*-e barabardyr. Börügiň depesindäki esasy nagyş – «sekizganatly ýyldyzdyr», aşaky bölegine bolsa pişme şekilleriniň iki hatary salynýar. Şeýle börügi durmuşa çykmadyk gyzlar geýýärler. Olar durmuşa çykan soň hem esli wagt börük geýmegini dowam edýärler. Börügiň depesini etegine birikdirýän ýerine göz degmezlik üçin çigme sanjymda «ýylanagzy» pugtama nagşy salynýar. Tahýanyň iň soňky nagşy «tegbent» bolup, gyrasyna goýy gara-ýaşyl ýüpekden jähek salynýar. Börügiň üstüne kümüşden ýasalan gupba dakylýar.

Erkek adamlaryň «akgaýma» tahýasynyň depesindäki nagşa «gülýaýdy» diýilýär. Ol Günüň keşbini şekillendirýär. Tahýanyň depesindäki nagyş ýeri goýy ýaşyl ýüpek bilen sekiz bölege bölünýär. «Gülýaýdynyň» gyra töwereginde «guşgözi», «guşdyrnak», «çaňňa» ýaly kiçijik ownujak nagyşlar ýerleşýär. Akgaýma tahýasynda «süňşükler» gaýalýar. Tahýanyň etegineiki aýlaw, depesine bir aýlaw «garşylykly süňşükler» gaýalyp, olar hemişelik aýlawly hereketlerde bolýarlar. Arasy ownujak «sekdirme» nagyşlyja akgaýma tahýanyň depesinden etegine çenli ýedi aýlawda gaýtalanyp, ol zeminiň, älemiň hereketli bolandygyny aňladýar. Akgaýma tahýasy gültahýadan özüniň reňk ýönekeýligi we biröwüşginliligi bilen tapawutlanýar. Nagyşly gaýmalaryň hatarlarynyň ownuklygyndan ýaňa daşyndan seredeniňde akgaýma tahýalaryň düşegi gyzyl

170.0 x 240.0 mm

keteniden däl-de, hamana, ak keteniden ýaly görünýär. Tahýalaryň dik depesinde uçlary ýitije dyrnak aýlaw boýunça ýerleşdirilýär. Aslynda, «akgaýma» jümlesiniň manysy öňon düşünjeleri – jandarlara we guşlara sežde bilen bagly taglymatlardan alyp gaýdýar. Erkek kişileriň tahýalary hakynda öňden rowaýat hem aýdylyp gelinýär. Bu rowaýatda «akgaýma» nagşy öz köşegini ýitirip, asmanda gezip ýören Akmaýa bilen baglanyşdyrylýar. Haýwanyň öz çagasyna bolan mähribanlygy, söýgüsi we wepadarlygy üçin Hudaý Akmaýanyň köşegini öz ýanyna – asmana alyp gidýär. Akmaýa bolsa bozlap öz köşegini gözläp ýedi gat asmana çykýar. Köşegini tapman bozlap ýörüşine onuň süýdi dökülip, geçen ýolunda yz galdyrypdyr. Halk içinde asmandaky ýyldyzlar toplumynyň hataryna «Akmaýanyň ýoly» diýilmegi hem şondandyr. Tahýalaryň depesindäki «dyrnak», «gawun çigidi» ýaly nagyşlar bilen guşlar hakyndaky oňon düşünjeleri berk baglanyşyklydyr. Tahýanyň depesini we etegini birleşdirýän tikin yzlaryna «tegbent» nagşy keramatly gorag häsiýetli. Goýy ýaşyl ýüpek bilen tahýanyň etegi jäheklenip, tahýa başdan ykjam saklanar ýaly, gyrasyna gyrmyzy-gyzyl ýüpekden işilen ýüp tutulýar.

## 2.5. Tikin we nagyş bejergileri. Olaryň häsiýetli aýratynlyklary

Türkmen milli egin-eşikleriniň aýratynlyklary olaryň bejergilerinde we salynýan nagyşlaryndadyr. XX asyryň dowamynda çeper bejergi sungat hökmünde özüniň belent sepgidine ýetdi. Türkmen gyzjagaşlary 7-10 ýaşyna ýetenden soň bejerginiň usullaryny we tilsimlerini ele alýarlar. Bejergi zenanlaryň, erkekleriň we çagalaryň egin-eşiklerinde – köýneklerinde, başgabynda (tahýada, börükde), başatgyçlarynda (çyrpyda, kürtede, bürenjekde), egne geýilýän donlarda, aýallaryň aýak geýimlerinde ýerine ýetirilýär. Türkmen bejergileriniň reňk öwüşginleri birsydyrgyn ýönekeýdir. Nagyşlarda, adatça, sapaklaryň 4-5 reňklisi ulanylýar. Olar gyzylyň iki görnüşi açyk we goýy, sary, ak, goňur, gara reňklerdir. Şu reňkler bejerginiň milli äheňiniň özboluşlylygyny görkezýär. Türkmen gelin-gyzlarynyň el bejergileri köpdürlüdir. Olar: basma, gaýma, keşde, köjüme, çigme, ilme, orama, garalama, pugtama. Tikin usullary hem köpdür. Olar kök atma, ýörmeme, ýabşyrma. Gara bilen gyzyl reňkli ýüpeklerden işilip örülen ýüpekden **jähek** hem-de aldymgaç zenanlaryň we erkek adamlaryň eşiginiň gyralaryna tutulypdyr. Rus kärhanalarynyň matalary setin, nah we eýran çitleri, begresi, ýüpekleri we elde dokalan matalary egin--eşik tikmek üçin ulanylypdyr. Türkmen zenanlarynyň, erkek kişileriň, oglanjyklaryň we gyzjagazlaryň ähli egin-eşikleri elde tikilipdir. XIX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap Türkmenistanda «Zinger» mehanik tikin maşyny giňden

170.0 x 240.0 mm

ulanylyp başlanýar. Şol maşynlaryň tikin usuly gaýma bejergisiniň usulyna kybapdaş bolupdyr.

Tikiniň we çeper bejerginiň esasy aýratynlyklaryny jemlemek bilen, olardaky häzirki zaman nagyş taslamasynyň şekilleriniň gözbaşyny bürünç asyryndan alyp gaýdýandygyny XIX asyryň aýaklarynda, XX asyryň başlarynda bolsa, el tikin senediniň iň ýokary kämillige ýetendigini bellemek bolar.

Gyzyl, ýaşyl keteni matalaryndan kürte we ak, sary, ýaşyl ketenilerden çyrpylar biçilip, tikilip, çuň manyly we nyşanly nagyşlar salynýar. Bejergä aýratyn üns berlip, «çaňňa», «gülýaýdy», «gelinbarmaк», «üzülmez», «tamdyragulak», «tegbent»,«kürtegoçak» ýaly nagyşlar salnypdyr. Bu nagyşlar eneolit döwründen bäri çeperçilik döredijiliginde özleriniň gözel, owadan hem-de uzak ömürlerini dowam eden nagyşlar. Zenanlar çyrpylary we kurteleri gelinlik döwründen başlap, bürenipdirler. Olary orta ýaşa ýa-da bellibir ýaşa çenli bürenmeli diýlip çäk goýulmaýar. Kürtä esasy «çaňňa», ««gülýaýdy», «tegbent», «kürtegoçak», «tamdyragulak», «gelinbarmak» ýaly nagyşlar salnypdyr. Şeýlelikde, gadymy wagtlardan häzirki günlerimize çenli keteniden dürli görnüşli eşikler we lybaslar tikilip, şol gymmatly milli keteni matalary häzirki döwürde-de türkmen milli matalary bolup, jemgyýetimizde öz ähmiýetini ýitirmän gelýär.

## KETENI KÖÝNEKLERINIŇ ÝAKASYNYŇ WE ÇABYTLARYŇ BEJERGISINIŇ AÝRATYNLYKLARY

Türkmen egin-eşikleri zenanlara bir hilli, erkek adamlara hem başga hilli matalardan biçilip tikilýär. Olaryň arasynda egne atylýan eşikler we dürli matadan tikilen donlar, başatgyçlar bar. Erkek we aýal adamlaryň donlary gyrmyzy donlukdan, ýedi dürli keteni matalardan tikilýär. Zenanlaryň begres dony gyş möwsüminde geýilýär. Erkek adamlaryň donlarynyň zenanlaryň donunyň biçüwinden tapawudy ýakasynyň biçüwi we ony bagjyk bilen daňmakdan ybarat. Zenan keteni köýnekleri gadymdan bäri uly höwes, isleg bilen toý we öý lybasy hökmünde geýlip, geýen adamy bezemen, salyhatly görkezip, görküne görk goşýar. Keteni matasyndan tikilen eşiklere keşde nagyş owadan düşýär.

Gelin-gyzlaryň eşiginde egne atylýan hem-de geýilýän donlaryň toplumy bar. Erkekleriň we zenanlaryň egne atylýan we geýilýän donlary biri-birlerinden bejergileri we biçiliş usullary bilen tapawutlanýarlar. Zenanlaryň egne atýan donlaryna kürte, çyrpy, başatgyç, bürenjek degişlidir. Erkekleriň egne atýan donlaryna ýapynja, halat degişlidir. Donlar çabyt, gyrmyzy don, garma don, begres, mahmal. Erkeklere agary, garma we gyrmyzy donlar degişlidir. Bular milli matalardan tikilip, içliklik üçin XIX asyrda «eýran çiti» diýilýän matany ulanypdyrlar.

170.0 x 240.0 mm



**83-nji surat.**
Keteni çabytly gyz

Keteni çabytlar «agyr» bejergi bilen bezelende toý lybasyna öwürlýär. Olar toýlarda, myhmançylyga, sapara gidilende geýilýär. Öý lybasy görnüşinde geýilmeli keteni çabytlara az nagyş salynýar. Gyz-gelinler keteni çabytlarynyň degre-daşyny, ýeňlerini, jübülerini, ýartmaçlaryny islendik inlilikde nagyşlar bilen bejerip bezeýärler (*83-nji surat*).

Türkmen donlarynyň bejergisi üçin tire-taýpa alamatly nyşanlar we şertli belgiler ulanylýar. Günorta Türkmenistanyň binagärliginiň bezeg nagyşlaryny halylarda duş gelýän nyşanlara-da meňzetmek bolar. XIX asyrda duş gelen taýpa tagmalarynyň şekilleriniň görnüşlerini donlarda görmek bolýar. Donlaryň bejergisiniň ýerleşiş kadalary özboluşlydyr. Köplenç, donuň ýakasy, etekleri hem-de ýartmaçlarynyň daşlary bejerilýär. Olara salynýan nagyşlar T görnüşli goçak şekilleridir. «Golçurlygoçak», türkmen alymlarynyň tassyklamalaryna görä, orta asyrlarda Türkmenistanyň çäklerinde döräpdir we Seljuk medeniýetiniň görnükli alamatyna öwrülipdir, şeýle-de taryhy ýazgylarda onuň oturumly ilatyň we mülkdarlarynyň tagmasy bolup hyzmat edendigi nygtalýar.

## 2.6. Türkmen erkek adamlarynyň egin-eşikleri

Türkmen erkek adamsynyň egin-eşigi Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan adamlaryň dünýägaraýşyny şöhlelendirýär. Türkmen egin-eşigi möwsüme görä, elde dokalan matalardan tikilipdir. Türkmen eşiginde ýüňden, nahdan we ýüpekden dokalan matalary görmek bolýar. Iň gadymy türkmen köýnegine meňzeş köýnekler Günorta Sibiriň Altaý daglarynyň Pazyryk depesinden tapyldy (miladydan öňki V asyr). Türkmen egin-eşiklerinde erkek we zenan eşikleriniň biri-birinden tapawudy esasan bezeglerindedir. XIX asyrda adaty erkek egin-eşikleriniň görnüşleri erkin we giň bolup, olar halkyň göçüp ýörme çarwa durmuş keşbine laýyk gelýär. Bu eşikler atly ýörmäge, ýer üstünde rahat oturmaga çemeli bolupdyr, tomsuna salkynlygy, gyşyna bolsa ýylylygy üpjün edipdir. Şol döwre degişli erkek egin-eşikleriniň özüniň umumy sypaty, millilik häsiýetleri boýunça goňşy halklaryň eşiklerinden kän bir tapawutlanmandygyny aýtmak gerek. Häzirki döwre gelip ýeten türkmen köýnekleri kelleden geýilýän «tunika» görnüşli köýnekleriň biridir. Ol dyza çenli boýly bolup,

giňligi we iki gapdalynda oturdylan ýanlary bilen tapawutlanýar. Antik döwürde şeýle köýnekler Mesopotamiýa, Gresiýa döwletlerinde giňden ýaýrapdyr. Gadymy Gündogar döwletleriniň däbi egin-eşikleri üst-üstüne geýmekden hem-de biliňi guşak bilen berk guşamakdan ybarat bolupdyr.

Egne atylýan egin-eşikler miladydan öňki II asyrda ýaýrap başlaýar. Biz IX-XVI asyrlaryň miniatýura eserlerinden erkek eşikleriniň dürli görnüşlerde, biçüwde we reňklerde bolandygyny görüp bileris. Bu eserlerde dürli reňkli başgaplar hem-de üstki geýilýän eşikler, aýakgaplar we beýleki zatlar (pyçaklar, ýüzükler, şaý-sepler, tüýdük, ok-ýaý, tesbiler) görkezilýär. XIX asyryň aýaklaryndan XX asyryň başlaryna çenli Türkmenistanyň çäklerinde erkek adamlaryň egnine geýýän öňi açyk donundan we kelleden geýilýän tunika görnüşli köýneginden basga gündeki durmuşda gerekli hemme zatlara eýe bolandygyna göz ýetirmek bolýar. Olaryň eşikleri köýneklerden, donlardan, balaklardan, telpekden, çepekden, köwüşlerden, ädikden ybaratdyr. Erkek kişileriň içki we üstki eşikleri eginden ikä eplenen göni mata bölegi we göni tikilen ýeňler bolýarlar. Erkek kişileriň egin-eşikleri, adatça, ýönekeýligine we agraslygyna garamazdan, tikinçiniň ezberligi we nagyşlaryň tire-taýpa görä aýratynlygy göze ilýär. Erkek adamlaryň donlarynyň tapawutlylygy – insizje bejergisindedir. Erkek adamlaryň donlarynyň ýakalary dik açylypdyr we gutarýan ýerinde bagjyk edilipdir. Egnine atylýan eşiginiň biçilişi, esasan, sada görnüşli bolup, ony matanyň göni sapagy (erşi) boýunça biçip tikipdirler (ini kese biçilmändir). Öňi açyk, ýagny, iki ýana açylýan üstki eşikler dürli görnüşli donlardyr. Ýeňil donlar, pagta bilen ýyladylan donlar, içliksiz garma donlar, içmek we agarçäkmen. Donuň goşmaça tikilýän bezegi – parawuzdyr.

Içki eşiklere, esasan, köýnek degişli bolup, ol erkekleriň gysga görnüşli eşigidir. Ony kelleden geýýärler. Ýazda we tomusda eşikler ýuka matalardan tikilip geýlipdir. Matalary ýüzi çyzykly hem-de köpreňkli görnüşlerde dokapdyrlar. Matalar ýumşak hem ýalpyldawuk, syk we gaty dokalan, özi hem owadan bolupdyr. Olary ýüpek we nah garyp, «garyşyk» şekilinde hem dokapdyrlar. Köýnekleriň biçüw düzgünleri sadalygyny hem-de ýönekeýligini saklamak arkaly, ýeňler bilen gapdal (ýan) taraplaryň birleşýän ýerinde begeýik edilipdir. Erkek keteni köýnekleri ýakanyň görnüşi boýunça tapawutlanypdyr. Köýnekleriň, esasan, üç sany görnüşi



**84-nji surat.**
Gyrmyzy donly ýigit



**85-nji surat.** Ýigitleriň ezýakaly köýnegi

bolup, olar dik we kese açylan ezýaka, çäkýaka we iki egninden açylan ýakaly köýneklerdir. Toý eşikleri ýüpekden tikilipdir. Ýakalary nagyşlanypdyr. Ýakalary insizje hem-de gysgajykdyr. Nagyşlar – «atanak», «tegbent», «siňirme» (*84–85-nji suratlar*).

Donlar möwsüme görä bolup, olar hem toý lybasy hökmünde geýlipdir. Mysal üçin, gyşda çäkmen, içmek geýilýär eken, toý-dabaralarda bolsa agarçäkmen, gyrmyzy we garma donlar geýlipdir. Agarçäkmenlik matalar mele reňkde bolup, ony dabaraly ýagdaýlarda geýýärler.

Başgaplar dürli-dürli bolupdyr. Iň giňden ýaýrany matadan edilen başgap – selledir. Göçme halklaryň arasynda giňden ýaýran başgap tegelek, depesi matadan ýa-da deriden tikilendir. Olar, köplenç, içlikli bolupdyr. Olary jemgyýetiň barly gatlaklary geýipdirler. Olary öýde-de, bir ýere gidenlerinde-de geýipdirler. Fiziki işler bilen meşgullanýan adamlar pes başgap, ýokary gatlakdaky adamlar beýik başgap ýa-da ak reňkli selleleri geýipdirler. Ak keçe başgaplary hem giňden ýaýrapdyr. Ondan başga-da, gymmat bahaly bagana deriden tikilen telpekler hem bolupdyr.



**86-njy surat.** Silkme telpekli türkmen ýaşulysy

Selle başgaby XV asyrdan başlap dürli reňkli matalardan tikilipdir. Ony XIX asyryň ortalarynda belli gatlakdaky erkekler geýipdirler. Dindarlar ony kelläňiň daşyndan 2-3 usul bilen daňypdyrlar. Onuň bir ujy uzyn bolup, sag ýa-da çep eginden goýberipdirler. Alymlar, şahyrlar, din işgärleri, sopular ak, gök, mawy, çal, ýaşyl reňkli matalary selle üçin ulanypdyrlar. XIX-XX asyrlarda erkek adamlar akgaýma tahýa geýipdirler. Adatça, erkek kişiler tahýanyň üstünden silkme telpek ýa-da başga başgap geýýärler (*86-njy surat*).

Şeýlelikde, sany onçakly köp bolmadyk erkek eşikleriniň gelip çykyş taryhyna syn etmek bilen, biz umuman, XIX-XX asyrlarda türkmen erkek egin-eşiklerinde milli däpleriň asyl nusgasyndaky berkligiň saklanyp gelendigini görýäris.

Söweş günlerinde türkmen ýigitleri mele reňkli lybaslar, ýagny mele çäkmen, mele silkme telpek geýipdirler, sebäbi, bu reňkler çöl tebigatynyň

reňki bilen dessine garyşyp gidýär. Jahankeşdeler türkmen ýigitleriniň söweş usuly barada: «Olar, hamana, ýerden çykan ýaly birden peýda bolýarlar, gerek wagty hem ýere giren ýaly zym-zyýat bolýarlar» diýen taryhy ýazgylaryny galdyrypdyrlar.

## 2.7. Çaga egin-eşikleri we olaryň bejergisi

Çaga geýimi örän täsindir. Ol türkmenlerde uly adamlaryň geýimleriniň tikiliş we bejeriliş çeperçiligi bilen ýerine ýetirilipdir. Munuň şeýledigini XVIII-XIX asyrlardaky saklanyp galan eşikler subut edýär. Çagalar bäbek wagtynda gundagda saklanýar. Gundagdaky çagalaryň tahýalarynyň köp görnüşleri bar. Ýaňy bolan bäbekler üçin «kiçi sümmen», bir ýaşyna ýeten we ilkinji gezek saçy syrylan çagalar üçin «çille tahýa» atlandyrylýan tahýa tikilýär. «Sümmen» tahýa çaga kyrk çileden çykýança geýdirilýär. Alty aýdan soň bäbege eşikler geýdirilip başlanýar. Bäbegiň baş gaby – sümmen, onuň inçejik uzynja depesi we gyralary bejerilendir. Daşky görnüşi boýunça ol türkmenleriň kellesiniň tebigy gurluşyny gaýtalaýar. Sümmenler dürli ak, sary reňkli ketenilerden, sarytagta, maldaýy, gyzyl keteni matalardan tikilipdir. «Sümmeniň» daş ýüzüniň mata bölejiklerinden düzülmegi gözden-dilden goraýjylyk häsiýetli diýlip kabul edilýär. Ol köp hudaýlylyk döwürlerinden bäri ýagşylyga hem-de rowaçlyga ýorulýar. Sümmenleriň beýikligi 15-20 *sm* bolupdyr. Bölejik matalaryň birleşýän ýerini sadaja nagyşlar – «gyýak», «bugdaý bogny», «gawun çigidi», «dyrnak» nagyşlary bilen bejeripdirler. Depesini «akgaýma» nagşy bezeýär. Onuň şekili guş tagmalary bilen baglanyşykly bolýar. Matalaryň gyrmyzy we ak zolaklarynyň üsti «bugdaý bogun» we «çigildem» nagyşlary bilen doldurylýar. Çagalaryň tahýalarynda «bugdaý bogun» we «çigildem» nagyşlarynyň ulanylmagy ýöne ýerden däldir. Çigildem şekili türki halklar üçin tebigatyň gaýtadan janlanmagynyň alamaty. Şonuň üçin hem çagalaryň tahýasyna çigildem gülüniň salynmagy aýratyn mana eýedir. Gyzjagazlaryň tahýasyna kiçijik gupbajyk, sümsüle ýa-da ýüpe düzülen hünji hem dakylypdyr (*87-nji surat*).



**87-nji surat.** Çaga «sümmen» tahýasy

Daşoguzda, Lebap welaýatynyň käbir etraplarynda çaga üçin niýetläp dürli matalardan gurnalan gulakjyn tikilipdir. Gulakjyn örän ykjam başgap. Ol, esasan-da, sowukda geýlensoň, onuň içi pagta içlikli hem-de çaganyň gulagy üşemez

170.0 x 240.0 mm

ýaly tikilipdir. Gulakjyny alajadan edilen pürjükler, sadaplar, guşuň ýelekleri, igdäniň çöpi bilen bezäpdirler.

Çagalaryň egne geýýän köýnegi kürtekçedir. Bu eşik mata guramanyň esasynda edilipdir. Kürtekçeler içi içlikli bolup, olar, köplenç çagajyk üşemez ýaly pagta içlikli hem tikilýär. Bu geýimiň iki gapdaly tikilmeýär. Onuň iki gapdaly açyk bolýar, egninde reňkli seçekli nagyşlanan üçburç görnüsinde ýeň bolupdyr. Olaryň biri hem çaga kürtekçesidir. Kürtekçe – gyrmyzy donluk, çepbetöw, maldaýy matalarynyň bölekleriniň uzyn zolaklaryndan tikilip, ol «gapy» ýaly goltuk tarapy insiz bolup, etegine giňelip gidýär. Kürtekçe dikligine kesilip alnan mata zolaklaryndan eplenip tikilýär. Kürtekçäniň egninden boýunýaka oýulyp, çep tarapyndan, öňünden ýaka açylýar. Boýnunyň we ýakanyň töweregi «akgaýma» nagşy bilen bejerilip, gyrasyna ýüpekden jähek tutulýar. Iki gapdalyna giňeltmek üçin sanjak urulýar. Nah matadan içlik edilýär we etegi eplenmän goýulýar. Kürtekçäniň egnine nagyşlanan, gyrasyna seçek tutulan üçburç «gulak» tikilýär. «Gulagyň» ujuna alaja ýa-da zynjyra berkidilen düwme asylýar. Kürtekçeleriň gulaklaryna diňe gyzyl we gara ýüpekden işilip taýýarlanan seçekler tutulypdyr. Kürtekçäniň iki ýeňiniň ýeri tegelek kümüş şaýy – çaprazlar bilen bezelýär. Çaga kürtekçesiniň ýeňse tarapyna «goçbuýnuz» şaýyny ýaman gözden-dilden goramak üçin tikipdirler (*88-nji surat*).



**88-nji surat.** Kirlikli çaga kürtekçesi

Ýöräp başlaýan körpe çagalar üçin öňüne «kirlik» tutulýar. Çagalaryň keşde we çigme usulynda bezelen eşikleriniň biri hem kirlikdir. Kirlik köýnegiň üstünden ýa-da kürtäniň üstünden öňlük hökmünde geýlipdir. Kirlik gyrmyzy donluk, çepbetöw, maldaýy donluk, sarytagta, keteni ýaly ýüpek matalaryň bölejiklerinden gurnalyp tikilýär. Ol egninden açylýan iki ýakaly köýnek ýaly bolup, çagajyklara geýdirilipdir. Kirlik elde dokalan matalaryň böleklerinden gurnalyp tikilýär we seçeklenýär. Kirlik hem içlikli bolup, ýakasyna jähek tutulýar, ýüzi ýa-da gyralary keşde bilen bejerilýär. Onuň gulaklary aýratyn keşdelenip, merkezine «daragt» nagşy salynýar. Kirligiň esasy bezegi nagyş bolansoň, oňa köp şaý dakylmaýar. Onuň ýüzüne «toýnuk», «guşgözi», «sekizkeşde», «ömür daragty», «gülýaýdy» ýaly nagyşlar salynýar. Onuň öňi we yzy tegelek ownuk çaprazlar we has iri güberçek apbasylar bilen bezelipdir. Ol, köplenç, sekizburçly bolup, ýerligi dörtburç eplenen we her tarapyna bir gulak

tikilýär. Kirligiň ýakasy iki egnine açylýar, onuň ýüzüni geometrik şekiller, «guşgözi» nagşy bezeýär. Kirligiň ýüzüni üçburçly geometrik nagyşlar bezeýär. Çaga bejergileriniň usullary sada bolýar, köp zähmet talap etmeýän «çigme», «köjeme», kähalatlarda «çigildem» nagyşlaryny keşde usulynda ýerine ýetiripdirler.

Umuman, çaga egin-eşikleri el bejergisi bilen bezelipdir. Çaga köýneklerini, balaklaryny, kürtekçelerini we kirliklerini dürli reňkli ýüpek bilen bezäpdirler. Türkmen nagyşlary özleriniň nepisligi, gözelligi, ýüpekleriniň owadanlygy bilen örän sazlaşykly görnüpdir. Çagalaryň egin-başlarynda Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň şekiline hem gabat gelinýär. Olary tegelek, ýarymtegelek, romb, haç görnüşlerinde şekillendiripdirler.




**89-njy surat.** Şaý-sepli çaga kürtekçeleri

Çagalaryň eşiklerinde nagyşlaryň, sekilleriň ýany bilen hökman kiçi görnüşli dürli şaý-sepleri hem ulanypdyrlar. Olar lybaslarda owadan, gelşikli gorag serişdesi hökmünde ýörgünli bolupdyr. Çaganyň döşüne dakylýan bezeg şaý-seplerinden iň giňden ýaýrany dagdan agajyndan ýasalan üçburçluk dogajykdyr. Mary welaýatynyň çäklerinde çaganyň döşüne kümüşden ýasalan tumarçaly dogajygy alaja ýüpe dakyp ulanypdyrlar (*89-njy surat*). Lebap sebitinde bolsa kümüş düwmejikleri dakypdyrlar. Bu şaý aýallaryň tumaryna meňzeş silindr görnüşli bolup, çagany gözden-dilden goramak üçin niýetlenip ýasalypdyr. Ol içi boş silindr bolup, ýokarsyna 3 sany we aşagyna 6 sany gulp kebşirlenipdir. Aşaky gulplara tegelek halka arkaly zynjyrly düwme berkidilen. Silindr görnüşli bölek daş ýüzünden 3 hatarly işilen sim arkaly 15 bölege bölünipdir. Bu şaý-sepi XX asyrda Lebap welaýatynyň ärsary türkmenleri çagalarynyň bezeg şaýy hökmünde ulanypdyrlar. Çagalaryň donuna, kurtekçäniň ýüzüne dürli görnüşli dogajyklar çatylypdyr. Alajalardan dürli şekiller hem tikilipdir we olardan ýylan görnüşinde tikilen alaja çaga donlarynda örän köp

duş gelýär. Has irki döwürlerde egin-eşiklere salnan ildirme, köjeme, keşde usulynda edilen nagyşlar, gynansak-da, häzirki günlerde azalýar we wagtyň geçmegi bilen nagyşlaryň asyl nusgasynyň ýok bolmagyna getirýär.

Türkmen çaga egin-eşikleriniň düzüminiň oýlanyşykly döredilmegi, biçüwi, reňkleriniň saýlanyp alnyşy, olaryň kümüş şaý-sepler bilen utgaşdyrylyp bezelişi, bejergileriniň nepisligi olary halk sungatynyň ajaýyp nusgalarynyň hatarynda goýýar, çünki çaga eşikleri türkmeniň geýim-lybaslarynyň aýrylmaz bir bölegidir.

## 2.8. Türkmen milli aýakgaplary

Adamlar irki döwürlerde daş böleklerini, tiken çümmez ýaly agaçlaryň ýumşak ýasy gabyklaryny aýaklarynyň aşagyna daňyp gezipdirler. Howanyň sowamagy bilen bedeni sowukdan goramak zerurlygy ýüze çykýar. Şoňa görä, adamlar awlan haýwanlarynyň hamlaryny, derilerini aýakgap hökmünde dolapdyrlar. Hamy, derini şeýle ýagdaýda ulanmak oňaýsyz bolanlygy sebäpli, soňabaka adamlar derini eýlemegi öwrenip, asyrlaryň dowamynda deri önümlerinden ýönekeý aýakgaplary döredipdirler. Çepekler, ham çaryklar adamzadyň ilkinji oýlap tapan aýakgaplary bolmagy mümkin. Durmuşyň ýaşaýyş zerurlygy netijesinde, diňe bir aýagyň aşagyny ýa-da üstüni örtmek däl-de, eýsem ökjäni, injigi ýapmak üçin niýetlenilen häzirki zaman aýakgaplaryň sada görnüşleri ýüze çykýar.

Türkmenistanda gön, gaýyş, deri, bagana bilen meşhur bolan hünärmenler ähli welaýatlarda ýaşapdyrlar. Aýakgap tikmek üçin, esasan, gara mallaryň hamyndan taýýarlanylan göni, gaýşy ulanypdyrlar. Köwüş tikinçileriniň önümi kämilleşýär we olaryň senetçilik hojalyklary ownuk kärhanalara öwrülipdir. Öň ähli tikin işleri el iş gurallary bolan iňňe, temen, biz bilen amala aşyrylan bolsa, XIX asyryň aýagynda tikin maşynlary ýüze çykypdyr. Ussahanalarda ilki milli aýakgaplardan çokaý, gaýyş çaryk, bagjyksyz köwüşler öndürilipdir.

Aýakgap önümçiliginde birinji çig maly, ýagny derini biçmek, galypda şekil bermek, oňa dabanlyk oturtmak, dürli bezeg işlerini berjaý etmek ýaly ugurlary bar. Teletinden, birnäçe gat gaýyşdan syrdalyp dabanlyk goýlup, gyzylymtyl gaýyşdan tikilýän ökjesiz aýakgaba çaryk diýilýär. «Çaryk» sözi gadymy oguz-türki halklarynda «çaruk» görnüşinde hem ulanylýar. Çaryk tikmek üçin niýetlenen deri «çaryklyk» diýlip atlandyrylypdyr. Aýakgabyň bölekleri gaýşyň iň berk ýeri bolan sagrydan, esasy agram düşjek beýleki bölekleri adaty gaýyşdan tikilýär. Gaýyş çaryk burnundan köwşüň agyz tarapyna çenli tikilip, burun tarapy ýokaryk gaňrylyp goýulýar. Agzynyň gyrasy dikligine gysga dilnip, şondan insiz uzyn gaýyş bagjyk geçirilýär hem-de aýaga we injige dolanan dolagyň üstünden oralyp daňylýar. Eger-de çarygyň ýüzüne elde bejergi

170.0 x 240.0 mm

ediljek bolsa, onda ýa elde mum sürtülen berk sapak bilen, ýa-da maşynda iki gat nah sapak bilen bejerilýär. Aýakgabyň daban bölegini berkitmek üçin, köplenç, sapak, agaç, metal çüýler, ýelim ulanylypdyr. Çarygyň bu görnüşi ýaňy-ýaňylar hem ulanylypdyr. Bu çaryga başy gyzylymtyl öwüsýänligi üçin gyzylbaş çaryk hem diýilýär.

Tüýi aýrylan, iki-üç gat galyň teletinden kesilip, syrdalyp edilen we diňe aýagyň dabanyny ýapýan üsti açyk aýakgaba çepek diýilýär. Çepek tikmek üçin ulanylan teletine çepeklik diýilýär. Çepegiň öňünden başam barmak bilen süýem barmagyň aralygyndan we iki topugyň aşak ýanyndan deşik ýasalyp, halka ýüp geçirilýär-de aşagyndan düwülýär. Şol halkadan çepegiň bagy geçirilip injige daňylýar. Çepek aýakgaplaryň iň ýönekeýidir. Çepegi tomsuna uly adamlar, ýetginjekler, oglanlar, şeýle hem çopandyr çoluklar geýipdir.

Gyzylymtyl galyň gaýyşdan ökjelik goýulman tikilen aýakgaba çokaý diýilýär. Çokaýy tikilen çig malyna görä tapawutlandyrypdyrlar, meselem, gowy işlenilmedik, eýlenilmedik gaýyşdan tikilen pes hilli çerim çokaý. Çokaýy ýaz aýlary daýhanlar, maldarlar aýaga dolak dolap geýipdirler. Hili boýunça iň gowusy gaýyşdan tikilen gaýyş çokaý hasaplanylýar. Çokaý ululygyna görä birnäçe görnüşe bölünýär. 7-8 ýaşly çaga niýetlenilip tikilen çokaýa içi begendiren çokaý diýilýär. Şeýle diýilmeginiň sebäbi, ol geýlende, esasan, üç adamy – çagany, ejesini we kakasyny begendiripdir. 13-14 ýaşly oglana niýetlenip tikilen çokaýa ýigdekçe çokaý diýilýär. Otuz dokuz, kyrk ölçegdäki çokaýa aralyk çokaý we ondan ýokary ölçegdäki çokaýa uly çokaý diýilýär (*90-njy surat*). Düzdaban ökjesiz, apgyrtsyz köwşe çyssa diýilýär. Aýaga geýmek üçin gonjy dyza golaý ýetýän ökjeli aýakgaba ädik diýilýär.



**90-njy surat.** Türkmenleriň erkekler we zenanlar üçin niýetlenen milli aýakgaplary

Türkmen senetçiliginiň aýratyn bir ugruny düzýän aýakgaplaryň gadymy nusgalary milli muzeýlerimizde görnükli orny eýeleýärler.

170.0 x 240.0 mm

## 2.9. Zenan toý lybaslary

XVIII-XX asyrlardan galan taryhy-etnografik maglumatlar, esasan, häzirki Ahal we Mary welaýatlaryna degişli bolýar. Türkmen zenan toý lybaslary dogrusynda durup geçmek üçin biz şu welaýatlaryň XIX asyrdaky toý lybaslarynyň mysalyna esaslanýarys. Durmuşa çykmadyk gyzlar tarada dokalan gyrasaryly keteni matasyndan tikilen lybaslary geýipdirler. Keteni köýnekler, esasan, gyzyl reňkiň dürli mämişi, gyrmyzy, gülgüne öwüşginlilerinden tikilipdir. Köýnekler aşyryly-ýanly biçüwde bolup, onuň iç ýüzüne nah matadan ýagyrniçlik edilipdir. Köýnegiň ýakasy öňünden dikligine uzyn açylyp, onuň gyrasy ýaşyl ýüpek bilen jäheklenipdir we töweregi el bejergi bilen ýa-da tikin maşynda nagyşlanyp bezelipdir. Ýakada jähegiň üstünden kelle sygar ýaly ýer goýlupdyr, ýakany birleşdirýän pugtama usulynda nagyş bejerilipdir. Köýnegiň ýakasyna «sekizkeşde», «çaňňa», «atanak», «çakmak», «akgaýma», «süňşük», «kürtegoçak», «talgoçak», «golçurlygoçak», «darakgoçak» ýaly her dürli goçaklar salnypdyr. Köýnegiň üstünden gyzlar gyzyl reňkli ýüzi çyzykly gyrmyzy donluk matadan çabyt geýipdirler. Çabyt hem ýanly biçilip, ýüpek ýa-da nah matalar bilen içliklenipdir. Çabydyň iç ýüzünden gyrasyna çyzykly donluk matadan parawuz tutulypdyr. Çabydyň gyralary, ýartmajyň we jübiniň daşy, etegi gara ýüpek bilen jäheklenip, onuň ujuna hem gyzyl bilen gara ýüpek sapak goşulyp çalnan «aldymgaç» ýa-da üç sapakdan işilen garamtyl reňkli ýüp tutulypdyr. Çabydyň gyrasyna keşde ýa-da basma usulynda nagyşlar «erikgül», «çopantelpek», «tegbent», «gülkeşde», «garşylyklygoçak» salnypdyr. Ýartmajynyň ýokarsy we jübüsiniň aşagy jähekde goçak görnüşli aýlanyp, üsti pugtalanýar, daşyna hem nagyş aýlanýar. Çabydyň ýeňiniň ujuna gara keteniden, ýüpek matadan ýeňsapy urlup, ol hem nagyşlar bilen bejerilipdir.

Toý-dabaraly günlerde gyzlar köýneginiň öňüne apbasy, eline kökenli ýüzük we bilezik dakynypdyrlar. Durmuşa çykýan gyzyň toý lybasy, esasan, gyrmyzy ýa-da gülgüne reňkli apbasy dakylan keteni köýnekden ybarat bolupdyr, gursagyna gülýaka ýa-da gursakça dakynypdyr. Çykjak gyzyň çabydynyň öňüni çapraz-çaňňa bezäpdir, köýneginiň ýakasyna iki hatar çaňňa, gutaran ýeriniň aralygyna gönjük şaýy dakylypdyr. Çykjak gyzlar üçin ýörite çuňrak **çykyş tahýa** atly tahýa tikilipdir. Tahýanyň üstünden 2-3 ýaglyk daňylýar. Çykyş tahýasy hem gyzlaryň tahýasyndaky şaýlara meňzeş şaýlar bilen bezelipdir. Tahýanyň depesine şelpeli çekelikli gupba we bilegine 4 goşma bilezik, barmaklaryna kökenli ýüzük dakylypdyr.

Gelnalyjy däbine görä, gyz atasy öýünden äkidilende başyna toý eşigi bolan gyzyl kürte atylýar. Gyzyl kürte gyzyl reňkli keteni matadan tikilýär. Biçüwi ýanly bolup, ýüpek ýa-da nah matadan içlik edilip, iç ýüzüniň gyrasyna ala donlukdan parawuz aýlanýar. Kürtäniň ýakasy aýratyn bejerilip, soň kürtä birikdirilýär.

170.0 x 240.0 mm

Kürtäniň ýakasyna we ýeňsapysyna «barmak», «egrem», «tazyguýruk», «ýartyokgözi», «gülýaýdy», «tamdyragulak» ýaly nagyşlar salynýar. Kürtäniň gyrasyna gara ýüpekden jähek kakylyp, onuň ujuna aldymgaç tutulýar. Kürtäniň ýartmajynyň gyralaryna «tegbent», «çaňňa», «gülnagyş» ýaly nagyşlar salnyp, soň «kürtegoçak» aýlanýar (*91-nji surat*).



**91-nji surat.** Zenan toý lybaslary

Kürtäniň ýartmajynyň üstüne «çopantelpek» nagşy bilen tamamlanýan Günüň şöhleleri ýaly ýaýrap gidýän 3, 5, 7 hatar «para» salynýar. Ýaşyl kürtäni gelinler gaýyn öýüne gaýdyp gelenden 2-3 aý geçenden soň atynyp başlaýarlar. Ýaşyl kürte tarada dokalan garamtyl ýaşyl ýüpek keteniden gyzyl kürtäniň tikilişi ýaly ýerine ýetirilýär. Ýaşyl kürtäniň sanjaklary we ýeňsapysy gyzyl keteniden edilýär.

Ýaşyl kürtäniň jähegi gara ýüpekden kakylyp, gyzyl, gara ýüpekden aldymgaç tutulýar. Nagyşlaryň düzümi gyzyl kürte nagyşlaryndan agyr gelýär. Onuň ýakasynda – «çaňňa», «tegbent», «okgözi», «golçurlygoçak», ýeňine – gyzyl keteniden ýeňsapy urulýar we onuň ýüzüni iki-üç hatar nagyşlar bezeýär. Olar «tegbent», «okgözi», daşyndan hem «goçak» aýlanýar. Özboluşly ýakanyň biçüwi kürtäni egne geýmäge mümkinçilik berenok. Ýeňleri biri-biri bilen aragerbi birleşdirýär. Aragerbiniň ýüzi bejerilen, onuň aşaky etegi seçeklenýär. Ondan başga-da, kümüş şaýynyň ýüzüne altyn çaýylyp, gaşlar bilen bezelen aragerbi şaýyana hem duş gelmek bolýar.

## 2.10. Häzirki zaman zenan egin-eşikleri

Türkmen zenan geýimleriniň milli nusgawy durkunyň ilkinji özgeriş häsiýetleri XIX asyryň aýaklarynda we XX asyryň başlarynda ýüze çykyp ugraýar. Şol ýyllara degişli zenan egin-eşikleri häzirki wagtda muzeý gymmatlyklaryna öwrülip, nusgawy millilik hökmünde saklanylýar. Mundan başga-da, 1930-1940-njy ýyllarda Türkmenistana gelen rus suratkeşleriniň (K.Wýalowyň, N.Terpsihorowyň, W.Sadkowyň we beýl.) döreden eserleriniň aglabasynda milli geýimdäki türkmen zenan keşpleri suratlandyrylýar. Esasan, suratkeşleriň zenan görküniň janlylygyny we hakykylygyny tomaşaça görkezmek arkaly, olaryň örän ünsli takyklyk bilen milli lybasa uly ähmiýet berendigini görmek bolýar. Şol döwrüň gyňaç başatgyjyny daňynmak usulyny synlanyňda, türkmen zenanlarynyň geýinmek we ýaşynmak dessuryny saklaýandygyny görmek

8. Sargyt № 1774

boláar. 1950-nji ýyllara çenli türkmen zenan egin-eşiklerinde nusgawy durky, adaty keşbi we ýerine ýetirýän wezipesi üýtgemän saklanýar.



**92-nji surat.** Häzirki zaman zenan-gyzlaryň gündelik lybasy

XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Türkmenistanda gazanylan ykdysady öňegidişlikler, şäher medeniýetiniň has-da ösüp başlamagy bilen bellibir derejede türkmen zenan egin-eşikleriniň taryhynda täze öwrülişikler ýüze çykyp başlaýar. XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap türkmen zenan egin-eşiklerinde ýewropa biçüwleri ýörgünli bolup ugraýar. Muňa garamazdan, zenan geýimleriniň boýunyň hem-de ýeňleriniň uzyn bolmagy nusgawy däplere ýykgyn etmäge çalyşýar. Ilkinji täze biçüwi kabul eden zenan köýnekleri, nusgawy görnüşine garanyňda, gapdal ýanlary aýrylýar we onuň boý uzynlygy göni silindr göwrümde ýerine ýetirilýär (*92-nji surat*). Köýnekleriň bili indi göni däl-de, az-kem daraldylan ýa-da ýeňleri gysga görnüşde biçilýär. Şol ýyllarda ýurduň ykdysady kuwwatlylygy we goldawy netijesinde Modalar öýüniň açylmagyna mümkinçilik döreýär. Olaryň öňde goýýan baş maksady halkara ülňülerine laýyk gelýän dürli biçüwde ýerine ýetirilen egin-eşikleriň düzümine milli äheňleri sazlaşykly utgaşdyrmakdan, häzirki zaman türkmen zenan eşiklerini daşary döwletlerde wagyz etmekden ybarat bolup durýar.

Häzirki wagtda türkmen zenanlarynyň egin-eşik medeniýetine bolan garaýyşlary XX asyryň soňky ýyllaryndaky ýörelgelerden hem tapawutlanýar. Olar häzirki zaman ýewropa hem-de beýleki daşary ýurtlaryň egin-eşik ýörelgelerinden diýseň aňsatlyk bilen ugur alýarlar we milli däpler bilen sazlaşykly utgaşdyryp, döwrebap milli lybaslary döretmäge çalyşýarlar. Esasan hem, ýaş gelin-gyzlaryň egin-eşiklerindäki dürli häsiýetli biçüwler döwrebap häsiýetini açyp görkezýär. Bu ýagdaýa hünärmenler örän ýokary baha berýärler. Häzirki zaman zenan lybaslary dürli görnüşli, köpöwüşginli, sazlaşykly we gözeldir. Dürli usullar bilen (maşynda ýa-da elde) sünnälenip edilen köpreňkli miras nagyşlar milli keteni matasynda örän sazlaşykly görünýär. Täze dörän reňk öwüşginli elde, ýagny tarada dokalan matalar häzirki wagta çenli öz derwaýyslygyny ýitirmän gelýär. Bu matalarda nagyşlary ulanmak zenan geýimine gözellik berýär. Hemme zat diňe bu toplum görnüşde geýmegi meýil edýän adama bagly. Häzirki zaman zenan geýimleriniň toplumynda hökman başatgyç (kürte, çyrpy) bolýar. Ol hem türkmen zenanynyň päk ahlaklylygynyň nyşanydyr. Häzirki zamanda ylym we tehniki taýdan öňegidişlikler türkmen raýatlarynyň durmuşyny ýeňilleşdirdi. Indi türkmen zenanlary «ýewropa biçüwinde» tikilen köýnekleri geýýärler. Köýnekleriň biçüwiniň derejesi dürli ýagdaýda ýerine ýetirilýär,

ýagny ýeňleriň uzynlygy dürli görnüşde, dürli biçüwde bolup biler, ýöne däp bolan milli nagyşlar üýtgewsizligine galýar. Her bir döwrüň medeniýeti geçen döwürleriň gazananlaryndan peýdalanýar. Şonuň üçin hem bu ýagdaý hökman milli we halk däpleri bilen bagly bolýar. Halk lybaslarynyň we senetçilik zähmetiniň däp-dessurlarynyň saklanyp galmagyna, möwritini geçiren zatlar bilen aragatnaşygyň ýola goýulmagyna, isleg hökmünde garaman, eýsem häzirki zaman medeniýetini baýlaşdyrmak hökmünde baha bermek gerekdir.

Türkmenistan Merkezi Aziýada keteni matasynyň Watany hasaplanyp, ol soňky ýyllarda täzeçe özgerişe eýe boldy. Lybasyň berkleşen däp-dessurlaryndan täzeçe özgerişleri talap edýän «moda» geýimiň häsiýetini, onuň akymyny, bezegini örän çalt depginde üýtgedýär. Türkmen egin-eşiginiň taryhy iki ýüzýyllygyň dowamynda öz milli häsiýetiniň durnuklylygyny saklap gelen hem bolsa, häzirki döwrüň täzeliklerini ornaşdyrmaga batyrgaý çemeleşilýär. Beden gözelligi bilen baglanyşykly biçüwdäki köýnekleri tikmäge mümkinçilik döredi. Türkmen geýimleriniň ajaýyp nusgalaryny döredijiler (modeller öýleri) toý agşamlary, dabaralar üçin niýetlenen keteniden tikilen lybaslaryň ajaýyp ýygyndylaryny döredip, zenanlaryň talap ediji isleglerini kanagatlandyrýarlar (*93-nji surat*).



**93-nji surat.** Häzirki zaman zenan-gyzlaryň toý lybasy

Şu günki gün türkmen geýiminiň häzirki zaman sazlaşygy emele gelip, ol köpsanly kök atmalaryň netijesinde ýeňleriň, ýakalaryň haşam bezegini, görnüşleriň diýseň ýakymly häsiýetlerini özünde jemleýär. Bu ýerde şahsy ymtylmalar we islegler ýüze çykyp, her bir türkmen zenanynyň häzirki zaman köýnegi hökman el keşdesi ýa-da maşyn bilen ýörelýän özboluşly çeper setirler arkaly bezelýär. Türkmen gelin-gyzlary ýewropa biçüwli baý egin-eşige derek hakyky milli lybasyny, aýratyn hem, gadymy nagyşlar bilen bezelen uzyn mahmal köýnegi geýmäge ýykgyn edýärler. Şeýle lybasdaky zenanlara gündelik durmuşda, dabaraly we resmi kabulhanalarda duş gelip bilýäris. Milli zenan egin-eşikleri medeniýetiň üýtgewsiz bir bölegi bolup, ahlak düzgünleriniň bitewi bir ýygyndysyny emele getirýär. Soňky ýyllarda köpsanly täzeden dikeldilen däpler täze öwüşgine eýe bolup, käbir şertliligini ýitirip, özüniň milli mazmunyny baýlaşdyrdylar. Mysal üçin, eger-de nika baglaşylýan günüň dabaraly pursadynda gelin ajaýyp ak köýnekli bolsa, ony eýýäm her bir türkmen maşgalasynda yhlas bilen saýlanýan milli geýimdir diýip hasaplap bolar.

Türkmen aýal-gyzlarynyň döwrebap egin-eşiklerini durkuna we ýerine ýetirýän wezipesine görä toparlara bölmek bolýar:

1. Gündelik durmuşda geýilýän köýnekler. Munuň düzüminde hili ýakymly matadan tikilen köýnegiň ýakasy bejerilen ýagdaýda bolmagy milli ýörelgäniň dowamydyr. Olaryň biçüwi we nagyş bejergileriniň ýerleşişi erkin islegle-re görä ýerine ýetirilýär.

2. Resmi iş ýerlerindäki geýimler. Munda matanyň görnüşi, biçüwi we ýaka bejergileriniň bezegi çäklendirilýär, sebäbi bu topar jemgyýetiň arasynda geýim görelde nusgasy bolmak baradaky pikiriň tarapdary hökmünde çykyş edýär.

3. Toý agşamlaryndaky, dabara pursatlaryndaky egin-eşikler, esasan hem, ýaş gelin-gyzlaryň arasynda uly üns berilýän lybas görnüşleriniň biridir. Dürli görnüşli döwrebap biçüwindäki köýnekleriň diňe ýakalaryny däl, eýsem dürli ýerlerini (bezeg taýdan gelşikli hasap edilen we köýnegiň biçüwiniň düzgünini bozmaýan ýerlerini) nagyş bejergisi bilen bezeýärler. Soňky wagtlarda keteni matasyndan tikilen köýnekleri toý-dabaralarda geýmek aýal-gyzlaryň arasynda ýörgünli bolup ugrady (*94-nji surat*).

XX asyryň dowamynda türkmen zenanlarynyň milli döredijilige girizen täzelikleri döwrebap özgerişleriň başlangyjyny ýola goýdy. Türkmen zenanlarynyň inçeden nepis el işleriniň asyrlaryň dowamynda ýörgünli we kämil bolmagy üçin garry enelerimiziň bu işe ýokary derejede üns berendiginiň netijesini şu günki milli lybaslarda görmek bolýar. Döwrebap zenan egin-eşikleri nesilden-nesle geçip gelen kämil sungat eseri hökmünde buýsandyrýar. Türkmen zenanyna mahsus bolan ýakasy keşdeli, ýeňli, uzyn köýnekli, ýaş tapawudyna görä başy örtgüli we beýleki özboluşly aýratynlyklar zenanlaryň edep-ekramly häsiýetlerine has-da görk berýär. Taryhda türkmen zenan egin-eşikleri halkyň milli senedi bolmak bilen oňa garry enelerimiziň mähir-yhlasy, ruhy ynançlary, durmuş pelsepeleri siňipdir. Onuň bilen baglanyşykly birnäçe ýörelgeler, däp-dessurlar taryhyň dürli geçiş döwürlerinde türkmen jemgyýetinden daşlaşmandyr. Elbetde, umumadamzat aňyýetiniň we ýurduň ykdysady ösüşiniň netijesinde milli lybaslara bolan garaýyşlar hem-de käbir ýörelgeler aradan aýrylyp, olaryň aglabasy bolsa täzeçe häsiýete eýe boldy. Şeýle-de bolsa, türkmen zenanlary keteni matasyndan tikilen



**94-nji surat.** Häzirki zaman aýal-gyzlaryň toý lybasy

döwrebap biçüwli köýnekleri toý-dabaralarda geýmäge uly ähmiýet berýärler. Diýmek, keteni matalary häzirki döwürde dabara lybasynyň önümi hökmünde öz şöhratly gymmatyny saklaýar. Mundan başga-da, egin-eşiklerdäki bejergiler dünýäsiniň türkmen jemgyýetiniň arasyndaky ýörgünliligi onuň çeperçilik döredijiliginiň has-da baýlaşmagyna getirdi. Olar çeper döredijilik nusgawy taslamalaryň sazlaşykly göwrümlerine salgylanýarlar. Nagyşlaryň döwrebap bejergileri XX asyryň başyndaky bejergilerden ep-esli derejede tapawutlanýar. Olara XX asyryň başyndaky «sekizkeşde», «goçak» nagyşlary simwolik häsiýetli bolupdyr. Bu gün bolsa täsirli serişdeleriň gözlegi çeper nagşyň moda bezegleri bolup, döwrüň aýratynlyklaryna has içgin kybapdaş gelmegini talap edýär. Şoňa laýyklykda, nagyşlananda reňkleriň saýlanyp alnyşynda, olaryň bejeriliş usulynda we taslamasynda özgerişlikler bolup geçýär. Has dogrusy, milli ýörelgeleriň, medeniýetiň täze kadalarynyň, zähmet şertleriniň, durmuşyň, adamlaryň hakykatdan dünýägaraýşynyň özgermegi bilen bilelikde ugurdaş dörän täze meýiller arkaly uýgunlaşýar.

Ýokarda agzalan mysallara görä, çyrpy başatgyçlarynyň nagyşlaryndaky kämil göwrümlerden peýdalanylyp, olara täzeden jan berlip, köýnek ýakalary sünnälenip bezelýär ýa-da nusgawy gyňaçlaryň gyrasyndaky nagyşlaryň köýnek ýakalarynda, bil guşaklygynda we lybaslaryň beýleki böleginde ulanylmagy özboluşly milliligi döredýär. Olary ýerine ýetirmekde soňky ýüzýyllygyň dowamynda tehniki ösüşiň netijesiniň girizilmegi, elde bejerilýän nagyşlaryň gymmatlylyk derejesiniň has-da beýgelmegine getirdi.

Döwrebap türkmen zenan egin-eşiklerinde şeýle milli ýörelgeleriň şöhlelenmegi esasy ähmiýetli taraplaryň biridir. Mundan başga-da, zenan egin-eşikleri bilen baglanyşykly milli ýörelgeleri dowam etdirmek, biziň ýurdumyzda goňşy we beýleki halklara garanyňda has-da meşhurlyga eýedir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin öňde goýýan baş maksatlarynyň biri hem milli mirasymyzy dikeltmekden we kämil ösüşleriň derejesine ýetirmekden ybaratdyr. Bu gün milli däplerimize dolanyp, halkymyz toý-dabaralaryny, däp-dessurlaryny uludan tutýar. Şatlyk-şowhuna beslenýän baýramlarymyzyň bezeg aýratynlyklarynyň biri hem milli lybaslardyr. Milli keteni matalaryndan tikilen egin-eşiklerde öwşün atýan bejergiler onuň görküne görk goşup, görenleriň ünsüni özüne çekýär. Türkmen halkynyň özboluşly aýratynlygyny sypatlandyrýan milli ýörelgeler, däp-dessurlar berkarar döwletiň buýsanjy. Bu asylly ýörelgeleriň häzirki wagtda diňe bir Türkmenistanyň çäginde syýasy özgeriş hökmünde däl-de, eýsem bütindünýä medeni gatnaşyklarynda hem ähmiýetli orny bar.

# III BÖLÜM
# ZERGÄRÇILIK SUNGATY

## 3.1. Türkmen zergärçilik sungatynyň taryhyndan

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň goldamagynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen milli zergärçilik sungatynyň ösmegine, onuň taryhyna degişli maglumatlaryň çuňňur öwrenilmegine giň ýol açyldy. Hormatly Prezidentimiziň: «Halkymyzyň amaly-haşam sungaty, külalçylygy, zergärçiligi gadymy döwürlerden bäri özüniň çeperçiligi bilen şöhratlanýar. Bu sungat köpleri özüne bendi edýär. Ol diňe bir döredijilik bilen meşgullanýanlaryň däl, eýsem her bir ynsanyň kalbyny, ruhy dünýäsini joşdurýar, durmuşa, ýaşaýşa bolan höwesini artdyrýar» diýen parasatly sözleri halkymyzyň sungatyna beren beýik bahasydyr. Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty ruhy-durmuş zerurlygy bolup, onuň öz milli öwüşginli filosofiki, çeperçilik we ynsanperwerlik ýörelgeleri bar. Şonuň üçin döredilýän zergärçilik sungat eserleri özüniň milliligi, özboluşlylygy, kämilligi bilen tapawutlanýar. Türkmen şaý-sepleri biri-birine ýakyn bolan ençeme görnüşden ybarat. Ol görnüşler bellibir çäkleri – Hazardan we Amyderýanyň kenarlaryndan başlap, tä Aral deňzine çenli aralyga mahsusdyr. Aýallaryň şaý-seplerinde goňşy halklaryň senetçilik önümlerindäki meňzeş ýordumlara we sazlaşyklara başga halklarda duş gelinmeýär. Aýry-aýry türkmen taýpalarynyň aýal şaý-sepleri öz gurluş esaslary, nagyşlary we şekilleri boýunça umumylyklara eýedirler. Şeýle meňzeşlikler heýkeliň, dagdanyň, tumaryň, saça we döşe dakylýan beýleki şaý-sepleriň görnüşlerinde has aýdyň ýüze çykýar. Taýpa mahsus bolan aýratynlyklar, esasan, käbir şaý-sepleriň göwrüminiň dürlüliginde, taýýarlanyş usulynda we çeper tilsimde, käbir nagyşlarynyň dürlüçe düşündirilişinde duýulýan hem bolsa, ýomut, gökleň, ärsary ýa-da teke şaý-sepleri nagyşlarynyň içki gurluşy esasynda birmeňzeşdirler. Şeýlelikde, esasy bir bolan şaýlaryň taýpalar boýunça döreýiş gözbaşyny haýsy döwürden alyp gaýdýandygyny göz önüne getirmek üçin biz gadymy türkmen siwilizasiýasyna seredeliň.

Miladydan öňki III-II müňýyllyklaryň sepgidinde dörän Marguş (Margiana) siwilizasiýasy öz ösüş taryhynyň tapgyrlarynda birnäçe beýik çeperçilik ussatlygy bilen döredilen metal önümlerini görkezýär. Bu önümler miladydan öňki III müňýyllygyň ikinji ýarymyndan irki bürünç asyryna degişli bolýar. Şol döwürde çeper metal sungaty has hem ösüp başlapdyr. Ussalar bürünçden başga-da, altyny, kümşi hem ulanypdyrlar. Türkmenistanda bürünç asyrynyň

170.0 x 240.0 mm

iň ähmiýetli ýadygärlikleriniň biri bolan Kaka etrabynyň Mäne obasynyň 3 *km* gündogarynda ýerleşýän Altyndepe şäherinden bürünçden ýasalan ýaraglar, gap-gaçlar, bezeg şaýlary, reňkli metallardan ýasalan dürli hili şekillerden ybarat bolan temençeler, keýik, pişikler maşgalasyna degişli ýyrtyjylar we hyýaly üçkelleli jandar şekilli metal möhürler, haç görnüşli möhürleriň ençeme görnüşleri tapyldy. Türkmen alymy A.Hojageldiýew olar barada şeýle belleýär: «Olaryň käbiriniň içi dürli nagyşlar bilen bezelipdir, käbirleriniň içi bolsa ownujak tegelejikler bilen ýa-da şöhle görnüşdäki goşmaça bezegler bilen doldurylypdyr. Bu döwürde mis erediji peçleriň tapylmagy metal işläp bejermekde öňegidişligi görkezýär. Irki bürünç asyrynda hem Günorta Türkmenistanyň Merkezi Aziýada has ösen we ýokary medeniýet merkezi bolupdyr. Şol sungat ýadygärlikleriniň esasynda gadymy halkyň gündelik durmuşyny we medeniýetini öwrenýäris. Ýadygär galan zergärçilik önümleriniň arasynda möhürleriň, şaý-sepleriň, serkerdeleriň dabaraly nyşany hökmünde göteren ikitaraply paltalarynyň, söweş gurallarynyň (pyçaklaryň, gylyçlaryň tutawaçlarynyň bezegleriniň, gorag esbaplarynyň), kosmetiki we lukmançylyk önümlerini saklamak üçin gaplaryň, gadymy hudaýlaryň we haýwanlaryň şekilleriniň, metal iňňebagjyklaryň hem-de at esbaplarynyň bezegleriniň şol döwrüň zerur önümleri bolandygyny aýtmak bolar. Iňňebagjyklaryň ýokarky böleginde haýwanjyklaryň, keýikleriň, düýeleriň, guşlaryň heýkeljikleri duş gelýär. Ýene-de birnäçe altyndan ýasalan güljagazlar, monjuklar tapyldy. Bu ýadygärlikleriň ählisi ilatyň giň dünýägaraýşynyň bolandygyny we umumylykda medeniýetiň ösendigini görkezýär» (*95-nji surat*).



**95-nji surat.** Altyndepe medenýeti. Öküziň we möjegiň kelleleri (miladydan öňki IV müňýyllyk)

Eneolit döwrüniň jemgyýetiniň ynançlarynyň hormatyna ýerine ýetirilen şekilleriň asyrlardan-asyrlara uzap dowam edýändigini görkezýär. Gadymy Merwden we Nusaýdan tapylan hudaý heýkeljiklerinde häzirki zaman şaý-sep-

170.0 x 240.0 mm

lerine meňzeş aýratynlyklar bar. Gadymy Merwiň II-III asyrlara degişli zenan terrakot heýkeljikleriniň başynda şalaryň täjini ýada salýan börük, döşünde tegelek gülýaka we çapraz-çaňňalar suratlandyrylsa, Nusaýdan tapylan altyndan we altyn çaýylan bürünçden ýasalan uly bolmadyk tegelek çapraz zenanlaryň köýneklerine berkitmek üçin niýetlenendir. Gadymy Marguş medeniýetiniň ähmiýetli metal tapyndylary – möhürler we altyn saý-sepler çeperçilik ýörelgeleriň bolandygyny görkezýär. Bu däpleriň soňky döwürlerde dowam edip gelendigine orta asyrlar şäheri bolan Şähryslamdan we Türkmenistanyň beýleki arheologiýa ýadygärliklerinden tapylan şaý-sepler hem şaýatlyk edýär. Antik döwründe zergärçilik sungatynyň ösen ýeri dünýäde meşhur bolan Parfiýa döwletidir. Parfiýa döwleti miladydan öňki III asyrdan miladynyň III asyryna çenli ýaşap geçen garaşsyz döwlet bolan. Şadöwlet diýen ady alan Parfiýa Kawkazy we Hindistana çenli ýerleri basyp alan hem-de şalyk eden döwletdir. Şol döwletiň medeniýetiniň ösüşini subut edýän köşkler, ybadathanalar hem-de birnäçe zikgelenen kümüşden, altyndan pullar, süňkden ýasalan ritonlar, mermer heýkeller bar. Bu döwletiň medeniýetiniň ellinistik häsiýetli bolandygyny Parfiýa ritonlaryndaky friz relýefleri tassyklaýar. Kümüşden altyn çaýylan grek mifleriniň gahrymanlarynyň heýkelleri, söweş gurallarynyň ýüzünde nyşan belgileri – guşlaryň, atlaryň relýef şekilleri duş gelýär. Sungat eserlerindäki şekiller, gahrymanlar, kentawrlar, sugunlar, atlar, ýyrtyjy guşlar parfiýa jemgyýetiniň ellinistik dünýägaraýşynyň bölegi bolandygyny görkezýär. Mundan başga-da, şeýle şekiller ýüz görülýän aýnalaryň arka tarapynda ýerleşdirilendir. Iň köp duş gelýän keşpleriň biri-de at üstünde ýaý atýan serkerdäniň keşbidir hem-de gadymy parfiýalylaryň elipbiýinde keramika bölejikleriniň – astrokonlaryň ýüzüne hojalyga degişli ýazylan köpsanly ýazgylardyr. Bularyň ählisi gadymy ösen Parfiýa medeniýetiniň subutnamasy bolup durýar. Şeýle-de bu döwürde metal taýýarlamak işlerinde (torewtikada) bütewi çeper keşbiň dörändigini görmek bolýar (*96-njy surat*).



**96-njy surat.** Marguş siwilizasiýasynyň ownuk metal eserleri we möhürleri (miladydan öňki III – II müňýyllyklar)

Türkmen halkynyň gadymy döwürden gelýän zergärçilik milli miras sungaty öz içine torewtika eserlerini, şaý-sepleri, söweş eşiklerini we bezegleri,

metaldan ýasalan gap-gaçlary hem-de kiçi göwrümli önümleri öndürýän zergärçilik ýörelgesini, çeper metal taýýarlanyş hünärini alýar diýsek has dogry bolar. Umumy alanymyzda, gymmatbahaly metallar (altyn, kümüş) bilen işleýän ussalara halk arasynda zergärler diýen at berlipdir. Bu ussalar diňe şaý-sepleri däl-de, beýleki metal önümlerini hem ýasapdyrlar. Türkmen zenanlarynyň milli lybaslarynyň aýrylmaz bölegi bolan zergärçilik önümleri amaly-haşam sungatynyň saýlama nusgawy ýadygärlikleridir.

## 3.2. Türkmen milli şaý-sepleri bilen baglanyşykly rowaýatlar. Hakyk daşy barada rowaýat

Türkmen amaly-haşam sungatynyň saýlama nusgawy ýadygärlikleriniň birinjisi – gymmat metallardan döredilen zenan şaý-sepleridir. Olar bilen halkyň arasynda ýaşaýan rowaýatlar, atalar sözi, pähimler hem öwrenilmäge mynasypdyr. Olarda müňýyllyklaryň dowamynda jemlenen türkmen halkynyň dünýägaraýşyny, filosofiýasyny, gündelik durmuşynyň tejribesini, etiki we gözellik düşünjelerini görmek bolar. Şu nukdaýnazara esaslanyp biz birnäçe rowatlary size ýetirmegi makul bildik.

Ir zamanlarda bir näşükür, näumyt kişiniň kalbynda Ýaradanyň barlygyna, ýeke-täkligine we ýalkaýandygyna şübhe döräpdir. Ol: «Eger, hakykatdanam, Taňry bar bolsa, onuň jemalyny bir görsem, didarlaşsam» diýip, arzuw edipdir. Bu kişi ykbalynyň dem salym salýan şowsuzlyk, bökdençlik, näsazlyk ýaly pursatlarynyň öňünde ejizläp, umyt guşuny elinden aldyrypdyr. Biribaryň ynsan balasyna ýaran edýän rowaçlyklarynyň diňe özüne gowy görülmegini isläpdir we ol adam nalyş edipdir: «Ýa, Biribar, eger-de men seniň jemalyňy görsem, barlygyňa ynanardym» diýipdir. Allatagala: «Eý, näşükür ynsan, sen meniň öňümde durabilmersiň, jemalymyň nury seni ýakyp-ýandyrar, gara köýük bolup, daşa öwrülersiň» diýýär, ýöne bu hötjet adam: «Görjek» diýip, şol depen ýerini depip duransoň, Allatagala: «Pylan ýerde iki sany meňzeş beýik dag bar. Şolaryň biriniň üstüne çykyp, beýlekisine seret» diýipdir. Ol daga dyrmaşansoň, Haktagala özüniň ýedi gat perdesinden birini aýryp, «Näme görýärsiň?» diýip sorapdyr. Ol adam gyzyl köz kibi ýanyp duran dagy görýändigini aýdypdyr. Görse-hä Hudaýtagalanyň nury ýakyp-ýandyryp barýar diýýär. Şonda ol dyzyny epip, müň mertebe toba edipdir, emma şol pursat Allatagalanyň nurundan ýaňa gyzyl köze öwrülen dagdan seda çykypdyr: «Eý, Taňrym, nähili dagdym, ýakyp-ýandyryp gara köýük etdiň-le! Saňa ikilik, müňkürlik eden, şübhelenen başga biri, meniň ýazygym nämedi?!» – diýipdir. Şonda Allatagala: «Gara köýük boldum diýip gyýylma. Men saňa baky ömri bagyş etdim. Goý, seniň ömrüň hemişe adamlaryň, altyn-kümşüň arasynda bolsun» diýip, bu daga mukaddeslik, mübäreklik ser-

paýyny ýapyp, ikinji ömri bagyş edipdir. Aýtmaklaryna görä, Haktagalanyň nury düşen şol mukaddes dagdan alnan daş türkmen milli şaý-sepleriniň ýaraşygy bolan hakyk daşy bolmaly. Ynsan: «Eý, Taňrym, indi seniň ýeke-täkligiňe, Hakdygyňa, gudraty güýçlüdigiňe ynandym» diýipdir.

## GYMMATBAHA DAŞLAR HAKYNDAKY ROWAÝAT

Gymmatbahaly daşlaryň güýji, baýlyk, zenan paýhasy, ugurtapyjylygy, öz Watanyna söýgüsi hakynda «Isgender Zülkarnaýyn we patyşa zenan Nuşabe» baradaky rowaýatda şeýlерäk waka suratlandyrylýar.

Dünýäniň ýarysyny basyp alan Isgender Zülkarnaýynyň gözi doýmandyr. Ol günleriň birinde Nuşabe atly zenan patyşanyň ýurduny elgarama, tabyn etmek isläpdir we onuň üstüne ilçiniň eşigine girip barypdyr, emma ony patyşa zenan tanap, tagta geçiripdir we şeýle diýipdir: «Isgender erkek arslan bolsa, men ene arslandyryn. Meni ýeňäýse, dünýäde ýene-de bir aýal patyşa artar» diýipdir. Onda ilçi sypatyna giren Isgender: «Men ýeňäýsem seniň ýagdaýyň nähili bolar?» diýip, tagtdan düşüp, oturgyçda oturypdyr. Onda Nuşabe: «Bir tagtda iki patyşanyň oturmagy mümkin däldir» diýipdir we oturanlara hem-de gelen myhmana nahar çekmegi buýrupdyr. Hemmeleriň öňüne dürli tagamlary getirdip, Isgenderiň öňünde dört käsäni altyndan, ýakutdan, lagldan we hünjüden püre-pür dolduryp goýupdyr.

Isgenderiň muňa gahary gelip: «Heý, ynsan balasy-da daş iýermi?! Maňa tagamly nahar getir!» diýipdir. Onda patyşa zenan ýylgyryp: «Eý, şähriýar, sen şu baýlyk, gymmatbaha daşlar üçin ýurt söküp gelmediňmi? Näme, Rumda etdir nahar ýokmudy?!» diýip, sorag äheňinde jogap beripdir.

Isgender bu zenan patyşanyň akyl-paýhasynyň inçeligine haýran galyp, onuň jaýdar gürrüňlerinden utanyp, pälinden gaýdyp, zenan patyşa Nuşabeniň ýurduna hiç haçan ýöriş etmejekdigine şert edipdir diýýärler.

## GULAGYSYRGA WE BURUNYSYRGA HAKYNDA ROWAÝAT

Bir gün Bibisara öz adamsy Ybraýym Pygambere garap: «Men telim ýyllap seniň bilen ýaşadym, emma bizden perzent bolmady. Sen şu Bibihajar gyrnagy nikalap alsaň, belki, şundan çaga öner» diýýär. Bular Bibihajary bezäp-besläp, toý lybasyny geýindirip getirýärler welin, onuň owadanlygy Bibisaranyň hem çaky däl eken. Bibisaranyň özi hem muny görüp, içinden beren maslahatyna puşman eýläp, eden işine ökünýär. Ol gabanjaňlykdan ýaňa geljekki günüsinden ar almagy ýüregine düwýär. Içinden: «Bu gyrnagyň ganyny dökmän goýman!» diýip, kasam içýär. Bu ýagdaý şol wagt Ybraýym Pygambere aýan bolýar. Ol oýa batyp, aýalynyň şeýle pikire gelendigine haýran galýar, sebäbi bu işi onuň özi maslahat beripdi ahyryn! Şol pursat Jebraýyl aleýhyssalam gelýär. Ol Bibihajaryň janyna kast ediljek bolýandygyny aňýar we sebäbini soraýar. Şonda onuň beýle agyr jeza alar ýaly hiç hili günä etmän-

digini, gyzlyk mertebesini belent saklanyny bilip, şat bolýar. Soňra ol: «Eger Bibasara kasam içen bolsa, goý, Bibihajaryň gulagy bilen burny deşilip, gan çyksyn» diýýär. Özi bolsa Jennet bagyna girip, gulagysyrga we burunysyrga getirip, olary Bibihajaryň gulagyna hem burnuna dakýar-da: «Goý, şu günden beýläk bu şaýlar gelin-gyzlarda ynsan päkliginiň nyşany bolsun» diýýär.

Rowaýatda agzalýan gulagysyrga we burunysyrga ýaly türkmen milli şaýlarymyz behişdi şaý-seplerdir. Häzirki zaman gelin-gyzlarymyz gulagysyrganyň ululy-kiçili dürli görnüşlerini dakynýan bolsalar, seýrek duşýan burunysyrga şaýymyz garry enelerimiziň hakydasyna päklik nyşany hökmünde ebedilik ornaşandyr.

## GÜBERÇEKLI GÜLÝAKA

Gadym zamanlarda bir adamyň dört sany ogly bolupdyr. Ol adam ussat zergär bolupdyr. Şonuň üçin her ogluny öýerende täze gelen gelne öz ýasan gülýakalaryndan birini sowgat berer eken. Üç ogluny öýerensoň gezek dördünji ogla ýetipdir, ýöne zergäriň körpe ogly lal eken, lal ogluna gelinlik tapmak ussa kyn bolupdyr. Zergär körpesine gelin gözläp gapy-gapy aýlanypdyr, emma ony baran ýerinden gaýtarypdyrlar. Paltasy daşa degen zergär dördünji ogluny öýermekden halys tamasyny üzüp, öýüne lapykeç dolanypdyr hem-de ýolboýy sataşan adama: «Meniň körpäme gelin bolan gyza bir däl-de, birbada iki gülýaka ýasardym, özem şeýle bir üýtgeşik bolar diýip aýdypdyr. Şol mahal ýetişen ýalňyz gyzly bir aýal ýolda gabat gelip: «Eger durmuşa çykjak gyza beriljek gülýaka beýleki bezegden üýtgeşik we iki sany bolsa, lal ogluňa gyzymy berjek we gülýakalaryň birini öýlenjek ýigit ýasasyn» diýipdir. Bu habary eşiden zergär örän begenipdir. Ol öýüne gelen badyna ogly bilen kümüş gülýakany ýasamaga başlapdyr. Ýigidiň dili lal bolsa-da, eli örän çeper eken. Ol gürläp bilmänsoň aýdyp bilmedik şirin sözlerini, söýgüsini ýasap oturan gülýakasyna siňdiripdir hem-de beýleki gülýakalardan tapawutlylykda güberçek gülýaka ýasapdyr. Oňa haýran galan zergär kakasy oglunyň elinden gülýakany alypdyr-da, öz ýasan gülýakasynyň üstüne birleşdiripdir. Şeýdip, iki gatdan ybarat güberçekli gülýaka peýda bolupdyr. Onuň gözelligini görenler haýran galypdyr.

## GULAKHALKA BARADA ROWAÝAT

Gadym zamanda bir garyp pälwan ýaşapdyr. Ol pälwanyň ne maly, ne puly, ne-de bir perzendi bar eken. Ýöne köp wagt geçmän, onuň bir gyzy bolupdyr. Gyzy ulalyp, owadan, ajaýyp bir gyz bolup ýetişipdir. Ýigitler ony görüp, haýran bolup, agyzlaryny açyp durupdyrlar.

Günleriň birinde gyzyň owadanlygy baradaky habar patyşa ýetipdir. Patyşa ýasawulyna gyzy getirmegi buýrupdyr. Ýasawullar barypdyrlar. Goja pälwan olary görüp gyzyny bermejek bolupdyr, ýöne, näme, ýekäniň köplüge

garşy güýji ýetýärmi? Gojany ýykyp, gyzy hem atyň öňüne basyp, patyşanyň huzuryna getiripdirler. Patyşa gyzyň owadanlygyny görüp, oňa aşyk bolupdyr. Patyşa gyza garap: «Men ýaşap ýörkäm şu dünýäde sen diňe meňki bolarsyň» diýipdir. Gyz bolsa: «Ýok, patyşahym, men bir garyp ýigidi gowy görýän» diýip, özüniň patyşa barmajagyny aýdypdyr. Patyşanyň gahary gelip, gyzy zyndana atdyrypdyr. Birnäçe günden soň patyşa gyza ýene-de şol öňki soragy bilen ýüzlenipdir. Gyz bolsa öňki jogabyny aýdypdyr. Patyşanyň has gahary gelip, halky ýygnamagy buýrupdyr. Gyzy masgaralamak üçin onuň burnuna, gulagyna halka dakdyrypdyr. Bu bolsa gyzy öňküdenem has owadan, ajaýyp görkezipdir. Şondan bäri gyz-gelinler ol halkalara başgaça at berip, gulakhalka diýipdirler.

## 3.3. Zergärçilik önümleriniň tehnikasy we tehnologiýasy

Halkyň ykdysady we medeni durmuşy, gündelik ýaşaýyş şertleri, dini dünýägaraýyşlary, halklar bilen aragatnaşyklary ýaly dürli ýagdaýlaryň jikme-jik hem-de bitewülikde öwrenilmegi halk sungatynyň esasy talabynyň dürli görnüşleriniň döreýiş we ösüş taryhyna göz ýetirmäge kömek edýär.

Zergärçilik önümleri halkyň arasynda iňňän gadym zamanlardan bäri bellidir, çünki türkmen halky şaý-sepiň gadyr-gymmatyna örän gowy düşünýän halkdyr. Türkmen kümüşçi ussasy zergärçiligiň bir ugry boýunça ýöriteleşmän, önüm taýýarlamak boýunça edilmeli işi diňe özi ýerine ýetiripdir. Türkmen zergärçilik sungatyna iň mahsus bolan häsiýetli aýratynlyk – şol bir ussanyň şaý-sepiň dürli görnüşini ýasamagydyr, ýagny her şaý-sep diňe bir ussa degişli eserdir. Kümüşçi öz işinde umumy däplerini ýerine ýetiripdir, emma ýasan önümine edil özüne mahsus bolan döredijilik aýratynlygyny siňdiripdir. Şol sebäpli aýry-aýry türkmen halkyna mahsus bolan çeperçilik taýdan sazlaşykly aýratynlyklar uzak wagtlap öz durnuklylygyny saklap gelýärler. Şoňa görä-de, bir taýpa degişli önümleri beýleki bir taýpa tutuşlygyna gaýtalamaýarlar.

### ZERGÄRÇILIK ÖNÜMLERINIŇ ÇEPER IŞLENILIŞI

Zergärçilik sungatynyň döremegine we şeýle ýokary derejä ýetmegine onuň bezeg üçin ulanylyşy däl-de, eýsem haryt hökmünde ussalara girdeji getirişi we dürli şaý-sepleriň jadyly güýjüne ynam etmek sebäp bolupdyr. Belli bolşy ýaly, türkmenler şaý-sep ýasalýan metallaryň jadyly häsiýetiniň bardygyna ynanypdyrlar. Şu gadymy ynanja görä, türkmenler kümşe asyllylygy, päkligi saklaýan, zäheriň, erbet nazaryň badyny gowşadýan zat hökmünde seredipdirler.

Zergärçilik sungatynyň gadymy bolşy ýaly, onuň bilen bagly adalgalar hem gadymydyr. Kümüş ussalary bezeg şaýlaryny çekiçläp ýasamakda, guýmakda, galyplamakda, altyn, kümüş çaýmakda, kümüşden sapagy işmekde, düzmekde, haşamlamakda, kebşirlemekde, seplemekde ýokary ussatlyk derejesine ýetipdirler. Zergäriň esasy iş gurallary süýnmek, bir ujy çüri sandal, çekiç, atagzy bolupdyr. Türkmen zergärleri şaý-sep üçin kümüş tokgalaryny, kümüş pullary we buýrujynyň getiren köne şaýlaryny peýdalanypdyrlar. Köne şaý-sepleriň täze önüm üçin eredilmegi, belki, gadymy zergärçilik önümleriniň ýitip gitmegine getiren sebäpleriň biridir (*97-nji surat*). Häzirki wagtda XVIII asyrda, hatda XIX asyryň birinji ýarymynda ýasalan şaý-sepler hem örän seýrek duş gelýär.



**97-nji surat.** Zergärçilik gurallary

Bezeg şaýlary üçin ulanylan ikinji metal – altyn keselleriň öňüni alýan, göreji goraýan jadyly zat hasaplanypdyr, ýöne seýrek duş gelýän bu gymmatly metaly türkmenler az peýdalanypdyrlar. Amyderýanyň orta akymynda ýaşaýan taýpalaryň şaý-sepleri diňe kümüşden bolup, olaryň ýüzüne altyn çaýmak däbi ýörgünli bolmandyr. Günorta taýpalaryň zergärleri nagşyň özüne däl-de, onuň düşegine altyn çaýypdyrlar. Amalgama (simap gatyşdyrmak arkaly altyndan we beýleki metallardan ergin taýýarlamak) usuly düşege altyny örän ýuka çaýmaga mümkinçilik beripdir. Balkanly ýomutlar we Türkmenistanyň demirgazygynda ýaşaýan türkmenler üçin altyn gymmat bolan, ýöne şonda-da bu ýerleriň zergärleri ony köp ulanypdyrlar. Olaryň önümleriniň düşegini tutup duran bezeg nagyşlaryna altyn has köp çaýylypdyr. Zikgelenen nagyşlar bilen bezelen altyn plastinkalaryň ulanylmagy zergärçilik önümleriniň ýene bir tär aýratynlygydyr. Hazar ýakasyndaky ýomutlaryň bezeg şaý-sepleriniň arasynda kümüş düşeginiň ýüzüne tutuş altyn çaýylanlary hem duş gelýär. Güberçek nagyşly bezemek mahsus bolan we agras görünýän bu şaý-seplerde reňkler köp ulanylypdyr. Garagalpaklaryň, gazaklaryň we ýurdumyzyň demirgazygyndaky türkmenleriň bezeg şaý-sepleriniň sazlaşygynda hem-de ýerine ýetiriliş usulynda käbir meňzeşliklere duş gelinýär. Meselem, zikgeleme, oýma we basma galyplanan ülňi nagyşlary hem mahsusdyr.

170.0 x 240.0 mm

Şaý-seplere oturdylýan gymmatbahaly daşlara-da türkmenler jadyly häsiýet beripdirler. Meselem, hakyk daşy gözüň görejini goraýan, aty typmakdan saklaýan, öýe bagt getirýän jadyly zat diýlip hasaplanypdyr. Edil şonuň üçin hem türkmen zergärleri bezeg şaý-sepleriniň gaşy hökmünde hakyk daşyny has köp ulanypdyrlar. Bu daşyň hemmeler tarapyndan eý görlendigi üçin toý lybasynyň şaý-seplerinde onuň ýerleşişi ähli taýpalarda meňzeşdir, ýagny hakyk daşy şaý-sepiň merkezinde we şelpelerinde oturdylypdyr.

Ýomut şaý-seplerinde pöwrize daşlary hem köp ulanylypdyr. Şaý-sepleriň merkezindäki uly hakyk daşynyň töweregini kiçijik pöwrize daşlarynyň ençemesi bilen bezäpdirler. Käwagt şaý-sepiň ýüzüne diňe pöwrize gaşy salynýar we togalajyk pöwrize daşlary ýomut şaý-sepleriniň güberçekligini has-da artdyrýar, onuň gögümtil-mawy reňki bolsa, kümşüň reňkini has ýakymly görkezýär. Günbatar hem-de demirgazyk türkmenleriniň – ýomutlaryň, çowdur we ärsary taýpalarynyň şaý-sep bezeglerinde dürli reňkli gaşlar, ýagny sary, ýaşyl, gök we gara çüýşe daşlar hem peýdalanylypdyr.

Bir görnüşli şaý-seplerden hem her taýpa mahsus aýratynlyklary ýüze çykarmak bolýar. Meselem, teke we saryk ussalaryndan tapawutlylykda, lebaply zergärler öz önümleriniň ýüzüne altyn çaýmandyrlar. Hazar ýakasyndaky ýomutlar, şonuň ýaly-da gazak çarwalary bilen aragatnaşykda bolan demirgazyk ýomutlary öz önümleriniň ýüzüne altyn çaýylan nagyşly ýasy plastinkalary kebşirläpdirler. Beýleki taýpalar şaý-seplere güberçekli oýma nagyş çekipdirler. Täri boýunça teke, salyr we saryk zergärleriniň önümleri biri-birine ýakyndyr.

Türkmen zergärçiliginde, köplenç, hakyk we pöwrize daşlarynyň güýjüne ynanylýar. Alymlaryň aýtmaklaryna görä, ata-babalarymyz hakyk daşynyň gözden-dilden, ýyldyrym urmagyndan goraýandygyna, söweşlerde ýeňşe ýetirýändigine ynanan bolsalar, pöwrize gaşly şaý-sepleri arassaçylygyň, päkliginiň, söýginiň nyşany hökmünde dakynypdyrlar.

Rus alymy G.P.Wasilýewa teke, ýomut we saryk türkmenleriniň şaý-sepleriniň aýratynlygy boýunça «Garagalpaklaryň we gazaklaryň bezeg şaý-seplerine çalymdaşlygyna garamazdan, şu türkmen toparynyň şaý-sepleri umumy türkmen zergärçilik sungatynyň özboluşly keşbini kesgitleýär» diýip ýazýar. XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda taýpalaryň arasynda ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň güýçlenmeginiň netijesinde, reňkli çüýşe gaşlary tekeleriň, salyrlaryň we beýleki günorta hem-de lebaply türkmenleriň bezeg şaýlarynda-da ýüze çykyp ugraýar we ýerine ýetiriliş usulynyň bitewi çeperçilik täri emele gelýär.

170.0 x 240.0 mm

## 3.4. Zergärçilik önümleriniň haşamlanyşynyň çeper aýratynlygy

XIX asyrda – XX asyryň birinji ýarymynda türkmen zenanlarynyň başyndaky we saçlaryndaky şaý-sepleri özüniň häsiýeti, çeperçilik aýratynlyklary we ýasalyş usullary boýunça gymmatbahalylygy we dürlüligi bilen tapawutlanypdyrlar. Geçmişde gelin-gyzlaryň egin-eşigini şaý-sepsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Gupba, çekelik, sümsüle, teneçir, ýeňselik gyzlara degişli şaý-sepler, asyk, saçlyk (saçýüzi), saçmonjuk, maňlaýlyk, çapraz-çaňňa bolsa gelinlere degişli şaý-sepler hasaplanypdyr. Göz degmezlik üçin ulanylýan dürli tumarlar, dagdanlar zergärçilik şaý-sepleriniň iň yhlasly görnüşi hökmünde tapawutlanýar (*98-nji surat*). Çaga şaý-sepleriniň hem köpüsi doganyň jadyly güýji bilen bagly bolupdyr. Şolar ýaly şaýlara oglanjyklaryň egin-eşiklerine dakylýan ok-ýaý, bäzbent, ýylanbaşy, dogaçyra, tumarça, kiçi göwrümli dagdan degişlidir.

Gelin-gyzlara we çagalara niýetlenen şaý-seplerden başga-da, zergärler göwüsbent, alagaýyş, bäzbent, kellelik ýaly at şaý-sepleri ni, erkek guşaklaryny, ýüzükleri, gylyçlaryň we pyçaklaryň gynyny, gylyçlaryň saplaryny, gamçylary ýasapdyrlar (*99-njy surat*).

Türkmen zergärçilik önümleriniň tapawutly tarapy onuň haşamlanyşyndadyr. Gazma nagyşlaryň dürlüliginde has gadymysy hökmünde içine atanak çekilen tegelek, romb, diş-diş, egrem-bugram, üçburçluk, inedördül görnüşli nagyşlary ýatlamak mümkin. Türkmen zergärleriniň gülýakadaky kesilen nagyşlary has üýtgeşikdir. Türkmen şaý-sepleriniň sazlaşykly birmeňzeşligine seretmezden, olaryň ýerine



**98-nji surat.** Milli eşikli we şaý-sepli türkmen gelni (XIX asyryň ahyry – XX asyryň başy)



**99-njy surat.** Gylyjyň sapynyň bezegi (XIX asyr)

ýetirilişinde hem meňzeşlikler bolupdyr. Teke, salyr we saryk şaý-sepleriniň tapawutly aýratynlygy – nagyşlaryň haşamlanyşynda we olara altyn çaýylyşyndadyr. Ärsary ussalary öz şaý-seplerine altyn çaýmandyrlar.

Hazar deňziniň kenarynda ýaşan günbatar ýomut zergärleri öz önümlerine nagyşlanan altyn çaýylan bezeg plastinkalaryny ýelmäp, olarda hemişe galyplanan güberçekli nagyşlary we pöwrize, hakyk daşlaryny ulanypdyrlar. Çowdur şaý-seplerine zynjyr (filigran) görnüşli örülýän usul mahsus bolup, olarda hakyk daşy seýrek peýdalanylypdyr.

Daşlar barada aýtsak, teke türkmenleriniň gülýakalarynyň has çylşyrymly bezelendigini bellemek gerek. Gülýakanyň ortasyna hakyk daşyndan gaş salnyp, tutuş ýüzüne dürli şekilli deşikler arkaly nagyş edilýär. Bu bezeg şaý-sepi Orta Aziýanyň halklarynyň ählisine deň derejede ýaýran däldir. Olaryň diňe aýry-aýry toparlary gülýakany ulanýarlar, emma türkmenlerde gülýaka umumy milli şaý-sepe öwrüldi. Onuň sazlaşykly häsiýeti hem Türkmenistanyň ähli ýerlerinde birmeňzeşdir. Ata-babalarymyzdan miras galan çeper usullaryň we ýasalyş tilsimleriniň peýdalanylyşy hem-de täzeçillik milli zergärçilikde özboluşly sazlaşygy emele getirýär. Ärsarylaryň, saryklaryň we günbatar ýomutlaryň şaý-seplerinde käýerlerini romblar, üçburçluklar, aýlawlar we ýarymaýlawlar ýaly geometrik nagyşlar bezäpdir. Günbatar ýomutlarynda bolsa, esasan, şah görnüşli nagyşlar duş gelýär. Tekeleriň, demirgazyk we günbatar ýomutlarynyň atabaý tiresiniň şaý-seplerinde üç ýaprakly ýa-da önümiň gyralaryndan geçýän goşa ýaprakly ösümlik äheňleri agdyklyk edipdir.





**100-nji surat.** Janly-jandar şekilli, nagyşly bukaw we asyk (XIX asyr)

Türkmen şaý-seplerinde haýwanat, ösümlik dünýäsinde duş gelýän janly-jandarlara – «ýylan», «ýylanyzy», «goçak», «goçbuýnuz», «uly goçak», «towşankelle», «möjekkelle», «pyşbaga», «balyk», «goşabalyk», «kebelek», «möý», «hüwi», «guşgözi», asman jisimlerine – «aýgyzyl», ýyldyz, ýyldyzlar toplumy, geometrik şekillere – üçburçluklar, dörtburçluklar, aýlawlar, ýarym aýlawlar meňzedilip döredilen nagyşlar bardyr (*100-nji surat*).

«Ýylan», «ýylanyzy» türkmen şaý-seplerinde iň köp ýaýran nagyşlaryň biridir. Kümüş simden emele gelen bu nagyş şaý-sepiň ýüzüne kebşirlenip, önümleriň gyrasyna ýa-da orta bölegine salynýar. Geçmişde türkmenler şeýle nagyşly şaýlaryň adamy her hili howply ýagdaýda hem goraýandygyna ynanypdyrlar. Halk arasynda şaý-seplere salynýan «ýylanyzy» nagşyna «araky» hem diýilýär. Türkmen gyňajujy ýa-da ýaşmagujy şaý-sepinde «kepjebaş» ýylany ýatladýan şekiller ýerleşdirilipdir.

Türkmen şaý-sep önümlerindäki guşlaryň şekilleri haly nagyşlarynda hem duş gelýär. W.G.Moşkowanyň we A.S.Morozowanyň haly baradaky kitabynda belleýişleri ýaly, oguz taýpalarynyň guş görnüşli belgilerini türkmenleriň zergärçilik nagyşlarynda hem görmek bolýar. Diýmek, türkmen şaý-seplerindäki nagyşlar öz gelip çykyşyny gadymy oguz belgisinden alyp gaýdýarlar. Kepderiniň, garlawajyň, hüwiniň, laçynyň uçup barýan şekilleri ýa-da olaryň beden agzalarynyň aýry-aýry bölekleriniň şekilleri şaý-sepleriň ähli görnüşlerinde – dagdanda, maňlaýlykda, heýkelde, tumarda, ildirgiçde, bukawda, gursakçada duş gelýär.

«Guşgözi» nagşy şaý-seplerde iň köp ýaýran nagyşlaryň biridir. Bu nagyş tekelerde zenanlaryň heýkel, tumar, dagdan baglaryny, erkekleriň dakynan kemerlerini, bedew atlary bezän göwüsbent şaýyny bezeýär.

Türkmen zergärçiliginde «hüwi guşy» atly nagyş zenan şaý-sepleriniň ýokarky gyrasynyň bezegi bolup, onda hüwiniň kellesiniň suduryny görmek bolýar. «Hüwi» nagşy ildirgijiň, bukawuň ýokarky gyrasyna, egmäniň daş-töweregine, dagdanyň, gursakçanyň şelpesiniň başlanýan ýerine çenli setirleýin ýerleşdirilýär. Ata-babalarymyz guşlara erkana durmuşyň, parahatçylygyň nyşany, abat ojagyň, wepalylygyň, birek-birege mähremligiň alamaty diýip düşünipdirler.

«Balyk» nagşy sähra halkynyň durmuşy üçin möhüm hasaplanylýan suwuň nyşany ýadygärligidir. Bu nagşyň täk hem-de biri-birine bakdyrylyp jübüt setir edilip salnan görnüşleri bar. «Balyk» nagşy gelin-gyzlaryň bileziklerinde has köp ýaýrapdyr.

Altyn guýma balyklaryň şekili Köne Nusaýdan tapyldy, hatda olar hökümdar Fraat IV we Gotarza patyşasyna bagyşlanyp ýasalan Parfiýa pullarynda hem suratlandyrylypdyr. Balyklara päk haýwan hökmünde garamak düşünjesi Merkezi Aziýa halklarynda giňden ýaýrapdyr. Hatda düýşde balyk görülmegi hem baýlyga we uly wezipä eýe bolmaga ýorlupdyr.

«Goçbuýnuz», «goçak», «uly goçak» diýlip atlandyrylýan nagyşlar zergärçilikde ululy-kiçili edilip salnan görnüşlerde köp ýaýrandyr. Ol güýjüň nyşany bolup, zenanlaryň dakynýan şaý-sepleri bolan bukawuň, dagdanyň,





**101-nji surat.**
Guş sudurly dagdan
(XIX asyr)

eginligiň, gülýakanyň, gönjügiň, ýeňseligiň, maňlaýlygyň, sümsüläniň, ildirgijiň we teneçiriň bezeginde peýdalanylýar.

Möjegiň şekili hem türkmen şaý-seplerinde peýdalanylýar. Mysal üçin, ol gelinleriň boýnuna dakynýan bukawuň bezeg nagşynda peýdalanylýar. Bu şekili ýörite daşjagazlar bilen gazma usulynda haşamlapdyrlar. Şonuň netijesinde bukawuň aşaky bölegin de möjegiň tumşugy takyk öz beýanyny tapýar. Hyýaly jandarlaryň şekilleriniň hem türkmen zergärçiliginde öz beýanyny tapandygyny görmek bolýar. Alym W.S.Zaletaýew dagdanlaryň arasynda, känbir öňe çykmaýan guşuň suduryny ýatladýan şekiliň suratlandyrylandygy barada belläp geçýär (*101-nji surat*).

## 3.5. Türkmen zenan şaý-sepleriniň görnüşleri. Gelin-gyzlaryň başgaplaryna we saça dakylýan şaý-sepleri

Türkmen alymlary tarapyndan gelin-gyzlaryň başgabyna, egnine, döşüne dakýan, goşara geýdirýän şaý-seplerini, at münüp, döwüş etmegini, ýaýdan peýkamy ezberlik bilen atyp bilmegini, olaryň keşbiniň gadymy döwürleriň meşhur amazonkalylaryň söweş lybaslaryna juda meňzeş bolmagy baradaky aýdylan pikirlerini ýörelge edinip, biz derňewi, esasan aýal-gyzlaryň başgaplaryny bezän şaýlardan başlamagy maksadalaýyk hasap edýäris. Zergärler şeýle şaý-sepleri ýasanlarynda zenanlaryň ýaş aýratynlygyny hökman göz öňünde tutupdyrlar. Gyzlaryň tahýalaryna gupba, sümsüle, alynşaý, ýeňselik, akdyrma, şakäkil, çekelik, teneçir ýaly şaý-sepler dakylan bolsa, ýaş gelinleriň we aýallaryň başgaplaryny hasawa, egme, maňlaýlyk, ildirgiç, ýaşmagujy (gyňajujy), kebelek ýaly onlarça şaý-sepler bezäpdir. Türkmen gelinleriniň başgaby üçin niýetlenen şaý-sepler maňlaýlyk, egme, ildirgiç bolup, olar börük başgabyna berkidilipdir. Maňlaýlyga kybapdaş şaý-sepler gadymy döwre degişli Merw hudaý aýalynyň heýkeljiginde gabat gelýär. Gupba gyzlaryň tahýasynyň depesine dakylýan, ýerligi kümüşden, ýüzüne altyn çaýylan, hakyk gaşlary oturdylan we «islimi» häsiýetli «çybyk»,

170.0 x 240.0 mm

«bugdaý», «dagdan» ýaly nagyşlar bilen bezelen. Gupba gümmeze çalymdaş, ýokarsy kümüş tüýdükli güberçek simler bilen bezelen şaý-sep. Gupbanyň nepisligi, bezegi gyzlaryň ýaş aýratynlyklaryna görä bolýar. Ýetişen gyzlaryň gupbasynda iki çekge tarapyna goýberilýän – çekelik, ýeňsesine – ýeňselik, öň tarapyna – sümsüle, akdyrma ýaly şaý-sepler dakylýar. Gupbanyň eteginde zynjyrly we aralykly şelpeleri bolýar. Gyzlar hiç hili şelpeleri bolmadyk gupbalardan başlap, ýedi-sekiz ýaşyna ýetenlerinde bir-iki gatly, kähalatlarda üç gatly şelpesiz gupbalary tahýalaryna dakypdyrlar (*102-nji surat*).



**102-nji surat.** Şelpeli gupbalar (XIX asyr)

Taryhy maglumatlara görä, geçmişde Müňgyşlak türkmenlerinde (çowdur, igdir, salyr) durmuşa çykýan gyzlaryň, ýaş gelinleriň kellelerine geýen gupba meňzeş başgabyna şowkelle diýlipdir. Şowkelläniň ýüzüne birnäçe setir edilip kümüş şaýlyklar düzülipdir, altyn çaýylypdyr, etegine şelpeler we düwmeler dakylypdyr. Onuň ýüzüne sadaja ösümlik we haýwanat dünýäsini beýan edýän haşamlar çekilipdir. Gazaklarda, garagalpaklarda, nogaýlarda we Kawkaz halklarynyň arasynda toý-baýramçylyklarda zenanlaryň kellelerine geýýän kümüş – gyzyl bezegli saukele atly şaýy we çowdur, igdir, salyr türkmenleriniň şowkelle atly kelle şaýynyň umumylygy bu halklaryň taryhynyň, sungatynyň, medeniýetiniň etniki umumylygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenleriň 9–12 ýaşdan uly gyzlary maňlaý şaý-sepi bolan sümsüläni dakynypdyrlar. Bu owadan kümüş önümi köpsanly galyplanan nagyşly plastinkalaryň bir-iki setirinden ybarat bolupdyr. Sümsüläniň merkezi we gapdallary hakyk, pöwrize we reňkli aýna bilen bezelipdir. Şaý-sepiň ýokarsy kümüş üçburçluk görnüşli doga bilen (teke, alili) ýa-da şah görnüşli şekil bilen tamamlanypdyr. Sarahsda we Amyderýanyň ýakalarynda ýaşaýan salyr türkmenleri, Ýolöteniň saryklary hem sümsüläni gyzlara we bir-iki çagasy bolýança ýaş gelinlere dakypdyrlar. Ärsary zenanlary bu şaý-sepi bilen, adatça, **bogmaç** atly başgaby bezäpdirler. Horezm çowdurlarynda sümsüle **maňlaýlyk** diýlip atlandyrylypdyr. Maryda we Tejende ýaşan teke zenanlary **ildirgiç** atly şaý-sepi dakynypdyrlar (*103-nji surat*).

170.0 x 240.0 mm



**103-nji surat.** Zenan şaý-sepleri – ildirgiç we maňlaýlyk (XIX asyr)

Kesik konus görnüşli beýik we giň (40-50 *sm*) başgaby bolan ýomut hasawasy XIX asyryň edebiýatyndan bellidir. Ýaglyklar bilen örtülen hasawanyň esasy ýüzi kümüş çaprazlaryň we şelpeleriň hatarlary bilen bezelip, maňlaýyň ýokarsynda ärsarylaryň **sümsülesine** meňzeş şaý-sep asylypdyr. Hasawanyň iki gapdalyndan «**adamlyk**» atly uzyn şaý-sep dakylypdyr. Başgabyň ýokarky gyrasyndan süýnmek şekillerden ybarat bolan sanjak atly şaý-sep hem berkidilipdir (*104-nji suratlar*).



**104-nji surat.** Başgap üçin niýetlenen adamlyk we sümsüle şaýlary (XIX asyr)

## ZENANLARYŇ TAHÝASYNA WE BÖRÜKLERINE DAKYLÝAN ŞAÝ-SEPLER

**Çekelik** – gyz tahýasynyň aýrylmaz bölegi bolup, tahýanyň etegine dakylýar. Ol gulaklaryň, çekgeleriň, saçlaryň üstünden goýberilýän uzyn şelpeli şaý. Onuň ýüzüne hakyk, pöwrize daşlaryndan gaş oturdylýar, ýüzüne «islimi» häsiýetli nagyşlar haşamlanyp, altyn çaýylýar.

Ýeňselik – gyzlaryň tahýasynyň etegine ildirilip, çokulyň üstünden dakynylýan ýeňse şaýy. Ol özüniň daşky şekili boýunça uly teneçire çalymdaşdyr, ýöne has ýasy göwrümlidir we nepisdir. Geçmişde dört örüm saçy öňüne atylan, adaglanan uly gyzlar ýeňselik şaýyny boýuntowuk şaýy bilen bile dakynypdyrlar. Halk arasynda onuň dakynylýan ýeri bilen baglanyşykly yrym--ynanç bolupdyr. Dört örüm saçy öňüne atylan gyzyň ýeňsesini ýaman gözden-dilden goramak üçin ýeňselik şaýy dakylypdyr (*105-nji surat*).



**105-nji surat.** Boýuntowuk we ýeňselik şaýy (XIX asyr)

Alynşaý, egme, maňlaýlyk, kebelek – gelinleriň börüginiň öňüne dakylýan kümüşden, ýüzüne altyn çaýylan, hakyk daşy bilen bezelen bezeg şaý-sepidir. Olar börügiň ýüzüni tutuşlaýyn doldurýarlar. Nagyşlaryň arasyndan hakyk, ululy-kiçili dürli reňkde çüýşe daşlar hem dakylýar. Giň we uly göwrümli egmeler iki, üç, bäş simli diýlip atlandyrylypdyr (*106-njy surat*).



**106-njy surat.** Egme (XIX asyr)

XIX asyrda lebaply türkmenleriň arasynda we Müňgyşlak türkmenlerinde (çowdurlarda, hojalarda, şyhlarda) gyzlaryň tahýalary kümüş şaýlyklar, şelpeler bilen bezelipdir. Gupbanyň depesiniň tüýdügine bürgüdiň, sülgüniň, baýguşuň, hüwiniň ýelegini gysdyrmak türkmen taýpalarynyň birnäçesine häsiýetli bolupdyr. Ärsary türkmenlerinde hüwi ýelegi gysdyrylan gupba otaga, otaga laçyn, peri laçyn diýer ekenler. Ýelek otagaly gyzlar adaglanan hasaplanypdyr. Demirgazyk türkmenleriniň içine pagta salyp, ýüzüne gyzyl begres mata çekip, gulakjyn şekilinde tikip, ýüzüni kümüş sytaralar bilen bezän ýyly başgabyna, geçmişde sekiz-dokuz ýaşly gyzjagazlaryň başgaby bolan **sopbaş** diýlipdir.

**Sümsüle** – ýüzüne altyn çaýylmaýan şaý-sep. Ol birmeňzeş süýnmegräk, ýüzi ösümlik häsiýetli nagyş (islimi) bilen bezelen. Iki ujy gulply şaýlaryň iki, üç setiriniň zynjyra düzülmegi sümsüläniň esasyny emele getirýär. Onuň aşaky setiri bir hatar gysga we bir hatar uzyn pişme görnüşli şelpeler bilen tamamlanýar.

**Akdyrma** – gyz tahýasynyň etegine aýlaw görnüşinde tutulýan, zynjyra düzülen pişme görnüşli, aşagy süýnmek ýa-da ujy togalajyk kümüş şelpeleriň toplumydyr.



**107-nji surat.**
Alynşaý (XIX asyr)

**Alynşaý** – uly gyzlaryň tahýasynyň we aýallaryň börüginiň aşak etegine tutulýan, güberçek şelpeleri bolan kümüş şaý. Onuň maňlaýa düşýän pişme görnüşli güberçek şelpeleri birsydyrgyn deň bolup, alynşaýyň çekge şelpeleri maňlaýa düşýän şelpelerine garanda uzyn bolýar (*107-nji surat*).

**Teneçir** – gyzlaryň dakynýan şaý-seplerine degişlidir. Gyzlar ony çekge tarapdan tahýanyň etegine ildirip, gulagyň, saçyň üstünden sallap asýarlar. Ol ýasy kümşe hakykdan gaş oturdylyp, altyn çaýylan şaýdyr. Şaýyň ýüzüni, esasan, «islimi», «çybyk», «çigildem» nagyşlary bezeýär. Teneçiriň aşaky eteginiň uçlary güberçekli ýa-da tekiz şelpeli, kähalatlarda düwmeli we zynjyrly bolýar (*108-nji surat*).



**108-nji surat.** Teneçirler
we aragerbi şaýlary (XIX asyr)

**Egme** – gelinleriň börügine dakylýan başgabynyň görnüşini gaýtalaýar. Ol çalaja aýlawly bolup duran görnüşli, ýasy kümüşden, ýüzi altyn çaýylan, hakyk gaşly uly bezeg şaýy.

**Maňlaýlyk** – ýaş zenan maşgalalaryň, orta ýaşlaryndaky aýallaryň börügine dakylýan kerpiç-kerpiç görnüşli, ýokarsy üç sany ildirgiçli, aşagy aralyk şelpeli, ýüzüne altyn

çaýylan, hakyk gaşlary oturdylan owadan bezeg şaýydyr. Öz arasynda bölünip, onuň kerpiçli maňlaýlyk, ildirgiçli maňlaýlyk, şelpeli maňlaýlyk ýaly görnüşleri bar.

**Kebelek** – aýallaryň maňlaý şaýlaryna degişlidir. Ol, esasan, gartaşan aýallaryň alyn şaýydyr. Beýleki maňlaý şaýlaryna garanda, bu şaýyň göwrümi inçe, ony düzýän bölekler bolsa sada, nepis edilendir. Şaýyň esasyny kebelek şekilli kümüş bölejikler düzýär.

**Hatap** – orta ýaşly aýallaryň başgaplarynyň (beýik börük) etegine dakylýan dörtburç şekilli, aşagy gysgajyk şelpeli alyn şaýy. Hatabyň ýüzüni ösümlik häsiýetli «çigildem», «çybyk», «bugdaý» ýaly nagyşlar bezeýär we ortarasyna bir ullakan hakyk gaşy oturdylýar. Bu şaýy, esasan, lebaply türkmenleriň dört-bäş çagaly ýa-da ýaşy otuzdan geçen aýallary dakynypdyrlar.

## SAÇA DAKYLÝAN ŞAÝ-SEPLER

Türkmen halky ýaş gelinleriň, aýallaryň saçlaryny hem bezemek üçin naýbaşy şaý-sepleriň birnäçe görnüşlerini döredipdirler. Olara saçlyk, saçýüzi, saçmonjuk, asyk, jugur, hoza, aragerbi we başgalar degişlidir.

**Saçlyk** – ýaş gelinleriň we aýallaryň yza atýan iki örüm saçynyň hersiniň üstünden bir setir edip goşalygyna dakynýan, ýokardan aşaklygyna uzalyp gidýän bezeg şaýy. Bu şaýyň süňňüni birnäçe pişme, dörtburçluk, dagdan ýa-da gülýaka şekilli bölekler we ýarym üçburçluklar düzýär. Olar özara gulpdur tershalkalar arkaly baglanyşýarlar.

**Saçmonjuk** – kümüş apbasylaryň, gozalaryň, arkasy gulply, ýüzi gaşly manatlaryň, gyranlaryň, monjuklaryň bir reňkli matanyň ýüzüne berkidilip, gezekleşdirilip düzülmeginiň netijesinde emele gelýän saçmonjuk atly şaý. Iki hatar bolup duran bu şaýy aýallar saç örüminiň başlanýan ýerinden saçlaryna goşýarlar. Şaýyň düzüminde, esasan, dürli reňkli monjuklar agdyklyk edýär. Saçyň öňe düşüp durmazlygy üçin iki hatar saçmonjugyň arasyna monjukdan, apbasydan ýa-da gozadan, gyrandan düzülen aragerbi şaý dakylýar (*109-njy surat*).



**109-njy surat.** Saçlyk we asyklar (XIX asyr)

170.0 x 240.0 mm

## 3.6. Türkmen zenan şaý-sepleriniň görnüşleri. Gelin-gyzlaryň egne, gursaga, gola, ele dakynýan şaý-sepleri

**Çapraz-çaňňa** çabyda dakylýan bezeg şaý-sepidir. **Çapraz** – uly bolmadyk, ortasy güberçek, iki ýany gulpjagazly kümüş şaý-sep. Ol bir zolak matanyň ýüzüne dört hatar edilip düzülýär, her hatarynda ona golaý çapraz bolýar. Çaprazly hatara gor diýilýär. Dört hatar çaprazyň aşagyndan hem çaňňa dakylýar. **Çaňňa** uly, pişme görnüşli, ýüzi «çigildem», «bugdaý», «çybyk» we «nerrek» nagyşlary bilen bezelen kümüş şaý-sep (*110-njy, 111-nji suratlar*).



**110-njy surat.** Çaňňalaryň görnüşleri (XIX asyr)

**Gursakça** – gelinleriň (ýaş aýallaryň) gursagynyň üstünden dakynýan bezeg şaý-sepi. Gursakçanyň ýokarsy dürli hili nagyşly we ketenä berkider ýaly iki ýa-da üç gulply bolýar. Onuň esasy sap kümüşden ýasalýar. Ýüzüne altyn çaýylýar we birnäçe hakyk daşyndan bolan gaşlar oturdylýar (*112-nji surat*).



**111-nji surat.**
Çapraz-çaňňalar (XIX asyr)



**112-nji surat.** Gursakça (XIX asyr)

**Gülýaka** – gelin-gyzlaryň köýnekleriniň ýakasyna dakynýan, ýüzi gaşly, altyn çaýylan, tegelek görnüşli kümüş şaý-sep. Onuň ululy-kiçili, şelpeli-şelpesiz görnüşleri bolýar. Onuň ýüzüne altyn çaýylan, hakyk, pöwrize ýaly gaşlar oturdylan, daş-töweregi «nerrek», aralary «çigildem», «çybyk», «bugdaý», «kerkere» nagyşlary bilen bezelendir. Gülýakanyň ululy-kiçili, görnüşleriniň aşagy aralyk bezegli, şelpeli ýa-da düwmeli. Gülyakalaryň dürli ýerlerde ýasalyşy (ýüzüne goýlan epenegi), ýüzüne oturdylýan pöwrize gaşy we nagyşlanyşy bilen tapawutlanýarlar (*113-nji asurat*).



**113-nji surat.** Teke gülýakalary (XIX asyr)

**Goşa gülýaka** – gülýakanyň goşa tegelekden ybarat bolan görnüşini hem zergärler bitewi ýasapdyrlar. Oňa goşa gülýaka diýip at beripdirler. Zergär Gylyçmyrat Ataýewiň bellemegine görä, onuň töwerek-daşy kertik-kertik edilip, ýüzi «guşgözi» ýaly nagyşlar bilen bezelýär. Daşynyň kertijeklerine **ker-kere** hem diýilýär.

Ýomut gülyakasy teke gülyakasyndan ortasyna goýlan uly güberçek bezegi, ýüzündäki mawy pöwrize we daşyndan aýlanan gaşlary hem-de aýratyn ýasalyş usuly we tilsimi bilen tapawutlanýar (*114-nji surat*).



**114-nji surat.** Ýomut gülýakasy (XIX asyr)

Ata-babalarymyz gülýakany Güne meňzedip ýasapdyrlar. Onuň «Gün ýakýa» ady «gülýaka» ady hökmünde kabul edilipdir. Bu şaý-sepiň ýüzüne altyn çaýylmagy Günüň nuruny saçyp duran şekilini şöhlelendirmek diýip ha-

sap edýärler. Şindi gülýaka seretseň, «misli nuruny saçyp duran çogly Gün ýalydyr» diýip düşündirýärler.

**Bagjyklyk** – ýakabagjyk – aýal-gyzlaryň çabydynyň, donunyň iki ýan ýakasyna dakylýan halka, gulp, gaňyrçak arkaly biri-birine ildirilýän kümüş zynat. Bagjyk iki sany meňzeş pişme görnüşli kümüş böleginiň ýüzüne altyn çaýylyp ýasalýar. Onuň ortasyna uly hakyk daşyndan gaş oturdylýar. Bagjyklyk egin-eşige gapdal burçundaky gulplar arkaly berkidilýär.

**Sytara** – apbasydan kiçi, guşgözüden sähel uly kümüş şaýyjyk. Onuň ýüzi nokat-nokat, gül, ýaprak şekilli güberçek bolýar. Sytara köýnek, don, çabyt ýaly egin-başlaryň jübüsiniň, ýakasynyň töweregine, daş gyrasyna, ýeňiniň agzyna, arka ýüzündäki düwmejikler arkaly gysylyp berkidilýär we göwüsbent, alagaýyş, uýan, eýeriň gaşy, heýkelbag, tumarbag ýaly ýerligi gaýyşdan bolan bezegleriň ýüzüne owadanlyk üçin düzülip dakylýar, şeýle-de sytara lebaply türkmen zenanlarynyň boýnundan asyp (galstuk şekilli) dakynýan kümüş saýynyň adyny aňladýar. Sytaranyň ini 7 *sm*-e, boýy bolsa 72 *sm*-e barabar bolup, onuň aşagynda uzynlygy 24-25 *sm*-e çemesi 10-12 sany reňkli ýüň ýa-da ýüpek ýüplerden edilen gotazy bolýar.

**Apbasy** – Sefewi hökümdary şa Apbas I (1587-1627) adyna çykarylan, agramy 77 grama barabar kümüş pul birligidir. Apbasy dört sany mis şaýy puluna deňdir. Wagtyň geçmegi bilen onuň agramy kemeldilip, 1736-njy ýyla çenli 4,66 grama getirilipdir. XIX asyryň ortalarynda Hywa hanlygynda agramy 0,750 grama deň bolan kiçijik şaýy.

**Gönjük** – türkmen aýallarynyň köýnekleriniň öňüne ýaka nagşynyň gutarýan ýerine dakylýan şaý. Ol ýasalyşy boýunça çaňňa çalymdaş bolup, ýerligi kümüşden ortasy dörtburçluk, iki gapdaly üçburçluk şekilli bezegdir. Merkezinde uly ýasy hakyk gaş oturdylyp, aşak etegi şelpeli bezeg şaýy.

**Emellik** – emdirýän çagasy bolan ýaş gelinleriň ilkinji perzentleri dünýä inenden soň, iki ýan göwsüniň üstünden dakynýan pişme görnüşli jübüt kümüş şaýy. Emelligiň ýerligi kümüşden bolup, onuň ýüzüne hakyk gaşlary oturdylyp, altyn çaýylýar. «Bu şaý ýaman gözden, dilden goraýar» diýipdirler (*115-nji surat*).





170.0 x 240.0 mm



**115-nji surat.** Emellikler (XIX asyr)

**Gulakhalka** – zenanlaryň gulagyna dakynýan dürli görnüşdäki ululy-kiçili altyn ýa-da kümüş bezeg halkasy. Gulakhalka dürli görnüşde bolýar. Ýomut gulakhalkasy teke gulakhalkasyndan özüniň ýarymaý görnüşli şekili, göwrüminiň ululygy, ýyldyz şekilli nagyşlar bilen bezelenligi, ýüzündäki mawy pöwrize gaşyndan goýlan gaşlary, ýasalyş usuly boýunça tapawutlanýar. Onuň ýüzünde zikgelenen altyn çaýylan bezegleri bolýar (*116-njy surat*).



**116-njy surat.** Gulakhalkalar (XIX asyr)

**Burunysyrga** – türkmen aýallarynyň burunlarynyň sag gapdalyny deşip dakynan kiçijik halka görnüşli bezeg şaýydyr. Türkmen tire-taýpalarynyň arasynda burunysyrga dakynmak deň derejede bolmandyr. Ol, esasan, lebap türkmenlerine, çowdur, gökleň, salyr, ärsary, arabaçy tireleriniň aýallaryna mahsus bolupdyr. Burunysyrga sap altyndan ýa-da kümüşden ýasalyp, kümüşden ýaşalanlarynyň ýüzüne altyn çaýylypdyr. Bu bezeg şaýynyň gaşly hem-de gaşsyz görnüşleri bardyr.

## DÖŞDEN, BOÝUNDAN, EGINDEN ASYLÝAN ŞAÝ-SEPLER

**Bukaw** – aýal-gyzlaryň boýunlaryna dakynýan iň uly agyr şaý-sepleriň biri. Ol ýasy kümüş bölekleriň ýüzüne her hili «nerrek» nagyşlary, «islimi»,



**117-nji surat.**
Boýuntowuk (XIX asyr)

hüwiniň kellesiniň, öküziň şahynyň şekili çekilip, birnäçe hakyk gaşlar oturdylyp, ýüzüne altyn çaýylyp ýasalýar.

**Boýuntowuk** – adaglanan gyzlaryň boýunlaryna halkalaýyn dakylýan bezeg şaýlarynyň biri. Onuň ýerligi insizje kümüşden bolup, ýüzüne altyn çaýylýar, ululy-kiçili hakyk gaşlary oturdylýar, iki gyrasy «çybyk», «bugdaý», ýokarsy «kerkere», ýüzi «epenek», «aýgyzyl», «guşgözi» ýaly nagyşlar bilen bezelýär. Onuň öň tarapyndaky ýaprak şekilli kümüş bölejikleriniň iki ujy halkalydyr. Ýüzünde jemi bäş sany halka bar. Iki gapdalynyň hersinde hem bir hakykdan gaşlary bolýar. Iki ujy gaňyrçakly ýarymaýlaw ýogyn kümüş sim halkalardan geçirilip, boýna dakylýar we ol halka boýunhalka diýilýär. Boýunhalka barmagyň ýogynlygynda bolup, onuň ýüzi «epenek», «çyzma», «bugdaý» nagyşlary bilen bezelýär (*117-nji surat*).

**Dagdan** – aýal-gyzlaryň boýunlaryna dakynýan ýerligi iki gat kümüşden ýasalan bezeg şaýy. Dagdanyň ululy-kiçili, aşagy şelpeli ýa-da şelpesiz görnüşleri bolýar.



**118-nji surat.** Heýkel şaýy (XIX asyr)

**Heýkel** – ýaşy bir çene baran zenanlaryň çep gerdeninden asyp dakynýan mukaddes şaýy. Heýkel dörtburç gapyrjak şekilli bolup, gaýşyň ýüzüne berkidilýär. Onuň ýüzüne hakyk daşyndan gaşlar oturdylyp, altyn çaýylýar, «nerrek», «hüwi» ýaly nagyşlar bilen bezelýär. Onuň gaýyşbagyna ownujak kümüş şaýjyklar düzülýär. Ýaşuly zenanlar onuň içine Gurhanyň bir süresini, gorag dogasyny ýa-da bir çümmüjek duz, kömür, düýäniň ýüňini salyp, çepden ýürek tarapyndan dakynypdyrlar (*118-nji surat*).

**Tumar** – aýal-gyzlaryň boýnundan asylýan şaý. Onuň ölçegi uly we kiçi bolýar. Ol ortasy tegelek, uzyn, iki gapdaly açylýan tüýdükli, ýokarky bölegi üçburç görnüşli, aşagy zynjyrly, düwmeli, aralyk şelpeli nepis şaý. Şaýyň ýokarsy gulply, uludan has nepis, salyhatlysy bolup, oňa örküçli tumar diýýärler. Örküçli tumaryň ýüzüni hakyk gaşlar bezeýär we ýokarky gyrasy «hüwi» nagşy bilen tamamlanýar (*119-njy surat*).

170.0 x 240.0 mm

## ELE, GOLA, BARMAGA DAKYLÝAN ŞAÝ-SEPLER

**Ýüzük** – aýal-gyzlaryň we erkek adamlaryň barmaklaryna dakynýan altyndan, kümüşden, gaşly ýa-da gaşsyz halkasydyr. Ýüzügiň barmakdan ötürilip dakylýan bölegine baldak ýa-da halka diýilýär. Adamyň goly we eliniň barmagy hem-de edýän işi (wezipesi) bilen berk bagly şaý-sepler toplumlaýyn häsiýetlidir.

**Kökenli ýüzük** – gelin-gyzlaryň ýa-da durmuşa çykýan gyzyň toýda bäş barmagyna dakynýan ýüzüklerini özara baglanyşdyrýan halkaly we zynjyrly ýüzükleri. Kökenler arkaly birleşýän ýüzükleriň goşara dakar ýaly inçejik bileksesi hem bolýar. Halk arasynda bu şaý bilekse, bilek halka, bilek aýlaw, bilek şaý ýaly atlar bilen bellidir.

**Bilezik** – bilege dakylýan iki gat kümüş bezeg. Onuň ýüzüne altyn çaýylýar, hakyk daşyndan uly gaşlar oturdylýar we «çybyk», «bugdaý», «balyk» ýaly nagyşlar bilen bezelýär. Bilezigiň ýüzüne oturdylan gaşlaryň setir sanyna görä, birgoşma, ikigoşma, üçgoşma, dörtgoşma bilezik diýlip atlandyrylýar. Onuň 8-9-11 goşmadan ybarat görnüşleri hem bellidir (*120-nji surat*).



**119-njy surat.** Tumar (XIX asyr)



**120-nji surat.** Bilezik (XIX asyr)

## 3.7. Erkek adamlaryň şaý-sepleri we söweşde ulanylýan esbaplaryň görnüşleri. At şaý-sepleri

Türkmen zergärçilik sungatynda erkek adamlaryň şaý-sepleri we söweşde ulanylýan esbaplary biri-birine ýakyn bolan ençeme görnüşden ybarat bolup, olaryň ýaýramagy bellibir çäklere – Hazardan tä Amyderýa we Aral deňzine

çenli aralyga mahsusdyr. Erkek adamlaryň şaý-seplerinde we söweş gurallarynda goňşy halklaryň önümlerine meňzeş ýordumlar we tärler duş gelýär. Aýry-aýry türkmen zergärçiligine mahsus bolan erkek adamlaryň şaý-sepleri-de öz gurluşlary, nagyşlary we şekilleri boýunça umumylyklara eýedirler. Şeýle meňzeşlikler söweş gurallarynyň döşe, gola, bile dakylýan şaýlarynda has aýdyň ýüze çykýar. Bularda her taýpa mahsus bolan aýratynlyklary, esasan, käbir şaý-sepleriň göwrüminiň dürlüliginde, taýýarlanyş tehnikasynda we käbir nagyş bezeg birliginde duýmak bolýar. Emma erkek adamlaryň hemme şaý-sepleriniň we söweş gurallarynyň nagyş bezeginiň taslamasynyň gurluşynda esaslar birmeňzeşdir. Arheologiýa gözlegleri bize dürli asyrlaryň, ýagny bürünç döwründen başlap, tä ösen orta asyrlara çenli degişli metal çeperçilik önümlerini görkezýär. Tapyndylaryň köpüsi dünýewi medeniýetiň asyl nusgalarydyr. Muňa belli «Amyderýa hazynasyndan» bolan, miladydan öňki VI-V asyrlara degişli täsin zatlary mysal getirmek bolar. XIV-XV asyrlara degişli zergärleriň her metaly işlemegiň çeperçilik taryhyna ýagty sahypalary goýup gidýärler. Olaryň arasynda at esbaplary hem bar. Atlaryň şaýlaryny gönüň ýüzüne berkidilip, onuň tenine dakypdyrlar. Aýal-gyzlaryň şaý-sepleri hem gadymy awtorlaryň maglumatlaryna görä, häzirki türkmenleriň ýaşaýan ýerlerinde bolup geçen şöhratly söweşjeň zenanlaryň bezeglerini ýada salýar.

## SÖWEŞ ESBAPLARY. AT ŞAÝ-SEPLERI

Türkmen goşuny barada XVII asyrda Abulgazy Han şeýle ýazýar: «Olaryň gözlerinden başga hemme ýerleri demir bilen örtülen». Türkmen zergärçilik sungatyny öwrenmekde Türkmenistanyň Döwlet şekillendiriş sungaty muzeýiniň gaznahanasy baý maglumatlary berýär, çünki onda şaý-sepleriň ummasyz köp görnüşleri, tipleri, bezelişi, nepisligi babatda dürli eserler ýygnanypdyr. Gorag esbaplaryny ulanmak bilen söweşe gatnaşan esgerleriň hem-de çaknyşyklara gatnaşýan bedewleriň, düýeleriň, pilleriň janyny aýap saklamak, goramak mümkinçiligi bolan esbaplaryň uly peýdasy bar. Türkmenler has irki döwürlerden bäri söweşlerde atlary, düýeleri, pilleri ulanypdyrlar, ýöne türkmenleriň harby güýçleriniň esasy kuwwaty atly goşunlar bolupdyr. Türkmenlerde söweşlere gatnaşýan bedewler **jeň atlary** ýa-da **söweş atlary** diýlip atlandyrylypdyr. Söweş atlary uruş dowam edýän wagtynda eýeleriniň sesine we jylawyň hem üzeňňileriň dartylyşyna görä hereket edipdirler. Söweş wagtynda goranmak üçin jeň atlaryna goraýjy esbaplar geýdiripdirler. Bu goraýjy esbaplara «atyň eşigi» ýa-da «atyň zyrhy» diýipdirler. Atyň zyrhy maňlaýlykdan, boýunlykdan we sagrylykdan ybarat bolupdyr. Beýleki önümler ýaly ata dakylýan şaý-seplerde hem ergonomiki pikirler öňe sürülýär.

At şaýlary sarpasy belent bolan ahalteke atlarynyň toý-dabaralardaky aýrylmaz bezegidir. Ata dakylýan boýunlyk, gözlük, göwüsbent, uýan – bularyň hemmesi diňe bir bezeg ornunda bolman, eýsem al-arwahdan, gözden-dilden goraýjy hökmünde hem hyzmat edýär. Türkmen milli şaý-seplerinde özleriniň köpdürlüligi, gelşikliligi we nepisligi bilen tapawutlanýan türkmen bedewleriniň şaýlary hem özboluşlydyr. Zergärçilik işleri ýöne bir gözellik taýdan kanagatlandyrylman, eýsem olar möhüm dini däp-dessur aýratynlyklary hem amal edýärler. Zergärçilik işinde ulanylýan metallar bolan kümüş we altyn gadymy döwürde gudratly düzümler saýylypdyr. Şaý-sepleriň ata dakylýan görnüşleriniň aglaba bölegi Güne meňzeş tegelek şekildedir. Bu şaý-sepler atlary ýeldirgemekden, arwah-jynlardan goramak, zäherlenmegiň öňüni almak hem göz degmezlik üçin ulanylypdyr. Gudratly düzümler zergärçilik senedinde iň bir eý görülýän gymmatbahaly daşlar bilen bilelikde işlenilipdir.

**At maňlaýlygy** – goraýjy esbap bolup, ýakyn aralykda söweş wagty duşmanyň ýaragyndan atyň başyny goramaga niýetlenip ýasalypdyr. Dört bölekden ybarat at maňlaýlygynyň gurluşy bolsa depeden burna çenli bolan uzyn alynlykdan, kiçijik depelikden we iki sany ýaňaklykdan emele gelýär. Bu maňlaýlyk demirden ýasalyp, gaýyş tanaplaryň kömegi bilen atyň kellesine berkidilipdir. Bu maňlaýlygyň iç ýüzüne, ýagny atyň kellesine degýän tarapyna demirden şikes ýetmez ýaly matadan içlikler dakylypdyr.

Atlara dakylýan şaý-sepleriň esasy görnüşleriniň biri bolan gursak şaýlary göwüsbendiň guşagynyň tutuş ýüzüne balyk teňňesi görnüşindäki göwrümli şaýlar bilen ýapylýar. Göwüsbendiň ýerligi esgerleriň eşigi – sowudyň güberçek tekizligini we galkanyny hem ýatladýar. Atyň edil döşünde durýan göwüsbendiň guşagynyň merkezinde gümmezi ýatladýan tegelek nyşan ýerleşdirilip, onuň ýüzi, köplenç, güberçek nagyşlar bilen bezelýär. Göwüsbendiň iki gapdalyna, gaýyş kemerlere altyn çaýylan ýüpekden işilen seçekleri we gotazlary berkidipdirler. At şaýlarynyň köp bölegi söweşijileriň ýaraglary hökmünde berilýär, göwüsbent bolsa arassa bezeg bolup öňe çykýar. Göwüsbendiň daş gaşlary, nyşana degişli şelpeleri bolsa egri gylyjyň şekilinde ýasalýar. Türkmenleriň gadymy däp-dessuryna görä, egri şelpeler gylyç däl-de, ýekegapanyň dişlerini aňladýar. Gadymy Parfiýa döwletinde ýekegapan haýwanyny hudaýlara gurbanlyk hökmünde beripdirler.

**At gözlügi.** Ol dürli-dürli bolup, atyň edil maňlaýyna dakylýar. Gözlügiň bezelişi – ol diňe bezeg üçin däl-de, eýsem gözden-dilden goranmak üçin niýetlenen bolmaly. Gözlük inçe bolup, atyň maňlaýyny sähelçe ýapýar we onuň ýüzi balyk teňňeleri görnüşinde bezelýär. Onuň ortasynda üç setir hakyky gözüň şekilini ýatladýan daşlar dikligine ýerleşdirilýär (*121-nji surat*).

170.0 x 240.0 mm





**121-nji surat.** At gözlügi we göwüsbendi (XIX asyr)

**At boýunlygy** – atyň goraýjy esbabynyň ikinji bölegi bolan. Bu at zyrhyna boýun galkany hem diýilýär. Boýun galkany atyň boýnuny duşman esgeriniň ýarag urgusynyň zarbasyndan goramak üçin ulanylýan zyrhydyr. At boýunlygy kiçeňräk dörtburçly polat bölekleriniň biri-birine demir simler bilen sepleşmesinden emele gelen. At boýunlygynyň bölekleri öwnuk haşamlar bilen bezelendir.

**At sagrylygy.** Atyň gerşinden dyzyna we guýrugyna çenli ýapyp, sallanyp duran bu esbap atyň göwsüni we aýaklaryny duşman ýaragynyň urgusyndan gorapdyr. Atyň sagry zyrhy diýilýän bu esbap ýasalyşy boýunça at boýunlygyna meňzeşdir. At sagrysynyň demir parçalary, at boýunlygynyň bölekleri aşaklygyna sallanyp durup, atyň göwresini gorapdyr. At sagrylygy matadan içlikli bolup, seçekler bilen haşamlanýar.

**Uýanlaryň** iki görnüşi bolýar. Gaýyş, haly ýa-da palas kemerler ulanylýar. Dokma kemerleri jylaw hökmünde hem ulanylýar. Jylawyň ýüzüni altyn çaýylan kümüş nyşanlar ýa-da uly hakyk daşlar bezeýär (*122-nji surat*).



**122-nji surat.** Uýanlar

170.0 x 240.0 mm

**At eýerleri** iki görnüşde bolýarlar. Birinji görnüşi agaçdan ýasalyp, onuň daşyny ak ýylmanan gaýyş örtýär. Gaýşyň ýüzüni çarçuwanyň içinde ýerleşen nagyşlar bezäp, onuň üst bölegini galyň goňur gaýyş örtýär.

Eýeriň ikinji görnüşi hem agaçdan ýasalyp, onuň ýüzüne kesik-kesik edilip nagyş salynýar. Nagyşlar amaly-haşam sungatynda «haýwan usuly» diýlip atlandyrylýar. Ol dürli ösümlikler hem-de geometrik häsiýetli nagyşlar bilen haýwanyň şekilleri suratlandyrylyp bezelýär. Eýeriň yzy guşuň guýrugyna meňzeş. Ol demirden ýenjilip, agajyň ýüzüne kesilip kakylýar. Eýeriň iki gapdalyna gaýyş kemerleriň kömegi bilen iki sany üzeňňi dakylýar. Olar hem demirden ýasalyp, ökjäniň içki tarapyna laýyk gelmeli. Munuň özi söweş wagty esgere dik durup urmaga mümkinçilik döredýär (*123-nji surat*).



**123- nji surat.** At eýeri

Goranyş esbablaryna golluk, dyzlyk, butluk we guşak hem degişli.

**Guşak**. Ol deriden edilip, ýüzüne altyn çaýylan, nagyşlanan kümüş bölejik berkidilen bolýar. Kümüş bölekleriň ini 6 sm-e, uzynlygy 120 sm-e barabardyr. Guşagyň aşagynda gaplaňyň dişine meňzäp duran kümüşden şekiljikleriň bir hatary berkidilýär. Guşaklar, adatça, deriden ýa-da galyň matadan tikilipdir. Olar has inli edilip, söweşijä gylyjy, sagdagy, ýagny däri, seçme salynýan gaby asmaga mümkinçilik beripdir. Guşak söweşijiniň garnyny duşmanyň urgularyndan hem gorapdyr. Galkanyň iki görnüşi bolýar. Olar: söweş we baýramçylyk galkanlary. Baýramçylyk galkanlarynyň ýüzüni sekizburçly ýyldyz bezeýär. Tegelek söweş galkanynyň ýüzüni «islimi» nagyşlar we arap ýazgylary bezeýär. Bu ýazgylara binagärlikde hem duş gelinýär. Häzirki günde bu söweş esbaplary türkmen milli muzeýlerimizde saklanylýar (*124-nji surat*).



**124-nji surat.** Erkek adamyň guşaklarynyň görnüşleri (XIX asyr)

170.0 x 240.0 mm

Atyň kümüş esbaplary atlaryň mertligini, çydamlylygyny nygtaýan alamatlar hökmünde hyzmat edýärler. Şu nukdaýnazardan ugur alanymyzda, at şaý-sepleriniň görnüşleri hem edil adam bedenine bagyşlanylyşy ýaly pikirleri özünde jemleýär, ýagny bu önümleriň köpüsi söweş, bezeg we bedeniň goragy üçin niýetlenilişi, ýene-de bir bölegi türkmen halkynyň atyny gözden-dilden we beýleki dürli belalardan goramak maksadyna esaslanyp dakylandygyna göz ýetirmek bolýar.

## 3.8. Çagalaryň şaý-sepleriniň işlenilişi

Zergärçilik sungatynda nepis çaga şaý-sepleri ýasalyşy, niýetlenen wezipesi boýunça dürli-dürli bolup, olaryň atlandyrylyşy-da köpöwüşginlidir. Çagalara niýetlenilen şaý-sepler sadadan täsin, özboluşly we köpgörnüşli bolup, olar, esasan, çaga başgabyny (tahýasyny, topbusyny), elini-aýagyny, boýnuny, egnini (omzuny), döşüni, arkasyny bezäpdir. Eneler çagasyny gözden-dilden, bela-beterden, näbelli güýçlerden goramak üçin olara diňe bir bezeg serişdesi hökmünde däl-de, eýsem göz degmezlik üçin hem ýylanbaşy (ýylançyr), doga (dogaçyr), gözmonjuk, bent, tumar (tumarça), dyrnak (guşdyrnak), burma, aýakbukaw ýaly şaýlary dakypdyrlar.

Türkmen tire-taýpalarynyň arasynda kiçijik çagalara dakylýan şaýlaryň iň giňden ýaýrany ýylanbaşydyr. Çaga topbusynyň ýa-da tahýasynyň depesine tikilýän balykgulaga ýylanbaşy diýilýär. XVIII asyrdan galan däbe görä, çagalaryň başgaplaryna, balykgulagyň daşyna, iki gapdalyna kümüş sytara dakypdyrlar. Çagalaryň topbularyna balykgulagyň tikilmegi we onuň ýylanbaşy (ýylançyr, ýylanagzy) diýlip atlandyrylmagy näsaglyk getirýän güýji ýok etmek bilen baglanyşyklydyr.

**Burma** – kümüş simden işilip, towlanyp ýasalýan düwmeli bezeg. Ol oýnawaç hökmünde ýaňy aýak biten ýaş çaganyň injigine ýa-da goşaryna gaňyrçagyň halka ildirilmegi arkaly dakylýar. Onuň üç, dört ýerinde çaga elini ýa-da aýagyny gymyldadanda jyňňyrdaýan düwmejikleri bolýar. Burmany çaga, esasan, oýnawaç hökmünde we ýakyn arada oýnaýan sesini eşidip durmak üçin dakypdyrlar.

**Bäzbent** – çaga kürtesiniň, donunyň iki omzuna, arkasyna ýa-da döşüne dakylýan iki gat tegelek gapyrjak görnüşli kümüş bezeg şaýy. Ol galkan şekilli, altyn çaýylan, ortasy ullakan hakyk gaşly şaý bolup, onuň töweregi kümüş simden «üzülmez» nagşy bilen haşamlanandyr (*125-nji surat*).

170.0 x 240.0 mm



**125-nji surat.** Çaga bäzbentleri (XIX asyr)

**Ok-ýaý şaýy** – iki-üç ýaşdan alty-sekiz ýaş aralygyndaky oglanjyklaryň kürtekçesiniň, donunyň arkasyna dakylýan ok-ýaý şekilli bezeg. Irki döwürlerde ogulsyz maşgalalar indiki çaga ogul bolsun diýip gyzlaryna hem dakypdyrlar. Onuň ýerligi kümüşden bolup, ýüzüne altyn çaýylýar, hakyk gaşlary oturdylýar. «Epenek», «nerrek», «çybyk» , «bugdaý», «kerkere», «aýgyzyl» ýaly nagyşlar bilen haşamlanýar. Ýomut ok-ýaýynyň ýüzi zikgelenen nagyşly kiçi altyn bölejikler bilen bezelen bolýar. Şaýyň aşak tarapynda şelpeleri, düwmeleri, ýokarsynda kürtä, dona berkider ýaly iki-üç sany gulpjagazy bolýar. Bu şaýyň ady we onuň şekili ok hem-de ýaýa meňzedilmegi bilen bagly bolsa-da, ol beden bilen bagly bolmandyr (*126-njy surat*).

**Dogaçyr** – doga meňzeş, ýöne aşak tarapy dörtburç görnüşinde ýognap gidýänligi üçin bu şaýa **tumarçaly dogajyk** ýa-da **nagdaly dogajyk** hem diýipdirler. Onuň ýerligi kümüşden, ýüzi nagyşlar we hakyk gaşlary bilen bezelen, owunjak şelpeli ýa-da düwmeli bolupdyr. Ol edil gapyrjak ýaly açylyp ýapylmaga amatly bolupdyr we içine Gurhanyň bir süresi, mollalaryň ýazan dogasy, duz, kömür ýaly zatlar salnyp çagalara dakylypdyr. Bu şaýyň çagalary görner-görünmez bela-beterlerden,



**126-njy surat.** Çaga şaýlary: dogaçyrlary, ok-ýaý (XIX asyr)

näbelli güýçlerden goraýandygyna berk ynanypdyrlar. Şu ynançlar dogaçyr şaýynyň döremegine esas bolupdyr.

**Gözmonjuk** – çaga başgaplarynyň depesine tikilýän, alaja ýüpe düzülip boýna, ele dakylýan gara, ýüzi ak nokatly monjuk. Halk arasyndaky yrymlara görä, gözmonjuk, esasan, täk görnüşde dakynylýar (bir, üç, bäş), çünki şeýle edilende, ol öz eýesini özüne taý edinip, ony gözden-dilden goraýarmyş.

**Tumarça** – çaga tahýasynyň depesine dakylýan bezeg şaýy. Bu kümüş şaý içi boş, bir gapdaly açylyp ýapylýan düwmejikli inçe tüýdük görnüşinde bolup, onuň aşagy düwmeli ýa-da düwmesiz, ýüzi nagyşly, gaşly, altyn çaýylan ýa-da sap kümüşden ýasalan, şeýle-de sada nagyşsyz görnüşleri hem bar.

Çagalara niýetlenen **dagdan** şaýlary has kiçijik hem bolup bilýär. Olaryň ölçegi 3 *sm*-den başlaýar. Bu kiçi önümiň ýüzüne altyn çaýylýar we haşamlanyp pöwrize, hakyk gaşlary oturdylýar. Ol mukaddes diýlip hasaplanýar. Dagdanyň kiçijik görnüşleri alaja ýa-da düz ýüpe dakylýar. Ony çagalaryň boýunlaryna dakýarlar. Dagdanyň ýokarsyna «goçbuýnuz», «hüwi», ýüzüne dürli hili oýulyp çyzylan nagyşlar salynýar.

**Sytara** – çaga kürtekçesiniň, kirliginiň, ezýaka köýneginiň ýakasynyň töweregine, gyýagyň, ýagny, gulagyň – çaga kürtekçesiniň ýeňiniň ornuna tikilýän üçburç görnüşli bölek matanyň üstüne setirleýin görnüşde tikilipdir. Ony bar bolan şaýlar bilen bezäp dakynmak hem türkmenleriň arasynda ýörgünli bolupdyr.

**Ilik kilt** – çaga donunyň, çabydynyň (oglan-gyzlygynyň tapawudy ýok) ýakasyna dakylýan iki sany kümüş iligi birikdirýän gaňyrçak görnüşli kümüş halka. Üstki eşigiň ýakasynyň açylyp durmazlygy üçin donuň, çabydyň ýakasynyň öňüne ikitaraplaýyn dakylýan kümüş şaýjagaza bolsa halk arasynda **ilik, düwme, sadap** diýlipdir.

## 3.9. Şaý-sepleriň görnüşleriniň we nagyşlarynyň gelip çykyşynyň esaslary

Bezeg şaýlarynyň käbir görnüşleri diňe türkmenlere mahsus bolman, olar beýleki halklaryň arasynda hem duş gelýär. Ýasalyş usullarynda beýleki halklaryňky bilen meňzeşlikler bar hem bolsa, türkmen bezeg şaýlary öz şekilleri we nagyşlary, şeýle-de sünnälenişi boýunça düýbünden özboluşlydyr. Bu önümleriň ençemesiniň özboluşly şekilleriniň döreýiş taryhy henize çenli hem doly anyklanylan däldir. Şeýle şaýlaryň hataryna dagdany, ýeňseligi goşmak mümkin. Käbir zergärçilik önümleriniň atlary we olaryň şekilleri adama, pyşbaga, guşa meňzeş sudurlar barada gytaklaýyn maglumat berip bilýärler. Zergärçilik sungaty adamzat taryhy bilen eriş-argaç bolup baglanyşýar. Ilki-

durmuş jemgyýeti döwründen başlap adam gorkunç haýwanlardan, güýçli çakýan ýyldyrymlardan, ot, suw ýaly güýçli tebigy hadysalardan, ýyrtyjy haýwanlardan gorkupdyrlar. Käbir haýwanlara bolsa aýratyn hormat goýup, olary mukaddesleşdiripdirler. Türkmen zergärçilik önümlerindäki sazlaşykly aýratynlyklar şaý-sepleriň şekillerinde has-da aýdyň ýüze çykýar.

Türkmenleriň ýaşaýyş medeniýeti, özboluşly däp-dessurlary, dini ynançlary, halkyň durmuşy, halkara gatnaşyklar şaý-sepleriň özboluşlylygyna we olara mahsus bolan sazlaşykly aýratynlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr. Köpetdagyň eteklerindäki we Murgap oazisindäki XII-XIII asyrlara degişli depelerden, Kawkaz we Orta Aziýa halklaryna degişli şaý-sepleriň ençemesi tapyldy. Olaryň arasynda armyt, ädik, trapesiýa, düwme görnüşleri, içine tegelek nagyş çekilen ýasy bürünç asyk, gaşly we gaşsyz ýüzükler hem-de beýleki bezegler bar. Orta Aziýa halklarynyň zenanlary konus, armyt we romb şekilli gulakhalkalary hem-de başgaplara dakylýan uzyn çekelikleri dakynypdyrlar. Şekil we bezeg meňzeşlikleri XIX asyrda – XX asyryň başlarynda döredilen önümlere mahsusdyr. Mary etrabyndan tapylan möhürde «bisimilla» diýen ýazgyly ýüzük kawkaz we bulgar ýüzüklerine meňzeşdir. Türkmenleriň kökenli ýüzüginiň şekili Orta Aziýada duş gelmeýän bolsa-da, ony Dagystanyň käbir welaýatlarynda görmek bolýar. Türkmen bilezikleriniň ululygyna garamazdan, gazak bilezikleriniň käbirleriniň ýomut we çowdur bilezikleriniň bezeglerinden uly bir tapawudy ýok. Süýri we gönüburçly saçlyklaryň arasynda-da meňzeşlikleri görmek bolýar.

Türkmenleriň aňynda gowy kök uran gadymy ynançlary yslam dini doly ýeňip bilmändir. Bu gadymy ynançlar türkmen taýpalarynyň medeniýetinde we sungatynda öz yzyny galdyrypdyr. Ynançlar bilen bagly zergärçilik önümleriniň görnüşlerinde, köplenç, özboluşly doga-tumarlara duş gelinýär. Ondan başga-da, eşige dakylýan owunjak metal şaý-seplerde we olaryň bezeliş häsiýetinde saklanyp galan ynançlaryň yzyny görmek bolýar.

Zergärler asyrlarboýy altyny, kümşi gymmatbahaly daşlar bilen utgaşdyrypdyrlar. Asyrlarboýy nesilden-nesle geçip gelýän hünär zergärleriň erjel irginsiz zähmeti bilen kämilleşip, biziň günlerimize ýetdi. Sungat eserleriniň ähmiýetli ýeri bolsa bezeg önümleriniň dürli şekillerde ýasalyp, olaryň adam bedenine zyýan etmez ýaly ýerine ýetirilmegindedir.

Türkmen zergärçilik sungatynyň gadymyýetden gelýändigini nygtamak bolar, asla, olaryň hersiniň özboluşly şekilleri öz döwrüniň aýratyn syryny beýan edýär. Metal bezeg görnüşleriniň şekilleriniň döreýiş taryhy ilkinji mesele bolup durýar. Muny adamzadyň ýaşaýşynyň gündelik durmuşynda bolup geçýän wakalardan, tebigy hadysalardan, has-da dini ynançlardan we dürli bela-beterlerden goranmak ýaly pikirleriň ýüze çykmagy aýdyň subut edýär.

170.0 x 240.0 mm

Bu pikir türkmen gelin-gyzlarynyň dakynýan şaý-sepleriniň şekilleriniň emele gelşinde daşky gurşawyň we tebigatyň örän uly täsiriniň bardygy bilen bagly. Esasan hem adamlaryň Gün hudaýyna ynanç bilen bagly tegelek görnüşli şaý-sepler bolan gülýaka, bäzbent, bukaw, boýuntowuk, gupba, jugur (saçmonjuk), çaňňa ýaly önümler köp duş gelýär. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, zergärler adamyň bedenini goramak maksady bilen dürli geometrik bezeglerden düzülen we şertli haýwan şekilli şaý-sepleri döredipdirler.

Türkmen halkynyň arasynda gözellik islegleriniň arassa, owadan, kämil eserlere talabynyň beýik bolmagy «Zenan köýneginiň ýakasyny bezeýän owadan näzik şekilli gülýaka haýsy pikirleri öňe sürýär?» diýen ýaly soraglary ýüze çykarýar. «Bu şaý-sepiň bezegi gözelligi öňe sürmek maksadyna esaslanýar» diýip jogap bermek bolar. Gülýakanyň tegelek görnüşini Gün hudaýy bilen hem baglanyşdyryp bolar, ýöne gülýakanyň söweş esbaby bolan galkana meňzeşligi hem ünsi çekýär. Gelin-gyzlaryň köýneginiň ýakasyndaky bezeg gülýakasynyň, ilki bilen, söweşijileriň elindäki galkan bolmagy hem mümkindir.

Zergärçilik önümleriniň iň gadymylarynyň biri başgabyň bezegi bolan gupbalardyr. Owadan bejerilen tahýa kümüş gupba dakylýar, onuň esasy şekili Günüň tegelegini we Asmanyň gümmezini gaýtalaýar. Ondan başga-da, çekelikli gupba esgerleriň başgabynyň görnüşinde bolup, kellä geýilýän sowudyň şekiline hem meňzeşdir.

Gelin-gyzlaryň döşüne dakýan dagdanyna üns bersek, bu täsin şaý-sepi gurbaganyň ýa-da guşlaryň şertli şekiline meňzeşdigini görmek bolar. Şekil önümliligiň, dowamlylygyň nyşany bolup, bu şaý-sepiň zenan maşgalalara dakylmagyna nesliniň köpelmegine täsiriniň bardygyna bolan ynançlaryň esas bolandygyny aýtmak bolar.

Zergärçilik sungatynyň önümleriniň düzüminde tugra häsiýetli bölekler bolup, olar şekiliň esasy manysyna eýe bolmaklary hem mümkindir. Bu nyşanlaryň täsiriniň şaý-sep görnüşinde giňden ýaýramagy türkmen zergärçiliginiň çuň gadymy kökleriniň bardygyny subut edýär. Her bir şaý-sepiň şekiliniň dörediliş aýratynlygy bilen, olaryň aňyrsynda giň manyly düşünjeler bar. Muňa bukawy, bäzbendi, açarbagy mysal getirmek bolar. Ussalaryň zehinli döredijiliginde wagtyň geçmegi bilen gadymy ynanjyň goranmak zerurlygy gowşaýar we goranyş esbaplary bezeg wezipelerini ýerine ýetirip başlaýarlar. Ondan başga-da, bu şaý-sepler maddy baýlygynyň bir görnüşine öwrülýärler hem-de özlerinde söwda birligini jemleýärler.

Halk çeperçilik senedine degişli dürli tapyndylar, bezeg şaý-sepleri, haýwanlar we beýleki jandarlar, guş şekilli möhürler tötänden döredilenok. Olar gadymy jemgyýetde özboluşly dünýägaraýşyň bolandygyny we olaryň

170.0 x 240.0 mm

esasynda ynançlaryň dörändigini görkezýär. Türkmen şaý-seplerinde, aýratyn hem bellibir şekilleriň gelip çykyş ugurlaryny görkezýär. Olar geometrik görnüşler ýa-da olaryň utgaşmasy, janly tebigatyň barlyklary, ýagny gadymy döwürleriň hudaýlary – Gün, guş, haýwanlar hem gönüden-göni dini äheňler bilen bagly sekillerdir. Bu şekilleriň halkyň arasynda orun tutmagy, şol halkyň taryhy, dünýägaraýşy, ruhy ynanjy bilen berk bagly bolup, çeperçilik sazlaşygynyň netijesinde amaly-haşam sungatynyň eserlerinde ýüze çykmagyna getirdi. Türkmen şaý-seplerini çeperçilik taýdan kämilligi, dürlüligi we döreýiş mazmuny boýunça köpöwüşginliligi bilen tapawutlandyrýarlar. Şaý-sepleriň çeper alamatlary – olaryň ýasalyş tehnikasynda, atlarynda, haşamlanyşynda, nagyşlarynda, medeni aýratynlyklarynda we döredijilik ukybynda öz beýanyny tapypdyr. Gözellige, görke sarpa goýmagyň türkmen zergärçilik sungatyna mahsus bolan çuň milli gözellik esaslary şaý-sepleri wagtyň jümmüşinden biziň günlerimize çenli ýetiripdirler.

## 3.10. Häzirki zaman zergärçilik sungaty

Biziň gündelik durmuşymyz bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan bezeg sungatynda aýry-aýry eserleri ýa-da binagärlik bezegini döretmekde usullaryň örän köpdürli görnüşleri ulanylýar. Zergärçilik sungatynyň ussasy, ilki bilen, hünärmendir. Häzirki wagtda hem metal bilen işlemek sungatynda geometriýadan, ösümlik hem-de haýwanat dünýäsinden, adam bedeniniň agzalaryndan ýa-da daş-töwerekdäki zatlardan sudurlarynyň mazmunlaryny ýa-da böleklerini ulanýarlar. Kümüş ussalary bezeg şaýlaryny çekiçläp ýasamakda, guýmakda, galyplamakda, olara altyn, kümüş çaýmakda, işmekde, düzmekde, haşamlamakda, kebşirlemekde, seplemekde ýokary ussatlyk derejesine ýetipdirler. Häzirki döwürde gurallaryň sanynyň has hem köpelmegi metal önümleriniň hilini, nepisligini artdyrdy. Türkmen zergärçiliginde häzir hem, köplenç, hakyk we pöwrize daşlaryny ulanýarlar. Ata-babalarymyzdan miras galan çeper usullaryň we ýasalyş tilsimleriniň peýdalanylyşyny dowam etmek bilen, täzeçillik milli zergärçilikde özboluşly sazlaşygy emele getirýär.

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda, Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebinde, Aşgabat şäherindäki we welaýatlardaky çeperçilik mekdeplerinde zergärçilik hünäri boýunça bilim alýan okuwçylar we talyplar Muhammedoraz Annaamanow, Myrat Sähedow, Nuryýagdy Mürrikow, Ogulgerek Myradowa, Aýjemal Çaryýewa ýaly ussat mugallymlardan sapak alýarlar. Halypalar bütin ömrüniň dowamynda gazanan baý tejribelerini, özlerine mahsus yhlas-başarnyklaryny şägirtlerine geçirmek üçin köp tagallalary edip, şägirtlerine täze-täze döwrebap milli taslamalary döretmegiň inçe

tilsimlerini öwredip, olaryň ruhlary göterýän, kalplary ajaýyp duýgulara gaplaýan sungat eserlerini döretmeklerine ýardam berýärler.





**127-nji surat.** A.Çaryýewa «Monjugatdy şaý-sep toplumy hem-de küştdepdi gulýýakasy» (XXI asyr)

Aşgabat şäheriniň «Zümerret», «Türkmen altyn» zergärçilik merkezlerinde zähmet çekýän Annaaman Annaamanow, Annageldi Täçmyradow, Oraz Ataşow, Şöhrat Myradow, Şazada Orazberdiýew, Salam Nuryýew, Kakamyrat Çaryýew, Azat Suwlyýew, Merdan Agaýew, Arslan Bäbekow, Şöhrat Sapargeldiýew, Begenç Hommaýew ýaly ýaş zergär-suratkeşler Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň, Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebiniň uçurymlary bolmak bilen, olar halypa zergärlerimiziň şägirtleridir. Olaryň şaý-sep toplumlary, gursak şaýlary, sowgatlyk we beýleki zergärçilik önümleri dürli temalara bagyşlanypdyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bellenilýän baýramçylyklar Annaaman Annamanowyň «Buýsanç», Begenç Hommaýewiň «Bereketli türkmen topragy», Gaýgysyz Padakowyň «Galkynyş», Orazmyrat Orazowyň «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýaly sowgatlyk önümlerinde, Şöhrat Myradowyň «Bahar» atly işinde wasp edilipdir.

Zergärler türkmen tebigatynyň gözelliklerini synlap, täze taslamalaryň, nagyşlaryň görnüşlerini tapmaga synanyşyp, olary monjuk düzümlerinde, damaksalarda, ysyrgalarda, ýüzüklerde, gülýakalarda, şaý-sep toplumlarynda suratlandyrýarlar. Türkmen topragynyň özboluşly tebigatynyň şöhlelendirilişi Sapar Goşaýewiň («Taýçanak», «Türkmen bedewleri»), Amansähet Annaberdiýewiň («Ýüpek ýoly»), Myrat Sähedowyň («Gelinleriň çabydynyň bezeg şaý-sepi çapraz-çaňňa», «Bürgüt kelle şekilli gamçy»), Merdan Agaýewiň («Düýe»), Yklym Kerimowyň («Çigildem»), Şazada Orazberdiýewiň («Symrug guşy»), Annageldi Täçmyradowyň («Tylla balyk», «Ganatly at»), Myrat Meredowyň («Kepderiler»), Ogul-

170.0 x 240.0 mm

gerek Myradowanyň («Altyn balyklar»), Aýjemal Çaryýewanyň («Gyrat») işlerinde wajyp orun tutup, ol eserlerde kümüş, altyn metallaryň häsiýetleri, haşam diliniň aýratynlyklary, milli nagyşlaryň nepis nusgalary ussatlyk bilen ýüze çykarylýar. Türkmen gelin-gyzlarynyň gözelligi, mähremligi, asyllylygy, wepadarlygy, edermenligi halypa zergär Amansähet Annaberdiýewiň («Peri», «Ýaka», «Gelin»), ýaş zergär-suratkeşler Aýjemal Çaryýewanyň («Tumarşa», «Monjugatdy», «Kyrkgyz», «Harmandäli»), Maksat Annaberdiýewiň («Dört gözel») şaý-seplerinde nepislik bilen şekillendirilipdir (*127-nji surat*).

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmeniň zergärçilik sungatyny öwrenmek, ony okuw sapaklarynda ýaş zergärlere nusga hökmünde ulanmak boýunça köp işler edildi. Türkmenistanyň Aşgabat şäherindäki we welaýat merkezlerindäki, şeýle hem mekdep muzeýlerindäki bu sungata degişli nusgalyklar aýratyn orun tutmak bilen, olaryň ähmiýetini kesgitleýän ylmy-barlag işler dowam etdirilýär. Diýarymyzyň dürli kärhanalarynda, zergärçilik merkezlerinde, sungat ojaklarynda zähmet çekýän zergärler türkmen gelin-gyzlaryna aýratyn gözellik berýän şaý-sepleri, ýadygärlik sowgatlary, at esbaplaryny döredip, gadymdan gelýän türkmen milli zergärçilik mekdebiniň kämilleşmegine öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

# IV BÖLÜM
# KÜLALÇYLYK WE NEÇJARÇYLYK – AGAÇ OÝMA SUNGATY

## 4.1. Türkmen neçjarçylyk – agaç ýonma we külalçylyk sungaty

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän amaly-haşam sungatynyň çeperçilik däpleri iňňän kämildir, ösüşi köpugurlydyr hem-de onuň gündelik durmuşdaky tutýan orny örän ähmiýetlidir. Şol sungatyň asyrlaryň dowamynda arzylanyp gelen kämil görnüşleriniň biri-de agaç ýonma, ýagny, neçjarçylyk sungatydyr. Şol gymmatly mirasyň içinde halkymyzyň neçjarçylyk sungatynyň hem möhüm orny bar. Ince işi talap edýän neçjarçylyk sungatynyň esasy çig maly hem agaçdyr. Agajy işläp bejermek senedi öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýar. Neçjarçylyk sungaty bolan agajy işläp bejermek senediniň gadym wagtdan bäri saklanyp galandygyna taryhy we ylmy maglumatlar, dünýäniň ýüzlerçe muzeýlerinde gabat gelýän agaçdan ýasalan önümler, taryhçy syýahatçylaryň ýazgylary doly şaýatlyk edýär. Häzirki durmuşymyzda ulanylýan agaç önümleriniň kökleri türkmen taryhynyň gadymylygyna, onuň geçmişde beýik sungatynyň bolandygyna güwä geçýär.

Neçjarçylyk Türkmenistanda gadymdan bäri dowam edip gelýän hünärleriň biri. Ylmy açyşlar bu sungatyň özboluşlylygyny hem-de gadymylygyny subut edýär. Agaç sütünler, gabsalar, gapydyr penjireler binagärlikde ulanylypdyr. Kähalatda agaçdan ýasalyp, haşamlanyp bezelen işler özbaşdak sungat hökmünde taryhda orun eýeläp, giň bezegli çylşyrymly çeperçilik galereýasyny emele getirýärler. Agaç özüniň owadan düzüm we tebigy reňke baýdygy bilen beýleki çig mallardan tapawutlanýar. Agaç çig malynyň mümkinçiliginiň giňligi sebäpli, häzirki wagtda agaç hemme senagat pudaklarynda giňden peýdalanylýar. Onuň ulanylmagy oba hojalygynda, bina gurluşygynda we şekillendiriş sungatynda uly göwrümli işleri bitirýär.

Orta Aziýanyň orta asyrlar binagärliginde jemgyýetçilik we dini häsiýetli aramgählerinde, metjitlerinde, medreselerinde, köşklerinde, kerwensaraýlarynda gapylar, penjireler we bezegli sütünler giňden ulanylypdyr. Binagärlikde, esasan, tut we erik agaçlaryndan peýdalanypdyrlar. Gapylaryň we sütünleriň bezegine uly üns berlipdir. Agaç ýonujy ussalar geometrik we ösümlik äheňli nagyşlary döretmegi başarypdyrlar. Agaç çalt çüýreýän we çyg çekiji häsiýetleri bilen bellidir. Agaçlardan ýasalan sütünleriň durkuny berkitmek üçin onuň ýüzüne ýörite ýaglar çalnypdyr, arassa agajyň ýüzüniň şekili uzak saklanmaýar.

Şol sebäpli ussalar her iki ýyldan oňa ýag çalypdyrlar. Agaçdan önümleri ýasamakda gaty we ýumşak häsiýetli agaçlar peýdalanylýar. Gaty agaçlardan saz gurallary, öý enjamlary, çapylyp, dürli görnüşli heýkel eserleri döredilýär.

Yslam dininiň aralaşmagy bilen ýuwaş-ýuwaşdan öňki adam şekilli heýkeller oýulyp nagyşlanan sütünler bilen ýerini çalyşýar. X asyrda ýaşap geçen taryhçy, filosof Narşahy özüniň «Buharanyň taryhy» («История Бухары») diýen ýazgysynda Buharada yslam dininiň kabul edilen döwürlerinde-de ussalaryň agaç heýkeljikleri taýýarlandyklary barada aýdyp geçýär. Onuň aýdan sözlerini makullajak ýene-de bir maglumat – bu gadymy Penjikent şäherinden tapylan Orta Aziýa halklaryna mahsus çeperçilik tärinde agaçdan ýasalan iki sany zenan heýkelleridir. Alym W.L.Woroninanyň pikirine görä, bu heýkeller kariatidalardyr. Olar gurluşykda sütün bolup hyzmat edipdirler. Onuň bezemen daşky keşbinde tans edýän zenany görmek bolýar. Şeýle heýkeller Türkmenistanda hem taýýarlanandyr diýlip çaklanylýar. Jaýlaryň sütünleri, gabsalary, söýeleri, şkaflar, sandyklar, ownuk öý esbaplary, iş gurallary, oýmurly nagyş bilen bezelipdir. Binagärlik bölekleriniň we durmuşda ulanylýan zatlaryň dürli nagyşlar bilen bezelenleri biziň döwletimiziň gündogar we demirgazyk etraplarynda häzir hem giňden ýaýrandyr.

IX asyrdan başlap binagärlik gurluşyk işlerinde we ony bezemekde täze usullaryň ulanylmagynyň esaslaryny takyklady. Göwrümleriň sadalygy köpsanly bezegli taslamalar bilen doldurylýar. Bu bolsa orta asyrlarda Türkmenistanyň binagärlik sungatynyň pajarlap ösmegine getirdi. Agaç bezemek sungaty şol döwürde iň ýiti owadan ösümlik häsiýetli taslamalara eýe boldy.

Keramika senedi Türkmenistanyň çäklerinde öz gözbaşyny miladydan öňki VI müňýyllykdan alyp gaýdýar. Bu sungat Jeýtun we soňky döwrüň medeniýetlerinde hemme ýerde gözel nusgalary bilen duş gelýär. Türkmenistanyň çäklerinde ilkinji keramika önümleri miladydan öňki V-IV müňýyllyklara degişli bolup, olar Namazgadepeden, Garadepeden, Göksüýrüden, Monjuklydepeden, Çakmaklydepeden tapyldy. Keramika önümleri – bu öý gap-gaçlarynyň we beýleki esbaplaryň giňden ýaýran görnüşidir. Wagtyň geçip durmagy, önümleriň goýy, suwuk iýmit, suw, süýt, ýag, däne, un üçin, umuman, islendik niýetlenişine garamazdan, olaryň tehniki ýerine ýetirilişi göwrümine we bezegine täsirini ýetirendir. Arheologiýa ylmy onuň bilen baglanyşykly taryhy döwrüň wagtlaryny, hatda bir bütewi arheologiýa medeniýetiniň esasy alamatlaryny kesgitleýär. Irki döwürleriň adamlary zähmet gurallaryny, misden we palçyklardan gaplary ýasap, nagşyny ussatlyk bilen ýerine ýetirmegi başarypdyr. Beýik Türkmen Seljuklarynyň döwründe bolsa, keramika gap-gaçlaryndaky nagyşlar kämilleşdirilýär, bezeg usullary giňeýär. Keramikanyň ösen medeni ojagy orta asyr türkmen şäherleri – Nusaý, Merw, Sarahs bolýar. Geçen

eýýamlaryň medeniýetinde, bir tarapdan, däpleriň dowamlylygyny, başga tarapdan bolsa, hojalyk talaplaryny hem-de gözellik duýgularynyň ösüp kemala gelmegini keramika ýaly hiç bir zat takyk görkezip bilmeýär. Elbetde, çeperçilik keramikanyň gözelligi gazanlarda ýa-da pitilerde däl-de, gözellik toýda ýa-da dini talaplary kanagatlandyrmak üçin niýetlenen täsin bezelen gap-gaç önümlerinde ýüze çykýar. Mundan başga-da, ençeme arheologik gaplaryň dürli nagyşlary biziň günlerimize binagärlik ýadygärlikleriniň, halylaryň, matalaryň, egin-eşik bejergileriniň üsti bilen gelip ýetýär. Gadymy adamlaryň dünýägaraýyşlarynda geometrik belgiler beýik tebigatyň barlyklarynyň aňlatmasy bolup hyzmat edipdir. Olaryň bezegi, şekil we nagyş ulgamlary örän köp täsin görnüşlidir.

Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan halkyň arasynda köpasyrlyk taryhyň dowamynda kämilleşen nagyş görnüşleri döredilipdir. Bu nagyşlar gadymdan gelýän arassa görnüşinde nesilden-nesle geçip, şu güne çenli ýetip gelipdir. Keramika sungatynyň kemala gelmeginde türkmen halky bilen etniki we medeni gatnaşyklary ýakyn bolan halklaryň orny hem uludyr.

## 4.2. Daş asyryň külalçylygy

Gadymy döwürlerden bäri keramika ýönekeý senetçilik hökmünde garalan bolsa, aradan asyrlar geçdigiçe bu senetçiligiň önümleri sungat derejesine ýetýär. Bilşimiz ýaly, ilkidurmuş jemgyýetiniň düşünjeleri daşymyzy gurşap alýan giňişlige adamyň uýgunlaşmagy bilen baglanyşykly bolýar. Adama ençeme howpuň abanyp durmagynda olardan halas bolmak üçin ol ynanç-yrym bilen baglanyşykly käbir hereketlere we jadygöýlik serişdelerine ýüz tutmaly bolýar. Türkmenistanyň çäklerinde täze daş asyrynyň keramikasynda ilkinji nagyşlar ýüze çykyp başlaýar. Olaryň ýüzündäki ençeme şekillerde adamlaryň tebigy hadysalara jemgyýetde dörän çylşyrymly garaýyşlaryny we duýgularyny, düşünjelerini aýtmaga synanyşyk edendiklerini biz görüp bilýäris. Gaplardaky ýordum sahnalary we nagyş ulgamy şol duýgularyň hem-de käbir hereketleriň, ähtimal, ýerine ýetirmek üçin kömek edýändigine ynanypdyrlar. Olar diňe bir gözellik bermek bilen baglanyşykly bolmandyr. Bular sada tolkun, ýaý hem-de tor şekilli çyzyklardan, romb, üçburçluk şekillerinden ybarat. Nokat, owadan görnüşli tegmiller, nagyşlar häsiýetli bezegler bolup, olar, ähtimal, asman çyglygyny – ýagşy ýa-da gary suratlandyryp, suw dilegi edilende asman suwunyň jadysy bilen baglanyşyklydyr. Tolkun görnüşli çyzyklar akyp barýan suwy aňladýan bolsa, tor şekilli suratlar ekin meýdanlaryny ýatladyp, gadymylar uçin jadylaýjy ähmiýete eýe bolandygyny bellemelidir. Soňky mis-daş asyrlarynda (miladydan öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymy –

170.0 x 240.0 mm

IV müňýyllyk) kem-kemden gaplar üçin nagyş döretmek ukyby kämilleşýär. Mis-daş asyrlarynda iki kameraly peçler dörese, irki bürünç asyrynda külalçylygyň çarhy döreýär. Mis-daş asyrlarynyň gap bezeglerinde geometrik, ösümlik nagyşlaryndan başga-da, zoomorf şekiller peýda bolýar. Zoomorf häsiýetli ganatlaryny ýaýyp duran guşlar suratlandyrylýar. Bu şekil soňky döwürlerde sungatyň özboluşly nyşanyna öwrülýär. Bu belli nyşandan başga şol döwrüň keramika önümleriniň daşyny ýolbars we «ömür daragty» şekilleri bezeýär. Irki bürünç asyrynda gap-gaçlaryň bezeginde zoomorf şekiller bilen geometrik häsiýetli nagyşlaryň özboluşly hatarlary bezegiň jadylaýjy häsiýetini görkezýärler (*128-nji surat*). Bu nagyşlar bellibir niýete esaslanyp, gadymy ekerançy taýpalaryň dünýägaraýşy bilen baglanyşykly bolýarlar we giňişleýin hyýaly bilimleri özlerinde jemleýärler. Olaryň aňladýan tebigy barlyklary hem-de düşünjeleri keramatly häsiýetde bolup, jemgyýetiň ähmiýetli güýjüni özlerinde jemländikleri örän ähtimaldyr. Bürünç, demir asyrlarynyň we soňky antik döwrüň keramikasynyň ýüzündäki nagyş-şekil ulgamy Türkmenistanyň çäklerinde abstrakt nagyş sungatynyň ösmegine getirdi. Ol sazlaşykly, özboluşly, özbaşdak şekilleriň şahasyny döretdi.



**128-nji surat.** Zoomorf şekilli keramika (miladydan öňki III-II müňýyllyk)

## 4.3. Bürünç asyryň külalçylygy

Irki bürünç eýýamynda keramika sungatyna syn berip başlamazdan öň bellemeli zatlaryň biri hem, bu döwürde irki haşamlanan keramikanyň iki tärine derek bir bitewi keramika täriniň emele gelmegidir. Umuman, Türkmenistanyň keramikasynyň şekil bezegi gündogar we merkezi welaýatlarda birmeňzeş bolýar. Namazga IV arheologiýa tapyndylarynyň esasynda şekil bilen haşamlanan bu keramika, esasan, bir reňkli bolup, ownuk nagyşlary bilen ta-

pawutlanýar, olar jähekleýin ýerleşdirilýär. Bu keramikada, esasan, geometrik nagyşlar giňden ýaýrap, zoomorf şekiller az duş gelýär. Käbir gaplary diňe guşlar pisint çyzgy hem-de agaçlaryň arasynda duran geçileriň janly şekilleri bezeýär. Giçki mis-daş asyrlarynda geçileriň şekilleri keramikanyň ýüzüni güýçli tapawutlandyrýar. Külallar elmydama irginsizlik bilen Gadymy Gündogarda has belli bolan «nesil daragtyny» gorap saklaýan geçiler hakyndaky ýordumy ýadyňa salýan geçileri suratlandyrýarlar. Belli arheolog W.I.Sarianidi: «Agaç, guşjagaz hem-de geçiler şekillendirilen suratlar köklerini Demirgazyk Mesopotamiýadan alyp gaýdýar», «bu şekil taslamasy türkmen ýerli taýpalarynyň arasyna, ähtimal, şol ýerlerden gelendir» diýip çaklaýar. Umuman, keramika önümleriniň diwarlarynyň bezegli we bezegsiz toparlarynyň, esasan, günbatar welaýatlarda dörändigini alymlar belleýärler.

Giçki mis-daş asyrlaryndan irki bürünç asyryna çenli Hopuzdepe ýadygärligi keramika toplumynyň ösüşini suratlandyrýar. Bu ýerde geçirilen gazuw-agtaryş işleri nagyşly keramika tärleriniň kem-kemden kämilleşendigini açyp görkezýär. Mundan başga-da, Göksüýri ýadygärliginde haşamlanan gap-gaçlaryň ýüzüne iri nagyşlar ýerleşdirilendir. Has giçki döwrüň keramikasynyň açyk gyzyl reňkli ýerliginde «göksüýri» äheňleriň nagyşlaryny miladydan öňki III müňýyllykda Hopuzdepäniň ýerine Göksüýrüden gaýdan adamlar tarapyndan çekilipdir diýip, çaklamaga mümkinçilik berýär. Umuman, iň aşaky gatlak giçki mis-daş asyrlary bilen irki bürünç asyrynyň Namazga III we Namazga IV ýadygärliklerinde nagyş taslamalarynyň geometrik häsiýetinde düzülip, olar has ownuklaşýarlar hem-de nagyşly zolaklaryň aralyklary suratlaryň sazlaşygy bilen tapawutlanýar. Bular bilen birlikde, diş-diş görnüşli burçlar, ownuk piramidalar we ýeke-täk düzülen suratlar hem ýüze çykýar. Bürünç asyrynyň gap-gaçlarynyň palçygy ösümlik taryndysyz bolup, özüniň gowy hilliligi bilen tapawutlanýar. Ol gaty dykyz eýlenen hem-de gowy bişirilen. Haly nagyşlarynyň suraty ýa-da bölek-bölek nagyşlar gurluş düzgüne görä, giň zolak görnüşinde bolup gaplaryň ýokarky bölegini tutýar. Adatça, gap göwrümleri gyzylymtyl ýa-da gülgüne reňkli ýerligiň üstünde gara, gyzylymtyl goňur reňk bilen nagyşlar ýerine ýetirilýär. Käteler gyzyl reňk uly göwrümli gaplarda «göksüýri» täriniň däplerini görkezýär. Çäge taryndyly gowy goňur reňkli palçykdan esaslanan uly bolmadyk gaplara ak reňkli surat çekilipdir. Gaplaryň ýerligini gyzyl reňk bilen ýapmak, geometrik pisint göksüýri polihrom suratlarynyň saklanyp galmagy Namazga IV döwrüniň Günorta-Gündogar Türkmenistanyň giçki mis-daş asyrlarynyň keramikasynyň däpleri bilen aýrylmaz bagly bolanlygyna şühbe döretmeýär. Namazga IV irki döwürlerde, esasan, gap-gaçlaryň külal aýlawynda ýerine ýetirilmegi Hopuzdepede açylan keramika nagyşlarynyň yzygiderliginiň wajyp ähmiýetliligini görkezýär. Olaryň

170.0 x 240.0 mm

daşyndaky nagyşlar haýsy wagtda ilki döränligini anyklamak çylşyrymlydyr. Eger-de, Garagum çölüniň gyzgyn şertlerinde matalaryň saklanmandygyny göz önünde tutsak, bu haly dokmaçylygyna mahsus bolan sazlaşykly geometrik nagyşlaryň ýerine ýetirilmegi we giçki bürünç asyryna degişli haly dokma keserleriniň tapylmagyny hem göz öňunde tutsak, onda gadymy nagyşlaryň, ilki bilen, haly dokmasynda döräp, soňra bolsa keramika täsirini ýetirendigini aýdyp bileris. Elbetde, şu esasda hem irki bürünç asyrynyň bezegli gaplara «haly stilli keramika» ady berilendir (*129-njy surat*). Olaryň haly nagyşlaryna has ýakyn haşamyny adam göz önüne getirip döreden bu belgi-nyşanlarynyň her bir böleginde, ähtimal, umumy ähmiýetli many jemlenendir. Nagyş gurluşynyň dogry gözelligini dokamak bolsa, şol uzak döwrüň adamlarynda onuň erkin döredijiliginiň belgilerini ýüze çikarmak mahsusdyr.



**129-njy surat.** Günorta Türkmenistanyň eneolit döwrüniň keramikasy

Nagşy amaly-haşam sungatynyň kesgitlenen görnüşi hökmünde ykrar etmekde asyrlaryň hyzmaty uludyr. Alym G.A.Pugaçenkowa bu döwrüň açyşlaryny şeýle kesgitleýär: «Şol döwürde takyk mazmundan doly bolan we häzirki wagtda biziň düşünjämizden ýitip barýan bu nagyş sazlaşygyň we deňagramlylygyň kanunlary esasynda düzülýär. Bu bolsa adamzadyň tebigata eden synlaryndan hem-de ondan alýan duýgularyndan gelip çykyp, sada hyýaly umumylaşdyrmanyň many-mazmun aýlawyna geçirilýär». Bu netijä esaslanyp, bürünç döwrüniň keramikasynda bezegli taslamalar üç bölege bölünýär. Olar: balykly suw, adam, ösümlik we haýwanat dünýäsi bolan ýer we bulutly asman. Irki bürünç asyrynyň «haly usully» keramikasynyň nagyş bezeginde, esasan, mis-daş döwrüniň asyrlaryndaky ýaly göni, diş-diş, tolkun çyzyklar, üçburçluklar we romblar, atanaklaryň belgili görnüşleri bolup, olaryň özenini bolsa

170.0 x 240.0 mm

tegelek, romb we atanak şekiller düzýär. Türkmen alymlarynyň pikirine görä, Günorta Türkmenistanyň ösen ekerançylyk ýerlerinde tegelek, romb, atanak nagyşlaryň görnüşleri durnukly şekillerden ybarat bolup, olar birmeňzeş gözýetimli manyny aňladýarlar. Şeýlelikde, bürünç keramikasynyň häsiýetli ayratynlygy – nagyşlaryň sazlasylykly düzülmegi we olaryň hemme medeni ojaklarda yzygiderli ýüze çykmagydyr (*130-njy surat*). Bu bolsa Gundogar, Günorta-Günbatar Türkmenistanyň ekerançylyk ýerlerinde bir äheňli nagyşlaryň däp-ýörelgesiniň esaslandyrylangyny görkezýär. Soňky döwürleriň türkmen haly dokmaçylygy bu nagyş düzümlerini özünde giňden döredijilikli ulanýar.



**130-njy surat.** Bürünç döwrüniň keramikasy
(miladydan öňki II–I müňýyllyk)

## 4.4. Antik döwrüniň külalçylygy. Toýun (terrakota) önümleri (miladydan öňki III asyr)

Bürünç asyryndaky haly usully keramikada suratlandyrylýan geometrik taslamalaryň berk düzgüni şol döwürdäki haly sungatynyň geometrik kanunlaryny doly gaýtalapdyr. Ine, şu meselede türkmen halysynyň nagyş bezeginiň gelip çykyşynyň wagtyny bürünç asyryna degişli diýip, subut etmäge mümkinçilik bolýar. «Haly usully» keramikanyň çeperçilik däpleri we düzgünleri bürünç asyryndan gaýdyp, Parfiýa döwrüne çenli dowam edýär. Arheologlaryň gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde haly nagyşly keramikanyň iň giçki görnüşlerini Parfiýanyň Nusaý galasyndan, Merw şäherinden tapypdyrlar.

Parfiýa döwletiniň ösen döwründe haly nagyşly keramikanyň häsiýeti üýtgeýär, ýöne antik döwrüne degişli gap-gaçlara haly şekilli keramika diýilmeýär. Şol döwrüň gap-çanaklarynda «haly nagyşly» kermikanyň käbir äheňleri duýulýar. Asyrlaryň dowamynda keramika önümleriniň ýasalyş usullary we çeper bezeg serişdeleriniň häsiýeti üýtgemändir. Mysal üçin, alymlaryň barlaglary boýunça Nusaýdan tapylan ostrakonlaryň ýazgylaryndaky hem-de

külal önümleriniň ýüzüniň gara we goňur boýaglaryň düzümi üýtgemän saklanypdyr. «Haly nagyşly» keramikadaky ulanylýan boýag (miladydan öňki IV müňýyllyk) bürünç asyryndan başlap, antik döwrüne çenli diňe iki reňkde – gara ýa-da gyzyl bolupdyr. Şeýle diýilmegi gadymy ata-babalarymyz reňkleriň beýleki görnüşlerini bilmeýändiklerini aňladanok. Arheologlaryň tassyklamagyna görä, başga reňkler monumental diwar nakgaşçylygynda ulanylypdyr. Türkmenistanyň gadymy külalçylary bir ýa-da iki reňkiň kömegi bilen geometrik taslamalaryň dürli görnüşlerini bezäp bilipdirler. Nagyşlaryň jähek görnüşli setirleri küýzäniň göwresini bozman, onuň suduryny kesgitleýär. Şonuň üçin küýzäniň göwresiniň her bir böleginde deňölçeginiň agraslygy, takyklygy we owadanlygy saklanýar.

Bürünç we demir döwrüne degişli gap-gaçlarda «ömür daragtynyň» şekilli taslamasy köp duş gelýär. Orta asyrlaryň syrçaly keramikasynda «ömür daragtynyň» şekili ýitmän gaýtalanýar. Neolit döwründen gözbaş alan «ömür daragty» şekili bişen palçykdan ýasalan zenan hudaýlarynyň heýkeljiklerinde hem çyzylýar. Bu şekiller soňra bürünç döwründe ýerine ýetirilmegini hem dowam edýär we onuň şekili irki orta asyrlara çenli saklanyp galýar.

Türkmen külalçylygynda gadymdan bäri nyşanalyk düzgünleri giňişleýin ýaýrapdyr. Küýzeleriň diwarlary şekilli nyşanlardan doldurylýar. Abstraksiýa nyşanlarynyň kömegi bilen gadymy adamlar öz dünýägaraýşyny, tebigat we ýaşaýyş baradaky aň-düşünjesini geometrik nyşanlaryň suduryna siňdiripdirler. Yslam dininiň gelmegi bilen bu nyşan – nagyş äheňi seljuklaryň we gaznalylar döwrüne çenli gelip ýetýär. Seljuklaryň döwründe pajarlap ösen Merw we Nusaý şäherleriniň medeni ojaklarynyň önümi bolan meşhur orta asyr keramikasynda yslam nyşanlarynyň arasynda «ömür daragty» şekili «islimi» nagyşlar bilen utgaşdyrylyp bütewi ulgama öwrülýär.

Miladydan öňki III asyra – miladynyň III asyryna we sasanileriň döwründe III-VII asyrda gançyň we terrakotanyň ýüzüni bezemek sungatynyň irki görnüşleri hem parfiýalylara degişli bolýar. Antik döwründe Parfiýanyň terrakota önümleri, koroplastika sungatynyň ýokary derejeli eserleri giň ellinistik täsirleriniň bolandygyny görkezýärler. Terrakota palçygyndan ýasalan, reňklenen, bişirilen parfiýaly esgeriň kellesinde örän nurana we täsirli ýüzündäki içki bitewüligini ýerli çeperçilik däpleriniň ugry bilen beýan edilendigini görmek bolýar. Soňky döwürlerde ýerli etniki häsiýetleriň şöhlelenişini kiçi koroplastika sungaty aýdyň görkezýär. Döwrüň medeni baglanyşyklary diňe ýokary gatlaklara degişli bolýar, sebäbi ýörite gurlan ybadathanalarda olara hemaýat edýän ellin hudaýlaryna bagyşlanan heýkelleri goýmak däbi bolan. Bu heýkeller mermerden we bişirilen, reňklenen toýundan ýasalyp, grek heýkeltaraşlarynyň çeperçilik ýörelgesinde ýerine ýetirilendir.

11. Sargyt № 1774

170.0 x 240.0 mm

Parfiýada binagärligiň we amaly-haşam sungatynyň bezeginde terrakotadan ýasalan bezeg üçin niýetlenen kiçi bölekleri ulanmaklyk duş gelýär, köplenç, olar patyşalaryň güýç-kuwwatyny alamatlandyrýan naýza şekilli «parfiýan metopalalarydyr». Bezeglerde gadymy rowaýatlaryň we nyşanlaryň dünýäsi suratlandyrylýar. Olar diňe bir binanyň bezegi bolman, keramika gaplarynyň tutawaçlarynda, bokurdagynda hem orun alýarlar (*131-nji surat*). Külalçylyk eserleriniň bezegindäki keşpleriň nyşanlary metal taýýarlamagyň bezegine giňden geçip gidýär. Bu bezegler ýerli milli binagärlik gurluş tejribesini we däplerini saklap gelipdirler. Teňňe görnüşli nyşanlar örän gadymy döwürlerden bäri mozaika sungatynda Marguşda-da duş gelýär. Arheolog W.I.Sarianidiniň gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Marguşyň paýtagty bolan Goňurdepede balyk teňňesine meňzeş relýef we mozaika eserleri tapyldy. Türkmen keramikasynda bürünç asyrynda dörän nagyşlama kanunlary we çeperçilik usullary ýitmän miladydan öňki I müňýyllyga çenli ýetip dowam edipdir. Demir asyrynyň giçki tapgyry antik döwrüne gabat gelýär we gap-çanaklaryň ýüzünde relýef görnüşli bezegler peýda bolýarlar.



**131-nji surat.** Parfiýa binagärliginiň keramika bezegleri
(miladydan öňki III asyr – miladynyň III asyry)

170.0 x 240.0 mm

## 4.5. IX-XIII asyrlaryň syrçasyz külalçylygy

Türkmenistanda Beýik Seljuklaryň dolandyran döwründe çeperçilik senetçiliginiň dürli görnüşleri ýokary ösüşe eýe bolupdyr. Külalçylyk önümleri durmuşda giňden ulanylypdyr. VIII-IX asyrlarda syrçasyz keramika önümleri emele gelýär. Olar täze tehniki usulda ýerine ýetirilipdir. «Barbotina» – guramadyk önümleriň üstüne palçykdan edilen nagyşly zolaklar goýlup, önümleriň ýüzi nagyşlanypdyr. Türkmen keramika ussalary nagyşlary, köplenç, hyýaly äheňler bilen bezäp, olara timar beripdirler.

IX-XII asyrlarda täze çeperçilik keramikasynyň ýüze çykmagy, keramika önümçiliginiň ösmegi netijesinde onlarça ussahanalar döreýär. Keramikanyň görnüşleri we kaşaňlygy täze öwüşgine eýe bolýar. Şol döwürde keramika syrçaly we syrçasyz bolýar. Keramikanyň ösen merkezi şäherlerine Nusaý, Merw, Sarahs, Samarkant, Şaş (Taşkent) degişli bolupdyr. XII asyrda keramikada galyplanan güberçek nagyşlar bilen bezemek usuly ýaýraýar. Mawerannahr we Horasan welaýatlarynda bu önümler duş gelýär. Täze görnüşli keramikanyň eserleri az bolupdyr, küýzeleriň göwreleri galyplanyp, iki bölek görnüşli kürelerden çykarylypdyr (*132-nji surat*).



**132-nji surat.** Merw galyplanan keramikasy (XI-XIII asyrlar)

170.0 x 240.0 mm

Merwde bezelen keramikany öndürmekde ussatlar bolan. Gaplaryň ýüzündäki nagyş ulgamyna girýän kiçijik medalonlaryň iç ýüzünde, köplenç, at-abraýa eýe bolan küýzegär ussadyň ady ýazylypdyr. Olarda «Iň ajaýyp ussa tarapyndan ýasalan» diýen ýaly ýazgylar bar. Iň ajaýyp ussalaryň biri hem «Inoýaýtdin» (peşgeş beriji) lakamly Muhammet Aly diýen ussadyň we Abubekir al-Itabynyň ussahanalary bolupdyr. Ussalaryň atlary – Muhammet ibn Ahmet, Mubini Muhammet Serahsi, Muhammet Nişapury we başga ýazylan ýazgylar gaplaryň içinde goýulypdyr.

Küýzeleriň bokurdagyny aýratyn ýasapdyrlar. Olaryň ýüzüne guş nagyşlary zolaklar görnüşinde ýerleşdirilipdir. Düýbünde gül şekilli galyp basylan, nagyşlaryň sany örän köp, emma esasy nagyş bölekleri sazlaşdyrylan geometrik, ösümlik, ýazgy, zoomorf ýordumly şekilleriň häsiýetinde bolupdyr. Geometrik häsiýetli nagyşlar binagärlik haşamyna meňzeş bolupdyr. Olaryň arasynda epigrafik ýazgylar «yslam» medeniýetine mahsus bolup, ýazgylar geometrik häsiýetli dik burçludyr – «kufi» we aýlawly görnüşinde «nash» harplar ýerleşen. Köp halatlarda «nash» ýazuwynda dogalar ýazylypdyr. Başga döredilen taslamalar, köplenç, tematiki bolup, olar uly we kiçi medalonda ýerleşdirilen tugra häsiýetli taslamalarda haýwanlaryň, guşlaryň şekillerini görkezýärler (*133-nji surat*).



**133-nji surat.** Geometrik, ösümlik nagşy bilen bezelen epigrafik ýazgyly keramika (XV asyr)

170.0 x 240.0 mm

XI asyryň keramika sungatynyň ýüzünde dürli reňkleri görmek bolýar. Bu önümlerdäki «reňklenen keramika» bürünç asyryndan galan däbi ýada salýar. Şular ýaly owadan reňkli önümlere bolan garaýyş hem üýtgeýär. Olar durmuş zerurlygyny kanagatlandyrmakdan başga, gözellik we lezzet almak üçin peýdalanylýar.

IX-XII asyrlarda orta asyr Türkmenistanyň çäklerinde umumy çeper küýzegärçilik, metal taýýarlamak, aýna gap-gaçlary öndürmek, mata we haly dokmaçylyk önümlerini öndürmek uly ösüşe eýe bolýar. Syrçalanan keramikanyň hatarynda ussatlar XI asyrdan başlap, oýma nagyşly keramikanyň tehniki usulyny ýüze çykarýarlar. Gündeki peýdalanylýan küýzeleriň käbirleriniň bokurdagynyň iç ýüzi üsti deşikli gat bilen örtülýär. Olaryň suw üçin niýetlenen küýzeler bolmagy mümkin, sebäbi ýapdan suw alnanda şol deşikli gatjagazlar çop-çalam geçirmezlige ýardam edýär. Inçe bokurdakly gaplar «grafinler» bolsa şerap üçin niýetlenendir. Çeperçilik taýdan bezelen keramika önümleri diňe bir durmuşda däl-de, eýsem olar otaglaryň tagçaly diwarlarynyň bezegi üçin ulanylandyr (*134-nji surat*).



**134-nji surat.** Bezeg üçin ulanylan keramika önümleri (XI-XIII asyrlar)

170.0 x 240.0 mm

Merwiň bezelen külalçylygynyň nagyşlary orta asyr Horasanyň oba we şäher halkynyň arasynda belli bolan haşam şekilli äheňleri häsiýetlidir. Merwiň bezelen beýan edýän keramikasynyň ýüzünde rowaýatly şekiller duş gelýär – awçy itleriň gaçyp barýan towşany, tilkini we beýleki haýwanlary kowalaýan pursatlary; ýyrtyjy guşuň ördegi ýa-da dört aýakly haýwany tutýan şekilleri suratlandyrylan, şeýle-de gaplaryň ýüzünde, medalonlaryň içinde ýerleşdirilen ýolbarslar, ýolbarsa meňzeş adam ýüzli sfinksler, aýal kelleli guş-sirenalar, ata çalymdaş grifonlar suratlandyrylan. Gaplarda giňden feodal durmuşynyň sahnalary; eli şeraply ýaş şazadanyň dostlarynyň arasynda oturan ýagdaýy, aw guşly ýaş atlynyň awa çykan pursady suratlandyrylýar. Bu keşpler haşam häsiýetine eýe bolup, olaryň çeperçilik dili nagyş ulgamyna örän ýakyndyr, olaryň taslamasynyň gurluşy keramikanyň diwarynda sazlaşyga tabyn edilen. Merwiň keramika keşpleri antik döwrüň miladydan öňki V asyryň sungatynyň janly heýkeltaraşlygyndan mahrum edilendir. Olarda «haşamlyk» üstün çykýar ýa-da bolmasa, diňe nagyş äheňli şekilleriň esasynda tekizlik bezelýär. Adamlaryň we haýwanlaryň şekilleriniň şertli tekiz suratlandyrylandygyna garamazdan, hereketli sahnalarynda çala gymyldaýan täsir berilýär. Bu şekilleriň sadalygy halk ertekileriniň ruhuna ýakyndyr. Taslamalar hyýaly hereketliligiň sazlaşygyny örän ussatlyk bilen görkezýärler. Onda dürli temadaky sahnalar görkezilýär. Adamlaryň, haýwanlaryň, guşlaryň, balyklaryň, umuman, tebigatyň ähli janly-jandarlarynyň şekilleri, erteki-rowaýatlaryň keşpleri bilen orta asyr Merwiň bezelen keramikasynyň ýüzi nagyşlanýar. Şol şekilleriň köpüsi halk arasynda ýaýran nyşanlardan emele gelýär. Meselem, Gündogar halk döredijiligi guşlara hem nyşan aňlatmalaryny berýär – ördek saglygyň, sülgün bilen horaz ýagtylygyň düşünjesiniň nyşany. Ondan başga-da, halkyň arasynda bu guşlara rehimsizlikden goraýjy güýç hökmünde garalypdyr. Nagyş taslamasyny emele getirýän bölekleriň ýerine ýetirilişi gabyň göwresini kesgitleýär. Nagşyň umumy äheňlerini birnäçe toparlara bölmek mümkin: geometrik, ösümlik, epigrafik we rowaýat ýordumly şekiller. Köplenç, bu nagyşlar garyşdyrylyp hem taslama salynýar (*135-nji surat*).



**135-nji surat.** Taslama bezegli keramika (XIII asyr)

Nagyş taslamalarynyň birnäçe görnüşleri bolýar. Geometrik nagyşlar aýlaw ýa-da dik, ýönekeý nagyşlaryň gezekleşdirilip getirilmegi esasynda ýerine ýetirilýär. Ondan başga-da, olar baýlaşdyrylan (konsentrik) ala çyzyklary emele getirýärler.

**Ösümlik** we **geometrik** nagyşlaryň arasynda şertli bina bezeg nagşynyň bardygyny görmek bolýar. Bular ýaly nagyşlara yzy üzülmeýän ýarymaýlaw şekiller – arkalar degişlidir. Arkalaryň arasy ýönekeýje ösümlik äheňli nagyş bilen doldurylýar. Bu nagyşlar XII asyryň binalarynyň tekiz diwarlaryny hem bezäpdirler.

**Epigrafik nagyşlar** orta asyr arap ýazuwynyň ikisini – kufi we nash görnüşlerini öz içine alýar. Kufi ýazuwynyň harplary käte örän inçe we güberçekli çyzyklaryň üsti bilen görkezilende, onuň soňky harplary ýitileşýär ýa-da olar tekiz çyzyklaryň daşyny garalaýarlar. Nash ýazuwynyň harplary, köplenç, örän maýyşgak görnüşde bolup, buýralanan ösümlik ýapraklary, baldaklary bilen garyşdyrylyp ýazylýar. Ýazgylar, diňe bir dini mazmunda bolman, eýsem baýlyk, güýç, saglyk, bagt, bolçulyk arzuwlanyp hem ýazylýar. Olaryň köpüsini okamak kyn, sebäbi ilkinji ýazuw nusgasynyň birnäçe gezek göçürilmeginiň netijesinde olar kem-kemden ýoýulyp, düşnüksiz ýazga öwrülip gidipdirler.



**136-njy surat.** Soltan Sanjar mawzoleýiniň bezeginiň bir bölegi (XII asyr)

1942-nji ýylda Sarahsda geçirilen arheologiýa barlaglarynyň netijesinde bürünçden ýasalan onlarça tapyndylar ýüze çykaryldy. X-XII asyrlarda Marydan Sarahsa gidýän kerwen ýolunyň ugrunda ýerleşen Daňdanakan şäherinde bürünçden ýasalan kündükler, çyralar, ysly otlary ýakmak üçin ýasalan gaplar tapylypdyr. Küýzeler şar we beýik tegelek aýakly, çüňkli bokurdakly görnüşlidirler. Küýzäniň göwresinde «kufi» ýazgysy guşak görnüşinde bolup, onuň ýüzünde on dört sany dik duran gapyrga ýerleşdirilipdir. Küýzäniň bokurdagynda arap dilinde hoşniýetli sözler ýazylypdyr. Küýzeleriň ikinjisiniň göwresini 20 sany dik gapyrgalara bölýär. Gapyrgalaryň haşamynda ösümlik nagyşlarynyň arasynda öňe ylgap barýan aw iti – taza meňzeş şekiller surarlandyrylan. Bu haýwanlaryň keşpleri halk rowaýatlaryndan, hekaýatlardan alnypdyr. Küýzäniň üstki egninde «nash» ýazuwyndaky ýazgylar ýerine ýetirilýär. Bu metaldan öndürilen önümlere meňzeş keramika Beýik Seljuklaryň dolandyran döwründe çeperçilik senetçiliginiň ýokary derejesini görkezýär (*136-njy surat*). Şuňa meňzeş äheňler bilen bezelen keramika şol döwürlerde torewtika önümleriniň hem ýerini tutupdyr.

## 4.6. XIII-XIV asyrlaryň külalçylygy, onuň bezegleri, syrçalary, nagyşlary

Orta asyrlarda Türkmenistanda keramikanyň çeper bezegi ýokary üstünliklere alyp barýan çeperçilik ýol-ýörelgä öwrülip, soňky asyrlaryň yslam binagärlik sungatynda örän uly hyzmatlary ýerine ýetiýär. Antik döwründe koroplastika sungatynyň ýokary hilli eserleri dörcdilen bolsa, indi durmuşy keramika önümleriniň çeperçilik bezegine onçakly uly üns berilmeýär. Bezeg nagyşlary gap-gaçlaryň dürli görnüşli nepis şekilleri bilen oňşuk edýärler. Irki orta asyrlaryň çeper däplerini üstünlikli dowam edýän keramika bezegleriniň jemgyýetde ähmiýeti beýgelýär, çeperçilik bezeg äheňleri diňe bir gündelik durmuşyň önümlerine hyzmat etmän, olar indi binalaryň bezegi hem bolup durýarlar. Soňky ösen orta asyrlarda keramika bina haşam bezegleri bilen bagly bolup, ol has baýlaşýar we öçmejek kämil nusgalary galdyrýar.

Külalçylygyň döredijilik gözlegleri, esasan, syrçanyň oýlanyp tapylmagy bilen bagly bolýar. Syrça suwalan ýeriniň diňe bir berkligini artdyrman, onuň reňkli haşamly bezemenligini açmaga hem uly mümkinçilik berýär.

Keramikanyň ýüzüne, köplenç, barbotina tehnikasynda, ýagny ýelmemek arkaly nagyşlar basylypdyr. Täsirli arap ýazgylary, gündelik durmuşda gerek bolan gaplar (küýzeler, mejimeler) amaly-haşam sungatynyň eserlerine öwrülýär. Orta asyrlaryň belli-belli merkezi şäherleri Orta Aziýanyň keramika önümçiligine öz täsirini ýetirýär.

X asyrdan başlap Türkmenistanyň keramikasynda ýönekeý işkor syrçasyndan başga-da, gurşun, galaýy syrçalary peýda bolýar. Galaýy syrçasy has dykyzdyr. Onuň bilen diňe reňkli, ýagny şekilsiz gaplar syrçalanýar. Gurşun syrçasy çeperçiligi we tehniki taraplary has ýokary hilli bolan reňksiz tekizligi ýalpyldadyp görkezýän (monohrom bir reňkli) görnüşli bolýar. X-XII asyrlarda ýaşyl syrça bilen syrçalanan keramiki gap-gaçlar giňden ulanylyp başlanýar. Şol bir wagtda hem gurşun syrçasy bilen gap-gaçlaryň polihrom öwüşginleri baýlaşýar we esasan, goňur, ýaşyl, terrakota, gyzyl, benewşe, gara reňkler uly ähmiýete eýe bolýarlar. Bu hili syrçalaryň ösmegi keramika önümçiliginiň birnäçe iri merkezleriniň döremegine itergi berýär. Şeýle ösen merkezleriň biri Merw şäheridir, onda «mermer» görnüşli ýa-da «ala» görnüşde suratlar bilen bezelen önümler bolupdyr. Bu görnüşli gaplary taýýarlamak üçin ýüzüne ak angob ýapypdyrlar, üstünden hem aýry-aýry açyk ýaşyl ýa-da açyk sary tegmilleri goýupdyrlar. Külalçylyk kürelerinde eredilip ýakylanda reňkler akyp, erkin haşam şekilli bolýarlar. Şeýlelikde, olar gaplarda täze öwüşginli özboluşly bezegleri döredýärler. Ol nagyşlar ýönekeýje aýlawjyklardan, güljagaz-

lardan ybarat bolýar. Ýakylan syrçanyň boýaglary oýulan nagşyň ýerlerine akyp, şol ýerde hem täsirli nagşy emele getirýärler.

XI asyrda Horezm we Dehistan uly şäher merkezlerine öwrülýärler. XI-XII asyrlarda işkor syrçasy bilen, esasan, käseleriň, jamlaryň, mejimeleriň nagyşlary reňklenýär. Olaryň nagyş bezegleri geometrik görnüşli ýapraklar, ýaý görnüşli şekiller bilen sazlaşdyrylýar we olaryň arasyndaky kyn okalýan arap hatlarynyň daşlary çyzyklar bilen garalanyp, erkin ýazylýar. Nagyşlaryň hatarynda esasy orny guşlar, medalonlaryň içinde ýerleşdirilen haýwanlar, has seýrek halatlarda adamlaryň keşpleri eýeleýärler. Bu şekiller bellibir çeperçilik tärinde suratlandyrylyp, olar orta asyrlar döwrüniň sungatynda täze çeperçilik ugrunyň dörändigini görkezýärler. Orta asyrlarda köp hili syrçalar ýüze çykýar. Bu bolsa ussalara sazlaşykly reňk baýlygyny görkezmäge kömek berýär. Şuňa meňzeş äheňlerde şol döwürlerde torewtika önümleri ýerine ýetirilipdir.

Merwiň işkor keramikasynda, esasan, nagyşly äheňler agdyklyk edýär. Has köp duş gelýänleri – tegmiller, burmajyklar ýa-da tor şekilleri bilen bezelen güllerdir.

Gurşun bilen syrçalanan önümlere garanda işkor bilen syrçalanan önümlerde nagyşlar inçe şekillerde has takyk görünýär. Merw önümlerinde şertli atyň we atlylaryň keşbi has köp duş gelýän hem bolsa olaryň nagyşlaşdyrylan görnüşleri edil janly ýaly örän täsindir. Mysal üçin, badam göwreli guşuň guýrugyny ýaýan şekiliniň arkasy haşam reňkler bilen doldurylýar. Bu şekiller, adatça, deňölçegli häsiýetde bolup, olarda guşuň göwresi öň, aýaklary bolsa gapdal tarapdan suratlandyrylýar. Netijede, sudur deňölçeglilik kadalary nädogry hem bolsa, gabyň ýüzündäki nagyşlaryň we şekiliň umumy gurluşynda sazlaşyk bar. Bu görnüşli çeper taslamanyň aňladýan many-mazmunynyň Beýik Seljuklar döwründe örän meşhur bolandygyny belli haly önümleriniň taslamalary hem görkezýär. Orta asyrlarda Demirgazyk Horasanyň we Merwiň keramika mekdeplerinde umumy çeperçilik täriniň dörändigini Türkmenistanyň binagärlik sungatynyň bezegleri hem tassyklaýar. Keramikanyň reňk gatnaşyklary, ýagny gök syrçanyň ýüzünde gara, ak, mawy, asman reňkli nagyşlar, ak hem-de açyk reňkli düşeklik köp duş gelýär.

## «KAŞIN» KERAMIKASY WE GANÇ NAGYŞLARY

Işkor syrçasy, ol köplenç, ak ýa-da reňksiz silikatyň ýüzüne çalynýan özboluşly reňk bolup, keramika önüminiň owadan reňkini görkezýän ýa-da görkezmeýän häsiýetdedir. Işkor özünde gök, ýaşyl, gyzyl, gara reňkleri jemleýär hem-de ýitileşdirýär. Syrçanyň aşagyna dürli reňkler bilen şekil ýa-da sada reňk tegmilini çekip bolýar. X-XII asyrlarda reňkleriň baýlygyny

ulanýan ussalar ýaşyl, gyzyl reňkleriň dürli öwüşginleri bilen owadanlygy ýüze çykarýarlar. Keramika önümleriniň ýüzüne şekilleri, ýazgylary çekip, dürli görnüşli çeper taslamalary döredipdirler. Şol döwürde haşam hökmünde ulanylan esasy nagyş şekillerini häsiýetine görä böleklere bölmek bolýar: yslam dininden öňki döwürde dörän stilleşdirilen şekiller we halkyň arasynda ýaýran nyşanlaryň – nar miweleriniň, gülleriň, guşlaryň ganatlaryny ýaýyp duran görnüşi (Günüň nyşany), tebigatyň dürli haýwan äheňli suratlarynyň ikonografiýasy düzülýär.

Şäher binagärliginde köp döwürlerde görünmeýän keramika bezegleriniň birnäçesi Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň binagärlik bezeglerinde oýlanyp tapylýar we ulanylyp başlanýar. VII-VIII asyrlara degişli kerpiçden örülen tekiz bezegli şekiller – geometrik, ösümlik äheňli nagyşlar ýaýraýar. Şol döwürde gançyň we terrakotanyň (palçygyň görnüşi) ýüzünde oýulan we bişirilen toýundan nagyşlaryň bezegi giňden ýaýraýar.

Bina gurluşygynda kerpiç örme tärleriniň ösüşi diwaryň ýüzüne bezeg bolup hyzmat eden kerpiçli mozaikanyň taslamalarynyň döremegine getirýär. Dürli görnüşde kesilen we keramiki syrçanyň kömegi bilen ýalpyldaýan owadan nagyş sazlaşygy bezeg hökmünde ulanylýar. Şol döwürde epigrafiki häsiýetli dörän nagyş ulgamy bina bezeginde giňden ulanylyp başlanýar. XI asyrda binalaryň interýerinde we eksterýerinde kesilen nagyşlar terrakota palçygynyň ýüzünde orun tapýar. Täze bezeg sazlaşygy bolan terrakota palçyk bilen kerpijiň berk utgaşygyny görkezýär we ol şol döwrüň bina bezeginde esasy orny eýeläp başlaýar.



**137-nji surat.** Talhatanbaba metjidiniň arka bezeginiň bir bölegi (XII asyr)

Gançyň ýüzündäki nagyşlary XI asyra degişli Sarahsyň Ýarty Gümmez atly aramgähiniň içki giňişliginde (interýerinde) hem görmek bolýar. XI-XIII asyrlaryň binagärlik ýadygärlikleri kerpiç örme usulynyň we kerpijiň ýüzünde kesilen nagyş bilen bezemek sungatynyň kämil görnüşini görkezýär. Olardan Günorta Türkmenistanda Misserianyň minaralaryny (X asyr), Merwde Muhammet ibn Zeşdiň aramgähini (XI asyr), Daýa Hatynyň kerwensaraýyny (XI asyr) we Talhatanbaba metjidini (XII asyr) (*137-nji surat*) mysal getirmek bolar. Gançyň ýüzüne nagyş salnan bezegi bilen Soltan Sanjaryň aramgähi hem dünýäde öz owadanlygy we binagärligiň täze tapylan sazlaşygy bilen şöhratlanýar.

170.0 x 240.0 mm

## SYRÇALANAN BÖLEJIKLER (MAÝOLIKA) BILEN BEZEMEK USULY

Orta asyrlarda Türkmenistandaky binalaryň aglaba bölegi bişirilmedik kerpiçden gurlupdyr. Şu sebäpli gurluşykda daşlar az ulanylypdyr. Irki döwürlerde bişen kerpiç gümmez galdyrmak ýa-da nagyş örmek üçin ulanylypdyr. Kerpiçler dikligine ýa-da keseligine ýerleşdirilip, olardan bezeg nagyşly taslama döredilýär. Kerpiçden örülen we nagyşly taslamalar bilen bezelen binalar IX asyrdan, tä giçki döwre çenli dowam edýär. Nagyşly taslamasy hemişe ösümlik häsiýetinde bolup, olar aramgählerde, metjitdir minaralarda, köşklerde, kerwensaraýlarda bezeg hökmünde ulanylypdyr. Merwde, Talhatanbabanyň aramgähinde, Mänebaba metjidiniň içki diwarlarynda maýolika bezegleri gümmeziň içini we daşyny örtýär. Şu hili bezegli soňky bina Törebeg hanymyň aramgähi bolupdyr.

**Ganç** – ak ýumşak daş bolup, ondan plitkalar ýasalýar. Haýsy hem bolsa bir zadyň ýüzüne oýup nagyş salmak hünäri döreýär. Bezeg hökmünde taýýar guramadyk ganç plitkadan «kakma» usulynda nagyş kesmek mümkin bolýar. Ganç, köplenç, interýer bezeginde ulanylýar. Bezegler garaşsyz taslamalar bolup, diwarlaryň burçlarynyň birleşýän ýerlerinde gutarnykly we bitewi häsiýetde ýerleşdirilýär. Bu görnüşli ilkinji bezegler gadymy türkmen binagärliginiň ýadygärlikleriniň miladydan öňki III-II müňýyllyklardan başlap, IX-X asyrlarda hem Maşatdaky Şir Kebir metjit-aramgähinde duş gelýän usul bolup durýar. Gançyň ýüzüne kesilen nagyş bezegleriniň nusgawy mysallary bolup güberçek görnüşinde ýerine ýetirilen guşlaryň, balygyň, agajyň şekillerini we gülli rozerkalary görkezmek bolar (*138-nji surat*).



**138-nji surat.** Şir Kebir metjidiniň mährabynyň bir bölegi (X asyr)

Şeýlelikde, täze ulanylan gurluş usullary we bezeg üçin ulanylan täze çig mal serişdeleri şol döwrüň binagärlik sungatynda gözelligiň many-mazmunyny kesgitlemäge ýardam berýär.

## 4.7. XVI-XVII asyrlarda Türkmenistanyň külalçylyk sungaty

XI-XV asyrlarda Hazar deňziniň ýakalaryndaky ojaklar bolan Demirgazyk Horasan we Horezm, Mawerannahr ýurtlary keramikanyň özboluşly beýik çeperçilik ösüşine eýe bolýar. Horezm keramikasy Köneürgenç, Hywa şäher-



**139-njy surat.** Nusaýdan tapylan mejime (XII-XIII asyr)

lerinde binagärlik ymaratlaryny bezäp, hatda Gyzyl Ordanyň merkezinde Wolga derýasynyň kenarynda meşhur bolupdyr. Ondan başga-da, Demirgazyk Kawkaza hem uly täsirini ýetiripdir. Gündelik keramika gap-gaçlary bolan uly göwrümli güldanlaryň, owadan mejimeleriň bezeglerinde iň söýülýän äheňler – güller ýa-da merkezde gögerip oturan owadan miweli ösümliklerdir. Iň gowy görülýän nyşan äheňleri hökmünde bu şekiller bilen ikiden bäşe çenli bolan dürli reňkli zolaklar, guşlaryň, tawuslaryň, gazlaryň şekilleri hem özüne çekijidir (*139-njy surat*).

Horezm keramikasyna goýy ýaşyl, kobalt gök we asman, mawy pöwrize reňkleri mahsusdyr. Bu reňkleriň öwüşgini Gündogar ýurtlarynyň çeperçilik haşam aýratynlygyna öwrülýär. Mongollaryň agalyk süren döwründe keramika sungaty pese düşýär, emma XIV asyryň aýaklarynda Teýmir şa Hytaýa hüjüm etmäge taýýarlanyp ýören wagtynda hytaýlylaryň «kobalt» atly özboluşly farfory bilen gyzyklanýar. Owadan ak farfor syrçasynyň syryny gözlemeler dowam edýär. XV asyrda Hytaýdan getirilen önümleriň bezeglerinde «kaşin» keramikasynyň görnüşleri gaýtalanýar. Bu asyryň aýaklarynda hytaý sungatynyň äheňleri – bulutlar, güller, ösümligiň pudaklary ýitip gidýär we olaryň ýerini bir reňkli erkin ösüşde bolan nagyşlaryň sudurlary tutýar. Kaolin çägesiniň häsiýetini bilmän, onuň ýerine adaty silikaty – kaşin ak palçygyny ulanýarlar. Bu usulda döredilen önümler inçe daşly owadan görnüşli bolýar. Bu hili daşlary ulanyp, Orta Aziýa külalçy ussalary örän gowy netije gazanýarlar. Olar owadan ak reňkli farfora meňzeş düzümli çägäni oýlap tapýarlar. Külalçylar önümleriň ýüzüne gök «kobalt» reňk bilen surat çekýärler. Bu önümler hytaý farfor önümlerine meňzeş bolýar.

Orta asyr Nusaý keramikasynyň önümlerinde gülleri, gülli şahalary, agajyň aşagynda oturan eli kitaply adamlary, guşlary, tebigy äheňleriň hemmesini görmek bolýar. Şol döwürde keramikanyň ýüzünde orta asyr Mawerannahr miniatýurasynyň gahrymanlary hem meşhur bolupdyr.

XVI asyra çenli ak, sary, gök reňkli syrçalanan keramika bilen gara sudurly we açyk gök reňkli keramika önümleri giňden ýaýraýar. Nagyşlaryň ösümlik häsiýeti sazlaşdyrylýar. Ondan başga-da, taslamalaryň görnüşleri giňeýär we olar gadymdan galan nagyşly taslamalar bilen bir ýerde ösüp kemala gelýärler.

XVII asyrda Orta Aziýanyň külalçylyk sungatynda tehniki usullar, önümleriň görnüşleri, olaryň kaşaňlygy, görnüşiň baýlygy, owadanlygy pese gaçyp ugraýar. Şol döwrüň keramika önümleri gündelik durmuşda ulanylýan we gowy görülýän önümler bolup galýar.

## 4.8. Häzirki zaman türkmen külalçylyk sungaty

Garaşsyzlyk döwründe keramikany öndürmegiň bize öňden mälim bolan tehniki usullaryny gaýtadan öwrenmek we olary milli ýordumlar bilen baýlaşdyrmak meselesi täzeden örboýuna galdy. Keramika milli sungata öwüşgin berýän bezeg önümleriniň esasylarynyň biri bolup durýar. Ussat keramikaçylar Maral Ataýewanyň «Müsür» (1991), «Miras» (1995), «Gelinler» (1996), «Nusgawy äheňler» (1997), Dursunsolmaz Muhammedowanyň «Gelin» (2010), «Bezeg küýzeleri», «Şa gyzy» (2010), «Dessan» (2011) atly eserleri, Baýram Hojanyýazowyň «Köneürgenç äheňleri» (2010), Dilber Umarowanyň «Täsin şekiller» (2010), Çary Kulyýewiň «Tebigat» (2011) we beýleki suratkeşleriň eserleri milli sungatymyzy baýlaşdyryp, täze döwrebap häsiýet berdi.

Garaşsyzlyk döwründe amaly-haşam sungatynyň külalçy ussatlary Maral Ataýewa, Dursunsolmaz Muhammedowa, Annameret Taganow, Çaryýar Durdyýew türkmen halkynyň milli sungatyny dünýä tanatmakda uly işleri ýerine ýetirdiler. Häzirki döwrüň täze eserlerinde gadymy külalçylygyň çeper nagyşlary öz beýanyny tapýarlar.

Bezeg külalçylygynyň eserleri ýaşaýyş we edara otaglaryny, bag-seýilgähleriň ulgamyny, şäher meýdançalaryny we köçeleri bezeýärler. Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen külalçylyk sungatynyň eserlerinde üstünlikli ösüş duýulýar. Milli külalçylygyň täze galkynyşy 1990-njy ýyllardan başlanýar. Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň döredilmegi bilen miras sungatymyzyň dürli ugurlary boýunça zehinli ýaşlardan suratkeş taýýarlamaga doly mümkinçilikler döredi.

Külalçylyk sungatynyň esasyny goýan, ussat halypa Maral Ataýewa onuň goruny döretmekde köp işleri amala aşyrdy. Ol köp ýyllaryň dowamynda zehinli ýaşlara külalçylyk sungatyny öwredip gelýär. Türkmenistanyň amaly-haşam sungatynda ilkinji zenan külalçy M.Ataýewa ussat suratkeş hem mugallym hökmünde ýaşlara gadymy sungatyň syryny açmagy öwretmekde uly abraýa eýe boldy. Eýýäm 30 ýylyň içinde M.Ataýewanyň şägirtleri Türkmenistanyň welaýatlarynda milli sungaty dowam edýärler. M.Ataýewanyň heýkel eserlerinde türkmen rowaýatlarynyň, dessanlarynyň taryhy gahrymanlary wasp edilýär. Palçykdan ýasalan zenanyň hudaýlaşdyrylan keşbinde aýal maşgalanyň keramaty, eneleriň söýgüsi, ynsanperwerligiň alamaty şekillendirilýär. Külal-





**140-njy surat.** M.Ataýewa «Wazalar»

çy suratkeş M.Ataýewanyň sungat äleminde özboluşly aýratyn döredijiligi, öz saýlan ýoly bar. Onuň döreden keramika heýkelleriniň ýönekeýligi, azsözlüligi eseriň kiçi göwrümleri bilen baglanyşykly. Onuň her bir tekizligindäki geometrik şekiliniň sudurynda içki gizlin hereketlilik jemlenýär. Suratkeşiň döredijiliginde toýun örän inçelik bilen duýlup, önümleriň göwrümleri we reňkleri sazlaşykly ulanylyp, bütewi bir keşbe öwrülýär (*140-njy surat*).

Türkmenistanyň halk suratkeşi Dursunsolmaz Muhammedowanyň döredijiligi türkmen amaly-haşam sungatynda gaýtalanmajak ajaýyp waka bolup, sungat muşdaklaryny, tomaşaçylary näzikligi, çeperçiligi, durmuşylygy bilen özüne bendi edýär. Ol terrakotada, faýansda, farforda, şamotda, kendirde dürli döwürler bilen bagly keşpleri döretmek arkaly özüniň dünýägaraýşyny hemmelere düşnükli etmäge çalyşýar. Külalçy zenanyň çeperçilik ukybynyň kämilleşmegine Aşgabat şäheriniň Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebinde, ondan soňra S.T.Stroganow adyndaky Moskwanyň döwlet çeperçilik-senagat uniwersitetinde bilim almagy we Moskwanyň, Sankt-Peterburgyň, Krasnodaryň, Riganyň farfor zawodlarynda tejribelik geçmegi uly ýardam berdi. Onuň güldanlary, mejimeleri, çaý serwizleri, küýzeleri, heýkelleri Aşgabatdaky, Moskwadaky, Daşkentdäki, Almatydaky, Nýu-Delidäki, Parižďäki, Ankaradaky, Faensdäki (Italiýa), Kümmet Kowusdaky (Eýran) halkara bäsleşiklerde we sergilerde görkezilip, ençeme gezek baýrakly orunlara mynasyp boldy. Bu baýraklara mynasyp bolan eserler türkmen külalçylyk sungatyny dünýä ýaýmakda saldamly goşant boldy.

Ussadyň eserlerindäki her bir taslama türkmen halkynyň baý ruhy medeniýetini, öz halkyna bolan uly söýgüsini özünde jemleýär. Päkligiň, mähremligiň, gözelligiň, wepadarlygyň nyşany bolan gelin-gyzlaryň farfordan we toýundan ýasalan «Gelinler» (1982), «Gyzlar» (2007), «Bahar» (2007), «Kürteli gelinler» (2008) eserleri özüniň sazlaşygy, bitewüligi, çuňňurlygy bilen tapawurlanýar. «Gözellik» (2005), «Gunça» (2010), «Galkynyş» (2007) eserleri aýratyn bellenmäge mynasyp. Ussadyň türkmen tebigatynyň gözelligini, özboluşly aýratynlyklaryny inçelik bilen duýup, her bir jandaryň ýürek urgusyny,

her bir ösümligiň mymyjak ýele öwsüp durşuny dürli çyzyklaryň, reňk öwüşginleriniň sazlaşygy esasynda berip bilmegi halypanyň «Garagum» (2008), «Çöl şemaly» (2010), «Pasyllar» (2010), «Ýaz gijesi» (2011), «Älemgoşar» (2011), «Jeýhun» (2012) ýaly işlerinde öz ýokary beýanyny tapýar. Türkmenistandaky gadymy taryhy ýadygärlikler bilen içgin gyzyklanýandygyny, olary çuňňur bilýändigini keramikaçynyň «Gyzgala» (2009), «Törebeg hanym» (2010), «Tekeş» (2011) eserlerinde haşamly küýzeleriň taslama çözgüdiniň aýdyňlygynda duýmak bolýar. D.Muhammedowanyň «Gurban baýramy» (1980), «Dessan» (1986), «Ahalteke bedewleri» (1995), «Gadymy gala» (2011) ýaly eserlerinde bolsa türkmen halkynyň buýsanjy bolan bedewleriň şekilleri gaplaryň ýüzüne ussatlyk bilen çekilipdir. Halypa mahsus bolan nepislik, inçelik suratkeşiň soňky ýyllarda döreden bedew şekilli keramika heýkeljiklerinde hem aýdyň duýulýar (*141-nji surat*).



**141-nji surat.** D.Muhammedowa «Çigildemler»

Suratkeşiň kämilligi diňe bir kiçi göwrümli heýkeltaraşlyk eserlerinde, haşamly küýzelerde, çaý serwizlerinde ýüze çykman, eýsem ol halypanyň Türkmenistanda gurlan binalaryň içki bezeglerinde ulanylan uly göwrümli işlerinde hem öz beýanyny tapýar. Ussat suratkeşiň Aşgabat şäherindäki «Syýahatçy» myhmanhanasynyň dynç alyş zallaryndaky işleri, suratkeşler Yzzat Gylyjow we Gylyçmyrat Ýarmämmedow bilen bilelikde Türkmen dowlet sirkiniň jaýynda ýerine ýetirilen ençeme pannolary, 2011-nji ýylda täze açylan Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýöriteleşdirilen sazçylyk mekdep-internatynyň binasyndaky «Çigildemler» atly monumental taslamasy we Türkmen döwlet medeniýet institutynyň binasyndaky «Saz» atly monumental keramiki pannosy şaýatlyk edýärler.

Gadymy türkmen külalçylygynyň çeperçiliginiň asyl nusgasy külalçy Çaryýar Durdyýewiň döredijiliginde hem wasp edilýär. Külalçy ussadyň eserleri gadymy sungatyň ýasalyş usullaryna daýanyp, häzirki döwrüň külalçylygyna täze öwüşgin bermäge çalyşýar. Onuň döreden owadan jamlary, küýzeleri we heýkelleri türkmen amaly-haşam sungatynda aýratyn bir çeperçilik sahypasy bolup açylýar. Külalçynyň eserleri çuňňur many-mazmuna eýe bolup, paýhaslylyk we agraslyk häsiýetleri bilen örän tapawutlanýar.

Ç.Durdyýewiň ýasan gap-gaçlarynda Gadymy Köneürgenç, Merw şäherleriniň çeperçilik däpleri, nagyşlaryň teswirlenişi türkmen sungatynyň mizemez hazynasyny aňladýar. Gap-çanaklaryň deňölçegliligi göwrümleriň

sazlaşygyna bagly bolýar. Küýzeleriň, güldanlaryň ini we beýikligi çeýe sudurlaryň kömegi bilen düzülýär. Her küýzäniň özboluşly keşbi bolup, onuň göwrümi başga eserlerde gaýtalanmaýar.

Ç.Durdyýewiň «Küşt oýny» atly eserinde Gadymy Gündogaryň küşt oýnunyň gyzykly pursady toýundan heýkeljiklerde suratlandyrylýar. «Küşt oýny» şamotdan ýasalyp, heýkeltaraşlygyň kiçi görnüşi boýunça örän hereketli taslamany döredýär. Külalçynyň heýkelleri çeýe hereketde görkezilip, umumylaşdyrylan sypaty kesgitleýär. Gahrymanlaryň oý-pikirleri olaryň ýerine ýetirýän hereketinde we göwrüminde söhlelendirilýär. Suratkeş Ç.Durdyýew heýkeljikleriň göwrümini ýönekeýleşdirýär. Muňa garamazdan, sudurlaryň häsiýeti ýitileşýär, utýan we utulýan taraplaryň şadyýan şekilleri landşaft bezeg taslamasy bolup biler.

«Goçlaryň süsüşmegi» atly taslamada çakyşmaga taýýar bolan, biri-biriniň garşysynda duran goçlaryň arasynda garry gojanyň heýkeli ýerleşýär. Taýaga söýenip duran garrynyň şekili taslamanyň mazmunyny çözýär. Külalçynyň taslamasynda Gadymy Altyndepäniň, Marguşyň toýun heýkeljikleriniň çeper ýörelgesi dowam edýär.

Ç.Durdyýewiň «Läle» atly eseri silindr görnüşli taslamadan ybarat bolup, onuň tekizliginde güberçek nagyşlar döreýär. Aýdym aýdýan gyzlaryň keşbinde ruhubelentlik, arzuwdyr hyýallar we şahyrana häsiýetler jemlenýär.

Ç.Durdyýewiň «Tut agajynyň şahalarynyň ýyglyşy» eseri türkmeniň oba durmuşyna bagyşlanýar. Tut agajynyň iki uly şahasy ýokarda ýapraklary bilen sepleşip, garry tuduň tebigy güýjüni aňladýar. Agajyň üstünde tahýaly türkmen oglan ýapraklary ýygnaýar. Ýaprakly we ýapraksyz tut agajynyň keşbi türkmen tebigatynyň, durmuşynyň, ýaşaýşynyň nyşany. Ondan başga-da, türkmenlerde bu agaç sagdynlygyň we uzak ömrüň nyşany hasaplanylýar. Tut türkmen üçin täzeden galkynýan ýaşaýşyň güýjüni aňladýar. Ç.Durdyýewiň eserinde oba durmuşy adamyň durmuşynyň, ýaşaýsynyň bir bölegi hökmünde suratlandyrylýar.

Baýram Annagulyýew 2001-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasyny tamamlanda «Şapak» atly diplom işini suratkeş M.Ataýewanyň ýolbaşçylygynda döredýär. Heýkeller bezeg hökmünde Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebiniň howlusyny bezeýär. Alty sany gelin-gyzlaryň heýkelleri gyzyl syrça bilen örtülipdir. Heýkelleriň keşbi gadymy Altyndepeden tapylan zenan hudaýlarynyň sypatlaryny ýatladýar. Munda palçygyň çeýe mümkinçiligi ulanylyp, gelin-gyzlaryň millilik häsiýet derejesi hakykylyk bilen suratlandyrylýar. XX asyryň sungatynda «modern» çeperçilik täriniň alamatlary heýkelleriň göwrüminde hem beýan edilýär. Döwrebap dünýä çeperçilik tärini türkmen keramikaçysy öz döreden eserinde şowly we ýerlikli ulanýar. Umu-

170.0 x 240.0 mm

man, B.Annagulyýewiň döreden eseri gadymy külalçylygyň nusgalarynyň we häzirki zaman çeper ýörelgeleriniň häsiýetini dowam edýär.

Ýaş külalçylardan Durdymyrat Kulyýew 2005-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasyny tamamlaýar. Onuň diplom işi «Türkmen milli ertekiler dünýäsi» diýlip atlandyrylyp, özboluşly külalçylygyň täze döredijilik sahypalaryny açýar. Bu eser monumental äheňde ýerine ýetirilýär. Külalçynyň «Türkmen milli ertekiler dünýäsi» atly eserinde türkmen halk ertekileriniň dördüsi şekillendirilýär. Açyk duran kitapda türkmeniň milli ertekileri «Akpamyk», «Böwenjik», «Ýartygulak», «Hudaýberdi gorkak» suratlandyrylýar. Köşgüň göwrümleri orta asyrlaryň mawy syrçaly gümmezli ymaratlaryny ýatladýar we bäş sany togalak göwrümler mawy syrçaly we ýüzi güberçekli nagyşlanan binalardan ybarat. Kitabyň sahypasynda ýerleşen taslamanyň merkezi bäş gümmezli köşk hökmünde ýerine ýetirilipdir. Sahypalaryň tekizliginde ertekileriň sahnalary güberçek relýef usulynda ýerine ýetirilipdir. Her kitabyň başynda ertekiniň gahrymanlarynyň heýkel keşpleri ýerleşdirilendir. Ertekiniň baş gahrymanlary Akpamyk we onuň pişigi iki sany aýratyn heýkel hökmünde ýasalmak bilen, Akpamygyň göwresi küýze önüminiň çeýeli häsiýetinde bolup, pişigi, ýedi dogany relýef häsiýetinde ýerine ýetirilýär. Awtor külalçylyk tilsimleriniň tärlerini ussatlyk bilen ulanýar. Gyzjagazyň ýedi dogany Garagum çölüniň esgerleri hökmünde teswirlenýär we bu keşpler esere bagtly rahatlyk duýgusyny çaýýar.

## 4.9. Neçjarçylyk sungatynyň tehnikasy we tehnologiýasy

Türkmenistanyň Merw, Nusaý, Änew we beýleki birnäçe gadymy şäherleri ösen döwürlerinde türkmen binagärliginiň çeperçilik döredijiliginiň uly merkezi hökmünde meşhur bolupdyrlar. Gurulýan bina-desgalaryň maýolikanyň çylşyrymly geometrik nagyşlary bilen bezegi, olaryň eksterýeriniň we interýeriniň bezegi, baýlaşdyrylan ösümlik dünýäsi bilen bagly taslamalar şol döwürde giň gerim alýar. Günorta we Demirgazyk Türkmenistanda X–XIII asyrlarda neçjarçylyk, ýagny agaç oýma sungaty eserleriniň ýokary derejeli ösüşiniň bolandygyny görkezýän oýulan nagyşly agaç bölekleriniň tapylandygy hem muny äşgär subut edýär. Sungatyň bu görnüşiniň kemala gelmeginde türkmenleriň beýleki halklar bilen bolan etniki we medeni gatnaşyklary möhüm orny eýeläpdir.

Neçjarçylygyň iş usuly birnäçe topara bölünýär. Olara heýkel görnüşli, birnäçe bölekleriň ýüzüni oýma usuly, giň oýma usuly, düşekli (fon) oýma usuly, ýönekeý çyzykly kesme usuly degişli edilýär. Relýef (oýma) nagyşlaryň öz gözbaşyny miladydan öňki I müňýyllykdan alyp gaýdýan bolma-

gy mümkindir. Ýonma agaç önümlerine, esasan, gapylar, derwezeler, birtaraplaýyn açylýan gapylar, sütünler, penjireler girýär. Aýratyn-da, olaryň daşky bölegi, kähalatlarda iki tarapy hem owadan oýulan görnüşde bezelýär.

Biziň ýurdumyzyň köp asyrlyk taryhynyň dowamynda özboluşly nagyş şekilleri döredilipdir we olar nesilden-nesle geçip, häzirki döwrümize gelip ýetipdir. Agaç ýonma işleri üçin Türkmenistanda ýerli agaç tohumlary – garagaç, derek, arça, hoz agajy, çynar, tut, erik, tal ulanylýar. Soňky wagtlarda beýleki ýurtlardan getirilen senuber (sosna), enab (dub) agaçlaryny hem peýdalanýarlar. Agaçlar özleriniň çydamlylygy bilen tapawutlanýarlar. Berk agaç toplumyna – garagaç, çynar, arça, söwüt, hoz agajy, tut degişli. Ýumşak agaç toplumyna: derek we tal degişli edilýär. Şolaryň birnäçesine seredip geçeliň:

**Garagaç**. Ýonma üçin garagajyň orta ýaşlysy ulanylyp, ol has berkligi bilen tapawutlanýar, şol bir wagtda hem çeýelik bilen epilýär. Şonuň üçin ol has çylşyrymly, iki, üç gatly ýonma usulynda ulanylypdyr. Uly ýaşly garagaç ýonma usuly üçin oňaýsyzdyr, sebäbi tiz dargaýar. Garagaçlardan sütünler, gapylar, çylşyrymly bezelen penjireler ýasalypdyr.

**Derek** – has köp ýaýran we köp ulanylýan agaç. Bu agajy işlemek aňsat. Ol ýumşak, şol sebäpli ony, köplenç, ýaş şägirtler ulanýarlar. Onuň reňki ak. Işlenilende berk we çydamly bolan ýaş derek peýdalanylypdyr. Derekden sütünler, gapylar, penjireler we dürli mebeller ýasalýar. Bu agaçdan ýasalan önümler az bezelipdir, sebäbi wagtyň geçmegi bilen bezegleriň sudurlary ýitip gidýär, aýlanan çyzyklar öçýär. Seýrek ýonma usuly bilen bezelýär.

**Hoz agajy.** Bu agaç has owadanlygy we berkligi bilen tapawutlanýar. Agajyň gurluşy berk, ýuka gatly. Ol reňklenen ýagdaýynda has owadan öwüsýär. Agajyň ýaşy näçe uly boldugyça onuň reňki garalýar. Ýaş hoz agajynyň reňki ýagty. Neçjarçylyk sungaty üçin bu agajyň 50 ýaşdan geçeni oňaýlydyr. Inçeden, owadan haşamlanan, irki döwürden saklanyp galan gapylar, sütünler hoz agajyndandyr.

**Çynar** – berk we uzyn agaçdyr. Bu agaç binagärlikde has köp ulanylýar. Çynardan oýulyp bezelen gapylar, derwezeler, sütünler, haşamlanyp bezelen gutujyklar taýýarlanýar.

**Arça** – Orta Aziýanyň daglyk ýerlerinde ösýär, ýaşy 1000 ýyldan hem geçýän agaç. Berk we gaty görnüşe girip, iň gymmatly çig mal hökmünde kabul edilýär. Arça neçjarçylyk sungaty üçin has gymmatly hasaplanýar. Ol üýtgäp durýan tebigy şertleri ýeňil kabul edýär, çyglylyk onçakly täsir etmeýär hem-de çüýremeýär. Onuň owadan gyzyl-goňur öwüsýän reňki bar.

**Tut** – uly süýümli, keşdeli, berk agaç. Sary öwüsýän reňk berýär, ýaşynyň ulalmagy bilen garalýar. Olardan sütünler, gapylar, durmuşda gündeki

ulanylýan enjamlar ýasalýar. Şonuň bilen birlikde tut agajyndan köpsanly dürli saz gurallary taýýarlanypdyr.

**Erik**. Bu agaç Türkmenistanyň hemme ýerinde giňden ýaýrandyr. Ol çydamly, berk, inçe süýümli bolup, ýaş wagtynda ýagty, ýylyň geçmegi bilen gyzyl öwüsýär. Ýüz ýaşly erik agajy goýy gyzyl reňki alýar. Ol dürli kiçi bezeglerde, gapylarda, sütünlerde ulanylypdyr.

Alma, armyt ýaly hasyl berýän agaçlar hem binagärlikde ulanylypdyr.

**Tal** – ýumşak, ýeňil işlenýän agaçlar toplumyna degişli. Tal, köplenç, üýtgeşik ýasalyş usuly bolan çüýsüz, ýelimsiz birleşdirilýän dürli çylşyrymly geometrik nagyşlary özünde toplaýan penjire bezeglerinde ulanylýar.

**Dagdan.** Bu agaç türkmen halkynda gudratly agaç hasaplanýar. Ol juda seýrek duş gelýän, örän berk agaç. Aýdyşlary ýaly, ol «ýaman» gözlerden goramaga ygtybarly bolupdyr. Şol sebäpli olary dini yrymlar bilen baglanyşykly doga-tumar üçin ulanypdyrlar. Dagdanyň jadyly maksatlar üçin ulanylmagy gadymdan gelýän däpdir. Adatça, dagdany çopanlar we awçylar ýasaýarlar. Olaryň ýasan «arçajyk» we «goç-şah» şekilli dagdanlary mifiki «ömür daragty» we ony goraýan janly-jandarlaryň nagyş şekilidir. Diňe dagdan agajynyň bezeginde adamlaryň we haýwanlaryň şekilleri suratlandyrylýar.

Agaç çig malynyň saýlanylyşy we işe taýýarlanylyşy onuň çeperçilik bezegine-de uly täsir edýär. Ussalar agajy göreninden onuň ýaşyny, näçe wagtdan bäri günüň aşagynda ýa-da kölegede ösendigini bilipdirler.

Açyk günüň aşagynda ösen agaçlar ýokary bahalanýarlar. Olar berk we gaty bolup, owadan reňk öwüşginini berýärler. Täze çapylan agaçlary ýonup haşamlamak amatsyz bolýar. Agaçlaryň görnüşini we näme üçin niýetlenendigini nazarda tutup, azyndan 2-3 ýyl, kähalatlarda ondan-da köpräk wagt gurak ýerde saklamak gerekdir. Mysal üçin, hoz agajyny ýa-da çynary 10-15 ýyllap gurak ýerde saklapdyrlar. Ezber ussalar gowy gurar ýaly agaçlary hökman dik, deň ýagdaýda ýerleşdiripdirler, sebäbi şeýtmek bilen agaçda galan şireleriň aşak akmagyny gazanypdyrlar. Ussa gerek agajy saýlaýar, gerekmejek şahalaryny çapyp, ony gowy arassalaýar.

Neçjarlaryň agaç saply esasy iş guraly, uly, ýasy, sapynyň uzynlygy 150 *sm* bolan paltany, ondan başga-da, kiçi saply kesgiçleri, näzik we inçe, az oýulmaly nagyşlary ýerine ýetirmek üçin bolsa 30-35 *sm* ululykdaky kesgiçleri ulanypdyrlar. 5-10 *mm* beýiklikdäki göni nagyşlary kesmek we oýmak üçin ýörite abzallardan peýdalanypdyrlar (*142-nji surat*).



**142-nji surat.** Neçjaryň iş gurallary

Oýulyp salynýan nagşyň kesiliş usuly kän bir çylşyrymly bolman, ol ussanyň başarjaňlygyny we ussatlygyny talap edýär. Ussalar ilki haşam bezeginiň taslamasynyň esasy böleklerini ülňi görnüşinde taýýarlap, soňra ony esasy önüme geçirýärler. Nagşyň bir bölegi ülňülenip, ony gaýtalamak üçin hakyky ölçegli nagyşly taslamany döredýärler. Ülňüni haşamlanjak tekizligiň ýüzüne geçirmek esasy jogapkärli iş hasaplanýar. Bu işi, köplenç, ussat ýa-da ezber hünärmen ussa ýerine ýetirýär, sebäbi, çylşyrymly ösümlik nusga bezeginiň taslamasynyň ýerinden gozgalmagy şekiliň ýitip gitmegine getirer. Şonuň üçin ülňüni ussalar aýawly saklap, soňky işlerinde hem köp ulanýarlar. Ülňüni geçirip, soňra ujy ýiti tegelek çarhly gural bilen çyzgynyň üstünden geçýärler we kagyzyň ýüzünde emele gelen deşiklere gara kömür ýa-da toprak sepýärler. Sepilen kömür nagyş çukurjyklarynyň içini dolduryp, yz galdyrýar. Ussa agajyň ýumşaklygyny gazanmak üçin oňa çigit ýagyny çalýar. Soňra agajy oýmak üçin kesgijiniň ujuna sabyn bölegini çalýar we işi başlaýar. Horezm ussalary agajyň ýumşaklygyny suwa ezip goýmak bilen gazanypdyrlar. Işiň gidiş yzygiderliligi şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar: ilki bilen, tutuş nagyşlaryň daşy çyzyk bilen aýlanyp kesilýär, soňra düşegi kesilip alynýar. Relýef, köplenç, goşmaça işlenilýär. Şeýlelikde, çeper döredijiligiň gözbaşyny tutan ata-babalarymyz ony nusgalyk derejesine ýetirip, nesilden-nesle dowam etmeginiň, şu bagtyýar günlere gowuşmagynyň aladasyny edipdirler.

## 4.10. Neçjarçylyk önümleri we olaryň haşamlanylyşy. Gündelik durmuşdaky neçjarçylyk önümleri. Saz gurallarynyň ýasalyşy

Türkmenleriň hojalyk durmuşynda möhüm wezipäni ýerine ýetiren suw desgalarynyň gurallary hem-de öý hojalygynda ulanylýan enjamlar bolan jykyryň, nowanyň, ýag taýýarlamak üçin ulanylýan juwazyň, ulag serişdesi hökmünde hyzmat eden arabanyň, gaýygyň, kejebäniň, galyberse-de, oklawyň çemçäniň, susagyň, bedew atlaryň eýerleriniň, howudyň, gaňňanyň, gündelik durmuşda peýdalanylýan esbaplaryň hem agaçdan ýasalandygyny aýratyn bellemelidiris. Orta asyrlarda bu serişdelerden peýdalanmak adam durmuşynda wajyp bolupdyr. Häzirki wagtda hem ýurdumyzyň käbir obalarynda, ýagny Daşoguz, Lebap hem-de Mary welaýatlarynyň oba ýerlerinde suwarymly ekerançylyk üçin jykyrlar ulanylýar. Ony, esasan, söwüt, tut, dagdan, erik agaçlaryndan ýasapdyrlar. Bu agaçlaryň esasy häsiýeti suwa çydamlylygydyr. Irki döwürlerden bäri türkmenler, esasan, guýynyň suwundan peýdalanypdyrlar. Guýulardan suw çekip çykarmak üçin kömek edýän gurallar hem agaçdan ýasalypdyr. Amyderýanyň we Hazar deňziniň kenarlarynda ýaşaýan halkymyzyň

gündelik durmuşynda balykçylyk esasy zähmet bolupdyr. Olar gaýyklaryny we gämilerini agaçdan ýasapdyrlar. Gaýyklaryň suw geçirmezligi we çişmezligi üçin olara ýörite ýaglary çalypdyrlar. Orta asyrlardan bäri türkmen halkymyzyň arasynda ýasalyp gelinýän sandyklary häzirki wagtda hem reňkläp, dürli-dürli nagyşlar bilen bejerip bezeýärler.

Saz gurallary ýasalyş usullarynyň ýönekeýdigine garamazdan, köp wagty talap edýän dutar, gyjak, dilli we gargy tüýdükler täsin saz gurallarymyzdyr. Ata-babalarymyzdan gözbaş alyp gelýän bu gurallar bagtyýarlyk döwründe hem toý-dabaralaryň bezegi bolup durýarlar. Milli saz guraly bolan dutary, esasan, tut we erik agaçlaryndan ýasaýarlar. Tut agajy berkligi we ondan ýasalýan saz gurallarynyň sesiniň ýaňlanyp owadan çykýanlygy sebäpli, eli gujurly ussalardan, halypalardan şägirtlik ýoly bilen dutary ýasamak käri geçip gelýär. Dutaryň gurluşy üç bölekden: kädiden, gapakdan, sapdan ybarat. Onuň kädisi, esasan, tut agajyndan ýasalýar. Köp ýaşan tut agajynyň sütünininiň diametri 60-70 *sm* bolýar we ondan gowy dutar ýasamak amatly bolupdyr. Tut agajynyň dutaryň kädisi üçin niýetlenip kesilen bölegi 40-50 *sm*-den gysga bolmaly däl. Şol kesilen bölek dörde bölünip, onuň içinden iň tekiz, ýylmanak, ýagny, «gözsüz» ýeri saýlanyp alynýar. Kädini taýýarlamak üçin palta, byçgy, rende, teşe ýaly gurallar gerek. Hatda kädiniň daşyny ýylmamak üçin çüýşe döwüginiň gyýçagy hem zerur bolup durýar. Ilki palta bilen kädiniň daşky durky ýasalyp, soňra ululy-kiçili teşeleriň kömegi bilen kädiniň içi köwülýär. Kädiniň gyrasynyň galyňlygy 1 *sm* çemesi galdyrylýar. Onuň düýbüniň, ýeňse tarapynyň galyňlygy 1,5-2 *sm*-e golaý bolýar. Kädiniň içini köwmek işi gutarandan soň, ýel çalmaz ýaly ýerde goýup, guradylýar. Dutaryň gapagy hem tut agajyndan ýasalýar. Onuň galyňlygy 1 *sm* çemesi bolmaly. Tut agajy näçe garry bolsa, onuň çyzyklary-da şonça inçe bolýar. Bu bolsa dutaryň has owazly çykmagyna ýardam edýär. Gapagy ilki guratmaly, soňra tamdyrda köýdürmeli. Gapak, sap erik agajyndan hem ýasalýar. Kädini gapaklamazdan öň sapy berkitmeli. Sapyň gurluşy biraz çylşyrymly. Ilki onuň ujundan iki ýeri deşip, oňa «gulak» oturtmaly, süňk önümlerinden «şeýtan ýassyk» ýasalýar. Soňra, kirişleri dakyp, dutary düzmeli, perde baglamazdan öň, dutaryň sapyndan sesleri tapylyp, olaryň gutarýan ýerinden galam bilen bellik edilýär. Ondan soňra kirişler aýrylyp, perde baglanmaly. Gapagyň ýüzünde kirişleri göterip duran ujypsyzja çöp bar, oňa «eşek» diýilýär. Eşek köýdürilen tut agajyndan bolanda dutaryň sesi dury çykýar.

Gyjak ýüzýyllyklaryň dowamynda bagşylaryň ýakyn hemrasy bolup, ýurdumyzyň Ahal, Balkan, Daşoguz sebitlerinde giňden ýaýrandyr. Gyjak saz guraly diňe bir bagşylara sazandarlyk etmek üçin däl, eýsem örän çylşyrymly mukamlary ýekelikde çalmak üçin hem giňden ulanylýar. Häzirki döwürde

170.0 x 240.0 mm

türkmen saz sungatynda gyjagyň iki görnüşi ulanylýar. Ol üç we dört kirişli gyjaklardyr. Üç kirişli gyjak, esasan, halk aýdym-saz sungatynda, halk bagşylaryna sazandarlyk etmekde giňden ýaýrandyr. Dört kirişli gyjak, köplenç, türkmen hem-de dünýäde tanalýan nusgawy kompozitorlaryň eserlerini fortepiano we halk saz gurallaryna goşup çalmakda ulanylýar.

Türkmen nagyş ulgamy iňňän köpdürlüdir, öz düzümi boýunça çylşyrymlydyr, onuň aýratynlyklaryny äşgär edip duran özboluşly häsiýetlidir. Sütünleriň, gabsalaryň, derwezeleriň, agaçdan ýasalan öý we beýleki durmuş esbaplarynyň oýmurly nagyşlarynyň umumy taslamasynda haly geometrik we ösümlik äheňli, käte bolsa olaryň gatyşyk äheňleriniň utgaşmasy duş gelýär. XIX asyra çenli oýmurly nagyşlarda ýönekeý geometrik şekiller agdyklyk edipdir. Bular, köplenç, keseligine we dikligine çekilen göni çyzyklar hem--de zolaklardyr, üçburçluklar tarapyndan emele gelýän şekillerdir, çüňklerde goýulýan pişme şekiller, içinden kesilip geçilýän gönüburçluklar ýa-da inedördülleri kiril elipbiýiniň «Ж» harpyna meňzeýän we «С» harpy görnüşli spirallardyr hem-de başga görnüşli nagyşlardyr. Bu nagyşlaryň köpüsi alym taryhçy, arheolog S.P.Tolstow tarapyndan gadymy harabaçylykdan tapylan zergärçilik önümleriniň nagyş äheňini ýada salýandygy bellenilýär. 1889-1944-nji ýyllarda ýaşap geçen rus suratkeşi Wasiliý Wereşaginiň döreden «Teýmirleňiň gapysy», «Gündogar», «Samarkant» eserlerinde neçjarçylyk sungatynyň nagyşly eserleri bolan agaç sütünleri we gapylary görmek bolýar.

Neçjarçylyk eseriniň ýüzüne nagyş salýan ussalar nagyşlaryň göwrümini inçelik bilen duýup, haşamlajak meýdançasynyň çuňlugyny we güberçek oýulan nagyşlaryň ölçegini, ýagty-kölege döredýän janly oýunlaryny ussatlyk bilen ulanypdyrlar. Tekizlikde çuň bolmadyk kesik nagyşlar örän uly mana eýedir. Olar ýeke-täk bolan ýagdaýynda hem nagyşlaryň üýtgeşik gymmatlygyny görkezýärler (*143-nji surat*).

Nagyşly taslamalar birnäçe häsiýetli bolup, onuň esasy topary ýönekeýje kesik çyzyklaryň suduryny özünde jemläp, olar çuň bolmadyk kesilen geome-



**143-nji surat.** Agajyň ýüzündäki ösümlik we geometrik häsiýetli nagyşlar

trik nagyşlardan ybaratdyr. Eger-de güberçek nagyşlar özüniň inçeligi bilen ýagty-kölegeli geçişinde çeperçilik täsiri berýän bolsalar, olary bir çyzylan grafika görnüşli eser bilen deňeşdirip bolýar. Neçjarçy ussa agaçda oýýan nagyşlaryndan başga şekilleriň görnüşine geçmezden, özüniň ilkinji taýýarlyk işlerinde bu nagyş taslamasyny ulanýar. Oýma (relýef) nagşy ýerine ýetirilende eseriň ýerligi ýitmeýär we guralynda hem-de tekizligiň ýüzünde hiç hili galyndy galmaýar. Umumylykda, kyn bolmadyk oýma usulynyň tehnikasy we oýma nagyşlaryň taslamasy örän gadymylygy bilen tapawutlanýar. Oýma nagyşlaryň ilkinjisi «ýerliksiz» oýma nagyş taslamasy, ikinjisi bolsa «çuňňur ýerlikli» oýma nagyş taslamasy bolup, olar 1,5-30 *mm*-e çenli çuňlukdaky güberçekli nagyşlardyr.

«Ýerliksiz» oýma nagyşlar bilen doldurylan tekizliklerde taslamalaryň dürli görnüşleri giňden ýaýrapdyr. Ol üçtaraply oýulan nagyşly we çuň oýulmadyk nagyşly usulda ýerine ýetirilendir. Örän owadan we goşalanyp duran «dyrnaklar», «durna» nagyşlaryny tekizligiň aýratyn bölekleri bezeýärler, çuň ýerlikde bolsa has çylşyrymly nagyşlar döreýär. Çuňňur ýerlikdäki ýerleşen dürli görnüşli nagyşlar ösüş çeperçilik ýoluny örän baý we sazlaşykly görkezýärler. Bu taslama, esasan, uly göwrümli binagärlikde we durmuşy önümleriň bezeginde ulanylypdyr.

Ussalar oýma nagyşlaryň görnüşlerini nagyşlaryň häsiýetine görä atlandyrypdyrlar. Güberçek çuňňur ýerlikde ýerine ýetirilen nagyşlary ussalar däp boýunça «islimi» diýip atlandyrýarlar. Bu adalga sazlaşdyrylan ösümlik häsiýetli nagyş ulgamyny aňladýar. «Girih» nagşy özbaşdak taslamada gabat gelip, bu geometrik nagyşlaryň ulgamynyň ösüşini görkezýär. Bu nagyş taslamalary neçjarçylykda bilelikde ulanylýar.

Çuňňur ýerlikde edilen oýma bezegler örän çylşyrymly we baý nagyşlary özlerinde jemleýärler. Ol nagyş taslamalary sazlaşdyrylan ösümlik we geometrik häsiýete eýedir. Her bir ussa öz zehinine görä we gelýän çeperçilik däbinden ugur alyp, taslamany ýerine ýetirýär. «Islimi» we «girih» nagyşly taslamalaryň hersiniň özbaşdak atlary bar. Meselem, islimi gül, aýlanma islimi, şaş girih. Häzirki döwrüň ýaş ussalary käwagt gadymy adalgalary ulanýarlar hem-de gadymy nagyşlaryň ussatlyk bilen inçeligini ýitirmän saklamaga çalyşýarlar. Bu çeperçilik taslamalarynyň hersiniň özbaşdak gurluşy hem bar.

Oýma nagyşlarda esasy orny bölek güberçek nagyşlar eýeleýär. Bu ýerde neçjar ussanyň çeperçilik döredijiligi ýüze çykýar. Olaryň käbirlerinde güberçek nagyşlara goşmaça ownuk nagyşlary goşýarlar. Bu dürli ýaprakly güllere we gülüň ýarysy şekillendirilen nagyşlara «gül» diýip ussalar tarapyndan at berilýär. Köplenç, olar pes güberçekli, oýulan görnüşde ýerine ýetirilip, taslamalary has-da baýlaşdyrýar we tekizlige janlylyk berýärler. Güberçekli nagyş

taslamanyň umumy häsiýetini üýtgetmeýär. Ösümlik nagyşlarynyň toparyna köpsanly aýlawlaryň içinde baldagyň, ýapraklaryň, gülleriň, ösümlik şahajyklarynyň, spiral görnüşde bolan goçaklaryň bolmagy hem häsiýetlidir.

Agajyň ýüzüni nagyşlamakda türkmen neçjar ussalary birnäçe tehniki tärleri ulanypdyrlar. Üçgyraňly, aýratyn-da, köpgyraňly oýmurly nagyşlaryň dürli gurluşy – meýdançanyň ýüzünde dik we ýapgyt gidýän görnüşleri döredýärler. Sada oýulan çyzygy iki sany insizje düz zolakdan ybarat bolýar, beýlekileri bolsa giň çylşyrymly yz goýan gurallaryň kömegi bilen ýerine ýetirilendigi sebäpli onda ýagty-kölegäniň täsiri has-da aýdyň görünýär. Iň ýönekeý nagyşlary gurallar göni ýa-da ýiti burçuň astynda goýup gidýärler. Mysal üçin, gyraňlardan biri meýdançanyň ýüzüne dikligine çyzsa, beýlekisi ýapgyt goýlup çyzyk çekýär we aýratyn özboluşlylygy gazanýar. Nagşyň şu görnüşini, esasan, endigan – relýefli oýulan wagtynda gazanyp bolýar. Adatça, spiral-zolak görnüşli nagyşlar çylşyrymly gurallar bilen çyzylanda has köp duş gelýär. Nagyş bilen bezelen gadymy ýadygärlikleriň bölegi sütünlerdir. Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde sergilenen sütün häsiýetli nagyşlary bilen tapawutlanýar. Ol XIX asyrda Türkmenistanyň neçjar ussalary tarapyndan ýerine ýetirilendir. Bu sütüniň tutuş ýüzüni tutup duran nagyş äheňleri iňňän dürli-dürlüdir we özi hem ösümlik nagşyndan döredilen çylşyrymly taslamalary düzýär. Bu taslamanyň merkezinde üç ýaprakly ösümlik alty ýaprakly şekile öwrülýär we üç bölümli gülli aýlaw görnüşli nagyşlaryň esasyny düzýär. Bu äheň gül esasly bolup, ol iki ýaprak bilen tamamlanýan umumy aýlawly taslama birigýär. Taslamanyň esasy baldagynda iki bölümden ybarat bolan gül şekilinden emele gelen nagyş ulgamy möhüm orny eýeleýär. Onuň daşy süýrümtil, ýüzleri endigan çyzmyklanan gyşyk çyzyklar bilen doldurylan. Bu çyzyklar bütin taslama güberçek sazlaşdyrylan görnüşini berýär. Bu ýerde oýulan nagyş üçin häsiýetli bolan sazlaşdyrylan güljagaz hem berlipdir, ol baldak aýlawynyň içinde bir gapdala çykarylan tegelenen gül ýapraklary bilen suratlandyrylypdyr. Nagşynyň taslamasynyň baýlygy we köpdürlüligi boýunça bu sütüni hywaly neçjar ussalarynyň oýulan agaç sütünleri bilen deňeşdirmek bolar. Sütüniň nagyş taslamasynyň häsiýetinde Gadymy Horezmiň Toprakgala şäheriniň gapylary hem-de Termez we Hywa şäherleriniň metjitleriniň nagyşly agaç sütünlerindäki nagyşlar bilen deňeşdirmek bolar. Şular ýaly sütün nagşynyň giňden ýaýran taslamasy ösümlik ulgamyny düzýär.

XVIII asyryň ärsary howlularyndaky sütünler hem oýmurlanyp iňňän gelşikli bezelipdir. Türkmenleriň ärsary neçjar ussalary, köplenç, sütüniň ortasyny, esasyny we aşaky bölegini bezäpdirler. Däp bolşy ýaly, sütüniň orta bölegini, düýbüniň, boýunyň esasy togalagynda altygyraňly esasy görmek bolýar. Sütün ýokarlygyna tarap basgançak-basgançak nagyşlar bilen bezelip

doldurylyp gidýär. Olar üçburçluk ýa-da sazlaşdyrylan ýaprak görnüşli bolýarlar. Ondan ýokaryk bolsa inçelýän tekiz togalak ýa-da alty-sekiz gyrañly sütüniñ başy üçegiñ pürsüniñ düýbüne ýetýän ýerinde süýreldilen ujy güberçek ýa-da eplenip gatlanan görnüşde tamamlanýar.

Türkmenabadyñ (Çärjewiñ) köne metjidiniñ eýwanyndaky nagyşlanan sütünleriñ neçjarçylykda uly ähmiýeti bar. Türkmen muzeýlerinde görkezilýän agaç gabsasy oýulyp nagyş salnan uly ýadygärlik. Bu gabsanyñ taslamasynda ýaprak görnüşli şekilleriñ merkeziniñ gunçaly gül bolmagy ünsüñi çekýär. Sütüni bezeýän esasy nagşynyñ merkezinde ikä bölünen köp ýaprakly gül alty burçly ýyldyzyñ şekilini döredýär. Türkmenabadyñ metjidiniñ eýwanyndaky sütüninde üýtgeşik taslama döredilen. Onda ýürek görnüşli gül-gunça nagyş ulgamy bar. Biri-biri bilen utgaşykly gidýän nagyşlaryñ taslamasynyñ tehnikasy we nagyşlarynyñ häsiýeti boýunça olar bir görnüşli bolup, ýagny tekiz ýerleri oýmurly ösümlik äheñli nagyşlar bilen bezelendirler.

Gabsanyñ ýüzündäki taslamasynda içinde alty-sekiz ýaprakly güljagaz çekilen tegelek iññän ýygy-ýygydan duş gelýän nagşy, onuñ gyralarynda bolsa bir tarapynda gülli ýaprak çekilen, gabsanyñ daş tarapynyñ bezegi ýönekeý aýlaw şekilinde oýulandyr. Bu aýlawyñ arasynda çybygynyñ ýapragy, güli we şekili bir bitewüligi emele getirýär. Çybyk bolsa, köplenç, spiral çyzyk görnüşindäki aýlawly şekildir. Nagşyñ bütin taslamasy dürli şekildäki spirallardan, gañyrçaklardan ybarat bolup, olaryñ arasynda oýmurly nagyşlar ýerleşýär. Bu ýerde gabsany nagyşlap bezemek talabynda türkmen neçjar ussalarynyñ çeperçilik ýolunyñ aýratynlygyny görýäris. Olaryñ nagyş taslamasynyñ çeperçilik häsiýetiniñ ussatlygyñ beýik derejesidigini bellemeli. Bu görnüşli taslamalar irki orta asyr çeperçilik ugrunda döredilen ýaprak şekilleri, gunçalar, güller we miweler topary bilen ýürek görnüşli gülleri Merwde XII asyrda Soltan Sanjaryñ aramgähindäki oýmurlanan bezeglerde hem-de Kawkazyñ musulman halklarynyñ gapylarynyñ oýmurly nagyş bezeginde meñzeşligi tapmak mümkindir. Aslynda ýürek şekilli nagyşy biz Marguş döwletiniñ paýtagty bolan Goñurdepäniñ diwar bezeginde hem görýäris.

Metjitleriñ we göçme öýleriñ üç-dört bölümli gapylarynyñ ýüzündäki nagyşlanan bezegler gapynyñ her tarapynda oýmurly çarçuwany emele getirýärler. Kerki etrabynyñ XIV asyra degişli Astanababa aramgähiniñ gapysynyñ sazlaşdyrylan bezeginiñ has-da söýgüli nagyş ulgamynyñ endigan aýlanýan gülli we ýaprakly şahalar bolandygyny görmek bolýar. Gapynyñ ýokarky we aşaky bölümi iññän çylşyrymly we dört gülden ybarat bolan köpburçly baý nagyşlar bilen örtülendir. Bezegiñ merkezi böleginde dört gül çekilen köpburçly şekil ýygy-ýygydan gaýtalanýar we romb görnüşli gülleriñ her biriniñ içki giñişligi üýtgeşik reñk tegmilleri bilen doldurylandyr.

Halaç etrabynyň Garabekewül şäherçesiniň Lamba obasyndaky ärsary türkmenleriniň ýaşaýyş jaýlarynyň gapylarynyň nagşynyň tapawutly häsiýetini ýagtylygyň we köleganiň oýnunyň netijesinde güberçek nagyşlary aýdyň görkezýär. Ýagtylyk çylşyrymly dürli geometrik şekilleriň ençeme böleklerini bitewi taslama birikdirýär. Lambadaky gapy nagyşlary Darganatadaky XIV asyryň aramgähiniň gapysynyň nagşynyň aýry-aýry bölekleri bilen çalymdaş bolýar.

Türkmen ak öýleriniň gapylarynyň nagyşlary has ýönekeý bolup, olaryň bezeg taslamasy, esasan, dürli geometrik şekilleriň utgaşdyrylmasyndan düzülýar; olar göni ýa-da gytaklaýyn goýlan inedördüllerdir we tegeleklerdir. Inedördülleriň ýa-da pişme görnüşli medalonlaryň içine birnäçesi ýerleşdirilip, ýönekeý utgaşmany döredýärler. Türkmen ak öýleriniň bölümli gabsalaryndaky çylşyrymly nagyş äheňi, köplenç, gapynyň iki tarapynda hem gaýtalanýar. Nagyşlaryň çalaja gyşardylan romby ýa-da aýlawy emele getirýän gözenegi döredýändigini ýygy-ýygydan görmek bolýar. Şeýlelikde, ak öýüň gapysyny bezeýän nagyş öz çylşyrymlylygy boýunça şertleýin ýönekeý görnüşlidir. Gapynyň ýüzündäki taslamanyň çar töweregini bezeýän nagyşlar gaýtalanýan häsiýetde ýerleşdirilendir. Nagyşlaryň has çylşyrymly toparynda – gapynyň merkezini aýlawyň içi sekiz ýaprakly we başga bir aýlawda alty ýaprakly gül şekilli oýulan nagyşlar bezeýär.

Ärsary öýleriniň gapysynyň merkezi rombuň içi kiril elipbiýiniň «Ж» harpyna meňzeş gül şekiliniň hatary bezeýär. Umumy taslamada göni we gytak geçýän çyzyklar we rombuň hatary özara degşip, üçburçluklary döredýärler.

Hazar deňziniň günorta-gündogar kenarlaryndaky türkmenleriň arasynda şuňa meňzeş gapy nagyşlary duş gelýär. Olar Günorta Türkmenistanyň ençeme binagärlik ýadygärliklerindäki gançyň (ýumşak hek daşy) we kerpiçleriň ýüzünde oýulan bezeg äheňli nagyşlara meňzeýär. Şah görnüşli güller, romblar, golçurly şahlar – bu nagyşlar türkmen halyçylygynda hem giňden ýaýrapdyr. Olar diňe bir türkmenlerde däl, eýsem beýleki halklarda-da giňden ýaýrandyr.

Nagşyň umumy taslamasynda köpsanly ownujak güller möhüm orny eýeleýär. Gülleriň düzýän birentek görnüşleri türkmenleriň zergärçilik şaý bezeginiň nagyşlarynda-da duş gelýär hem-de Türkmenistanyň we Horezmiň orta asyr binagärlik ýadygärlikleriniň bezeglerinde umumy meňzeşlikleri tapmak bolýar. Meselem, Gabatgalanyň köşgüniň nagyşly gapysynyň böleginiň kiçeňräk oýmurly üç ýaprakly nagşynyň gara öýleriň oýulan gapylarynyň nagyşlaryna doly meňzeşligi görünýär. Bu bezegler sütünleriň nagşynda hem-de käbir zergärçilik önümleriniň bezeglerinde ulanylýar. Gapynyň tekizligini dolduran gülüň üç ýaprakly nagşyň nusgasy jaýlaryň pagsa diwarlaryny bezemekde hem ulanylýar. Bu şekiller Mary welaýatynyň Deşikgala köşgü-

170.0 x 240.0 mm

niň we Kesgenguýuk galanyň otag bezeginiň oýmurly nagşynda duşýar. Maşat-Misserianyň orta asyr metjidiniň portalynyň nagyşly bezeginde bu gül şekilini görmek bolýar (*144–145-nji suratlar*).

Türkmenleriň gündelik durmuşynda agaçlaryň ýüzünde oýulyp salnan nagyşlarda, metallaryň ýüzüne kakylan ýa-da halylara çitilen we keşdelenip bezelen egin-eşiklerde biz şekillendiriş sungatynyň çuň kökleriniň bardygyny, halklaryň gadymy etnik we medeni gatnaşyklarynyň bolandygyny aýdyň görýäris.



**144-nji surat.** Nagyşly gapynyň bir bölegi (XIX asyr)



**145-nji surat.** Agajyň ýüzündäki kufi ýazgyly hem-de ösümlik nagyşly taslamalardan bölekler (XIX asyr)

Köpetdagyň eteklerinde we Murgap derýasynyň kenarýakalarynda oturan ilatyň arasynda açyk reňk bilen dürli nagyş äheňli sandyklar giňden ýaýrapdyr. Nagşy gönüburçly taslamanyň içindäki her tegelegiň daşyna burum görnüşinde ýerleşen we gaýtalanýan şekiller aýlanýar. Bu nagyş taslamasy çylşyrymly sazlaşdyrylan we inçelik bilen ýerine ýetirilen. Olaryň nagyşlary ösümlik häsiýetli bolup, köp ýaprakly gülleriň şekillerinden ybaratdyr.

Agaç çig mallaryndan dürli bezeg üçin ulanylýan zatlara hemme döwürlerde sylag-hormat goýlup gelnipdir. Neçjarçylyk ugurdan işlän ussalar tälim alan mekdebiniň tärlerini dowam etdiripdirler hem-de bezegçilik täsinliklerini ýaýratmak üçin tebigy gözelliklerden nusga alypdyrlar. Nagyşly taslamany düzýän bölekleriň köpüsi gadymdan gelýän bolsa-da, olar häzirki zaman türkmen halkynyň medeniýetiniň taryhy ösüşinde uly ähmiýete eýedirler.

## 4.11. Häzirki zaman milli neçjarçylyk sungaty

«Türkmen halkynyň asyrlarboýy ylham çeşmesi hasaplanýan gözel tebigatymyzy gözüniň göreji ýaly görendigi we ösümlik dünýäsini özüniň medeniýetiniň ruhy ýörelgelerine ornaşdyrandygy hakyndaky hakykat ýatandyr» diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtap belleýär. Hakykatdan hem, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetde aýratyn goralýan tebigy ýerlerde agaçlaryň biologik köpdürlüligine, seýrek we ýitip barýan görnüşlerini gorap saklamaga uly üns berilýär. Türkmen topragynda milli diýlip hasaplanýan agaçlaryň ösmegi geljekde neçjarçylyk sungatynyň ösmegine uly ýardam eder. Ata-babalarymyzdan galan miras hünär bolan neçjarçylygyň ösmegi, elbetde, agaçlaryň owadanlygy we hili bilen bagly bolýar. Agaçlaryň tebigy aýratynlygyna esaslanan neçjarçy ussalaryň döredijiligi diňe bir öňden gelýän önümleri gaýtalaman, eýsem jemgyýetiň täze döwrebap gözellik talaplaryny kanagatlandyrýan eserlerini döretmek bilen hem bagly bolýar.

Türkmen sazanda neçjarynyň döreden dutary hem-de gyjagy, gurluş sadalygyna garamazdan, halkyň ruhuny beýgeldýän esasy saz gurallarydyr. XIX-XX asyrlarda türkmen neçjar ussalary halk sazandalaryna saz gurallaryny ýasap, halkymyzyň könül joşgunyny mylaýym heňde ýüze çykarmagy başaran halkyň arasynda meşhur sazlary çalyp uly hormata eýe bolýarlar. Halkyň söýgüsine sebäp bolan iki halk sungatynyň haýsy ussady has ähmiýetlidir? Biri-birinden ylham alan halk sazymy ýa-da gadymy senediň eserimi? Ikisem dünýä ýaly goja, tükeniksiz dünýä ýaly ýaş, göwni joşgunly sungatdyr diýip aýtmak bolar.

Halkymyzyň milli guwanjy bolan ak öý neçjarçylyk sungatynyň gazanan beýik üstünlikleriniň biridir. Munuň özi gadymy türkmen senediniň ajaýyp açyşydyr. Dagdan, tut, söwüt ýaly ýeňil hem berk agaçlardan ýasalýan bu öýler häzirki döwürde hem halkyň uly söýgüsine eýe bolup, halkyň arasynda ýaşaýyş medeniýetiniň keşbi hökmünde hyzmat edýär. Orta asyrlarda neçjarçylyk mekdepleri öz ýaşaýan sebitlerine görä bölünipdir. Bu mekdepleriň

hersiniň aýratyn bezeg usullary we işleniş syrlary bolupdyr. Biziň günlerimize çenli agaç çig mallaryndan ýasalan önümleriň hemmesi saklanyp galmandyr. Esasan, XVIII-XX asyrlara degişli gap-gaçlar we at-arabalary, jykyrlar we şoňa meňzeş önümler etrap muzeýlerinde hem-de oba ýerlerinde bar. Häzirki döwürde agaçdan edilen dürli görnüşli önümlerde yslam äheňli nagyşlar seýrek ulanylyp, döwrebap reňkli nagyşlar kämilleşdirilip gap-gaçlaryň bezegine salynýar. Olardan mebeller, tekjeler, çekmeler we hojalykda ulanylýan dürli zatlar mysal bolup biler. Şular ýaly önümleri diňe gymmatbahaly sowgatlyk önüm satylýan dükanlardan almak bolýar.

Ýurdumyz ösdügiçe tebigy çig mallardan ýasalan önümlere bolan isleg-höwesimiz hem barha artýar. Diýmek, bu döwürde neçjaryň ezber eliniň gudratyndan – kämil sungatyndan döreýän täsin önümlere bolan hyrydarlyk barha artýar. Şeýle eserlere neçjar ynsan köňlüniň ajaýyp duýgularyny, halkyň ruhy özboluşlylygyny siňdirýär. Şunuň ýaly önümleri döretmek ýokary derejedäki zähmeti we başarjaňlygy talap edýär. Ýurdumyzda ösdürip ýetişdirilýän dürli görnüşdäki, şeýle hem beýleki ýurtlardan getirilýän miweli, bezeg, saýalyk agaçlary, dürli gyrymsy agaçlar we ösümlikler şäherimiziň, obalarymyzyň görküne görk goşýar. Türkmen sährasyny özgerdýän «Bagy-bossanlyk» syýasaty bolsa şäherlerimiziň, oba-kentlerimiziň töwerek-daşyny lälezarlyga öwrüp, göwünleri galkyndyrýar. Munuň özi gadymy milli seýilgähçilik sungatynyň ösmegine ýol açýar.

XXI asyrda ylmyň pajarlap ösýän döwründe gazanan üstünliklerimiziň döwrebap talaplara laýyklykda durmuşyň ähli ugurlaryna ornaşmagy neçjarçylyk sungatynyň hem täzeden ösmegine we kämilleşmegine, rowaçlanmagyna giň mümkinçilikleri açdy.

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň ýanyndaky ýörite çeperçilik mekdebiniň talyp ýaşlary birnäçe ýyllaryň dowamynda neçjarçylyk – agaç ýonma sungaty bölüminde okap, bilim we hünär esaslaryny ele alýarlar. Olaryň diplom işleri gadymdan gelýän neçjarçylyk hünäriniň çeperçilik däpleriniň ýol-ýörelgesiniň ugruny ýitirmän dowam etmek üçin uly tutanýerli işleriň alnyp barylýandygyny görkezýär. Oýulan ösümlik nagyş ulgamy bilen bezelen gapylara, kitap üçin tekjelere, stollara, oturgyçlara, öýüň giňişligini bölmek üçin niýetlenen bezegli germewlere we diwarlara özboluşly taryhy äheňli bezegleri berýär. Ondan başga-da, talyplar ussatlyk bilen XIX-XX asyrlaryň ortalaryna çenli türkmen öý-içerleriniň bezegi bolan nagyşly sandyklaryň gadymy nusgalary, nagyş taslamalarynyň bezeg äheňlerini dikeldýärler we täzeden gaýtalaýarlar. Häzirki wagtda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Akgala geňeşliginiň ýaşaýjysy Erkin Hudaýnazarow neçjarçylyk

170.0 x 240.0 mm

sungatyny dowam edýän ökde ussalaryň biri hasaplanýar. Agaç gapylara salnan biri-birinden öwüşginli nagyşlary gaýtalamaýan ussat orta asyr milli neçjarçylyk däplerine eýerip, öz şägirtleri bilen çeperçilik häsiýetli önümlerini ýerine ýetirýär. Welaýatyň ençeme etraplarynda bu sungaty dowam edip, işine ezber neçjarlar ata-babalardan gelýän agaç ýonma sungatyny dowam etdirýärler.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I t., – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II t., – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III t., – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Janly rowaýat. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Medeniýet halkyň kalbydyr. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen medeniýeti. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Arşyň nepisligi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
11. Atanyýazow S. Türkmen diliniň sözköki sözlügi. – A., 2004.
12. Babaýew A.S. Gözellik. – A.: Magaryf, 1993.
13. Hojageldiýew A. Hazynalar dil açýar. – A., 1990.
14. Hümmedowa J. Türkmen sungatyndaky geometrik belgiler. Türkmen ylmy Galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda. Ylmy makalalar ýygyndysy – 4. – A., 2010.
15. Gündogdyýew Ö. Türkmen baýdaklary. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2003.
16. Kyýasowa G. Zergärçilik sözlügi. – A.: Ylym, 2013.
17. Myradowa S. Halyçylyk we el işleriniň sözlügi. – A.: Ylym, 1967.
18. Sarianidi W. I. Marguş. Murgap derýasynyň köne hanasynyň aýagyndaky Gadymy Gündogar şalygy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2002.
19. Sarianidi W. I. Marguş. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2003.
20. Sarianidi W. I. Goňurdepe. – A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2008.
21. Ýagşymyradow N., Myratgulyýew Ş., Halymowa N. Türkmenistanyň şekillendiriş we amaly-haşam sungaty. – A.: 2011.
22. Ýagşymyradow N. Türkmenistanyň şekillendiriş sungatynyň taryhy. – A., 2013.
23. Атагаррыев Е. Материальная культура Шехр-Ислама. – А., Ылым, 1973.
24. Атагаррыев. Е. Искусство и археология Ирана. – М., 1976.
25. Атагаррыев Е., Бяшимова Н.С. Средневековые архитектурные орнаменты и их этнографические параллели. – А., 1977.
26. Бяшимова Н.С. Поливная керамика Южного Туркменистана. – А., Ылым, 1989.
27. Бергель Ю.Э. Хорезмские туркмены в XIX в. – М.: Наука, 1961.
28. Бернгам А.Н. Историко-археологические очерки Центрального Тянь-Шаня и Памиро-Алтая. МИА. – М-Л., 1952.
29. Борозна Н.Г. Некоторые материалы об амулетах-украшениях население Средней Азии. – М.,1975.
30. Вилкинсон Г.У. Искусство Средней Азии. – М., 1981.
31. Виноградова Н.А., Николаева Н.С. Малая история искусств. – М., 1979.
32. Вязьмитина М.И. Археологические изучения городища Новая Ниса в 1946 г. /Тр. ЮТАКЭ. – А., 1949. т.1.

170.0 x 240.0 mm


33. Вяткин В.(Л). Афрфсиаб – городище былого Самарканда. – Ташкент, 1927.
34. Губаев А. Первобытные памятники Южного Туркменистана. – А.,1983.
35. Гундогдыев О., Мурадов Р. Муче. – А., Ылым, 1998.
36. Гундогдыев О. Прошлое туркмен. – М., 1998.
37. Дальский А.Н. Наскальные изображения в бассейне реки Заравшан. / Труды Согдийско-Таджикской археологических исследовании. Т.l. Материалы и исследования по археология СССР, 15,1949.
38. Джикиев А. Туркмены юго-восточного побережья Каспийского моря. – А.: Изд-во Академии наук Туркменской ССР, 1961.
39. Джуманиязова М.А. Мировоззренческая основа туркменского коврового искусства. //2-ая научная искусствоведческая конференция «Актуальные вопросы туркменского искусства». Тезисы докладов. – А., 1997.
40. Жукова Л.И. Стратиграфическое изучение средневековых керамических отвалов в западной части Мервского рабада. Тр. ЮТАКЭ. – А., 1978, Т.16, 24.
41. Залетаев В.С. Древние и новые дороги Туркмении. – М., 1979.
42. Заурова Е.З. Керамические печи VII-VIII вв на городище Гяур-кала старого Мерва. Тр. ЮТАКЭ, Т.11. – А., 1962.
43. Зеки Х.Б. Культурные связи Средней Азии. – Баку, 1961.
44. История зарубежного искусства /Под.ред. М.Л.Кузьминой., Н.Jl.Мальцевой. – М., Искусcто,1983.
45. Кверфельдт. Э.К. Керамика Ближнего Востока. – Л., 1974.
46. Кошеленко Г.А. Уникальная ваза из Мерва. //ДЦУ, 1966. № 1.
47. Лунина С.Б. Гончарное производство в Мерве X - начало XIII вв. Тр. ЮТАКЭ, Т., XI. – А., 1962.
48. Массон В. М. Средняя Азия и Древний Восток. – М.-Л., 1964.
49. Массон В.М. Древняя культура Туркмении. – М., 1973.
50. Массон В.М. Средняя Азия и Древний Восток. – М.-Л., 1974.
51. Материалы по истории Туркмении и туркмен (МИТТ) Т.II. – М.: Издательство Академии наук СССР, 1938.
52. Мифологический словарь. Гл. ред. Мелетинский Е. М. – М., 1991.
53. Морозова А.С. Головные уборы туркмен. – ТИИАЗ АН ТССР. – А., Т.VII, 76. 1963.
54. Морозова А.С. Очерки по истории хозяйства и культуры туркмен. – А., 1973.
55. Морозова А.С. Традиционная народная одежда туркмен. – М., 1989.
56. Овезбердыев К. Материалы по этнографии туркмен – сарыков Пендинского оазиса. ТИИАЭ АН ТССР. Т.VI.. – А., 1962.
57. Оразов О. Археологические и архитектурные памятники Серахского оазиса. – А., Ылым, 1973.
58. Первобытный Туркменистан. Под.ред. В. М. Массона. Е. Атагаррыева. – А., Ылым, 1976.
59. Пещерова Е.М. Гончарное производство в Средней Азии. – М.-Л.,1959.
60. Пиркулиева А.Н. Народное декоративное искусство туркмен средней Амударьи конца XIX – начало XX вв. – А.: Ылым, 1964.
61. Пиркулиева А.Н. Домашние промыслы и ремесла туркмен долины средней Амударьи во второй половине XIX и начале XX вв. – А.: Ылым, 1973.
62. Пугаченкова Г.А. Архитектурные памятники Дехистана, Абиверда, Сарахса. – А., ТЮТЖ, Т. II, 1951 .
63. Пугаченкова Г.А. Некоторые изобразительные сюжеты на памятниках древнего Согда. Известия ООН АН Тадж. ССР. – Душанбе, 1952.
64. Пугаченкова Г.А., Елькович Л.Я. Очерки по истории искусств Туркменистана. – А., Ылым, 1956.

170.0 x 240.0 mm


65. Пугаченкова Г.А. Искусство Туркменистана. – М.: Искусство, 1967.
66. Пугаченкова Г.А. Ниса. – А., Ылым, 1972.
67. Пугаченкова Г.А. Древний Мерв. Путеводитель. – А.: Туркменистан, 1982.
68. Ремпель Л.И. Архитектурный орнамент Южного Туркменистана X-XIII веков и проблема «сельжукского стиля». Тр. ЮТАКЭ Т. 12. – А., 1969.
69. Ремпель Л.И. Искусство Среднего Востока. – М., 1978.
70. Руденко С.И. Древнейшие в мире художественные ковры и ткани.– М., Искусство, 1968.
71. Сарианиди В.И. Маргуш. – А., 2002.
72. Ставиский Б.Я. Искусство Средней Азии. – М., 1974.
73 Сайко Э.В. К истории гончарного круга и развития форм керамики. – Душанбе, 1969.
74. Сайко. Э.В. История технология керамического ремесла Средней Азии VIII VIII вв. – Душанбе, 1996.
75. Среднеазиатский этнографический сборник. – М., Наука, 1954.
76. Сухарева О.А. Древние черты в формах головных уборов народов Средней Азии. – М., 1954.
77. Сухарева О.А. Костюм народов Средней Азии. – М.: Наука, 1979.
78. Толстов С.П. История и культура народов Средней Азии. – М.,1978.
79. Тревер К.В. Памятники Греко-бактрийского искусства. – М.-Л., 1940.
80. Труды Южно-Туркменской археологической комплексной экспедиции. Т. VII. – М.,1956.
81. Труды института истории, археологии и этнографии АН ТССР. Т.II. – М., 1956.
82. Труды института истории, археологии и этнографии АН ТССР. Т.V. – М., 1959.
83. Труды Южно-Туркменской археологической комплексной экспедиции. Т. Х. – М.,1960.
84. Туркменское народное искусство. Альбом. / Авторы-составители Меджитова Э., Джуманиязова М., Гришин Е. – А., 1990.
85. Хладек И, Сова Л., Труглярховский З. //Декорирование фарфоровой посуды. – М., 1990.
86. Шишкина А.Я. Глазурованная керамика Согда. – М., 1972.
87. Шукуров Ш.М. «Шахнаме», «Фирдоуси» ранняя иллюстративная традиция. – М., 1983.
88. Якобсон А.Л. Средневековый Херсонес (XI-XIV вв). Материалы и исследования по археологии СССР. Т. 17 – М., 1955.
89. Amanmyradow A. Türkmeniň şöweş ýaraglary. //«Esger» gazeti, 1998-nji ýylyň 4-nji iýuly.
90. Armarçuk Ý. Demirgazyk Türkmenistandan tapylan zoomorf şekilli gap. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1983, №1.
91. Atagarryýew Ýe., Hojageldiýew A. Sesli metal sungaty. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1972, №2.
92. Atagarryýew Ýe., Hojageldiýew A. Orta asyrlaryň käbir zergärçilik önümleri. // Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1973, №1.
93. Atagarryýew Ýe. Orta asyr ýaraglary (IX-XV asyrlar). //Türkmenistanda arheologiýa we etnografiýa: täze barlaglar we aktual problemalar. Wuzara ylmy maslahatynyň dokladlarynyň gysgaça beýany. – A., 1998.
94. Baýramowa Ş. Şekilleri geçen lybaslar. //«Edebiýat we sungat» gazeti, 2005-nji ýylyň 10-njy iýuny.
95. Baýryýewa A. Türkmen milli geýimlerinde keşdäniň çeperçilik prinsipleriniň ewolýusiýasy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1984, №2.
96. Baýryýewa A. Türkmen obalarynda toý eşiginiň däbe öwrülen elementleri. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1986, №2.
97. Baýryýewa A. Türkmenleriň dokma senedi. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1988, №1.
98. Baýryýewa A. Türkmen aýallarynyň düýpli gyňaçlary dokalanda salynýan nagyş. // Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1988. №4.
99. Baýryýewa A. Türkmenleriň nagyşly örme önümleri. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1989, №1.
100. Çiperis A. Krymda Orta Aziýanyň guýma keramikasy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1989. №1.

170.0 x 240.0 mm


101. Durdyýewa G.K. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda türkmenleriň öý hünärmentçiligi barasynda. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1977. №1.
102. Durdyýew M. Nusaýly Afina. – A., 1991.
103. Durdyýewa G. Çyrpy. //«Diýar» žurnaly, 1995. №9.
104. Filanowiç M. Köne Marydan tapylan atyň seýrek duşýan statuetkasy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1970. №1.
105. Grişin Ý. Türkmen zergärçilik sungatynyň käbir stilistik aýratynlyklary. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1981, №2.
106. Gubaýew A., Durdyýewa G.K. Arheologiki tapyndylarda jandarlaryň şekilleri we olaryň halkyň ynanç-garaýyşlary bilen arabaglanyşygy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1990. №4.
107. Gündogdyýew Ö. Türkmenleriň başa-baş söweşlerde ulanan sowuk ýaraglary. //«Miras» žurnaly, 2005. №1.
108. Gündogdyýew Ö. Türkmenistanyň dokmaçylyk işiniň taryhyndan. //«Miras» žurnaly, 2006. №2.
109. Hamylow N.B. Köneürgenjiň gazuw-agtaryş işleri. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1990. №2.
110. Hojanyýazow G., Ýusubow H. Seýrek duş gelýän çäýnek. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1987. №1.
111. Hojanyýazow T. Seljuk türkmenleriň zamanasynda çeper metal senedi. //«Miras» žurnaly, 2006. №2.
112. Hommadow A. Syrly tapyndylar. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1990. №l.
113. Hudaýnazarow Ş. Köne Kerkiniň syrçaly keramikasy. //«Türkmenistan» gazeti, 1966-njy ýylyň 22-nji awgusty.
114. Hümmedowa J. Mukaddes Ruhnamada ruhy oňonlaryň keşbi. //«Nesil» gazeti, 2006-njy ýylyň 10-njy awgusty.
115. Hümmedowa J. Şekillerdäki nyşanalyk. //«Gurbansoltan eje» žurnaly, 2006. № 9.
116. Hümmedowa J. Türkmen keçelerindäki nyşanlar. //«Watan» gazeti, 2008-nji ýylyň 12-nji fewraly.
117. Jumaniýazowa M. Türkmen halkynyň halyçylyk sungatynyň ruhy-medeni kökleri. //«Türkmen topragy – gadymy medeniýetleriň we siwilizasiýalaryň ojagydyr» atly halkara maslahat. – Aşgabat: Türkmenistanyň metbugat merkezi, 2008,1-3-nji oktýabr.
118. Jumaniýazowa M. Irki çeper bezegli matalardaky käbir şekiller türkmen haly sungatynda. //«Gündogar Türkmenistanyň mirasy orta asyr medeniýetleriniň ulgamynda» atly halkara ylmy maslahat. 10-12-nji mart – Aşgabat: Ylym, 2010.
119. Jumaniýazowa M. Türkmen haly gölleri we beýleki şekiller Sogduň ýüpek matalarynda. //«Türkmenistanyň gadymy maddy medeniyeti we onuň dünýä medeniýetiniň ösüşindäki orny» atly halkara ylmy maslahat. 7-8-nji aprel – Aşgabat: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2011.
120. Jumaniýazowa M. Dokmaçylyk we türkmen bezeg şekilleriniň ösüşi. //«Bürünç-demir eýýamlary we türkmen maddy-ruhy mirasy» atly halkara ylmy maslahat. – Aşgabat: Ylym, 2011.
121. Jumaniýazowa M. Türkmen öý ýüpleriniň käbir nagyş bezegleri. //«Medeni miras halkyň hakydasynda» atly ylmy-amaly maslahat. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2012.
122. Jumaniýazowa M. Orta asyrlarda Ýewraziýa halkara gatnaşyklarynda türkmen halysynyň orny. //«Türkmenistanyň orta asyr şäherleri Ýewraziýa siwilizasiýasynyň ulgamynda» atly halkara ylmy maslahat. – Aşgabat: Ylym, 2012.
123. Jumaniýazowa M. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky sungat äheňleri. //«Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilmegi: çuňňur kökler we hazirki zaman mümkinçilikleri» atly halkara ylmy maslahat. – Aşgabat: Ylym, 2012.
124. Jumaniýazowa M. Halyçylyk sungatynyň taryhyndan. «Türkmenistanyň sungaty we arhitekturasy». //Ylmy habarlar. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2012, №1 .
125. Jumaniýazowa M. Türkmen öý ýüpi – öýüň guşagy. «Türkmenistanyň sungaty we arhitekturasy». //Ylmy habarlar. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2012.

126. Jumaniýazowa M. Haly namazlygyň taslamasynda yslamyň şöhlelendirilişi. //Türkmenistanda ylym we tehnika. 2013.
127. Jykyýew A. Türkmen aýal-gyzlarynyň gadymdan gelýän başgaplary. //«Miras» žurnaly, 2002, №1.
128. Lunina S.B. Marydan tapylan jam. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri. – 1972. №5.
129. Lunina S.B. Merwiň keramikasynda haýwanlaryň söweş sahnalary. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1986. №2.
130. Lunina S.B. Merwiň keramikasynda haýwanlaryň söweş sahnalary. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1986. №3.
131. Masson W.M. Bürünç zamanynda öküziň obrazy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1975. №2.
132. Masson W. Maru-Şahu-Jahan «bütindünýä» taryhynda. //«Edebiýat we sungat» gazeti, 1991-nji ýylyň 8-nji fewraly.
133. Murtow S. Margiananyň takdyry. //«Edebiýat we sungat» gazeti, l985-nji ýylyň 30-njy awgusty.
134. Mustakow R. Ýüpek ýoly – türkmen ýurdunyň janly taryhy. //«Garagum» žurnaly, 2003. №8.
135. Pugaçenkowa G.A. Maryň orta asyrlardaky keramikasynyň ştampy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1967. №4.
136. Soltanmyradow G. Merw gadymyýetiň medeniýet ojagydyr. //«Maru-Şahu- Jahan» gazeti, 1996-njy ýylyň 14-nji maýy.
137. Şetenko A. Dünýäniň iň gadymy şäherleriniň ýaşdaşy. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1968, № 2.
138. Täjow G. XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda Balkan türkmenleriniň deriden edilen eşikleri. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1982. №1.
139. Ýusubow H. Şasenemdäki tapyndylar. //Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1979. №2.
140. Ýusubow H. Horezm renessansy.// Türkmenistanyň ýadygärlikleri, l989. №1.
141. Амансарыев Д. Чей же символ «звезда» //Информационный вестник Бахаи «Солнце Востока». – А., 1992. № 2, с. 10
142. Атагаррыев Е. Кашинная керамика Шехр-Ислама. //СА.– М., 1969. №2.
143. Атагаррыев Е. Средневековые керамические производство Туркменистана. //Материальная культура Туркменистана. – А., 1974.
144. Ахраров И. К истории появления поливной керамики в Средней Азии. //ИМКУ – Ташкент, 1965. Вып.6.
145. Беленицкий А.М., Бентович И. Б., Большаков О.Г. Средневековый город Средней Азии. – Л., 1973.
146. Большаков О.Г. Арабские надписи на поливной керамике Средней Азии IX- XII вв. // ЭВ.-1958, Вып. l2.
147. Бурханов А.А. Изображения животных в коропластике и на керамической посуде средней Амударьи. // Известия АН ТССР, 1991. №5, с. 41.
148. Бяшимова Н.С. Работы в рабаде средневековые Мерва. // АО.,1979. – М., 1980.
149. Гольдштейн А. Ф. Семантика символа креста в древних культурах Передней Азии и Кавказа. // III Всесоюзная конференция Искусство и археология Ирана и его связь с искусством народов СССР с древнейших времён. Тезисы докладов. – М., 1979.
150. Гундогдыев О.А. Мервские ткани. //«Нейтральный Туркменистан», 11 января 1999 г.
151. Гундогдыев О.А. Прекрасные ткани из Мерва. //«Возрождение» – А., 2003. №6. – С.20.
152. Джуманиязова М., Клычева Д. Вышивка национальных халатов накидок курте, чырпы. // Памятники Туркменистана. – А., 1986.
153. Джуманиязова М. Туркменский ковровый гёль: опыт семантического анализа. // Международный ежегодник «Культурные ценности», 1999, Санкт-Петербург, «Европейский Дом», 2001, С. 97-100.
154. История искусства зарубежных стран. / Под. ред. М. В. Доброклонского, А. П. Чубовой. – М., 1979.

170.0 x 240.0 mm


155. Лунина С.Б. Техническое устройство гончарных печей средневекового Мерва // Труды ЮТАКЭ. – А., 1958, Т.8.
156. Лунина С.Б. Штампованная керамика из отвала в квартале керамистов средневекового Мерва. // Изв. АН ТССР. Сер.общ.наук. – 1960. №4.
157. Маршак Б.И. Раннесельджукские серебряные сосуды их генезис и влияние на более поздний художественный металл. // Мерв в древней и средневековой истории Востока IV. Тезисы докладов научной конференции. – Мары, 1993.
158. Пугаченкова Г.А. Мастер-керамист Мухамед-Али Инойятон из Мерва /СА, 1958, №12.
159. Пугаченкова Г.А. К вопросу о «фаранже» // СЭ. – М., 1967.
160. Рутковская Л.М. К истории керамического производства Южной Туркмении. // СА. – 1964. №2.
161. Сайко Э.В. Некоторые вопросы технологии ангоба средневековой среднеазиатской керамики // Изв. АН Тадж.ССР. – 1962. Вып.l.
162. Терехова Н.Н. Технология изготовления первых металлических орудий у древнейших земледельцев Южной Туркмении. // С А. – М., 1974, №1.
163. Хакимов А.А. Изобразительно-орнаментальные образы и мотивы прикладного искусства. //Художественная культура Средней Азии IX-XIII вв. – Ташкент, 1983.
164. Хлопин И.Н. Юго-западняя Туркмения в эпоху поздней бронзы. //По материалам сумбарских могильников. – М, Наука, 1983.

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................................................ 7

**I bölüm. Türkmenistanyň dokmaçylyk medeniýeti ........................................ 10**

1.1. Türkmen amaly-haşam sungatynyň ähmiýeti.
Garaşsyzlyk döwründe amaly-haşam sungaty ............................................. 10
1.2. Amaly-haşam sungatynda nagyşlar. Bezeg sungatynyň esaslary.
Nagyşlaryň döreýşi.................................................................................... 11
1.3. Mata dokmaçylygy. Mis-daş asyrlarynyň mata dokmaçylygy ..................... 22
1.4. Türkmenistanyň orta asyr dokmaçylygy...................................................... 28
1.5. Haly dokmaçylygynyň tehnikasy we tehnologiýasy.................................... 34
1.6. Türkmen halylarynyň çeper aýratynlygy.
Taslama esaslary we reňk çözgüdi ............................................................. 38
1.7. Haly önumleriniň görnüşleri, taslama esaslary we reňk çözgüdi.
Öýüň gurluşy, bezegi we dini düşünjeler .................................................... 46
1.8. Palas dokmaçylygy ...................................................................................... 56
1.9. Türkmen keçesi we keçe önümleri................................................................ 59
1.10. Häzirki döwrüň halylary we gobelen haly sungaty.................................... 64

**II bölüm. Türkmen egin-eşigi we bejergisi ........................................................ 81**

2.1. Türkmen milli matalary ............................................................................... 81
2.2. Türkmen egin-eşikleriniň çeper aýratynlyklary ........................................... 85
2.3. Başatgyçlar.................................................................................................. 91
2.4. Başgaplar, olaryň görnüşleri ........................................................................ 98
2.5. Tikin we nagyş bejergileri. Olaryň häsiýetli aýratynlyklary......................... 102
2.6. Türkmen erkek adamlarynyň egin-eşikleri ................................................... 104
2.7. Çaga egin-eşikleri we olaryň bejergisi.......................................................... 107
2.8. Türkmen milli aýakgaplary........................................................................... 110
2.9. Zenan toý lybaslary...................................................................................... 112
2.10. Häzirki zaman zenan egin-eşikleri.............................................................. 113

**III bölüm. Zergärçilik sungaty ......................................................................... 118**

3.1. Türkmen zergärçilik sungatynyň taryhyndan .............................................. 118
3.2. Türkmen milli şaý-sepleri bilen baglanyşykly rowaýatlar.
Hakyk daşy barada rowaýat ......................................................................... 121
3.3. Zergärçilik önümleriniň tehnikasy we tehnologiýasy .................................. 124
3.4. Zergärçilik önümleriniň haşamlanyşynyň çeper aýratynlygy ...................... 127

3.5. Türkmen zenan şaý-sepleriniň görnüşleri.
Gelin-gyzlaryň başgaplaryna we saça dakylýan şaý-sepleri .......................... 130
3.6. Türkmen zenan şaý-sepleriniň görnüşleri.
Gelin-gyzlaryň egne, gursaga, gola, ele dakynýan şaý-sepleri ...................... 136
3.7. Erkek adamlaryň şaý-sepleri we söweşde ulanylýan esbaplaryň görnüşleri.
At şaý-sepleri ........................................................................................ 141
3.8. Çagalaryň şaý-sepleriniň işlenilişi ..................................................... 146
3.9. Şaý-sepleriň görnüşleriniň we nagyşlarynyň gelip çykyşynyň esaslary ........ 148
3.10. Häzirki zaman zergärçilik sungaty ....................................................... 151

**IV bölüm. Külalçylyk we neçjarçylyk – agaç oýma sungaty .......................... 154**

4.1. Türkmen neçjarçylyk – agaç ýonma we külalçylyk sungaty ......................... 154
4.2. Daş asyryň külalçylygy ......................................................................... 156
4.3. Bürünç asyryň külalçylygy ..................................................................... 157
4.4. Antik döwrüniň külalçylygy. Toýun (terrakota) önümleri
(miladydan öňki III asyr) .......................................................................... 160
4.5. IX-XIII asyrlaryň syrçasyz külalçylygy ..................................................... 163
4.6. XIII-XIV asyrlaryň külalçylygy, onuň bezegleri, syrçalary, nagyşlary ........ 168
4.7. XVI-XVII asyrlarda Türkmenistanyň külalçylyk sungaty ............................ 171
4.8. Häzirki zaman türkmen külalçylyk sungaty ................................................ 173
4.9. Neçjarçylyk sungatynyň tehnikasy we tehnologiýasy ................................. 177
4.10. Neçjarçylyk önümleri we olaryň haşamlanylyşy.
Gündelik durmuşdaky neçjarçylyk önümleri. Saz gurallarynyň ýasalyşy ... 180
4.11. Häzirki zaman milli neçjarçylyk sungaty ................................................ 188

Peýdalanylan edebiýatlar ............................................................................ 191

170.0 x 240.0 mm

Maýa Jumanyýazowa

# TÜRKMENISTANYŇ AMALY-HAŞAM SUNGATYNYŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Kiçiýew* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa, A. Nurýagdyýew* |
| Neşir üçin jogapkär | *N. Bäşimowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 30.10.2019. Ölçegi 70x100 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 16,13. Şertli-reňkli ottiski 64,77. Çap listi 12,5.
Hasap-neşir listi 13,41. Sany 600. Sargyt 1774.

170.0 x 240.0 mm

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.